145.0 x 215.0 mm

**G. Babaýew, Ş. Bäşimow, A. Möwlamowa, O.Saparowa,
A. Koçumowa, M. Akmyradow, Ç. Rejepow,
Ş. Orazmämmedowa**

# BANK TÖWEKGELÇILIGI WE ONUŇ ÄTIÝAÇLANDYRYLYŞY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

145.0 x 215.0 mm

UOK 378 : 336.71
B 20

**Babaýew G. we başg.**
B 20 **Bank töwekgelçiligi we onuň ätiýaçlandyrylyşy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

«Bank töwekgelçiligi we onuň ätiýaçlandyrylyşy» okuw kitaby bilim taýýarlygynyň ykdysady ugruna degişli bolup, ol 9 bapdan ybarat. Bu okuw kitabynda bank töwekgelçiliginiň nazaryýet esaslary, onuň görnüşleri, bank töwekgelçiligi ulgamyny dolandyrmak, karz we göterim töwekgelçiligine baha bermek we ony dolandyrmagyň usullary, amallar töwekgelçiligine häsiýetnama, likwidlilik töwekgelçiligi, täjirçilik banklarynyň halkara amallar bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri, şeýle hem bank töwekgelçiliginiň ätiýaçlandyrylyşy giňişleýin beýan edilýär.

Okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň ykdysady hünärlerinde okaýan talyplar üçin niýetlenilip, ondan mugallymlar, orta hünär okuw mekdepleriniň talyplary, maliýe-bank ulgamynda işleýän hünärmenler we giň okyjylar köpçüligi peýdalanyp bilerler.

Okuw kitabynyň girişi, III baby G.Babaýew, I baby Ç.Rejepow, II baby M.Akmyradow, IV baby Ş.Bäşimow, V baby A.Koçumowa, VI-VII baplary A.Möwlamowa, VIII baby O.Saparowa, IX baby Ş.Orazmämmedowa tarapyndan ýazyldy.

TDKP № 53, 2019 KBK 65.9 (2) 26 ýa 73

© G. Babaýew we başg., 2019.

145.0 x 215.0 mm



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

145.0 x 215.0 mm

145.0 x 215.0 mm



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

145.0 x 215.0 mm

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

145.0 x 215.0 mm

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylmy taýdan esaslandyran ykdysady strategik ösüş ýoly netijesinde ýurdumyzda düýpli özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar.

Ykdysadyýetiň depginli ösüşini üpjün etmekde we dünýäniň ykdysady ulgamyna amatly şertlerde goşulyşmakda bank ulgamyna aýratyn orun degişlidir. Talaplaryň ösýän döwründe ykdysady ösüşi üpjün etmekde bank ulgamynyň öňünde uly wezipeler durýar.

Bank edaralarynyň işini kämilleşdirmekde ulgamyň kämil kanunçylyk-hukuk binýadynyň bolmagy zerurdyr. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň, bank ulgamynyň hukuk binýadyny kämilleşdirmek maksady bilen kabul edilen Türkmenistanyň Kanunlarynyň, şeýle hem innowasiýa işini maliýe taýdan goldamaga, ykdysadyýetde ýokary maýa goýum işjeňligini üpjün etmäge ukyply häzirki zaman bank ulgamyny döretmäge itergi berjek «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasynyň» ähmiýeti uludyr. Bu Resminamalarda töwekgelçilikleri dolandyrmak ulgamynyň ösdürilmegini banklarda içerki gözegçilik gullugynyň netijeliligini gazanmak, içerki gözegçiligiň guralyşy babatda usulyýet resminamalaryny we degişli kadalaşdyryjy resminamalary işläp düzmek, bu resminamalarda bank gözegçiligi boýunça Bazel komitetiniň milli şertlere uýgunlaşdyrylan ýörelgelerini göz öňünde tutmak, bank ulgamynyň durnukly hereket etmegi üçin bank gözegçiligini netijeli alyp barmak işlerini halkara standartlary esasynda kämilleşdirmek, şunda gözegçiligiň düzgünleriniň ähli görnüşleri (ygtyýarnama beriş, menzilara gözegçilik, barlag, ulgamlaýyn bank töwekgelçilikleriniň seljerişi) boýunça çäreleri durmuşa geçirmek meýilleşdirilendir.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň mundan beýläk hem kämilleşdirilmegi halkara ülňülerine laýyklykda bank edaralarynyň işiniň netijeli guralmagyny, bank töwekgelçiliklerini dolandyrmagyň wajyp ugurlaryny kämilleşdirmekligi talap edýär. Bu bolsa öz gezeginde bank töwekgelçiliklerini netijeli dolandyrmaklygyň we olary ätiýaçlandyrmaklygyň zerurlygyny ýokarlandyrýar.

Her bir ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşi we jemgyýetiniň durmuş ýagdaýy bellibir derejede bank işiniň netijelerine baglydyr. Umumy ykdysady we bank ulgamyndaky çökgünlikler uly möçberlerde ýitgileriň ýüze çykmagyna, kärhanalaryň we bank edaralarynyň batyp galmagyna, raýatlaryň süýşürintgileriniň hümmetsizlenmegine ýa-da ýitmegine, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda dartgynlyklaryň döremegine, durmuş-ykdysady instituty hökmünde bank edaralarynyň abraýynyň peselmegine getirýär. Hojalyk ulgamynda banklaryň eýeleýän aýratyn orny, esasan, çekilen serişdeleriň iki toparyna, ýagny bank döredilende onuň paýdarlaryndan (esaslandyryjylaryndan) we müşderilerden bellibir möhlete ýa-da talap edilýän şertlerde alnan serişdelere esaslanýandygy bilen tassyklanylýar. Munuň özi täjirçilik banklarynyň hereket edýän döwründe ýüze çykyp biljek maliýe kynçylyklary we ýokarlandyrylan bank töwekgelçilikleri has irki tapgyrlarda kesgitlemek bilen baglanyşykly zerur işleriň alnyp barylmagynyň örän wajypdygyna şaýatlyk edýär.

Milli bank ulgamynyň häzirki zaman ösüşiniň birinji nobatdaky wezipesi bank edaralarynyň durnukly ösüşini öňünden kesgitleýän faktor hökmünde töwekgelçilikleri dolandyrmaklyga bolan bir bitewi çemeleşmäni tejribä ornaşdyrmak bolup durýar. Bank töwekgelçiliklerini dolandyrmagyň möhüm guraly bolup, monitoring işi çykyş edýär. Bank töwekgelçilikleri çygrynda monitoringi amala aşyrmagyň aýratynlygyny bir-birine baglanyşykly elementleriň we olaryň özara gatnaşygynyň bank töwekgelçiliklerine üznüksiz gözegçiligi we baha bermegi üpjün edýän, şeýle hem degişli töwekgelçilikleriň ýaramaz netijelerini peseltmek maksady bilen, dolandyryş çözgütleriniň öz wagtynda kabul edilmegi üçin bank ulgamyna täsir edýän çylşyrymly ulgam hökmünde häsiýetlendirilýär.

Bank töwekgelçiligini dolandyrmak we onuň ätiýaçlandyrylyşyny guramak öz gezeginde bu ugurda bar bolan dünýä hem-de milli tejribeleri boýunça bilimleri ele almaklygy talap edýär. Bank ulgamy üçin hünärmenleri taýýarlamakda «Bank töwekgelçiligi we onuň ätiýaçlandyrylyşy» dersiniň orny uludyr. Şu nukdaýnazardan, bank işinde ýüze çykýan töwekgelçilikleri dolandyrmagyň nazary we amaly taraplaryny, milli we dünýä tejribesini özünde jemleýän okuw kitabynyň taýýarlanylmagynyň möhüm ähmiýeti bardyr.

# I BAP

# BANK TÖWEKGELÇILIGINIŇ DÜÝP MANYSY WE GÖRNÜŞLERI

## 1.1. Bank töwekgelçiliginiň düýp manysy

Bank töwekgelçiligi ylmy barlagyň obýekti hökmünde diňe bir häzirki zaman jemgyýetine belli däldir. Bank işini düzgünleşdirmekde olaryň ähmiýetini alymlar baryp XVIII we XIX asyrlarda belläpdirler. Belli rus professory, Russiýanyň maliýe ministri bolup işlän N.H.Bunge karz we banklar baradaky ylmy işinde şeýle ýazýar: «Ätiýaçlandyryş baýragyny (hasaba alyş göterimini) töwekgelçiligiň ululygy bilen deňeşdirip ölçemek zerurdyr». Soňky ýagdaý (töwekgelçilik) örän seýrek halatlarda nazara alynýar, ýöne hakykatdan ätiýaçlandyryş baýragyny kepillendirmegiň ygtybarlylygy bilen deňeşdirip ölçemek ýaly adalatly hem-de karzdan peýdalanýanlary özleriniň gurpsuzlygy sebäpli, ýetirip biljek ýitgileriniň ululygyna laýyk çykdajy çekmäge mejbur edip biljek başga zat ýokdur. Karz borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi babatynda halallygyň we tertipliligiň hem töwekgelçiligi peseltmäge uly täsiriniň bardygyna şübhe bolup bilmez.

Häzirki zaman jemgyýetinde bäsleşikli göreşiň ýitileşýän şertlerinde bank töwekgelçiligine berilýän üns ýokarlanýar. Häzirki wagtda banklar bir-biri bilen ýygy-ýygydan töwekgelçilikli amallary we geleşikleri has köp geçirýärler.

Töwekgelçilikleriň öňüni almak we peseltmek boýunça geçirilýän işler tejribede barha ýokary derejede zerurlyga eýe bolýar. Bank işini dolandyrmaga degişli çap edilýän işleriň ählisinde diýen ýaly «töwekgelçiligi düzgünleşdirmek» düşünjesi barada durlup geçilýär. Bu ýöne ýerden däldir. Bank işi ykdysady işleriň düzümine degişlidir, bu ýerde bolsa şahslaryň arasyndaky özara gatnaşyklarda töwekgelçilik hökmany bar bolan ýagdaýdyr. Şeýle-de bolsa bu ýagdaý asla töwekgelçiligiň diňe bank işine mahsusdygyny aňlatmaýar. Amatsyz ýagdaýlar örän köpdürli görnüşdäki ykdysady amallar ge-

çirilende ýüze çykyp biler. Emma bu amatsyz ýagdaýlar ykdysady gatnaşyklaryň özüniň hökmany alamaty bolup durýar.

**Bank töwekgelçiligi** – bu banka has mahsus bolan häsiýet, wakalaryň ýaramaz barşynyň gutulgysyzlygy bolman, eýsem ýaramaz netijäniň gazanylmagyna getirip biljek işdir.

Bank töwekgelçiliginiň näderejede wajypdygyna garamazdan, olaryň düýp manysyny düşündirmek meselesi şu wagta çenli jedelli bolup galýar. Birnäçe ýagdaýlarda olaryň düýp manysy olaryň ýüze çykmagynyň sebäbi bilen çalşylýar, ýagny ähli mesele ýitgilere getirýän dürli görnüşdäki ýagdaýlara (faktorlara) syrykdyrylýar. Meselem, I.W.Bernaryň we Ž.K.Kolliniň pikirlerine görä, bank töwekgelçiliginiň bir görnüşi hökmünde karz töwekgelçiligi – bu karzyň üzülmeli möhletiniň ahyryna çenli ýüze çykyp biljek garaşylmadyk ýagdaýlardyr. Olaryň pikiri boýunça karz töwekgelçiligi – bu geleşik esasynda kontragentiň (bergidaryň) öz borçnamalaryny möhletinde ýerine ýetirmeýän ýagdaýynda ýitgileriň täsirine düşmek töwekgelçiligidir. Töwekgelçiligiň düýp manysy köplenç halatda ol ýa-da beýleki geleşikde ýüze çykýan näbellilikde jemlenýär.

Töwekgelçilige kontragentiň (bergidaryň) töwekgelçiligi hökmünde häsiýetnama berilmegi – onuň düýp manysy barada ýeterlik derejede giňden ýaýran beýleki bir garaýyş bolup durýar. Bank işini düzgünleşdirmek we gözegçilik etmek boýunça Bazel komiteti hem şu pikiriň tarapdarydyr. Maýanyň ýeterlikligi häsiýetlendirilýän mahalynda karz töwekgelçiligine bu komitet tarapyndan «kontragent tarapyndan borçnamalaryň ýerine ýetirilmezliginiň töwekgelçiligi» ýaly, «kontragentiň töwekgelçiligi» ýaly seredilýär.

Banklaryň daşary ýurt tejribesini hasaba almak bilen, oýlanyşylan resmi nukdaýnazary bellibir derejede getirilen häsiýetnamalary gaýtalaýar. Bank töwekgelçiliginiň serişdesi hökmünde şol bir karz töwekgelçiligine «bergidar tarapyndan özüniň karz edarasynyň öňündäki maliýe borçnamalaryny şertnamanyň şertlerine laýyklykda ýerine ýetirilmezligi, wagtynda ýa-da doly möçberde ýerine ýetirilmezligi netijesinde karz edarasynda ýüze çykyp biljek töwekgelçilik» hökmünde seredilýär.

Ylmy edebiýatda töwekgelçiligiň köpdürli kesgitlemelerine gabat gelip bolýar. Adatça, töwekgelçilik diýip howpuň, şowsuzlygyň bolup biljekdigine, «gowy netije gazanaryn» diýen umyt bilen hereket edilmegine düşünilýär.

***«Töwekgelçilik» («risk»)*** italýança ***«risico»*** sözünden howp; töwekgelçilik etmek, sözme-söz alnanda – kert gaýadan, dagyň gaýasyndan sowlup geçmek diýmegi aňladýar. Dalyň sözlüginde töwekgelçilik etmek – bu şowly bolar diýen umyt bilen işe baş goşmak, ýalňyş işe baş goşmak, batyrgaýlyk etmek, işe baş goşmak, ölçerip-dökmän bir iş etmek, tötänlige sezewar bolmak, şowly bolar diýen tama bilen çekinmän, başarjaň hereket etmek diýlip düşündirilýär.

Maliýe-karz sözlüginde bank töwekgelçiligi «karz edaralary tarapyndan amala aşyrylýan bank amallaryna mahsus aýratynlykdan gelip çykýan ýitgileriň ýüze çykmak howpy» hökmünde düşündirilýär. Professor A.A.Handruýew töwekgelçilik barada islenilmeýän ýagdaýlar ýüze çykandaky howp ýa-da ýitgileriň mümkinçiligi ýaly gürrüň edýär. N.E.Sokolinskaýa töwekgelçilikde ýitgilere getirýän wakanyň ähtimallygynyň gymmat aňlatmasyny ýa-da pul ýitgileriniň mümkinçiligini görýär. Ý.W.Mişalçenko we I.O.Krolli töwekgelçilige bank tarapyndan öz serişdeleriniň bir böleginiň ýitirilmek ähtimallygy, meýilnamalaşdyrylýan girdejileriň alynmazlygy ýa-da meýilnamalaşdyrylan maliýe amallarynyň amala aşyrylmagy netijesinde goşmaça çykdajylary çykarmak hökmünde seredýärler. W.T.Sewrugyň garaýşy boýunça bank töwekgelçiligi bank işiniň tamamlanyşynyň näbelliligini we şowsuzlyk bolan ýagdaýynda mümkin bolan amatsyz netijeleri aňladýar.

Bank töwekgelçiliginiň ýokarda getirilen kesgitlemeleriniň köpdürlüligine garamazdan, awtorlaryň ol baradaky düşünjäni haýsydyr bir näbellilik, garaşylmadyk ýagdaýyň ýüze çykmak howpy, ýitgi çekmek, girdeji almazlyk mümkinçiligi ýaly, ýitgileriň ýüze çykmak ýa-da çaklamalar bilen deňeşdirilende girdejileri az almak ähtimallygy bilen baglanyşdyrmaga çalyşýandyklaryny görmek kyn däldir.

Elbetde, bu ýagdaýlar ol ýa-da beýleki derejede bank töwekgelçilikleri bilen baglydyr, emma şu ýerde olar onuň aýratynlygyny görkezmeýär.

**Bank töwekgelçiligi** – bu öňi bilen, işiň aýratyn görnüşidir. Töwekgelçilik – bu näbelliligiň özi däl-de, eýsem ykdysady şahslaryň näbellilik şertlerinde hereket etmegi bolup durýar.

Işiň onuň barşynda müşderilere hyzmat etmek amala aşyrylýan şunuň ýaly görnüşi, haryt öndürijileriň töwekgelçilikleri bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Mälim bolşy ýaly, bank maýasynyň aýratynlygy özüniň tebigaty boýunça senagat we söwda maýasynyň aýrybaşgalaşan bölegi bolmak bilen, onuň aglaba ýagdaýda wagtlaýyn esasda karz alnan karz maýadan durýandygyndan ybaratdyr. Bank karzyny gaýtarmak, mysal üçin, karz alnan serişdeleri gaýtarmak, karz alanyň hojalygynda serişdeleriň doly dolanyşygynyň tamamlanmagynyň hasabyna hem, karz alyjynyň hojalygynda boşaýan (erkin) serişdeleriň karz beren banka geçirilýän döwründe hem amala aşyrylýar. Bir tarapdan, bank müşderi bilen bilelikde töwekgelçilik edýär, beýleki tarapdan, eýeçilik hukugy esasynda özüne degişli bolan serişdeleri wagtlaýyn peýdalanmaga bermek bilen özbaşdak subýekt hökmünde töwekgelçilik edýär. Bankyň öz üstüne alýan töwekgelçiligi iş ýüzünde iki esse artýar.

Bank işiniň düýp manysy bilen ýakyndan baglanyşykly bank töwekgelçiliginiň aýratynlygy onuň önümçilik işini (prosesini) hem, jemgyýetçilik önüminiň dolanyşygyny hem görkezmek bilen alyş-çalyş ulgamynda, töleg dolanyşygynda ýüze çykýandygyndan ybaratdyr.

Bank, mälim bolşy ýaly, pul bilen baglydyr: onuň önümleriniň we hyzmatlarynyň pul häsiýeti bardyr. Özüniň düýp manysy boýunça ol nagt we nagt däl görnüşdäki töleg dolanyşygyny düzgünleşdirýän jemgyýetçilik pul-karz instituty bolup durýar. Bu bolsa töwekgelçilikli iş hökmünde bank işinde ykdysady gatnaşyklaryň subýektleri tarapyndan gymmat deňölçegliliginiň, isleg-teklip gatnaşyklarynyň berjaý edilmeginiň aýratyn ähmiýeti bardyr.

Bank töwekgelçilikleri köp babatda sosial (durmuş) taýdan jogapkärçiliklidir. Banklaryň diňe bir öz hususy serişdeleri bilen däl, eýsem köplenç halatda karz alnan serişdeler bilen töwekgelçilik edýän şertlerinde netijeler has-da ýiti häsiýete eýe bolýar. Şowsuzlyk bolan ýagdaýynda diňe bir bank däl, eýsem onuň müşderileri hem, ýagny öz pul serişdelerini şol bankda goýan edara görnüşli taraplar

we fiziki şahslar hem ýitgi çekýärler. Şu ýagdaýda bank çökgünligi önümçilikdäki çökgünliklere garanyňda has ýiti bolýar, sebäbi olar bir-biri bilen pul-karz borçnamalary halkasynyň üstünden bagly bolan gatnaşyjylaryň köp mukdardaky maliýe ýitgilerine getirýär.

Töwekgelçiligiň düýp manysy açylyp görkezilende esasy ünsüň ol ýa-da beýleki bank amallaryny geçirmegiň netijesinde ýüze çykyp biljek ýitgiler bilen göreşmäge däl-de, karz berýänleriň hem-de karz alýanlaryň bähbitleriniň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän ulgamy döretmäge berilmegi möhümdir. Töwekgelçilik – bu bellibir derejede haýsydyr bir näbellilik, ol ýa-da beýleki wakanyň howplulygy bolup durmaýar-da, eýsem ýaramaz ýagdaýlaryň ýeňlip geçiljekdigine we islenilýän netijäniň gazanyljakdygyna ynamy bolan şahsyň näbellilik şertlerindäki hereketini aňladýar.

Bank töwekgelçiligi – bu ýaramaz wakanyň ýüze çykyp biljekdigi, onuň howpludygy baradaky çaklama däl-de, ýokary netijeler gazanyljakdygyna ynamy bolan ykdysady şahsyň işidir.

Bank töwekgelçiligine şunuň ýaly düşünilmegi garaýyşlary birneme üýtgedýär. Bank işinden alnan ýaramaz netijeler bilen hem göreşip bolar, bank maýasynyň başarnyksyz dolandyrylmagyndan alnan ýaramaz netijeleri ýeňilleşdirmäge hem çalşyp bolar. Ýöne beýleki ugur boýunça hem hereket edip bolar: bank işini ýaramaz netijäniň öňüni alar ýaly düzgünleşdirmegiň barşynda islenilmeýän netijeleriň ýüze çykmagyny öňünden görüp, teklip edilýän önümleriň netijeli hereketini üpjün eder ýaly gurnap bolar. Şeýlelikde, bank töwekgelçiligini dolandyryş merkezi müşderileriň özara gatnaşyklarynyň başky tapgyryna geçýär. Mysal üçin, karz bermezden ozal bank özüniň karz bermek syýasatynyň töwekgelçilige baha bermegiň (sorag-jogap görnüşinde müşderiden alnan maglumatlaryň, karz bermek baradaky meseläni çözmek üçin talap edilýän resminamalar bukjasynyň, bankda bar bolan beýleki taraplardan – beýleki karz edaralaryndan, ýörite agentliklerden we gulluklardan, metbugatdan alnan maglumatlaryň esasynda) jemleri bilen näderejede laýyk gelýändigini kesgitlemelidir. Bu ýerde maliýe koeffisiýentleriniň, pul akymynyň we işewürlik telekeçiliginiň binýadynda müşderiniň karza ukyplylygyna seljerme geçirmek möhüm orun eýelemelidir. Elbetde, şu ýagdaýda soňundan geçirilýän seljermäniň ähmiýeti hem peselmeýär.

145.0 x 215.0 mm

Bankyň üstünlige bolan ynamy şu ýagdaýda diňe bir şahsda maddy, pul, professional (hünärlilik) we intellektual şertleriň bolmagyna esaslanmaýar. Töwekgelçilik degişli şertleri bolan bankyň işiniň netije gazanmak üçin çykarylan harajatlardan ýokary bolan netijelere getirýän ýagdaýynda esasly bolup durýar. ***Töwekgelçilik*** – bu näbellilik bolan ýagdaýynda üstünlik gazanmagy göz öňünde tutýan, ykdysady şahsdan başarnygy we ýaramaz ýagdaýlary nähili ýeňip geçmelidigi barada bilimleri talap edýän işdir.

## 1.2. Bank töwekgelçiliginiň görnüşleri

Bank işiniň çygrynyň giň hem bank önümleriniň we hyzmatlarynyň köpdürli şertlerinde olary toparlara bölmek möhüm bolup durýar. Bellibir ölçeglere baglylykda şu görnüşde toparlara bölüp bolar *(1-nji tablisa)*.

*1-nji tablisa*

**Bank töwekgelçiliginiň toparlandyrylyşy**

| **Toparlandyrmagyň ölçegleri** | **Bank töwekgelçiliginiň görnüşleri** |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Töwekgelçiligiň derejesi | Makro derejeli gatnaşyklardaky töwekgelçilikler;<br>Mikro derejeli gatnaşyklardaky töwekgelçilikler. |
| Bank önüminiň, hyzmatynyň we amallarynyň häsiýetnamasy | Balansdan daşary amallar boýunça töwekgelçilik;<br>Karz töwekgelçiligi;<br>Hasaplaşyk töwekgelçiligi;<br>Walýuta töwekgelçiligi;<br>Amallar töwekgelçiligi we beýlekiler. |
| Bankyň durnukly ösüşiniň üpjünçilik derejesi | Deň gelmeýän (balanslaşdyrylmadyk) likwidliligiň töwekgelçiligi;<br>Göterim töwekgelçiligi;<br>Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligi;<br>Bäsleşige ukyplylygy ýitirmek töwekgelçiligi;<br>Esaslyk maýanyň töwekgelçiligi;<br>Töwekgelçilik menejmenti. |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 |
|---|---|
| Töwekgelçilik döredýän ýagdaýlar | Daşarky töwekgelçilikler (syýasy, ykdysady, demografik, sosial, geografik we beýlekiler)<br>Içerki töwekgelçilikler (aktiwleri we passiwleri bilen, dolandyrmagyň hili we maliýe hyzmatlary amala aşyrmak bilen bagly, bankyň esasy we kömekçi işindäki töwekgelçilikler). |
| Töwekgelçiligiň täsirlilik sferasy we masştaby | Ýurt tarapyndan ýüze çykýan töwekgelçilik;<br>Bankyň aýratyn görnüşli işi bilen bagly töwekgelçilik;<br>Maliýe jogapkärçilik merkezleriniň işi bilen bagly töwekgelçilik;<br>Bank amallaryndan emele gelýän töwekgelçilik, şol sanda:<br>– kesgitli görnüşli amallaryň toparyndan;<br>– kesgitli müşderi bilen aýratyn amallardan (şahsy (indiwidual) töwekgelçilik). |
| Dörän (emele gelen) wagty | Retrospektiw töwekgelçilik;<br>Gündelik töwekgelçilik;<br>Perspektiw töwekgelçilik. |
| Töwekgelçiligiň banka baglylygynyň derejesi | Bankyň işine bagly töwekgelçilik;<br>Bankyň işine bagly bolmadyk töwekgelçilik;<br>Bankyň görnüşi – Ýöriteleşen bankyň töwekgelçiligi;<br>Pudaklaýyn bankyň töwekgelçiligi. |
| Töwekgelçiligiň ululygy | Pes töwekgelçilikler;<br>Aram töwekgelçilikler;<br>Ýokary töwekgelçilikler. |
| Müşderi bazasynyň (ulgamynyň) düzümi | Iri, orta we kiçi müşderilerden gelýän töwekgelçilik;<br>Müşderileriň pudak gurluşyndan gelýän töwekgelçilik. |
| Amallaryň hasaba alnyşynyň häsiýeti | Balans amallary boýunça töwekgelçilik;<br>Balansdan daşary amallar boýunça töwekgelçilik. |

Töwekgelçilikleri öňi bilen, olaryň derejesi boýunça bölmek möhümdir. Bank töwekgelçiligi diňe bir aýratyn alnan bankyň töwekgelçiligi bolman, eýsem banklaryň ählisiniň töwekgelçiligi bolup durýandygy sebäpli, olara mikro we makro gatnaşyklaryň ugry boýunça seretmek maksadalaýyk bolar. Ýitgileriň möçberi, çökgünlik ýagdaýynyň şertleri ýa-da ondan çykylýan wagt şu ýagdaýlaryň her birinde tapawutlanyp biler, şunda dolandyrmagyň gurallary hem dürli-dürli bolup biler. Ykdysadyýetiň bank bölüminiň töwekgelçiligi köp babatda ykdysadyýet we tutuşlygyna alanyňda ýurduň syýasaty, onuň kanunçylyk binýady, dolandyryş ulgamy bilen baglydyr. Aýratyn alnan banky gurşap alan töwekgelçilikler (bank-müşderi gatnaşyklarynyň mikroderejesinde) şol bankyň anyk işi, onuň öz üstünden geçýän pul akymlaryny netijeli dolandyrmak başarnygy bilen baglydyr.

Banklaryň önümleri we hyzmatlary döretmek, amallary ýerine ýetirmek işi bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri dürli-dürli görnüşde ýüze çykýar. Karz, hasaplaşyk, depozit, daşary ýurt puly we beýleki amallar bilen meşgullanmak, bank işi her bir anyk görnüşi bilen bagly töwekgelçilikleri çekýär. Şu töwekgelçilikleri pes derejä düşürmek bilen banklar, bir tarapdan, öz önümleriniň we hyzmatlarynyň sanawyny giňeldýärler, işlerini diwersifisirleýärler, beýleki tarapdan bolsa öz amallarynyň hilini ýokarlandyrýarlar.

Bankyň durnukly ösüşiniň üpjün edilýän derejesine baglylykda, töwekgelçilikleriň toparlara bölünmegi bankyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmakda örän möhüm ähmiýeti bardyr. Karz edarasynyň ýurduň ykdysadyýetinde deňeçer, birsydyrgyn we durnukly hereket etmegi banklaryň öz likwidli aktiwlerini nähili dolandyrýandyklaryna, maýa binýadyny nähili emele getirýändigine, aktiw we passiw amallar boýunça göterim syýasatyny nähili laýyk getirýändiklerine, näderejede öz işlerini guramagy başarýandyklaryna we bank önümleri hem hyzmatlary bazarynda ýokary derejede bäsleşige ukyplylygy üpjün edip bilýändiklerine baglydyr. Gynansagam, bank işini dolandyrmagyň esasy derejesi ykdysadyýet üçin talap edilişi ýaly ýokary däldir. Täjirçilik banklarynyň aglabasy bäsleşige ukyply bolup durmaýarlar, şol sebäpden işiň şu esas goýujy ugurlarynda töwekgelçilikleriň dolandyrylyşyny kämilleşdirmek boýunça işleri geçirmek talap edilýär.

Bank işinde töwekgelçilikleri dolandyrmak nukdaýnazaryndan töwekgelçilikleriň bagly bolan ýagdaýlaryny bölüp görkezmek möhümdir. Şu ýagdaýda däp boýunça daşarky we içerki töwekgelçilikler bölünip görkezilýär. Her bir anyk ýagdaýda olaryň arasyndaky gatnaşyk dürli-dürli bolup biler.

Daşarky töwekgelçilikleriň düzümine, adatça, syýasy, ykdysady, pudaklaýyn, demografik, sosial, geografik we beýleki töwekgelçilikler girýär.

**Bank işine ýaramaz täsir etmek bilen, syýasy töwekgelçilikler aşakdaky ýagdaýlar bilen bagly bolup biler:**

➢ syýasy düzgüni üýtgemek, ýitirilen maýanyň öwezini degişli derejede dolmazdan, emlägi millileşdirmek ýa-da ekspropriasiýa (bir synpyň beýleki synp tarapyndan eýeçiliginiň zor edilip alynmagy we öňki sosial ýagdaýyndan mahrum edilmegini aňladýar) etmek howpy;

➢ ýerli puly erkin çalşylýan daşary ýurt puluna çalyşmakda we ony daşary ýurda geçirmekde mümkin bolan çäklendirmeler;

➢ kontragent (bergidar) bankyň ýerleşýän döwletiniň ýerine ýetiriji häkimiýetiniň çözgütleri netijesinde ylalaşyklaryň bozulmagy, serhetleriň ýapylmagy;

➢ uruş, tolgunmalar we ş.m.

Syýasy ýagdaýlar bank işine oňyn täsir edip hem biler. Meselem, döwlet tarapyndan telekeçilige goldaw bermek barada maksatnamanyň kabul edilmegi ykdysady konýunkturanyň gowulanmagyna we bank töwekgelçilikleriniň peselmegine getirip biler.

Kanunçylygyň üýtgemegi, onuň bozulmagy ýa-da telekeçilik işiniň kanunçylykda bellenen kadalarynyň bolmazlygy bilen bagly hukuk töwekgelçilikleri hem syýasy töwekgelçiliklere golaýdyr.

Makroderejedäki ykdysady töwekgelçilikler tutuşlygyna ýurduň ykdysadyýetindäki üýtgemeler, şol sanda bazar konýunkturasynyň (eksport we import bahalarynyň), töleg balansynyň, daşary ýurt pulunyň hümmetiniň we ş.m. üýtgemegi bilen baglydyr. Kanunçylykdaky üýtgemeler, Merkezi bankyň karz edaralarynyň işiniň kadalaryna, ätiýaçlyk serişdeleriniň ölçeglerine, gaýtadan maliýeleşdirmegiň şertlerine we ş.m. täsir edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryna gaýtadan seredilmegi bank işiniň gerimine düýpli täsir etmäge ukyplydyr.

145.0 x 215.0 mm

Olar hukuk kadalary bolmak bilen, karz edaralarynyň ykdysadyýetine düýpli täsir ýetirýärler. Ykdysady töwekgelçilikleriň arasynda, düzgün bolşy ýaly, ýol heläkçiligi, ýangyn, ogurlyk ýaly hadysalar bilen şertlendirilen ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleri hem görkezilýär.

Anyk bank bilen onuň müşderisiniň arasyndaky gatnaşyklaryň mikroderejesine täsir edýän töwekgelçilikler hem az däldir. Bu karz alyjynyň karza ukyplylygynyň, karz edarasynyň maliýe ýagdaýynyň, onuň bank syýasatynyň we beýleki ýagdaýlaryň üýtgemegi netijesinde karz şertnamasyna gaýtadan seredilmegi sebäpli üýtgemeler bolup biler. Meselem, karz üpjünçiliginiň gymmatyndaky üýtgemeler, maýa goýumynyň doly dolanyşygyndaky garaşylmadyk üýtgemeler we ş.m. karz gatnaşyklaryna seretmek üçin esas bolup biler. Bu töwekgelçilikleriň bir bölegi daşarky we içerki sebäpler bilen bagly bolup biler. Mikroderejedäki daşarky sebäpler şular bolup biler: karz alyjynyň batmagy, karz berijiniň bergini üzmek baradaky talaplary, ogurlyk, aldawçylyk, maşgala meseleleri, işsizlik (eger gürrüň bankyň fiziki şahslar bilen özara gatnaşyklary barada gidýän bolsa) we beýlekiler. Şeýle hem ýer titremeler, suw joşmagy, güýçli tupanlar we ýeňip bolmaýan güýç bolup duran beýleki tebigy hadysalar sebäpli ýüze çykýan tebigy betbagtçylyklar bilen bagly töwekgelçilikler bölünip görkezilýär. Önümleriň we amallaryň täze görnüşleriniň peýda bolmagy, beýleki karz edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän amallaryň gymmatynyň peselmegi, bank hyzmatynyň hiline bildirilýän talaplaryň ýokarlanmagy bilen şertlendirilen bäsleşik töwekgelçilikleri hem bank üçin daşarky töwekgelçilikler bolup biler. Banklar üçin olaryň batmagyny resmileşdirmek düzgün-tertibiniň sazlaşykly ýola goýulmandygy bilen bagly töwekgelçilikler hem bar.

Hümmetsizlenme, milli pul birliginiň durnuksyzlygy, pul amallary geçirilende müşderileriň hyýanatçylykly peýdalanmagy, galp töleg resminamalarynyň ulanylmagy sebäpli ýüze çykýan töwekgelçilikler hem daşarky töwekgelçilikler bolup biler.

Karz töwekgelçiligini emele getirýän içerki sebäpler diýip, adatça, şular hasap edilýär: üpjünçiligiň ýeterlik bolmazlygy, täjirçilik karzlaşdyrmagyň ýörelgeleriniň bozulmagy, müşderiniň karza ukyplylygynyň nädogry bahalandyrylmagy. Görkezilen içerki sebäpler karzlaşdyrma işindäki ýitgileriň esasy sebäpleri bolup durýarlar,

145.0 x 215.0 mm

olaryň täsiri karz edarasynyň işiniň netijelerini 60% derejede kesgitleýär. Karz syýasatynyň netijeliligine ýaramaz täsir edýän içerki sebäplere üpjünçiligiň hiliniň ýaramaz bolmagy hem degişlidir.

Töwekgelçiliklere seljerme geçirilende bank töwekgelçiliklerini hereketiň çygry we gerimleriň ölçegleri (kriterileri) boýunça hem çäklendirmek zerurdyr. Köplenç halatda töwekgelçilik bankyň müşderileriniň bolýan ýurduna baglylykda güýçlenýär ýa-da peselýär. Ýurt töwekgelçiligi diýlip atlandyrylýan töwekgelçilik degişli ýurtdaky umumy ykdysady we syýasy ýagdaýy göz öňünde tutýar, şeýlelikde, ol banka şol döwletden bolan müşderiler bilen özara gatnaşyklaryny gurmaga gönükdirilen ugry gowy kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Halkara reýtinglerine laýyklykda her bir ýurt bellibir ygtybarlylyk derejesini alýar.

Elbetde, bankyň töwekgelçiligi müşderileriniň diňe bir hyzmatdaşynyň ýerleşýän ýerine däl, eýsem onuň maliýe durnuklylygyna we ygtybarlylygyna hem baglydyr. Bu ýerde hyzmatdaşyň – kärhananyň (bankyň) aktiwleriniň we maýa binýadynyň likwidlilik, girdejililik ýagdaýynyň, olaryň hiliniň möhüm ähmiýeti bardyr. Kärhananyň işleýän ýurdunyň maýa goýum özüne çekijiligi boýunça reýtingde ýokary orun eýelemeýän, emma edaranyň özüniň gowy maliýe ýagdaýynyň, abraýly hünärmenler-menejerler toparynyň bolýan halatlary hem bardyr, bu bolsa oňa öz ýurdunyň içinde ygtybarlylyk reýtinginde ýokary ýeri eýelemäge mümkinçilik berýär. Şeýle geleşik bilen bagly töwekgelçiligiň bolmagynda maýa goýum goýýan bank üçin goýumlaryň howplulygy serişdeleri alýan kärhanadan berilýän has ýokary kepillendirmeleriň hasabyna pes bolar.

Töwekgelçilik kesgitlenende diňe bir ýurt töwekgelçiligine, hyzmatdaş kärhananyň maliýe taýdan durnuklylygy bilen bagly töwekgelçilige däl, eýsem bankyň maliýeleşdirmekçi bolýan amalynyň özüne hem üns bermek maksadalaýyk bolar. Bu ýerde bankyň wezipesi müşderiniň şübheli geleşiklerinden, töleg tölenmezlik töwekgelçiliginden, üçünji tarapyň kepillendirmesiniň ygtybarly däldiginden, serişdeleriň düşewüntsiz goýulmagyndan gaça durmakdan ybaratdyr.

Banklaryň iş tejribesinde bank töwekgelçiliginiň ýüze çykan wagtynyň örän uly ähmiýeti bardyr. Şu ölçege laýyklykda töwekgelçilikleri retrospektiw (geçen), häzirki (gündelik) we geljekki töwekgelçilikler diýip bölýärler. Retrospektiw töwekgelçilikleriň hasaba alynmagy banka häzirki we geljekki töwekgelçilikleri has takyk hasaplamaga mümkinçilik berýär. Bankyň geleşiklerinde töleg geçirmek (goýum goýmak) bilen goýlan serişdeleriň peýda berýän döwrüniň arasynda hemişe bellibir wagt bolýar. Şonuň üçin hem geljekki ýitgiler töwekgelçiligi köp babatda häzirki töwekgelçiligiň dogry hasaplanmagyna bagly bolýar. Tejribe – amalyň wagty näçe uzak bolsa, töwekgelçiligiň hem şol derejede ýokary bolýandygyny görkezýär. Şeýle şertlerde töwekgelçilikleri geçen töwekgelçilikleriň we ýalňyşlaryň öňüniň alnyşyny hasaba almak bilen çaklamagyň orny degerli ýokarlanýar.

Baglylyk derejesi boýunça töwekgelçilik banka bagly we bagly bolman biler. Banka bagly bolmadyk töwekgelçilik, düzgün bolşy ýaly, syýasy we umumy ykdysady ýagdaýlaryň täsiri, kanunçylygyň öňünden görülmedik ýagdaýda üýtgemegi bilen baglanyşyklydyr. Banka bagly töwekgelçilikler müşderi bilen mikrogatnaşyklar derejesinde ýüze çykýar, şol sebäbe görä bu ýerde köp zat bankyň özüne, onuň menejmentiniň derejesine baglydyr (içerki sebäpler). Geçiş ykdysady ulgamlarda banka bagly we bagly bolmadyk töwekgelçilikler köplenç halatda ugurdaş (parallel) ýüze çykmak bilen, bank maýasynyň hereketindäki ep-esli gapma-garşylyklara we ýerli bank töwekgelçiliklerine sebäp bolýar, umumy ykdysady ösüşi gowşadýar.

Bank töwekgelçilikleri hasaplananda bankyň gurluş görnüşi möhüm orun tutýar. Ýöriteleşdirilen bankyň töwekgelçiligi köplenç halatda karz edarasynyň olaryň önümçiliginde ýöriteleşýän özboluşly önümi bilen baglydyr. Şu ýagdaýda şol önüme bolan isleg, onuň hil töwekgelçilikleri bankyň netijeli ösüşini kesgitleýän esasy sebäpleriniň biri bolup çykyş edýärler. Düzgün bolşy ýaly, pul-karz hyzmatynyň hili ýöriteleşýän bankda ýokary bolýar, bu bolsa oňa müşderileriň bellibir toparyny çekmäge mümkinçilik berýär.

Emma, iş ýüzünde müşderä toplumlaýyn hyzmat etmegiň (bir ýa-da iki amal däl-de, birnäçe amaly amala aşyrmagyň) gerek bol-

ýan wagty köp bolýar. Bu bolsa banklary öz hyzmatlarynyň gerimini giňeltmäge mejbur edýär. Mysal üçin, dünýäde iri banklaryň biri bolan «Citybank» öz işiniň şygaryny şu görnüşde beýan etdi: «Biz beýleki banklaryň edýän işini edýäris». Bu müşderä beýleki karz edaralaryna gitmegiň gerek däldigini, ähli maliýe hyzmatlaryny onuň şu bankda alyp biljekdigini aňladýar.

Kähalatlarda banklar diňe bir ol ýa-da beýleki önümlerde ýöriteleşmän, eýsem müşderilerde, bellibir pudaklara hyzmat etmekde hem ýöriteleşýärler. Şu ýagdaýda ýüze çykýan pudaklaýyn töwekgelçilikler aglaba halatda degişli pudaklaryň ýagdaýyna bagly bolýar.

Bankyň degişli görnüşlerinde ýüze çykýan ýöriteleşdirilen we pudaklaýyn töwekgelçilikler bilen bir hatarda uniwersal (ählumumy) bankyň töwekgelçiligi hem tapawutlandyrylýar. Köpdürli bank hyzmatlaryna we amallaryna isleg bildirmek bilen müşderileriň özleri banklary öz işini uniwersallaşdyrmaga iterýärler.

Mälim bolşy ýaly, ýurduň karz edaralary öz maýasynyň möçberleri boýunça uly bolmadyk pul-karz institutlary bolup durýarlar. Şonuň üçin hem dürli sebitlerde müşderileriň ähli görnüşleri üçin köpsanly amallary ýerine ýetirmäge bolan isleg maliýe taýdan hem, hünärlilik (professional) babatda hem hötdesinden gelmek kyn bolan wezipe bolup biler. Öz-özünden uniwersal bolaýmaly ýaly görünýän iri banklaryň hem uniwersal işiň çäklerinde multi ýöriteleşme pikirine goldanyp başlaýandyklary,öz düzümlerinde ýöriteleşdirilen birlikleri guraýandyklary ýöne ýerden däldir, bu bolsa bank önüminiň ýokary hilini saklamaga we onuň özüne düşýän gymmatyny peseltmäge mümkinçilik berýär.

Bank töwekgelçilikleriniň düzüminde emissiýa bankynyň töwekgelçilikleri aýratyn bölünip görkezilýär. Hakykatda, emission (merkezi, milli) banklary tarapyndan dolanyşyga çykarylan pul belgilerinden ykdysadyýetiň her bir subýekti peýdalanýar. Şol sebäbe görä hem emission bankynyň töwekgelçilikleri aýratynlykda her bir ykdysady agent (täjirçilik banky we täjirçilik banklarynyň ýok ýerlerinde beýleki ýuridik şahslar) bilen özara gatnaşyklarda, şeýle hem tutuşlygyna alanyňda ykdysadyýet babatda ýüze çykyp biler. Milli pul birliginiň satyn alyjylyk ukybyny ýokarlandyrmak, ony durnuklaşdyrmak we-

145.0 x 215.0 mm

zipesini ýerine ýetirmek bilen, emissiýa banky köplenç halatda puluň dolanyşyga artyk çykarylmagy meselesine gabat gelýär.

Emma emissiýa töwekgelçiligi diňe bir puluň artyk çykarylmagy däl, eýsem ýeterlik möçberde çykarylmazlygy bilen hem baglanyşykly bolup geçýär, bu bolsa öz gezeginde töleg serişdeleriniň gytçylygyna, haryt öndürijileriň arasynda hasaplaşyklaryň gijikdirilmegine getirip biler. Pul-karz düzgünleşdirmesini amala aşyrmak bilen emission banky, özüniň pul dolanyşygyny pugtalandyrmak boýunça esasy işinden başga-da, töleg serişdelerini galplaşdyrmakdan, ýasama kagyz pullaryň çykarylmagyndan goragy üpjün etmeklige hem niýetlenendir.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň şertlerinde Türkmenistanyň Merkezi bankyna täjirçilik banklarynyň işine gözegçilik etmek ygtyýarlygy hem berlendir. Bu ýagdaý onuň töwekgelçilikleriniň üstüne şol banklara bank işini amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamany bermegiň we ony yzyna almagyň barşyndaky töwekgelçilkleriň hem goşulýandygyny aňladýar. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň öňünde goýlan milli bank ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmek wezipesi ondan karz edaralarynyň tölege ukypsyzlygynyň öňüni dessine almak, olaryň netijeli işlemegine ýardam etmek mehanizmini talap edýär.

Bank töwekgelçiliklerini toparlara bölmekde olary ululygyna baglylykda bölmek bellibir orun eýeleýär. Bu ýerde töwekgelçilikler pes, aram we ýokary töwekgelçilikler diýlip bölünýär. Aýratyn alnan şahs üçin zyýanyň möçberi dürli-dürli bolup biler, ýetirilen zyýan ol ýa-da beýleki amallaryň möçberine baglylykda tapawutlanýar. Şeýle-de bolsa bellibir ýagdaýlarda onuň öz çäkleri bellenip bilner.

Meselem, karz amallary ýerine ýetirilende möçberi hasaplama boýunça peýdanyň ýitgisi 0-0,25%-den ýokary geçmedik ýagdaýynda deň bolan töwekgelçilik iň pes töwekgelçilik hasap edilýär; hasaplama boýunça peýdanyň ýitgisiniň 25-50% çäklerde bolmagy ýokary töwekgelçilik hasap edilýär; hasaplama boýunça peýdanyň ýitgisiniň 50-75%-e deň bolan ýagdaýy agyr töwekgelçilik, zyýanyň hasaplama boýunça peýdanyň 75-100%-ne ýetýän ýagdaýy ýol berilmeýän töwekgelçilik diýlip hasap edilýär.

Möçberlerinden ugur almak bilen, bank töwekgelçilikleri toplumlaýyn (jemi) we aýratyn (özbaşdak) töwekgelçilikler diýip hem bölünýärler. Mysal üçin, karz amallary geçirilende karz alyjylaryň peýdalanýan ähli karzlaryny öz içine alýan töwekgelçilikler toplumlaýyn hasap ediler. Şu ýagdaýda iş ýüzünde toplumlaýyn töwekgelçilik karz bukjasy töwekgelçiligi bolar, ol şol pursatda täjirçilik bankynda ähli berlen karzlar boýunça emele gelýär. Bu ýerde karzlaryň aýry-aýry görnüşlerine degişli bolan töwekgelçilik aýratyn töwekgelçilik bolar.

**Bank töwekgelçilikleri bankyň müşderileriniň düzümine laýyklykda hem tapawutlanyp bilerler. Bu ýerde töwekgelçiligiň iki görnüşi görkezilýär:**

1) uly(iri), orta we kiçi müşderilerden gelip çykýan töwekgelçilik;

2) müşderileriň pudaklaýyn gurluşyndan gelip çykýan töwekgelçilik.

Birinji ýagdaýda iri müşderi köplenç ýagdaýda iri töwekgelçiligi aňlatmaýar. Tersine,uly pul dolanyşygy we bankyň üstünden geçýän amallary bolan iri müşderi banka ep-esli peýda getirýär. Ýöne, bu ýerde howp iri kärhananyň maliýe ýagdaýynyň degerli ýaramazlaşan we batan ýagdaýynda onuň ykdysadyýetine bankyň goýumlarynyň goýulmagy, karz beren bankyň uly möçberlerdäki ýitgilerine getirip biljekdiginden ybaratdyr. Bellibir ýitgiler bazar gatnaşyklary şertlerinde önümçilik we öz önümlerini ýerleşdirmek babatynda görnüp duran üýtgemeleriň täsirine düşýän uly bolmadyk kärhanadan hem gelip çykyp biler.

Müşderileriň pudaklaýyn gurluşyndan gelip çykýan töwekgelçilik hem pes bolmaýar. Bellenilip geçilişi ýaly, pudaklaýyn töwekgelçilik degişli pudagyň ykdysady ösüş ýagdaýy bilen baglanyşyklydyr. Bankyň ykdysadyýetiň örän gowy ösýän pudagyna (mysal üçin, nebit ýa-da gaz pudagy) agdyklyk edýän ýagdaýynda goýum goýmagy, senagatyň işläp bejerýän pudaklarynyň zyýanyna milli önümçiligiň çig mala gönükdirilen ugruny pugtalandyrmak bilen, makroykdysady nukdaýnazardan tutuş ykdysadyýete ýaramaz täsir edip biler.

Bank tarapyndan ýerine ýetirilýän amallary göz öňünde tutmakdan ugur almak bilen, töwekgelçiligiň iki görnüşi bölünip görkezilýär: balans amallar boýunça töwekgelçilik we balansdan daşary amallar boýunça töwekgelçilik. Iki ýagdaýda hem töwekgelçilik karz

145.0 x 215.0 mm

edarasynyň aktiw amallaryna hem, passiw amallaryna hem degişli bolýar. Aktiw amallar geçirilende hümmetsizlenme töwekgelçilikleri, göterim töwekgelçilikleri, bukja töwekgelçilikleri, karz, faktoring we beýleki töwekgelçilikler ýüze çykyp biler. Passiw amallar boýunça töwekgelçilikler maýanyň emele getirilmegi, onuň gurluş düzümi we peýdanyň hasabyna artmagy bilen bagly bolup biler. Çekilen serişdeleriň bank tarapyndan öňünden görülmedik ýagdaýda gitmegi, depozit amallar boýunça töwekgelçiliklere sebäp bolup biler. Daşary ýurtlaryň iş tejribesi iri karz alyjy tarapyndan ozal ýerleşdirilen karzlary üzmekdäki kynçylyklar bar wagtynda kärhanalaryň iri depozitleriniň alynmagynyň ýiti töleg kynçylyklaryna we hatda banklaryň batmagyna getiren ýagdaýlaryň bolandygyna şaýatlyk edýär.

Balans töwekgelçilikler bank tarapyndan maýanyň ýeterlik ölçeginiň berjaý edilmedik halatynda onuň özüniň likwidliligini ýitirmegi bilen bagly bolup biler.

Balansdan daşary töwekgelçilikler bankyň kepillendiriş işinde, daşary ýurt pulundaky geleşikler, çykarylan gymmatly kagyzlar boýunça borçnamalaryň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda ýüze çykýar. Müşderileriň batan ýagdaýyndaky balansdan daşary töwekgelçilikler balans amallary boýunça töwekgelçilikleriň hasabyna güýçlenip bilner.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2011-nji ýylyň 2-nji fewralyndaky № 4 buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 17-nji fewralynda 550 san bilen hasaba alnan **«Türkmenistanyň banklarynda içerki gözegçiligi guramak barada»** düzgünnama kabul edildi, bu düzgünnama banklaryň maliýe ygtybarlylygyny üpjün etmek maksady bilen **«Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda»** Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we banklar tarapyndan içerki gözegçiligi amala aşyrmak boýunça talaplary bellenýär.

**Şu düzgünnamada aşakdaky adalgalar ulanylýar:**

➢ **banky dolandyrýan ygtyýarly edara (bankyň Geňeşi)** – bankyň işine umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýan we gatnaşyjylaryň umumy ýygnagy ýa-da esaslandyryjy tarapyndan saýlanylýan (bellenilýän) edara;

➢ **bankyň ýerine ýetiriji edarasy (bankyň Müdiriýeti)** – bankyň işine gündelik ýolbaşçylygy amala aşyrýan we bankyň ygtyýarly we ýokary dolandyryş edaralaryna hasabat berýän kollegial ýa-da ýeke-täk ýolbaşçylykly edara, olar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilip bilner;

➢ **içerki gözegçilik** – Türkmenistanyň kanunçylygynyň we bankyň içerki resminamalarynyň talaplaryna laýyklykda bank işiniň howpsuz we likwidli alnyp barylmagyny üpjün etmek maksady bilen banklar tarapyndan amala aşyrylýan işler;

➢ **içerki gözegçilik ulgamy** – bank işini tertipleşdirilen we netijeli alyp barmak, töwekgelçilikleri azaltmak, harajatlary azaltmaga getirmek we aktiwleri saklamak üçin serişdeler hökmünde bank tarapyndan kabul edilen guramaçylyk gurluşyň, usulyýetleriň we amallaryň jemi;

➢ **maglumat howpsuzlygy** – tötänleýin we bilkastlaýyn howplardan goragy üpjün edýän guramaçylyk çäreleriniň, enjam-programma we tehniki serişdeleriň köp derejeli toplumy, olary durmuşa geçirmegiň netijesinde işlenip taýýarlanylýan, saklanylýan ýa-da berilýän maglumatyň elýeterlilik, bitewilik, hakykylyk ýa-da ýaşyrynlyk häsiýetleriniň bozulmagy mümkin;

➢ **maglumatyň elýeterliligi** – talap edilýän maglumaty bellenilen kadalara we elýeterlilik hukuklaryna laýyklykda öz wagtynda we dogry bermegiň awtomatlaşdyrylan ulgamynyň (mundan beýläk – AU) häsiýeti;

➢ **maglumatyň bitewiligi we hakykylygy** – AU-nyň üýtgewsizligini saklamak ýa-da awtorlygy belleýän maglumatyň we nyşanlaryň rugsat berilmedik üýtgemek hakykatyny (faktyny) ýüze çykarmak häsiýeti;

➢ **maglumatyň ýaşyrynlygy** – rugsat berilmedik peýdalanyjylaryň maglumata bolan elýeterliliginiň aradan aýrylmagyny üpjün edýän AU-nyň häsiýeti;

➢ **bähbitleriň dawasy** – bankyň, onuň gurluş düzüm birlikleriniň we (ýa-da) onuň işgärleriniň, müşderileriniň emläk we beýleki bähbitleriniň arasyndaky gapma-garşylyk, ol bank we (ýa-da) müşderiler üçin ýaramaz netijelere getirip biler;

➢ **bank töwekgelçiligi** – bank tarapyndan ýitgiler çekilmeginiň we (ýa-da) bankyň işiniň içerki we (ýa-da) daşarky ýagdaýlary bilen baglanyşykly ýaramaz wakalaryň gelip ýetmegi netijesinde likwidligiň ýaramazlaşmagynyň bank işine mahsus bolan mümkinçiligi. Bank töwekgelçilikleriniň esasy görnüşleri şu düzgünleriň goşundysyna laýyklykda kesgitlenildi;

➢ **bank töwekgelçiliklerini dolandyrmak** – bank töwekgelçilikleriniň kabul ederlikli derejesini, şeýle hem derejesine gözegçiligi we olaryň çäklendirilmegini ýüze çykarmak, anyklamak, ölçemek (baha kesmek), kesgitlemek işi.

**Şu düzgünnamada bank töwekgelçiliginiň esasy görnüşlerine häsiýetnama berilýär:**

**1. Karz töwekgelçiligi** – şertnamanyň şertlerine ýa-da kanunçylyga laýyklykda bankyň öňünde bergidar tarapyndan maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirmezligiň, öz wagtynda ýa-da doly ýerine ýetirmezligiň netijesinde bankda ýitgileriň (zyýanlaryň) ýüze çykmak töwekgelçiligi.

Görkezilen maliýe borçnamalaryna bergidaryň şu aşakdakylar boýunça borçnamalary degişlidir:

➢ karz şertnamasynyň, bank goýumy şertnamasynyň (depozitiniň), pul serişdelerini çekmek hakynda beýleki şertnamalaryň esasynda çekilen pul serişdelerini gaýtarmak;

➢ alnan we berlen bank kepillikleri, akkreditiwler;

➢ peýdalanylmadyk limitler babatda karz şertnamalarynyň esasynda bank tarapyndan açylan karz ugurlary;

➢ maliýe kärendesiniň (lizinginiň) şertnamalary boýunça lizing tölegleriniň öwezini dolmak;

➢ bergidaryň bankyň öňündäki beýleki pul borçnamalary, olar şertnama ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bergidar tarapyndan ýerine ýetirilmelidir.

Karz töwekgelçiliginiň konsentrasiýasy aýratyn müşderä ýa-da özara baglanyşykly müşderiler toparyna, şeýle hem bankyň bergidarlarynyň ykdysadyýetiň aýratyn pudaklaryna ýa-da geografik sebitlere degişliliginiň netijesinde ýa-da olary şol bir ykdysady sebäplere baglanyşykly edýän beýleki häsiýetnamalar bilen ýagdaýlaryň birnäçesi bolan mahalynda karzlary ýa-da beýleki aktiwleri bermekde ýüze çykýar.

Karz töwekgelçiligi bank bilen baglanyşykly adamlar tarapyndan amallar ýerine ýetirilende, ýagny karzlary, beýleki aktiwleri bermek hakynda we aktiwleri bermegiň şertleri hakynda bank tarapyndan kabul edilýän kararlaryň häsiýetine täsir edip biljek hakyky mümkinçiliklere eýe bolýan aýry-aýry şahsy ýa-da edara görnüşindäki taraplaryň, şeýle hem kararyň kabul edilmegine, banka täsir edip biljek adamlaryň bank bilen baglanyşykly amallary ýerine ýetirilende artýar.

Bank bilen şahsy ýa-da edara görnüşindäki tarapyň baglanyşyklylygynyň bolmagy netijesinde karzlary we beýleki aktiwleri almak üçin arzalara garamagyň, bergidaryň tölege ukyplylygyny kesgitlemegiň we aktiwleri bermek hakynda kararlary kabul etmegiň kadalarynyň we amallarynyň berjaý edilmezligi ýa-da ýeterlik derejede doly berjaý edilmezligi bolup biler, ol karz töwekgelçiligini güýçlendirip biler.

**2. Ýurt töwekgelçiligi we serişdeleri geçirmezlik töwekgelçiligi** – ykdysady, syýasy, sosial üýtgemeler zerarly daşary ýurtly kontragentler (edara görnüşindäki şahsy taraplar) tarapyndan borçnamalary ýerine ýetirmezligiň netijesinde, şeýle hem pul borçnamasynyň walýutasy kanunçylygyň aýratynlyklary zerarly kontragente elýeter bolmazlygy netijesinde (kontragentiň özüniň maliýe ýagdaýyna garamazdan) bankda ýitgileriň (zyýanlaryň) döremek töwekgelçiligi.

**3. Bazar töwekgelçiligi** – söwda portfeline degişli balans we balansdan daşary pozisiýalaryň, şeýle hem daşary ýurt walýutasynda kadalaşdyrylmadyk pozisiýalaryň we daşary ýurt walýutalaryň, bazar göterim goýumlarynyň hümmetleriniň üýtgemeleri we beýleki ýagdaýlar netijesinde dörän maliýe gurallaryna we harytlara bolan bazar bahalarynyň üýtgemeleri netijesinde bankda ýitgileriň (zyýanlaryň) ýüze çykmak töwekgelçiligi.

Bazar töwekgelçiligi göterim, gazna, walýuta we haryt töwekgelçiliklerini öz içine alýar:

**– göterim töwekgelçiligi** – çekilen serişdeler boýunça banklar tarapyndan tölenilýän göterim goýumlarynyň berlen karzlar boýunça goýumlardan ýokary geçmeginiň netijesinde bankda ýitgileriň (zyýanlaryň) ýüze çykmak ähtimallygy;

– **gazna töwekgelçiligi** – bankyň söwda portfeliniň gazna gymmatlyklarynyň bahasynyň üýtgemeginden bankda ýitgileriň (zyýanlaryň) ýüze çykmak ähtimallygy;

– **walýuta töwekgelçiligi** – daşary ýurt walýutalarynyň hümmetleriniň üýtgemegi netijesinde daşary ýurt walýutasyna nominirlenen bankyň balans we balansdan daşary pozisiýalarynyň gymmatynyň üýtgemeginden bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak ähtimallygy;

– **haryt töwekgelçiligi** – harytlaryň bahasynyň üýtgemeginden bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak ähtimallygy.

**4. Likwidlilik töwekgelçiligi** – öz borçnamalarynyň doly möçberde öz wagtynda ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge ukypsyzlygy netijesinde bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak töwekgelçiligi. Likwidlilik töwekgelçiligi bankyň maliýe aktiwleriniň we maliýe borçnamalarynyň balanslaşdyrylmazlygy (şol sanda bankyň bir ýa-da birnäçe kontragentleri tarapyndan maliýe borçnamalarynyň öz wagtynda ýerine ýetirilmezligi netijesinde) we (ýa-da) bank tarapyndan öz maliýe borçnamalaryny şobada we birwagtda ýerine ýetirmegiň öňünden görüp bolmadyk zerurlygynyň ýüze çykmagy netijesinde döreýär.

**5. Amal töwekgelçiligi** – bank amallaryny we beýleki geleşikleri amala aşyrmagyň bank tarapyndan bellenen tertipleriniň we amallarynyň kanunçylyga laýyk gelmezligi ýa-da bankyň işgärleri tarapyndan olaryň bozulmagy, bankyň işgärleriniň ygtyýarly bolmazlygy ýa-da ýalňyşlyklary, bank tarapyndan ulanylýan ulgamlaryň, şol sanda maglumat ulgamlarynyň laýyk gelmezligi ýa-da boýun gaçyrylmagy netijesinde, şeýle hem daşarky ýagdaýlaryň täsiri netijesinde bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak töwekgelçiligi.

**Amal töwekgelçiliginiň derejesine şu aşakdakylar degişlidir:**

– **tehnologik we tehniki töwekgelçilik** – tehniki serişdeleriniň ýa-da programma üpjünçiliginiň we maglumat tehnologiýalarynyň, ýa-da ulgamlarynyň näsazlyk töwekgelçiligini degişli etmek bolar. Bu töwekgelçilikler düýpli ýalňyşlyklaryň, maglumatlaryň ýitgisiniň (bank tarapyndan dublirleýji ulgam bolmazdan programma üpjünçiliginiň könelişen ýa-da ygtyýarnamasy bolmadyk programma üpjünçiligi peýdalanylanda), maglumatlaryň ýoýulmagynyň,

amallaryň öz wagtynda ýerine ýetirilmezliginiň ýüze çykmagy görnüşinde amala aşyrylyp bilner;

– **usulyýet töwekgelçiligi** – ol ýa-da beýleki işi, tehniki syýasaty, hasaplamalaryň dessurlaryny we usullaryny amala aşyrmagyň usulyýeti tarapyndan nädogry kabul etmek bilen baglanyşykly (matematiki formulalardaky, kompýuter programmalaryndaky ýalňyşlyklar);

– **derhal işiň töwekgelçiligi** – täze bank hyzmatlaryny (önümlerini) göwnejaý taýýarlamazlyk, öz hasaplaryna elýeterlilik, ýalňyş maglumat berip, müşderilere göwnejaý hyzmat etmezlik, ýalňyş bellenen içerki çäkler (limitler), amal ýalňyşlyklary bilen müşderileriň meseleleriniň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly we ş.m.;

– **hasaba alyş töwekgelçiligi** – bankda kabul edilen hasaba alyş syýasatynda hasaba almakda geleşikleriň (amallaryň) şöhlelenişiniň laýyk gelmezligi bilen baglanyşykly we ş.m.;

– **amallar töwekgelçiligi** – amalyň görnüşi ýa-da möçberi, göwnejaý resmileşdirilmedik resminama, esaslandyrylmadyk saldirlemek, amallaryň ýalňyş geçirilmegi bilen baglanyşykly we ş.m.;

– **bankyň işiniň geografik diwersifikasiýasy bilen baglanyşykly töwekgelçilik** – bankyň işiniň bütin möçberinde müşderä ýa-da hyzmatlaryň görnüşine baglylyk hakynda maglumat umumylaşdyrylanda säwlikler bilen baglanyşykly amallary işläp taýýarlaýan ýolbaşçylaryň we işgärleriň fiziki aýrybaşgalygy zerarly gözegçilik ulgamynda näsazlyklaryň peýda bolmagy;

– **bankyň wezipeli adamlarynyň we düzüm birlikleriniň jogapkärçiligi we ygtyýarlyklaryny paýlamak babatda bankyň nädogry guramaçylyk gurluşynyň töwekgelçiligi** – wezipeleri gaýtalamaga ýa-da durmuşa geçirilýän dolandyryjylyk işlerinde aýry-aýry wezipeleriň (gündelik ýa-da deslapky gözegçilik wezipelerini), şeýle hem gurluşyň artykmaçlygyny, dolandyryşyň artykmaç zwenolarynyň bolmagyny, jogapkärçiligiň ýuwulmagyny aýyrmaga getirýän wezipeleri paýlamak ulgamynda mümkin bolan ýalnyşlyklar bilen baglanyşykly;

– **hukuk töwekgelçiligi** – bir tarapdan iş amala aşyrylanda ýol berilýän hukuk ýalňyşlyklary bilen (nädogry hukuk maslahatlary ýa-da resminamalaryň nädogry düzülmegi. şol sanda kazyýet edaralarynda

145.0 x 215.0 mm

jedelli meselelere garalanda), beýleki tarapdan – hukuk ulgamynyň kämil bolmazlygy bilen baglanyşykly (kanunçylygyň çaprazlygy we durnukly bolmazlygy, netijeli kazyýet goragynyň bolmazlygy);

– **işgärleriň töwekgelçiligi** – bankyň işiniň häsiýetine we möçberlerine, işgärleriň kybapdaş bolmazlygyna ýa-da işgärleriň islenilmeýän geldi-geçerligine, bank bilen işgärleriň assosirlenmeginiň ýoklugyna getirýän işgärleri toplamagyň, okatmagyň, baha bermegiň we motiwasiýasynyň netijesiz mehanizmlerini ulanmak bilen baglanyşykly we şu aşakdakylarda ýüze çykyp biler:

– **dolandyryşyň we nädogry dolandyryş çözgütleriniň töwekgelçiligi** – kybapdaş bolmadyk dolandyryjylyk maglumat, göwnejaý bolmadyk meýilleşdirmek, könelişen dolandyryş mehanizmleri, bankyň işiniň häsiýetine we möçberlerine guramaçylyk gurluşynyň laýyk gelmezligi bilen, şeýle hem töwekgelçilikleri kybapdaş bolmadyk dolandyrmaga getirýän içerki gözegçiligiň formal we netijeli bolmadyk amallary bilen baglanyşykly;

– **içerki kezzapçylyk töwekgelçiligi** – hasaplaşyk geçirmelerinde kezzapçylyk, bankyň işgärleri tarapyndan ogurlyklar, ýaşyryn maglumaty betnebis maksatlary bilen peýdalanmak, bankyň adyndan we bankyň hasabyna bank amallary amala aşyrylanda hyýanatçylyklar bilen baglanyşykly we ş.m.;

– **daşarky kezzapçylyk töwekgelçiligi** – ogurlyklar, talaňçylyklar, pullary ýuwmak, çekleri we plastik kartlaryny galplaşdyrmak, kompýuter kezzapçylygy bilen baglanyşykly we ş.m.;

– **emläk töwekgelçiligi we fors-mažor ýagdaýlarynyň töwekgelçiligi** – bankyň emläginiň bahasynyň ýitirilmegi, terrorçylyk namalary, wandalizm (serişdeleriň fiziki taýdan ýok edilmegi) mümkin bolan ähli tebigy betbagtçylyklar bilen baglanyşykly we ş.m.;

– **beýleki daşarky töwekgelçilikler** – müşderiler, kontragentler tarapyndan ýaramaz (betpäl, ters) hereketler (mysal üçin, şertnamalaýyn borçnamalary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmak, bankyň işi hakyndaky ýaşyryn maglumaty hukuga laýyk peýdalanmazlyk, jenaýatçylykly girdejileriň kanunylaşdyrylmagy üçin banky peýdalanmak, beýleki hukuga garşy iş), müşderiler, kontragentler, paýdarlar we üçünji taraplar bilen beýleki ýaramaz özara gatnaşyklar

(mysal üçin, şikaýatlar, kazyýet hak islegleri, metbugatdaky maglumat we ş.m.) bilen baglanyşykly we ş.m.

**6. Strategik töwekgelçilik** – bankyň işiniň ýörelgesini we ösüşini kesgitleýän (strategik dolandyryş) we bankyň işine wehim salyp biljek mümkin bolan howplary hasaba almazlykda we ýeterlik bolmadyk hasaba almakda aňladylýan çözgütler kabul edilende, işiň perspektiwaly ugurlary nädogry ýa-da ýeterlik bolmadyk derejede esaslandyrylyp kesgitlenende, olarda bank bäsdeşleriň öňünde artykmaçlyk gazanyp biler, zerur serişdeler (maliýe, maddy tehniki, adam) we guramaçylyk çäreleri doly bolmadyk möçberde üpjün edilende ýa-da bolmazlygynda (olar bankyň işiniň maksatlaryna ýetmegini üpjün etmelidir), ýol berlen ýalňyşlyklar (kemçilikler) netijesinde bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak töwekgelçiligi.

**7. Bankyň işewür abraýynyň ýitirilmek töwekgelçiligi** – bankyň maliýe durnuklylygy, ol tarapyndan edilýän hyzmatlaryň hili we tutuş işiniň häsiýeti hakynda jemgyýetde ýaramaz düşünjäniň döremegi netijesinde müşderi binýadyny jemlemek netijesinde bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak töwekgelçiligi. Bankyň işewür abraýynyň ýitirilmek töwekgelçiligi işi guramakdaky kemçilikler, elektron bank ulgamlarynyň işindäki näsazlyklar, kanunçylygyň, bankyň içerki resminamalarynyň berjaý edilmezligi, işewür hyzmatdaşlyk adatlaryndan yza çekilmegi, jemgyýetçilik ahlak kadalarynyň we bank işiniň etiki ýörelgeleriniň bozulmagy, bankyň we onuň işgärleriniň bikanun maliýe amallaryna, şeýle hem beýleki hukuga garşy işe gatnaşmakda şübhe zerarly ýüze çykyp biler.

Tejribe bank töwekgelçilikleriniň, olaryň köpdürlüligine garamazdan, karz edarasynyň işiniň aýratynlygyny görkezýändigine şaýatlyk edýär, olar karz edarasynyň hereketinden ýa-da hereket etmezliginden, onuň hereketleriniň gijä galmagyndan, wagtyndan öň geçirilmeginden ýa-da ýalňyş bolmagyndan gelip çykýar. Islendik ýagdaýda, olaryň şu toparlamada görkezilişi ýaly bolmagy, bankdan maksada gönükdirilen meýilnamalaýyn işi, aýry-aýry çäreler toplumyny däl-de, töwekgelçiligi dolandyrmagyň bellibir ulgamyny talap edýär. Bu ulgamyň mazmunyna şu kitabyň nobatdaky bölüminde serediler.

145.0 x 215.0 mm

# II BAP

# BANK TÖWEKGELÇILIGINI DOLANDYRYŞ ULGAMY

## 2.1.Bank töwekgelçiliginiň dolandyryş ulgamyna häsiýetnama

**Bank töwekgelçiligini dolandyryş ulgamy** – bu bankyň işgärleriniň işiň şertlerinde näbelliligiň bar bolmagynda oňyn maliýe netijäni üpjün etmäge we töwekgelçilik ýagdaýynyň ýüze çykmagyny çaklamaga, onuň ýaramaz netijelerini aradan aýyrmak ýa-da peseltmek üçin çäre görmäge mümkinçilik berýän tärleriniň (usullarynyň we usulyýetleriniň) jemidir.

Bu dolandyryş ulgamy dürli ölçegleriň esasynda beýan edilip bilner. Bank töwekgelçilikleriniň görnüşlerinden ugur almak bilen, bu ulgamda karz töwekgelçiligini, deňeçerlenmedik likwidlilik töwekgelçiligini, göterim, amallar, girdejilerini ýitirmek töwekgelçiliklerini dolandyryş bölümlerini (bloklaryny), şeýle hem karz edarasynyň işiniň aýry-aýry ugurlarynyň barşynda ýüze çykýan töwekgelçilikler bilen bagly toplumlaýyn bölümleri (bloklary) görkezip bolar. Töwekgelçilikleri toparlara bölmegiň beýleki ulgamynda özbaşdak bölümler (bloklar) hökmünde aýratyn töwekgelçilikleri dolandyrmagyň kiçi ulgamlary we jemlenen töwekgelçilikleri dolandyryş bölümi (blogy) görkezilýär. Birinji bölüme (bloga) karz geleşiklerini we bank amallarynyň beýleki görnüşleriniň töwekgelçiligini dolandyrmak, ikinji bölüme (bloga) bankyň dürli bukjalarynyň – karz, söwda, maýa goýum, çekilen serişdeler bukjalarynyň töwekgelçiligini dolandyrmak we ş.m. degişlidir.

Töwekgelçilikleri dolandyrmagyň tehnologiýasy ýaly ölçegiň binýadynda bank töwekgelçiliklerini dolandyryş ulgamy şu elementleriň jemi hökmünde beýan edilip bilner: bank işiniň töwekgelçilikleri azaltmaga ýardam edýän ýörelgesini saýlap almak, töwekgelçiliklere syn etmek ulgamy; banky töwekgelçiliklerden goramagyň mehanizmi.

Bank işiniň ýörelgesini saýlap almak bank hyzmatlary bazaryny we onuň aýry-aýry böleklerini öwrenmegiň esasynda amala aşyrylýar. Mälim bolşy ýaly, has töwekgelçilikli ýörelgeleriň hataryna lideriň ýörelgesi we täze bazarda täze hyzmatlary satmak bilen baglanyşykly ýörelge degişlidir. Eger bank bazaryň beýleki ýörelgelerinde hyzmatlaryň işlenen bukjasyny teklip etmek arkaly, öňki müşderileri bilen işlemegini dowam edýän bolsa, şu ýörelgeleriň töwekgelçiligi peselýär. Hyzmatlaryň aýratynlaşdyrylmagyny göz öňünde tutýan, VIP müşderiler bilen işlemek ýörelgesi hem bellibir derejede töwekgelçilikli bolup durýar.

Töwekgelçiliklere syn etmek ulgamy töwekgelçilikleri ýüze çykarmagyň (anyklamagyň) usullaryny, töwekgelçilige baha bermegiň tärlerini, töwekgelçilige monitoringi (yzygiderli dolandyryş gözegçiligi) geçirmegiň mehanizmini öz içine alýar.

Banky töwekgelçiliklerden goramagyň mehanizmi töwekgelçiligi gündelik düzgünleşdirmekden we ony peseltmegiň usullaryndan emele gelýär. Şunda töwekgelçiligi gündelik düzgünleşdirmek diýip ýaramaz görkezijilere syn etmäge we şonuň esasynda bank amallary boýunça dessin çözgütleriň kabul edilmegine düşünilýär.

**Töwekgelçilikleri dolandyrmak işini (prosesini) guramak çygrynda seredilýän ulgam dolandyryşyň aşakdaky elementleriniň bölünip görkezilmegini göz öňünde tutýar:**

➢ dolandyryş subýektleri;
➢ töwekgelçiligi anyklamak;
➢ töwekgelçiligiň derejesine baha bermek;
➢ töwekgelçilige monitoring (yzygiderli dolandyryş gözegçiligini) geçirmek.

Bank töwekgelçiliklerini dolandyryş ulgamynyň şu hili teswiriniň, ozalky teswirlerde bolşy ýaly, ähli elementleri bankyň işgärleriniň işiniň tärleriniň, usullarynyň we usulyýetleriniň utgaşmagyndan ybaratdyr. Ulgamyň şu hili gurluşynyň aýry-aýry elementlerinde giňişleýin durup geçeliň.

**Bank töwekgelçiliklerini dolandyrmagyň subýektleri bankyň möçberine we gurluşyna baglydyr. Olaryň arasyna ähli banklar üçin umumy bolan şu aşakdakylary degişli edip bolar:**

❖ bankyň töwekgelçilikleriň ýol berilýän derejesinde peýdanyň ýokarlanmagyna gönükdirilen ýörelgesi we taktikasy üçin jogap berýän ýolbaşçylar;

145.0 x 215.0 mm

❖ bankyň öz üstüne kabul edip biljek düýpli töwekgelçilikleriniň aýry-aýry görnüşleriniň derejesi barada çözgüt kabul edýän toparlar;

❖ bankyň işini meýilnamalaşdyrmak bilen meşgullanýan bankyň düzüm birligi;

❖ bu birlikleriň işiniň ugurlary bilen bagly täjirçilik töwekgelçilikleri üçin jogap berýän funksional birlikler;

❖ bank töwekgelçilikleri boýunça çözgütleri kabul etmek üçin maglumatlary berýän seljeriş birlikleri;

❖ amal töwekgelçiliklerini peseltmäge we töwekgelçilikli ýagdaýyň ýüze çykmagynyň mümkindigini duýdurýan ýaramaz görkezijileri anyklamaga ýardam edýän içerki gözegçilik gullugy;

❖ hukuk töwekgelçiliklerine gözegçilik edýän hukuk bölümi.

**Töwekgelçiligi anyklamak (identifikasiýa)** töwekgelçilik ugurlaryny (zolaklaryny) ýüze çykarmakdan ybaratdyr. Şeýle zolaklar töwekgelçiligiň dürli görnüşleri üçin häsiýetlidir. Bank töwekgelçiliginiň zolaklarynyň häsiýetnamasy 2-nji tablisada getirilýär.

*2-nji tablisa*

**Bank töwekgelçiliginiň çäginiň häsiýetnamasy**

| **Töwekgelçiligiň görnüşi** | **Töwekgelçiligiň çägi** |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Karz töwekgelçiligi. | 1. Karz alyjynyň karza ukyplylygynyň peselmegi.<br>2. Karz bukjasynyň hiliniň peselmegi<br>3. Möhleti geçen esasy berginiň we göterim tölegleriniň emele gelmegi (döremegi).<br>4. Meseleli karzlaryň (ssudalaryň) döremegi.<br>5. Iş töwekgelçiliginiň faktorlarynyň döremegi.<br>6. Bergini üzmegiň çeşmeleriniň ygtybarsyzlygy (ýaramsyzlygy). |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Deň gelmeýän (Balanslaşdyrylmadyk) likwidliligiň töwekgelçiligi. | 1. Uzak möhletli aktiwleri ýapmak üçin gysga möhletli resurslaryň ulanylmagy.<br>2. Pes likwidli aktiwleriň ýokary derejede talap edilýän resuslar bilen ýapylmagy. |
| Göterim töwekgelçiligi. | 1. Kesgitli döwürde göterim derejeleriniň üýtgemegine duýgur bolan bankyň aktiwleriniň we passiwleriniň möhletiniň we ölçeginiň deň gelmezligi.<br>2. Göterim maržasynyň peselmegine getirýän bankyň aktiw we passiw amallary boýunça göterim derejeleriniň üýtgemegindäki öňünden çaklanylýan gabat gelmezlik (deňgelmezlik).<br>3. Bankyň aktiw amallarynyň aýratyn görnüşleri boýunça göterim maržanyň peselmegi.<br>4. Çekilen resurslar boýunça göterim derejeleriň bu resurslary ýerlemek bilen bagly derejelerden ýokarlanmagy. |
| Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligi. | 1. Resurslaryň hakyky bahasynyň (nyrhynyň) ösüşi.<br>2. Hereket etmeýän aktiwleriň paýy<br>3. Düşewüntsiz önümler.<br>4. Maliýe hasabatlylygynyň düşewüntsiz merkezleri.<br>5. Peýdanyň emele gelmeginiň düşewüntsiz çeşmeleri. |

145.0 x 215.0 mm

*2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 |
|---|---|
| Amallar töwekgelçiligi. | 1. Ýeterlik hünär derejesi bolmadyk işgärler (personal) tarapyndan bu ugurda ýerine ýetirilýän bankyň täze amallary.<br>2. Bank işiniň aýratyn ugurlarynyň maksatnama üpjünçiliginiň ýeterlik işlenilmezligi.<br>3. Merkezi bankyň talaplaryna doly laýyk gelmeýän ýa-da ýeterlikli däl kanunçylyk üpjünçiligi bolan bank işiniň ugry.<br>4. Içerki reglamentleri bolmadyk ýa-da ýokary hünärli işgärler (kadrlar) bilen durnukly üpjün edilmedik bank işiniň çygry (sferasy).<br>5. Bank işiniň aýratyn ugurlarynda pes hilli içerki gözegçilik ýa-da onuň çäkliligi.<br>6. Ýokary hünär derejesi bolmadyk kontragentler bilen amallar. |

Töwekgelçiligi anyklamak diňe bir töwekgelçilik zolaklaryny ýüze çykarmagy däl, eýsem iş ýüzünde şol zolaklar bilen bagly peýda alynmagyny we bank üçin mümkin bolan ýaramaz netijeleri hem göz öňünde tutýar.

Töwekgelçiligi, şonuň ýaly-da ony dolandyrmagyň beýleki elementlerini anyklamak üçin degişli maglumatlary toplamak we işlemek bilen emele getirilýän düýpli maglumatlar binýadynyň bolmagynyň uly ähmiýeti bardyr. Sebäbi degişli maglumatyň bolmazlygynyň özi islendik töwekgelçiligiň möhüm şerti bolup durýar.

## 2.2. Bank töwekgelçiliklerine baha bermek

Töwekgelçiligiň derejesine baha bermek üçin hil we mukdar seljermesi peýdalanylýar.

**Hil seljermesi** – bu töwekgelçiligiň onuň sebäpleri bilen kesgitlenýän çeşmelerini we mümkin bolan zolaklaryny seljermek bolup

durýar. Şonuň üçin hem hil seljermesi sebäpleriň takyk bölünip görkezilmegine esaslanýar, olaryň sanawy bank töwekgelçiliginiň her bir görnüşi üçin aýratyndyr. Soňky bölümlerde bu sebäplere uly üns berilýär. Hil seljermesiniň modeli bankyň karz bukjasyna seljerme geçirmegiň mysalynda görkezilýär.

Töwekgelçilige geçirilýän mukdar seljermesiniň maksady töwekgelçiligiň derejesini san taýdan kesgitlemek, ýagny forma getirmek bolup durýar.

**Mukdar seljermesinde şertli ýagdaýda birnäçe bölümleri (bloklary) bölüp görkezip bolar:**

➢ Töwekgelçiligiň derejesine baha bermegiň ölçeglerini saýlap almak;

➢ Töwekgelçilikleriň aýry-aýry görnüşleriniň bank üçin ýol berilýän derejesini kesgitlemek;

➢ Aýry-aýry usullaryň esasynda töwekgelçiligiň hakyky derejesini kesgitlemek;

➢ Geljekde töwekgelçiligiň ýokarlanmak ýa-da peselmek mümkinçiligine baha bermek.

Töwekgelçiligiň derejesine baha bermegiň ölçegleri umumy hem, töwekgelçiligiň aýry-aýry görnüşleri üçin aýratyn hem bolup biler.

Karz töwekgelçiligine baha bermek ykdysady edebiýatda has köp işlenen ölçeg kadalary hökmünde belli bolan ölçegdir: karz alyjynyň abraýy, serişdeleri karz almak ukyby, gündelik işiniň barşynda bergini üzmek üçin serişde gazanmak ukyby, karz alyjynyň maýasy, karz üpjünçiligi, karz amalynyň şertleri, gözegçilik (amalyň kanunçylyk binýadyna we standartlara laýyk gelşi).

**Töwekgelçiligiň beýleki görnüşlerine baha bermegiň ölçeglerini hem görkezip bolar:**

➢ göterim töwekgelçiligi: aktiw we passiw amallar boýunça göterimiň hereketiniň bankyň işiniň maliýe netijesine edýän täsiri, göterim girdejisiniň hasabyna amalyň özüni ödeýän döwrüniň uzaklygy, aktiwleriň we passiwleriň şu döwürde göterim möçberleriniň üýtgeýşini duýuş derejesi;

➢ amal töwekgelçiligi: işgärleriň hiliniň bankyň işiniň netijelerine edýän täsiri; amal geçirilende bankda önümçilik işiniň (prosesiniň)

guralyşy we tehnologiýasy bilen bagly ýalňyşma derejesi; kabul edilýän çözgütleriň ýalňyş bolmagyna daşarky ýagdaýlaryň täsiri;

➢ deňeçerlenmedik likwidlilik töwekgelçiligi: aktiwleriň we passiwleriň hili, aktiwleriň we passiwleriň gurluşynyň pul möçberleri, möhletleri, likwidlilik we zerurlyk derejesi boýunça laýyklygy.

Dürli görnüşdäki töwekgelçilikleriň ýol berilýän möçberi bankyň geljekki döwür üçin syýasaty baradaky resminamada görkezilýän standartlaryň (kesgitli çäkleriň (limitler) we ölçegnamalaýyn görkezijileriň) üstünden bellenmelidir.

**Bu standartlar telekeçilik meýilnamasynyň esasynda kesgitlenýär. Olara aşakdakylary degişli edip bolar:**

➢ bankyň aktiwleriniň bukjasynda, karz bukjasynda, söwda we maýa goýum bukjalarynda aýry-aýry segmentleriň paýy;

➢ karzlaryň we depozitleriň gatnaşygy;

➢ karz bukjasynyň hiliniň görkezijileriniň derejesi;

➢ möhleti geçirilen we möhleti uzaldylan karzlaryň paýy;

➢ bankyň serişdelerinde BAK-yň paýy;

➢ balansyň likwidlilik we maýa binýadynyň ýeterlilik görkezijileriniň derejesi;

➢ bankyň karz alyjylara bildirilýän standart talaplary (telekeçiligiň şu ulgamyna gatnaşmagyň uzaklygy, pudak boýunça ortaça ykdysady görkezijilere laýyklygy, balansyň likwidliligi we ş.m. boýunça).

Bank töwekgelçiliginiň hakyky derejesine baha bermek iki täre, ýagny töwekgelçilik görkezijileriniň derejesine baha bermäge we aktiwleriň töwekgelçilik toparlary boýunça toparlara bölünişine esaslanyp biler.

Töwekgelçilik görkezijilerini toparlandyrmagyň esasy bolup, töwekgelçilik çygry (sfera) we görkezijiniň görnüşi çykyş edýär.

Töwekgelçilige baha bermegiň obýekti bilen baglanyşykly töwekgelçilik çygryna (sfera) baglylykda bankyň jemi (bukja) töwekgelçiligine, aýratyn töwekgelçilige (anyk önüm, hyzmat, amal, kontragent bilen bagly), toplumlaýyn töwekgelçilige (bankyň işiniň bellibir ugry bilen bagly) baha bermek usullary bölünip görkezilýär.

**Töwekgelçilik derejesine baha bermegiň görkezijileri hökmünde şu aşakdalar peýdalanylyp bilner:**

➢ koeffisiýentler;

➢ ýitgileriň çak edilýän möçberi;

➢ bankyň bukjalarynyň segmentleşme görkezijileri (aktiwleriň bukjasy, karz, depozit serişdeleri, maýa goýum, söwda bukjalary we ş.m.).

Töwekgelçilik derejesine baha bermegiň koeffisiýent usuly has giňden ýaýran usul bolup durýar. Oňa kitabyň soňky bölümlerinde giňişleýin seredilýär.

Ýitgileriň möçberini çaklamak imitasiýa (meňzetme) modelleşdirmesine, dýurasiýa usulyna we ş.m. esaslanyp biler: oňa göterim töwekgelçiligine bagyşlanan bölümde seredilýär. Segmentleşdirme görkezijileri bankyň bukjalarynyň hiline seljerme geçirmek işi üçin häsiýetlidir.

**Bankyň iş tejribesinde aktiwleri töwekgelçilik toparlary boýunça toparlara bölmegiň birnäçe görnüşleri bolýar:**

➢ belgileýin ulgam;

➢ ball ulgamy – deňeşdirmek usulyny peýdalanmak bilen (töwekgelçilik topary *x* görkezijiniň ähmiýeti);

➢ skorring ulgamy;

➢ garyşyk görnüşler.

**Töwekgelçilige monitoring geçirmek** – bu töwekgelçilik görkezijilerine onuň görnüşleri babatynda yzygiderli seljerme geçirmek we peýdalylygyň zerur bolan derejesini saklap galmak bilen töwekgelçiligi peseltmäge gönükdirilen çözgütleri kabul etmek işidir.

Töwekgelçilige monitoring geçirmek işi şulary öz içine alýar: töwekgelçilige monitoring geçirmek boýunça borçlary paýlamak, gözegçilik görkezijiler ulgamyny (esasy we goşmaça görkezijiler) kesgitlemek, töwekgelçiligi düzgünleşdirmegiň usullary.

Töwekgelçilige monitoring geçirmek boýunça borçlar bankyň funksional birlikleriniň, onuň ýöriteleşdirilen komitetleriniň, içerki gözegçilik, audit we seljeriş birlikleriniň, gazna bölüminiň ýa-da bankyň beýleki jemleýji müdirliginiň arasynda paýlanýar. Şunda bankyň funksional birlikleri täjirçilik töwekgelçilikleriniň

145.0 x 215.0 mm

dolandyrylyşy üçin, komitetler we jemleýji birlikler bolsa düýpli töwekgelçilikler üçin jogap berýärler.

Gözegçilik görkezijileriniň topary maliýe koeffisiýentlerini, amallar, aktiwler we passiwler bukjasynyň, olaryň düzüm bölekleriniň gurluşy boýunça çäkli möçberleri, bankyň kontragentleri (mysal üçin, karz alyjylar, gymmatly kagyzlaryň emitentleri, hyzmatdaş banklar) üçin standartlary öz içine alýar.

Düzgünleşdirmek – banky töwekgelçilikden goramak üçin gönükdirilen usullaryň jeminden ybaratdyr. Bu usullary şertli ýagdaýda dört topara bölüp bolar:

1) töwekgelçilikleriň öňüni almak usullary;
2) töwekgelçilikleri geçirmek usullary;
3) töwekgelçilikleri paýlamak usullary;
4) töwekgelçilikleri birleşdirmek usullary.

**Töwekgelçilikleri düzgünleşdirmek usullaryna şulary degişli edip bolar:**

➢ bank amallarynyň görnüşlerine laýyklykda ýitgileri ýapmak üçin gorlary döretmek, bu gorlary peýdalanmagyň tertibi;

➢ bankyň hususy maýasynyň hasabyna ýitgileri ýapmagyň tertibi;

➢ maržanyň dürli görnüşleriniň (göterim, girew we ş.m.) töwekgelçilik derejesine esaslanýan şkalalaryny kesgitlemek;

➢ karz bukjasynyň hiline gözegçilik etmek;

➢ töwekgelçiligi görnüşlere bölmek bilen, ýaramaz görkezijilere syn etmek;

➢ töwekgelçiligiň şertlerini hasaba almak arkaly amallary diwersifikasiýa etmek;

➢ döredilen maliýe gurallary bilen geçirilýän amallar;

➢ telekeçilik birlikleriniň we bankyň töwekgelçilikli amallary bilen işleýän işgärleriniň motiwasiýasy (esaslary);

➢ töwekgelçiligi hasaba almak bilen nyrh emele getirmek (göterim möçberleri, ýygym);

➢ töwekgelçilikli amallar üçin çäkleri bellemek;

➢ aktiwleri ýerleşdirmek;

➢ aýratyn töwekgelçilikleri hejirlemek (maliýe töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyrmak).

**Täjirçilik karz edaralarynyň dünýä tejribesi töwekgelçilikleri dolandyrmagyň bankyň içerki ulgamyny gurmagyň ýörelgelerini emele getirmäge mümkinçilik berýär:**

➢ toplumlaýynlyk, ýagny töwekgelçiligiň ähli görnüşleri üçin dolandyryşyň ýeke-täk ulgamy;

➢ differensirlemek, ýagny ulgamyň aýry-aýry elementleriniň mazmunynyň bank töwekgelçiliginiň görnüşleri babatynda aýratynlygy;

➢ maglumat binýadynyň bitewiligi;

➢ töwekgelçiligiň dürli görnüşleriniň dolandyrylyşyny utgaşdyrmak.

**Bank töwekgelçiligini dolandyrmagyň netijeli ulgamyny gurmak üçin şular zerur bolup durýar:**

1. Dolandyryş ulgamynyň ýokarda görkezilen ýörelgelerini hasaba almak bilen, bankiçi resminamalarda dolandyryş ýörelgelerini we wezipelerini emele getirmek;

2. Ileri tutulýan ýörelgeler we wezipeler goýlanda esas hökmünde töwekgelçiligi kesgitlemegiň, baha bermegiň we anyklamagyň ýörelgelerini bellemek we banka gatnaşygy bolan ähli şahslaryň bähbitleriniň deňeçer goragyny üpjün etmek;

3. Şu ýörelgeleri dolandyryş gözegçiliginiň möhüm düzgünlerini döretmek üçin, şol sanda guramaçylyk gurluşynyň çyzgydy döredilende, ygtyýarlyklary bermek baradaky resminamalar taýýarlananda, şeýle hem tehniki tabşyryklar taýýarlananda binýat hökmünde peýdalanmak;

4. Töwekgelçiligi dolandyryş ýörelgelerine we gözegçilik ulgamyna laýyklykda, jogapkärçiligi üpjün etmegiň, öz-özüňe baha bermegiň we işiň netijelerine baha bermegiň düzgünlerini kesgitlemek, şu düzgünleri dolandyryş işini kämilleşdirmegiň şertleri hökmünde peýdalanmak;

5. Ýokarda ýatlanylýan ýörelgelerden we düzgünlerden ugur alyp, baha bermegiň düzgünleriniň we olaryň berjaý edilişini barlamagyň ýokary hilini üpjün etmek maksady bilen, monitoring (yzygiderli dolandyryş gözegçiligi) geçirmegiň we gaýdymlaýyn aragatnaşygyň mehanizmini işläp taýýarlamak.

# III BAP
# KARZ TÖWEKGELÇILIGI

## 3.1. Karz töwekgelçiliginiň mazmuny we şertleri

**Ýurduň bank ulgamynyň esasy maksady** – bu maýanyň sebitara we pudagara akymyny, şeýle hem milli ykdysadyýetiň düzümleýin özgerdilmegini üpjün etmekden ybaratdyr. Önümçiligi we ahyrky sarp edijileri karzlaşdyrmak täjirçilik banklarynyň öňünde duran möhüm wezipeleriň biridir. Fiziki we ýuridik şahslary karzlaşdyrmak amallary täjirçilik banklarynyň işiniň esasyny düzýär, çünki şol amallaryň üstünlikli amala aşyrylmagy girdejileriň esasy bölegini almaklyga ýardam edýär hem-de olaryň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Şol bir wagtda täjirçilik banklarynyň karzlaşdyrma amallaryna töwekgelçilik mahsusdyr. Öz gezeginde karz töwekgelçiligini netijeli dolandyrmak täjirçilik banklary üçin wajyp mesele bolup durýar. Sebäbi karzlaşdyrma amallarynda şowsuzlyklaryň yzygiderli ýüze çykmagy täjirçilik banklarynyň batyp galmagyna çenli getirip bilýär.

Karz töwekgelçiligini dolandyrmaklygyň binýadynda duran *kredit* (onuň terjimesi *ynam, ynanç* diýmekligi aňladýar) düşünjesi gadymy döwürlerde ýüze çykýar. Şol wagtlar karz alyja ynam esasda karz berlipdir. Orta asyrlarda batyp galmak düşünjesi hem peýda bolýar. Taryhy ösüşiň barşynda karz alyjynyň öz bergisini yzyna gaýtarmak ukybyna bolan köre-körlük ynançdan başga-da, karz töwekgelçiligine baha bermegi we dolandyrmagy göz öňünde tutýan karzyň seljermesini geçirmek zerurlygy döreýär. Bank işiniň dörän ilkinji pursatlaryndan başlap, banklar karz töwekgelçiligine gözegçilik etmegiň usullaryny işjeň ösdüripdirler.

Bank işi bilen baglanyşykly töwekgelçilikler köpsanly bolup, olaryň arasynda karz töwekgelçiligi has iri töwekgelçilik diýlip ha-

saplanylýar. **Karz töwekgelçiligi** – bu karz şertnamasynyň şertlerine laýyklykda kontragentiň (bergidaryň) göterimleri we esasy bergini tölemek boýunça öz borçnamasyny ýerine ýetirmeklige ukypsyzlygy netijesinde bankyň maliýe aktiwini ýitirmek mümkinçiligidir.

Kontragent *(bergidar bolan ýuridik we fiziki şahslar)* karz alyjy hökmünde karz gatnaşyklaryna girişen pursadynda karz töwekgelçiligi ýüze çykýar. Karz alyjynyň karza ukyplylygyna baha bermek bellibir karz alyja karzy bermek bilen baglanyşykly bankyň şahsy töwekgelçiliginiň derejesini anyklamaga mümkinçilik berýär. Berilýän karzlar boýunça töwekgelçiligiň derejesi bank üçin kabul ederlikli bolmalydyr.

Täjirçilik banklarynyň karz amallary bank işiniň esasy görnüşleriniň biri bolup durýar. Maliýe bazarynda karz amallary bank aktiwleriniň has girdejili maddasy bolmagynda galýar. Bankyň karz bukjasy onuň aktiwleriniň ep-esli bölegini (takmynan 50-70%-ini) düzýär. Şeýlelikde, bank töwekgelçiliginiň düzüminde karz töwekgelçiligi banklaryň işiniň netijelerine aýgytly täsirini ýetirýär. Şol sebäpli bank tarapyndan karz töwekgelçiliginiň netijeli dolandyrylmagy örän möhümdir.

Adatça, karz töwekgelçiligi bankyň buhgalterçilik hasaba alnyşynyň balans we balansdan daşary hasaplarynda şöhlelendirilýän karz we oňa deňleşdirilen amallar geçirilende ýüze çykýar. Şeýle amallara aşakdakylary degişli edip bolar:

– berlen we alnan karzlar;

– ýerleşdirilen we çekilen depozitler;

– karz şertnamasy boýunça berlen bergidarlyk gymmatly kagyzlary, paýnamalary we wekselleri almaklyga (yzyna gaýtarmaklyga) bolan talaplary goşmak bilen, gaýry ýerleşdirilen serişdeler;

– hasaba alnan wekseller;

– prinsipialdan alynmadyk, bank kepillendirmeleri boýunça benefisiara bank edarasy tarapyndan tölegi geçirmek (*prinsipial* – borçnama boýunça esasy bergidar; *prinsipial* – ýumuşçy (agent) hökmünde hereket etmek babatynda beýleki şahsy ygtyýarlandyrýan fiziki ýa-da ýuridik şahs; *prinsipial* – öz hasabyna geleşige gatnaşýan şahs);

– faktoring amallary boýunça bankyň pul talaplary;

– geleşik hukuklary boýunça satyn almalar babatynda bankyň talaplary;

– ikinji bazarda satyn alnan girewler boýunça bankyň talaplary;

– tölegi yza süýşürmek bilen maliýe aktiwleri satmak (satyn almak) geleşikleri boýunça bankyň talaplary;

– tölenen akkreditiwler (örtüksiz eksport we import akkreditiwler bölegi) boýunça bankyň töleýjilere bildirýän talaplary;

– maliýe kärendesi (lizingi) boýunça bankyň (lizing berijiniň) lizing alyja bildirýän talaplary.

Karz töwekgelçiligi, bir tarapdan, müşderä degişli, beýleki tarapdan, banka degişli bolan ýagdaýlar bilen şertlendirilendir *(1-nji surat)*.




**1-nji surat. Karz töwekgelçiliginiň ýüze çykmasy**

Karz töwekgelçiligi birnäçe ýagdaýlara baglydyr. Olara aşakdakylar degişlidir:

✓ ýurtda we sebitde ykdysady we syýasy ýagdaýlar, ýagny makroykdysady we mikroykdysady ýagdaýlar (ykdysady çökgünlik, bank ulgamynyň emele gelmeginiň tamamlanmanlygy we ş.m.);

✓ ykdysadyýetde bolup geçýän üýtgemelere has duýgur bolan aýratyn pudaklarda karz işiniň jemlenmeginiň derejesi (ýagny, karzlaryň ep-esli böleginiň çäkli karz alyjylara ýa-da pudaklara berilmegi);

✓ karz alyjylaryň eýeçiligiň görnüşlerine degişliligini, üpjün edijiler we beýleki kreditorlar bilen özara gatnaşygyny hasaba almak bilen, olaryň abraýy we karza ukyplylygy;

✓ karz alyjynyň batyp galmagy;

✓ maliýe kynçylygyny çekýän müşderilere karzlaryň uly böleginiň we beýleki bank geleşikleriniň degişli bolmagy;

✓ az öwrenilen, täze, karzlaşdyrmagyň adaty däl ýaýrawlarynda (lizing, faktoring we ş.m.) bank işiniň jemlenmegi;

✓ karz alyjy tarapyndan ýol berilýän düzgün bozulmalar;

✓ karzlar üçin degerli üpjünçiligi alyp bolmazlygy ýa-da girew hökmünde çalt hümmetsizlenmä sezewar bolýan we kyn ýerlenilýän gymmatlyklaryň kabul edilmegi;

✓ karz bukjasynyň diwersifikasiýasy;

✓ karz geleşikleriniň we täjirçilik ýa-da maýa goýum taslamalarynyň tehniki-ykdysady esaslandyrmalarynyň takyklygy;

✓ karzlary bermek we berlen karzlaryň bukjasyny emele getirmek boýunça bankyň ýöredýän syýasatyna üýtgetmeleri ýygy-ýygydan girizmek;

✓ berilýän karzyň görnüşleri, formalary, möçberi, üpjünçiligi we ş.m.

Ýokarda görkezilen şertler tejribede garşylyklaýyn ugurda hereket eden ýagdaýynda, onda oňyn şertleriň täsiri oňyn däl şertleriň hereketiniň üstüni ýapmaga mümkinçilik berýär. Eger olar bir ugra hereket eden halatynda, onda başgaça hem bolup biler, ýagny bellibir şertiň oňyn däl täsiri beýleki bir şertiň hereketi bilen ýokarlanmagy mümkindir. Karz töwekgelçiliginiň ýagdaýlaryny daşarky we içerki hökmünde toparlandyrmak bolar.

145.0 x 215.0 mm

## 3.2. Karz töwekgelçiliginiň görnüşleri

Bank amallarynyň we hyzmatlarynyň köpdürlüligi şertlerinde karz töwekgelçiliginiň ýeke-täk toparlanmasy ýokdur. Şuňa garamazdan, karz töwekgelçiliginiň şertleri ony toparlara bölmegiň esasy ölçegleri bolup çykyş edýär. Faktorlaryň hereket etmesiniň gurşawyna baglylykda daşarky we içerki karz töwekgelçilikleri; faktorlaryň bank işi bilen arabaglanyşyk derejesine baglylykda bank işine bagly we bagly bolmadyk karz töwekgelçilikleri; töwekgelçilikleriň derejeleri tapawutlandyrylýar.

*Daşarky karz töwekgelçiligi* – bu karz alyjynyň işine daşky gurşawyň ýetirýän ýaramaz täsiri esasynda onuň tölege ukypsyzlygy ýa-da defolty (*default* iňlis sözi bolup, onuň manysy *borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi* diýmegi aňladýar) netijesinde ýitgileriň ýüze çykmak ähtimallygydyr. Şeýle töwekgelçilige bankyň ýa-da bellibir müşderiniň işi bilen gönüden-göni baglanyşygy bolmadyk töwekgelçilikler degişlidir. Mysal üçin, syýasy, durmuş, ykdysady, geofiziki we beýleki ýagdaýlar. Bankyň we onuň müşderisiniň ýitgileri urşuň başlanmagy, syýasy düzgüniň durnuksyzlygy, eýeçiligiň millileşdirilmegi we hususylaşdyrylmagy, ýurduň daşyna tölegleriň geçirilmeginiň gadagan edilmegi, embargonyň girizilmegi, ýurtda ykdysady çökgünligiň ýitileşmegi, tebigy hadysalar (ýer titreme, suw basma, ýangyn) we beýleki daşarky ýagdaýlaryň esasynda ýüze çykyp biler.

*Içerki karz töwekgelçiligi* – bu karz alyjynyň işine içerki ýagdaýlaryň ýetirýän ýaramaz täsiri esasynda onuň tölege ukypsyzlygy ýa-da defolty netijesinde ýitgileriň ýüze çykmak ähtimallygydyr. Içerki karz töwekgelçiligine gönüden-göni karz alyjynyň işi bilen baglanyşykly töwekgelçilikler (kontragentleri ýitirmek, çykdajylary netijesiz dolandyrmak, karz alyjynyň ýerliksiz töleg we karz syýasaty, işewür abraýynyň ýaramazlaşmagy we ş.m.) degişlidir.

Bank işine bagly bolan karz töwekgelçilikleri onuň göwrümini hasaba almak bilen, şeýle toparlara bölünýär:

✓ düýpli karz töwekgelçiligi (aktiw we passiw amallary dolandyrmak bilen meşgullanýan menejerleriň kabul edýän çözgütlerine bagly);

145.0 x 215.0 mm

✓ täjirçilik karz töwekgelçiligi (maliýe jogapkärçiligi merkezleriniň iş ugurlary bilen bagly);

✓ özbaşdak we umumy (jemlenen, birleşen) karz töwekgelçiligi (karz bukjasynyň töwekgelçiligi, karz häsiýetli umumy (jemlenen, birleşen) amallaryň töwekgelçiligi).

*Düýpli karz töwekgelçiligine* girewiň maržasynyň standartlary, karz alyjylara karzlary bermek barasynda kabul edilen bank standartlaryna laýyk gelmeýän çözgütler bilen baglanyşykly töwekgelçilikler, şeýle hem göterim we walýuta bank töwekgelçilikleriniň netijeleri degişlidir.

*Telekeçilik karz töwekgelçiligi* kiçi, orta we iri müşderiler – ýuridik we fiziki şahslar, bankyň karz işiniň aýry ugurlary babatynda ýöredýän karz syýasaty bilen baglanyşyklydyr.

*Özbaşdak karz töwekgelçiligi* öz içine karz serişdeleriniň, hyzmatlarynyň, amallarynyň (geleşikleriniň) töwekgelçiligini, şeýle hem karz alyjynyň ýa-da beýleki kontragentiň töwekgelçiligini alýar.

Karz serişdeleriniň (hyzmatlarynyň) töwekgelçiliginiň şertleri bolup, *birinjiden*, onuň karz alyjynyň isleglerine (aýratyn-da möhleti we möçberi boýunça) laýyk gelmegi; *ikinjiden*, karzlaşdyrylýan obýektiň mazmunyndan gelip çykýan işewürlik töwekgelçiliginiň şertleri; *üçünjiden*, karzlary yzyna gaýtarmagyň çeşmeleriniň ygtybarlylygy; *dördünjiden*, üpjünçiligiň hili we ýeterlikliligi çykyş edýär. Ondan başga-da, karz töwekgelçiliginiň şertleri beýleki görnüşli bank töwekgelçiliginden gelip çykyp biler, çünki dürli görnüşli bank amallaryny we hyzmatlaryny ýerine ýetirmek işi tehnologik we resminamalarda buhgalterçilik ýalňyşlyklara, şeýle hem hyýanat etmelere ýol berlip bilner.

Bellibir karz hyzmatyny ýerine ýetirmegiň tehnologiýasy bankyň karz işiniň anyk ugruny göz öňünde tutýar. Karzyň görnüşi hem karz töwekgelçiligini toparlandyrmaga mümkinçilik berýär: owerdraft, karz ugry we ş.m. boýunça karzlaşdyrmak töwekgelçiligi. Karzyň görnüşleri üçin bir tarapdan umumy we beýleki tarapdan özboluşly karz töwekgelçiliginiň ýüze çykmasy mahsusdyr. Mysal üçin, owerdraft boýunça karzlaşdyrmada sanksiýasyz owerdraft töwekgelçiligi, owerdraftda töleg nobatlylygynyň düzgün bozulma töwekgelçiligi, owerdraft boýunça karz bergileriniň üznüksizlik töwekgelçiligi we

beýleki birnäçe töwekgelçilikler ýüze çykyp biler. Maýa goýum karzlary üçin ýüze çykyp biljek özboluşly töwekgelçilikler: karzlaşdyrmada müşderiniň zerurlyklaryny ýalňyş kesgitlemegiň töwekgelçiligi, karzlaryň görnüşlerini ýalňyş seçip almagyň töwekgelçiligi, gurluşyk işleriniň möhletinde tamamlanmazlyk töwekgelçiligi, taslamanyň könelmek töwekgelçiligi, üpjünçiligiň hümmetsizlenme töwekgelçiligi, çig malyň ýetmezçilik töwekgelçiligi, taýýar önümleri ýerlemek üçin bazaryň bolmazlyk töwekgelçiligi, pul akymlaryny ýalňyş hasaplamagyň töwekgelçiligi, taslama bolan eýeçilik hukugyna täzeden seretmegiň töwekgelçiligi, kepillendirijiniň tölege ukypsyzlyk töwekgelçiligi, maýa goýum memorandumynyň hili pes bolmak töwekgelçiligi. Karzyň her bir görnüşi bilen dürli görnüşli töwekgelçilikler we olaryň döremegine täsir edýän ýagdaýlar özara baglanyşyklydyr. Bu bolsa karz töwekgelçiligini dolandyrmagyň degişli usullaryny peýdalanmagy we usulyýet üpjünçiligini işläp taýýarlamagy talap edýär.

Karz alyjynyň karz töwekgelçiliginiň şertleri bolup, onuň işewürlik abraýy, menejerleriň hünär derejesi, işiniň netijeliligi, pudaga degişliligi, karz alyjynyň karza ukyplylygyna baha berýän bank işgärleriniň hünär ussatlygy, maýasynyň ýeterlilikdigi, balansyň likwidliliginiň derejesi we ş.m. durýar. Karz alyjynyň töwekgelçiligi bank tarapyndan karzyň görnüşleriniň ýalňyş seçilip alynmagy we karzlaşdyrmagyň şertleri sebäpli ýüze çykyp biler.

Özbaşdak karz töwekgelçiliginiň dolandyryş ulgamyny şeýle häsiýetlendirmek bolar *(3-nji tablisa)*.

Umumy (jemlenen, birleşen) karz töwekgelçiligi ýa-da bankyň karz bukjasynyň töwekgelçiligi olary dolandyrmak ulgamynda özüniň aýratynlygyna eýedir. Şol aýratynlyklar, esasan, «karz bukjasy» we «karz bukjasynyň hili» ýaly düşünjeleriň mazmuny bilen kesgitlenilýär. Şeýlelikde, umumy (jemlenen, birleşen) karz töwekgelçiligi – bu täjirçilik bankynyň karz bukjasynyň töwekgelçiligidir. Bu karz töwekgelçiligini dolandyrmakda aşakdakylara aýratyn ähmiýet berilýär:

- karz bukjasy barada düşünjä;
- karz bukjasynyň düzümine;
- karz bukjasynyň hili baradaky düşünjä;
- umumy (jemlenen, birleşen) karz töwekgelçiligini hasaba almak bilen, onuň hiline baha bermegiň usullaryna.

*3-nji tablisa*

**Özbaşdak karz töwekgelçiliginiň dolandyryş ulgamy**

| Dolandyryş ulgamynyň elementleri | Elementiň mazmuny | |
|---|---|---|
| | Karz serişdeleriniň töwekgelçiligi | Karz alyjynyň töwekgelçiligi |
| 1 | 2 | 3 |
| Töwekgelçiligiň identifikasiýasy. | Işewürlik töwekgelçiligini ýüze çykarmak; Möhleti geçen töleglerиň emele gelmegi; Üpjünçiligiň ýagdaýynda üýtgemeler; Karzlaşdyrylýan obýekti tamamlamak üçin karz serişdelerine bolan goşmaça zerurlyk; Karz ugruny we çägini doly däl möçberde özleşdirmek; Karz serişdeleriniň göterim maržasynyň pese düşmegi; Daşary ýurt pulunyň hümmetiniň oňaýsyz üýtgemegi we ş.m. | Karz alyjy we onuň işi barasynda oňyn däl maglumatlar; Karz alyjynyň adyna onuň gündelik işiniň barşy barasynda bellikler; Menejeriň çalşylmagy; Karz alyjynyň golçur firmalarynyň batyp galmagy; Karz alyjy – fiziki şahsyň hünär abraýynyň üýtgemegi; Karz alyjynyň maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy; Beýleki karz berijiler tarapyndan karzy bermekden ýüz öwürmek we ş.m. |
| Töwekgelçiligiň derejesine baha bermek. | Işewürlik töwekgelçiligine baha bermek; Bergini üzlüşmegiň çeşmesine baha bermek; Esasy bergini we göterimleri üzmegiň tertibine baha bermek; Açyk walýuta ýagdaýyna baha bermek; Göterim maržasynyň çaklanylýan we ýeterlilik möçberleriniň laýyklygyna baha bermek we ş.m. | Karz alyjy – ýuridik şahsyň karza ukyplylygyna baha bermek: pul akymlaryny seljermek arkaly maliýe koeffisiýentler ulgamy esasynda; menejmentiň esasynda; daşarky çeşmelerden, şol sanda müşderiniň iş ýerine barmak bilen maglumatlary ýygnamak esasynda. Karz alyjy – fiziki şahsyň karza ukyplylygyna baha bermek: anketa düzmek esasynda; karz taryhyny öwrenmek arkaly: skorring ulgamy esasynda (skorring – bu karz alyjynyň ygtybarlylygynyň bank tarapyndan barlanylmagydyr); tölege ukyplylyk görkezijileri esasynda we ş.m. |

4. Sargyt № 3120

*3-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Töwekgelçiligiň monitoringi. | Aýratyn bank önümleriniň (amallarynyň, hyzmatlarynyň) töwekgelçiliginiň monitoringi boýunça borçlaryň paýlanylmagy (karz komitetiniň, karz bölümleriniň, içerki gözegçiligiň, iş ýerleriniň aralarynda); Bank önümleriniň (amallarynyň, hyzmatlarynyň) barlag görkezijileriniň töwekgelçiliginiň dinamikasyny kesgitlemek we gözegçilikde saklamak: önümleriň (amallaryň, hyzmatlaryň) toparlary boýunça göterim maržasyny; karz töwekgelçiliginiň ykdysady kadalaryny (normatiwlerini); karzlaryň we depozitleriň gatnaşygyny; berlen karzlar we karz gurallary boýunça karz önümleriniň diwersifikasiýa derejesini; karzlaşdyrmagyň çäginiň we birmeňzeş karz amallarynyň çäginiň berjaý edilişini; Meseleli karzlar bilen işlemek; Karzlar boýunça ýitgileriň üstüni ýapmak üçin ýeterlik möçberde ätiýaçlygy döretmek; karz iş yzygiderliligi, karzy bermek, göterimleri emele getirmek barasynda içerki düzgünnamalary işläp düzmek | Karz alyjylaryň aýratyn toparlarynyň töwekgelçiliginiň monitoringi boýunça borçnamalaryň paýlanylyşy; Karz alyjynyň töwekgelçiliginiň barlag görkezijileriniň dinamikasyny kesgitlemek we gözegçilikde saklamak: karz alyjylaryň bellibir toparyna berilýän karzlaryň çäkleri babatynda karz alyjynyň karza ukyplylyk görkezijilerini; işleriniň häsiýeti, eýeçiligiň görnüşi, pudak we sebit degişliligi boýunça karz alyjylaryň diwersifikasiýasynyň derejesini; Bankyň karz alyjylara talaplarynyň standartlaryny işläp düzmek; Üpjünçilige, maržanyň differensiýasiýasyny üpjün etmeklige we onuň hiline gözegçilik etmeklige bildirilýän talaplary işläp düzmek |

145.0 x 215.0 mm

Ýüze çykmagynyň derejesi we görnüşleri boýunça hem karz töwekgelçiliginiň toparlandyrylyşyna köp duş gelinýär.

Derejesi boýunça *karz töwekgelçiligini* şu görnüşlere bölmek bolar:

- aralyk töwekgelçilik/ortadan pes töwekgelçilik/ýol bererlikli töwekgelçilik;
- ýokarlandyrylan töwekgelçilik/orta töwekgelçilik;
- ýokary töwekgelçilik;
- howply töwekgelçilik/örän ýokary töwekgelçilik/ýol bererlikli däl töwekgelçilik.

Görnüşleri boýunça karz töwekgelçiligini aşakdaky ýaly toparlara bölmek bolar *(2-nji surat)*.

**Karzy üzmezlik töwekgelçiligi** karz alyjynyň karz şertnamasyny (esasy bergini, şeýle hem göterimleri we hyzmat haky tölegleri doly we öz wagtynda tölemegi) ýerine ýetirmezlik howpuny aňladýar.

**Tölegiň möhletini geçirme töwekgelçiligi** karzy gaýtarmagy saklamak we göterimleri öz wagtynda tölemezlik (bankyň likwid serişdeleriniň azalmagyna getirmek we karzy üzmezlik töwekgelçiligine öwrülmek mümkinçiligi) howpuny göz öňünde tutýar.

**Karzyň üpjünçilik töwekgelçiligi** töwekgelçiligiň özbaşdak görnüşi bolup durmaýar we diňe karzy üzmezlik töwekgelçiligi ýüze çykanda seredilýär. Töwekgelçiligiň bu görnüşi berlen karz üçin kabul edilen üpjünçiligi (girewi) satmakdan alnan girdejiniň ýeterlik bolmadyk halatynda, şeýle-de bankyň karz alyja bildirýän bergi talaplarynyň doly kanagatlandyrylmandygy üçin döreýär.




**2-nji surat. Karz töwekgelçiliginiň görnüşleri**

Karz alyjynyň karza ukyplylyk töwekgelçiligi karzy üzmezlik töwekgelçiliginden öň ýüze çykýar we bu töwekgelçilige karz alyjynyň kreditorlaryň öňünde öz borçnamalaryny ýerine ýetirmekde ukypsyz diýlip düşünilýär. Her bir karz alyjy bank bilen ýola goýan işewür gatnaşyklaryna bagly bolmazdan we işewürlik hem-de maýanyň gurluş düzümi töwekgelçilikleriniň netijeleri bolup çykyş edýän özbaşdak karza ukyplylyk töwekgelçiligi hökmünde häsiýetlendirilýär.

**Işewürlik töwekgelçiligi** kärhananyň hereket etmegi (satyn alyş, önümçilik we ýerleýiş işleri) bilen baglanyşykly töwekgelçiligiň ähli görnüşlerini öz içine alýar. Kärhananyň ýolbaşçylygynyň dolandyrmagy hökmany bolan ady agzalan töwekgelçiligiň görnüşlerinden tapawutlylykda işewürlik töwekgelçilige dolandyrmak mümkinçiligi bolmaýan daşarky ýagdaýlar, aýratyn-da pudagyň ösüşi we konýunktura öz täsirlerini ýetirýär. Işewürlik töwekgelçiliginiň möçberini we häsiýetini bellibir derejede maýa goýum maksatnamalary we öndürilýän önümler kesgitleýär.

**Maýanyň gurluş düzümi töwekgelçiligi** passiwleriň gurluşy bilen şertlendirilýär we ol işewürlik töwekgelçiligini güýçlendirýär. Karzy bermek bilen, bank öz tarapyndan kärhananyň umumy töwekgelçiligini ýokarlandyrýar, çünki karz serişdeleriniň ulanylmagy maliýe gurallarynyň netijeliligini güýçlendirmegiň hasabyna kärhananyň maýasynyň düşewüntliliginiň ýa oňyn, ýa-da oňyn däl üýtgemegine getirip biler.

Ýokarda görkezilenlerden başga-da, karz töwekgelçiliginiň derejesinde öz beýanyny tapýan walýuta töwekgelçiligi, göterim töwekgelçiligi we hümmetsizlenme töwekgelçiligi bardyr.

**Walýuta töwekgelçiligi** – bu milli we dünýä bazarlarynda daşary ýurt pulundaky amallar bilen baglanyşykly hümmet ýitgileriniň töwekgelçiligidir. Ýitgileriň ýüze çykmak mümkinçiligi daşary ýurt pullarynyň milli pula bolan hümmetiniň üýtgemesini öňünden kesgitläp bolmazlygynyň netijesinde döreýär.

**Göterim töwekgelçiligi** – bu göterim maržasynyň peselmegi sebäpli bankyň peýdasyny ýitirmek ýa-da kemeltmek töwekgelçiligidir. Başgaça, bankda çekilen serişdeleriň ortaça gymmatynyň ýerleşdirilen aktiwler boýunça ortaça gymmatdan ýokary geçmek töwekgelçiligidir.

**Hümmetsizlenme töwekgelçiligi** – hümmetsizlenme sebäpli aktiwleriň nominal gymmatynyň goralmagy ýa-da köpelmegi şertlerinde olaryň hakyky (real) gymmatyny ýitirmek töwekgelçiligidir.

Umuman, karz töwekgelçiligi özüne mahsus tapawutly aýratynlyklary saklaýar we bank ulgamynda her bir bank edarasy üçin özbaşdak häsiýete eýedir. Bu öz gezeginde bellibir derejede karz töwekgelçiligini dolandyrmagyň usulyýetiniň özboluşlylygyny kesgitleýär. Bank karzy bermek barasynda çözgüdi kabul etmek bilen, diňe bir karz töwekgelçiliginiň aýratyn görnüşlerine baha bermekligi ugur edinmän, eýsem kärhananyň pudak aýratynlyklaryny hasaba almak esasynda her bir karz alyjynyň umumy töwekgelçiligini kesgitlemeklige aýratyn ähmiýet bermelidir.

## 3.3. Karz bukjasy we onuň hili

Ykdysady edebiýatlarda karz bukjasy düşünjesine dürli düşündirişler berilýär. Awtorlaryň käbiri karz bukjasyny örän giň häsiýetlendirip, oňa ähli maliýe aktiwleri we hatda bankyň passiwlerini hem degişli edýärler, beýleki awtorlar seredilýän düşünjäni diňe bankyň karz amallary bilen baglanyşdyrýarlar, awtorlaryň üçünji topary bolsa karz bukjasy – bu ýönekeý elementleriň jemi bolman, eýsem toparlanylýan jem diýip hasap edýärler.

**Karz bukjasy** – bu bellibir sene üçin aktiw karz amallary boýunça esasy bergileriň galyndylarynyň jemidir. Müşderi karz bukjasy bellibir sene üçin bankyň karz amallary boýunça fiziki we ýuridik şahslaryň bergileriniň galyndylarynyň jeminden ybaratdyr.

Fiziki we ýuridik şahslara karzlary bermek bilen, bank özüniň karz bukjasyny emele getirýär. Karz bukjasynyň dürli toparlara bölünmesi bardyr. Olaryň arasynda karz bukjasynyň jemlenen (bellibir wagt pursadyna bank tarapyndan berlen karzlaryň umumy möçberi) we arassa (karzlar boýunça bolup biljek ätiýaçlyklaryň möçberini aýyrmak bilen, umumy (jemlenen) bukja) bölünmesine gabat gelmek bolýar. Ondan başga-da, karz bukjasynyň şu görnüşleri tapawutlandyrylýar:

• **Bitarap karz bukjasy** – bu pes töwekgelçilikli karz bukjasynyň bolmagy öz gezeginde girdejililik görkezijileriniň hem pes bolmagy, tersine, ýokary töwekgelçilikli karz bukjasy bolsa girdejililigiň ýokary derejesiniň bolmagy bilen häsiýetlendirilýän bukjadyr.

• **Iň amatly (optimal) karz bukjasy** – bu berlen karzlaryň möhletleri we möçberleri boýunça bar bolan karz serişdelerine laýyk gelýän, bu şertlerde olar boýunça girdejililigiň derejesiniň iň ýokary bolup durýan, töwekgelçiligiň derejesi bolsa mümkin bolan iň pes derejä çenli syrykdyrylýan bukjadyr. Iň amatly (optimal) karz bukjasyny emele getirmek bank işiniň esasy meselesiniň we wezipesiniň biridir;

• **Deňagramly karz bukjasy** – bu özüniň gurluşy we maliýe häsiýetnamalary boýunça «töwekgelçilik – girdejililik» gapma-garşy goýlan iki sany çekişmäniň (dilemmanyň) has netijeli çözgüdiniň nokadynda ýatan bank karzlarynyň bukjasydyr. Iň amatly (optimal) karz bukjasy hemişe deňagramly karz bukjasy bilen gabat gelmeýär, çünki bank öz işiniň bellibir tapgyrlarynda karz bukjasynyň deňagramlylygyna ýaramaz täsir etmek bilen pes girdejili we ýokary töwekgelçilikli karzlary bermegi amala aşyrýar. Şeýle edilmegi, adatça, bäsleşik ornuny berkitmek, bazarda täze başlangyçlary eýelemek, täze müşderileri çekmek we ş.m. bilen düşündirilýär.

Ýokarda görkezilenlerden başga-da karz bukjasynyň şu görnüşleri tapawutlandyrylýar:

• **baş bankyň karz bukjasy;**

• **bankyň şahamçalarynyň karz bukjasy;**

• **ýuridik şahslaryň karzlary boýunça bukja (işewürlik karz bukjasy);**

• **fiziki şahslaryň karzlary boýunça bukja (özbaşdak karz bukjasy);**

• **beýleki banklaryň karzlary boýunça bukja (bankara karz bukjasy);**

• **milli pulundaky karzlar boýunça bukja;**

• **daşary ýurt pulundaky karzlar boýunça bukja we ş.m.**

Karz bukjasyny dolandyrmagyň aýry taraplaryny kadalaşdyrýan Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda onuň düzümi kesgitlenendir. Şunda karz bukjasynyň

145.0 x 215.0 mm

düzümine ýuridik şahslara berlen karzlar, telekeçilere berlen karzlar, sarp ediş karzlary, faktoring, möhleti geçen karzlar degişli edilýär.

Russiýa Federasiýasynyň bank edaralarynyň karz bukjasyna diňe bir karz segmenti degişli edilmän, eýsem karz häsiýetli bankyň beýleki talaplary hem degişli edilýär: ýerleşdirilen depozitler, bankara karzlar, bergidarlyk gymmatly kagyzlary almaga (gaýtarmaga) bolan talaplar, paýnamalar we wekseller, hasaba alnan wekseller, faktoring, maliýe kärendesi *(lizingi)* boýunça talaplar we ş.m. Karz bukjasyny emele getirýän elementleriň jeminiň şeýle giň düzümi depozit, bankara karzy, faktoring, kepillikler, lizing, gymmatly kagyzlar ýaly adalgalaryň yzyna gaýtarylýan gymmatynyň hereketi we eýesiniň çalyşmasynyň bolmazlygy bilen baglanyşykly mazmun häsiýetli düşünjelere meňzeşliginiň bardygy bilen düşündirilýär.

Bankyň karz bukjasynyň mazmunyna adalga we amaly jähetden seretmek bolar. Birinji jähetden **karz bukjasy** – bu karz häsiýetli taraplara eýe bolan yzyna gaýtarylmaly gymmaty babatynda bankyň we onuň kontragentleriniň arasyndaky gatnaşyklardyr. Ikinji jähetden *karz bukjasy* – bu bellibir ölçegler esasynda hil toparlary boýunça toparlandyrylan karzlar, hasaba alnan wekseller, bankara karzlar, depozitler we beýleki karz häsiýetli talaplar görnüşinde bankyň aktiwleriniň jemidir.

**Karz bukjasynyň hil düşünjesi we oňa baha bermegiň ölçegleri.** Karz bukjasynyň hili bilen baglanyşykly düşünjäniň mazmunyny açyp görkezmek üçin «hil» adalgasynyň manysyna seretmek maksada laýykdyr.

**Hil** – bu:

– şahsyň ýa-da zadyň mazmunyny emele getirýän ähli häsiýetlerdir ýa-da degişliliklerdir;

– predmeti ýa-da hadysany beýlekilerden tapawutlandyrýan we oňa anyklygy berýän düýpli alamatlaryň, häsiýetleriň, aýratynlyklaryň jemidir;

– haýsydyr bir zadyň artykmaç tarapyny kesgitleýän ol ýa-da beýleki häsiýetdir, alamatdyr.

Şeýlelikde, hadysanyň hili onuň beýleki hadysalardan tapawutly taraplaryny açyp görkezmelidir we artykmaçlygyny kesgitlemelidir.

145.0 x 215.0 mm

Bankyň beýleki bukjalaryndan tapawutlylykda karz bukjasynyň hil aýratynlygy karz we karz häsiýetli adalgalaryň yzyna gaýtarylýan gymmat hereketiniň, şeýle hem obýekte bolan gatnaşyklaryň pul häsiýetiniň bolmagyndan ybaratdyr. Belli bolşy ýaly, karz amallary we karz häsiýetli beýleki amallar ýokary töwekgelçilik häsiýeti bilen tapawutlanýarlar. Şol bir wagtda olar bankyň iş maksatlaryna laýyk gelmelidir, ýagny ýol bererlikli likwidliligiň derejesi şertlerinde ýokary peýdany gazanmaklygy üpjün etmelidir. Şunuň bilen baglanyşykda karz bukjasynyň şeýle häsiýetleri, ýagny karz töwekgelçiligi, girdejililik we likwidlilik ýaly häsiýetleri gelip çykýar. Şol häsiýetlere laýyklykda bankyň anyk karz bukjasynyň artykmaçlygyna we kemçiligine baha berilýär *(3-nji surat)*.




**3-nji surat. Karz bukjasynyň häsiýetleriniň we onuň hiline baha bermegiň ölçegleriniň laýyklygy**

**Karz bukjasynyň hili** diýlip, onuň şeýle gurluş düzüminiň, ýagny karz töwekgelçiliginiň we balansyň likwidliliginiň ýol bererlikli derejesi şertlerinde girdejililigiň iň ýokary möçberini üpjün etmeklige ukyply bolmak häsiýetine düşünilýär.

Karz bukjasynyň hiline baha bermegiň aýratyn ölçegleriniň mazmunyny açyp görkezmek maksada laýykdyr.

**Karz töwekgelçiliginiň derejesi.** Karz bukjasy bilen baglanyşykly karz töwekgelçiligi – bu kreditoryň ýa-da kontragentiň umumy häsiýete eýe bolan defolty netijesinde ýüze çykýan ýitgileriň töwekgelçiligidir.

Karz bukjasy töwekgelçiliginiň derejesine baha bermegiň birnäçe aýratynlyklary bardyr. **Birinjiden**, umumy (jemlenen, birleşen) töwekgelçilik aşakdakylara baglydyr:

- bukjanyň aýratyn segmentleriniň karz töwekgelçiliginiň derejesine, ony bahalandyrmagyň usulyýeti, bir tarapdan umumy häsiýete, beýleki tarapdan, segmentiň özboluşlylygy bilen baglanyşykly aýratynlyklara eýedir;
- karz bukjasynyň gurluşynyň we onuň aýratyn segmentleriniň diwersifikasiýa ýagdaýyna.

**Ikinjiden**, karz töwekgelçiliginiň derejesine baha bermek üçin birnäçe jähetleri hasaba alýan görkezijiler ulgamy ulanylmalydyr.

**Karz bukjasynyň girdejililik derejesi.** Bank işiniň maksady töwekgelçilikleriň ýolbererlikli şertlerinde iň ýokary peýdany gazanmakdan ybaratdyr. Karz bukjasynyň girdejililigi onuň hiline baha bermegiň bir ölçegi bolup durýar. Karz bukjasynyň elementlerini iki topara bölüp bolar: girdeji getirýän we girdeji getirmeýän aktiwler. Girdeji getirmeýän aktiwlere göterimsiz karzlar, göterimleriň hasaplanylmagy togtadylan karzlar we göterim tölegleri boýunça uzak möhleti geçen karzlar degişlidir. Daşary ýurt tejribesinde göterimleriň uzak möhleti geçen şertlerinde olary hasaplamak bes edilýär, çünki esasy bergini gaýtaryp almak möhüm mesele bolup durýar. «Türkmenistanda karz edaralary tarapyndan çekilen we ýerleşdirilen serişdeler boýunça göterimleri hasaplamagyň, tölemegiň we töletdirip almagyň hem-de olary buhgalterçilik hasaba alnyşynda görkezmegiň tertibi hakynda Düzgünnama» laýyklykda karzlar boýunça göterimleriň mundan beýläk hasaplanylmagy şu aşakda görkezilen ýagdaýlarda togtadylyp bilner:

• kazyýetiň karzlar boýunça we olaryň göterimleri boýunça bergini mejbury töletdirip almak barada çözgüdiniň (höküminiň) çykan gününden;

• kepillendirijiniň karzlar boýunça we olaryň göterimleri boýunça bergini üzmek maksady bilen, girew goýlan emlägiň hasabyna töletdirmek barada ýerine ýetiriş ýazgysynyň amala aşyrylan gününden;

• algydar karz edarasynyň ygtyýarly edarasynyň karzlar boýunça göterimleriň hasaplanylmagyny duruzmak baradaky çözgüdiniň çykarylan gününden;

• Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda.

Karz bukjasynyň girdejililiginiň derejesi diňe bir göterimleriň möçberi bilen kesgitlenilmän, eýsem göterimleri we esasy bergini öz wagtynda tölenilmegi esasynda kesgitlenilýär. Karz bukjasynyň girdejililiginiň aşaky we ýokarky araçägi bardyr. Aşaky araçäk karz amallaryny amala aşyrmagyň özüne düşýän gymmatyna (işgärler, karz hasaplaryny ýöretmek we ş.m. bilen baglanyşykly çykdajylara) şol bukja goýlan serişdeler boýunça tölenmäge degişli göterimleri goşmak bilen kesgitlenilýär. Ýokary araçägi bolup, maržanyň ýeterlik derejesi durýar. Bu görkeziji şu formulanyň üsti bilen hasaplanylýar:

$$M_{ýd} = \frac{((Bankyň\ çykdajylary\text{-}Tölenen\ göterimler)\text{-}Gaýry\ girdejiler)}{(Girdeji\ getirýän\ aktiwleriň\ ortaça\ galyndysy)} \times 100 \quad (1)$$

Maržanyň ýeterlik derejesi hasaplananda gaýry girdejileriň düzümine karz däl häsiýetli hyzmatlar üçin alnan tölegler hökmünde şu girdejiler goşulýar: inkassirlenen nagt pullar we beýleki gymmatlyklar; kassa-hasaplaşyk hyzmatlary; bankyň maglumat we maslahat beriş hyzmatlary; gaýry hyzmatlar üçin tölegler; geçen döwürler üçin goşmaça alnan göterimler we hyzmat haklary; alnan jerimeler we puşmana tölegler.

**Karz bukjasynyň likwidliliginiň derejesi.** Bankyň likwidliliginiň derejesi onuň aktiwleriniň, ozaly bilen, karz bukjasynyň hili bilen kesgitlenilýär. Iň oňat hil topary hökmünde toparlandyrylan karzlaryň paýy näçe ýokary boldugyça, şonça-da bankyň likwidliligi ýokary bolýar.

Karz töwekgelçiliginiň, girdejililigiň we likwidliligiň derejeleri ýaly ölçegleriň kömegi bilen karz bukjasynyň hiline baha bermegiň maksada laýykdygyny şeýle delillendirmek bolar. Karz bukjasynyň elementleriniň pes töwekgelçiligi onuň hiliniň ýokarydygyny aňlatmaýar, çünki karzlaryň hili babatynda birinji topara degişli edilen uly bolmadyk göterim bilen birinji derejeli karz alyjylara berlen karzlar ýokary girdejini almaga mümkinçilik bermeýär. Karz häsiýetli gysga möhletli aktiwlere mahsus ýokary likwidlilik hem uly bolmadyk möçberde girdeji getirýär.

Şeýlelikde, karz töwekgelçiligi karz bukjasynyň ýeke-täk hil ölçegi bolup bilmez, çünki karz bukjasynyň manysy has giňdir we likwidlilik hem-de girdejililigi ýitirmek töwekgelçilikleri bilen baglanyşyklydyr. Şol bir wagtda ady agzalan ölçegleriň wajyplygy bankyň hereket edýän ýerine, şertlerine, onuň ýörelgesine baglylykda üýtgäp biler.

## 3.4. Karz töwekgelçiliginiň dolandyrylyşy we bahalandyrylyşy

Makroykdysady faktorlaryň düzümi, şeýle hem ykdysadyýet üçin karz töwekgelçiliginiň ähmiýeti öz gezeginde karz töwekgelçiligi meselesiniň täjirçilik banklarynyň işiniň we olaryň müşderiler bilen gatnaşyklarynyň çäginden çykýandygyny görkezýär. Şonuň üçin täjirçilik banklary tarapyndan karz töwekgelçiliginiň dolandyrylmagy – bu umumy işiň bir bölegidir. Döwlet tarapyndan Merkezi bankyň üsti bilen karz töwekgelçiligine täsir edilýär. Ýöne Merkezi bank diňe dolandyrmagyň ýeke-täk wezipesini – kadalaşdyrmagy ýerine ýetirýär we täjirçilik banklarynyň ykdysady özbaşdaklylygy ýörelgesini bozmazlyk maksady bilen, karz töwekgelçiligini gönüden-göni dolandyrmaýar.

Karz töwekgelçiligine degişli işleri dolandyryş-töwekgelçiligi ulgamynyň çäginde seredilmelidir we onuň esasy elementleri hökmünde aşakdakylar çykyş edýär *(4-nji surat)*.

Karz töwekgelçiligini dolandyrmak. Karz töwekgelçiligini dolandyrmagyň adaty düşünjesini onuň mazmuny kesgitleýär, ýagny meýilnamalaşdyrmak, seljermek, kadalaşdyrmak we gözegçilik. Karz töwekgelçiligini dolandyrmak işinde dolandyrmagyň subýekti bolup täjirçilik banklary, obýekti hökmünde bolsa karz bukjasy çykyş edýär.

**Karz töwekgelçiligini kadalaşdyrmak.** Karz töwekgelçiligini dolandyrmakda täjirçilik bankynyň özi kadalaşdyrmagyň obýekti bolup durýar, kadalaşdyryjy subýekt hökmünde bolsa gözegçilik edýän edaranyň adyndan Türkmenistanyň Merkezi banky çykyş edýär. Çünki, Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik banklarynyň işine diňe gytaklaýyn usullaryň üsti bilen täsir edýär.

145.0 x 215.0 mm




**4-nji surat. Bankyň karz bukjasynyň dolandyryş töwekgelçiliginiň gurluşy**

**Karz töwekgelçiligini maliýeleşdirmek.** Karz töwekgelçiliginiň maliýeleşdirilmegi, ýagny karz töwekgelçiligi ýüze çykandan soňra onuň üstüni ýapmak ýa-da hasapdan aýyrmak boýunça hereketlerdir. Şunda karz töwekgelçiligi hakykatda bolan fakt hökmünde takyk pul möçberinde görkezilen bankyň ýitgileri diýlip ykrar edilýär. Karz töwekgelçiliginiň maliýeleşdirilmegi aşakdaky ugurlar boýunça amala aşyrylyp bilner:

1. Bankyň öz hususy serişdeleriniň hasabyna döredilen ätiýaçlyklaryň hasabyna ýitgileriň üstüni ýapmak. Ätiýaçlyklary emele getirmek we ulanmak işi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kadalaşdyrylýar.

145.0 x 215.0 mm

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2012-nji ýylyň 17-nji awgustynda çykaran №226-ö buýrugy bilen tassyklanylan «Karz edaralaryň karzlar boýunça, karz we olara deňleşdirilen bergiler boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary döretmegiň tertibi hakynda Düzgünnama» esasynda täjirçilik bankynda şeýle ätiýaçlyk bellibir karz alyja berlen anyk karz boýunça ýüze çykan karz töwekgelçiligi bilen bagly maksatlar üçin döredilýär. Ätiýaçlygyň möçberini kesgitlemek maksady bilen, bäş ölçegli hilleriň birini bahalandyrmak esasynda toparlandyrylýar:

I (ýokary) ölçegli hil (standart karzlar) – karz töwekgelçiliginiň bolmazlygy (karz alyjynyň karzy boýunça borçnamasyny ýerine ýetirmedik ýa-da ýeterlikli däl ýerine ýetiren ýagdaýynda bolup biljek maliýe ýitgileriň ähtimallygynyň nola deň bolmagy);

II ölçegli hil (standart däl karzlar) – aram karz töwekgelçilikli (karz alyjynyň karzy boýunça borçnamasyny ýerine ýetirmedik ýa-da ýeterlikli däl ýerine ýetiren ýagdaýynda bolup biljek maliýe ýitgileriň ähtimallygy onuň gymmatynyň gaçmagynyň möçberini 1-den 20 göterime çenli şertlendirýär);

III ölçegli hil (şübheli karzlar) – ähmiýetli karz töwekgelçilikli (karz alyjynyň karzy boýunça borçnamasyny ýerine ýetirmedik ýa-da ýeterlikli däl ýerine ýetiren ýagdaýynda bolup biljek maliýe ýitgileriň ähtimallygy onuň gymmatynyň gaçmagynyň möçberini 21-den 50 göterime çenli şertlendirýär);

IV ölçegli hil (meseleli karzlar) – ýokary karz töwekgelçilikli (karz alyjynyň karzy boýunça borçnamasyny ýerine ýetirmedik ýa-da ýeterlikli däl ýerine ýetiren ýagdaýynda bolup biljek maliýe ýitgileriň ähtimallygy onuň gymmatynyň gaçmagynyň möçberini 51-den 100 göterime çenli şertlendirýär);

V (pes) ölçegli hil (ygtybarsyz karzlar) – karz alyjynyň karz boýunça ukybynyň ýoklugy netijesinde karzy gaýtarmak ähtimallagynyň bolmazlygy ýa-da borçnamalaryny ýerine ýetirmeklikden boýun gaçyrmagy karzlaryň doly (100 göterim möçberinde) gymmatynyň gaçanlygyny şertlendirýär.

II-V ölçegli hile degişli edilen karzlar gymmatyny gaçyranlardyr.

Şeýlelikde, karzlaryň hil ölçeglerine laýyklykda ätiýaçlyklaryň döredilişini 4-nji tablisadaky ýaly häsiýetlendirmek bolar *(4-nji tablisa).*

145.0 x 215.0 mm

«Karz edaralaryň karzlar boýunça, karz we olara deňleşdirilen bergiler boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary döretmegiň tertibi hakynda Düzgünnamanyň» talaplaryna görä karz töwekgelçiligine baha bermek, karzlary toparlara bölmek we bahalandyrmak, ätiýaçlygyň hasaplanylan möçberini hem-de ätiýaçlygy kesgitlemek bu resminamada göz öňünde tutulan esaslar dörände amala aşyrylýar, emma hasabat senesinde aýda bir sapardan az bolmaly däldir.

*4-nji tablisa*

**Toparlara bölünen karzlar boýunça hasaplanan ätiýaçlyklaryň ululygy**

| Hil ölçegi | Atlary | Karz boýunça esasy berginiň jeminden hasaplanylan ätiýaçlygyň möçberi, göterimde |
|---|---|---|
| I ölçegli hil (ýokary) | Standart | 0% |
| II ölçegli hil | Standart däl | 1-den 20%-e çenli |
| III ölçegli hil | Şübheli | 21-den 50%-e çenli |
| IV ölçegli hil | Meseleli | 51-den 100%-e çenli |
| V ölçegli hil (pes) | Ygtybarsyz | 100% |

Karz talaplarynyň gymmatynyň gaçandygyny anyklamak üçin geçirilýän seljerme aşakdaky iki basgançakdan ybarat:

Birinji basgançak – anyk karzlaryň gymmatynyň gaçandygyna obýektiw subutnamalaryň barlygyna baha bermek. Eger şeýle subutnamalar ýüze çykarylsa, bank mümkin bolan ýitgilere ätiýaçlygy döretmek boýunça içerki kadalaşdyryjy resminamalara laýyklykda gymmatyny gaçyrmakdan ýitgileri bahalandyrýar. Eger anyk karz boýunça şeýle subutnamalar ýüze çykarylmasa, onda ikinji basgançaga geçilýär;

Ikinji basgançak – gymmatynyň gaçandygy ýüze çykarylmadyk anyk karz şoňa meňzeş häsiýetli karz töwekgelçilikli aktiwleriň toparyna goşulýar. Soňra karzlaryň toparynyň gymmatynyň gaçandygyna umumy seljerme amala aşyrylýar. Karzlaryň toparlary mümkin

145.0 x 215.0 mm

bolan ýitgilere ätiýaçlygy döretmek boýunça içerki kadalaşdyryjy resminamalara laýyklykda birmeňzeş häsiýetli karz töwekgelçiliginden (karz alyjynyň tölenmäge degişli ähli tölegleri töläp bilmek ukyby, aktiwleriň görnüşleri, karz alyjynyň pudaga degişliligi, ýerleşýän ýeri, üpjünçiligiň görnüşi we ş.m. görkezijilerden) ugur alnyp döredilýär. Gymmatynyň gaçandygyna synag geçirilýän karzlaryň toparlaryndan garaşylýan geljekki pul akymlaryny bahalandyrmakda bankyň şolara meňzeş aktiwler baradaky öňki tejribesi ulanylyp bilner.

Karz talaplarynyň gymmatynyň gaçandygyna seljerme geçirilen ýagdaýynda şu şertler seljerilýär:

- karz alyjynyň düýpli maliýe kynçylyklarynyň barlygy;
- karz şertnamasynyň şertleriniň ýerine ýetirilmezligi, ýagny şertnamada kesgitlenen senelerde tölenmäge degişli göterimleriň we/ýa-da esasy berginiň möçberiniň doly ýa-da bölekleýin tölenmezligi;
- bank tarapyndan karz alyja onuň maliýe ýagdaýlary bilen baglanyşykly ykdysady ýa-da hukuk ýeňillikleriň berilmegi, olaryň bolmadyk ýagdaýynda bank tarapyndan karz şertnamasynyň şertleriniň üýtgedilmän bilinmegi;
- karz alyjynyň batmak mümkinçiligi ýa-da işini üýtgetmek ähtimallygy;
- geçen döwürde seredilýän karz babatynda gymmatyny gaçyrmakdan dörän ýitgileriň ykrar edilmegi;
- karz boýunça esasy berginiň we hasaplanylan göterimleriň möçberlerini alyp boljakdygyna esasly şübhäniň barlygy;
- karz bazaryndaky düýpli üýtgemeler (mysal üçin, hasabat döwründe bolup geçen bazar göterim derejeleriniň düýpli üýtgemeleri).

Karz alyjynyň hukuk resminamalary, maliýe, salgyt, statistika we gaýry hasabatlary, goşmaça berýän maglumatlary, şeýle hem bankyň özbaşdak kesgitleýän beýleki çeşmeleri esasynda karz alyjynyň töwekgelçiligi barada zerur maglumatlar alynýar. Degişli çeşmeleriň esasynda toplanan maglumatlar karz alyjynyň maliýe ýagdaýyny jikme-jik seljermek üçin ulanylýar.

«Karz edaralaryň karzlar boýunça, karz we olara deňleşdirilen bergiler boýunça bolup biljek ýitgilere ätiýaçlyklary döretmegiň tertibi hakynda Düzgünnamada» karz alyjynyň maliýe ýagdaýyny we

bergä hyzmat edişiniň hilini hasaba almak bilen karzyň hil ölçeginiň kesgitlenilişi aýratyn tablisada görkezilendir *(5-nji tablisa)*.

*5-nji tablisa*

**Karz alyjynyň maliýe ýagdaýyny we bergä hyzmat edilişiniň hilini hasaba almak bilen karzyň hil ölçeginiň kesgitlenilişi**

| **Bergä hyzmat edilişi** | **Gowy** | **Aralyk** | **Erbet** |
|---|---|---|---|
| Maliýe ýagdaýy | | | |
| Gowy | Standart (I ölçegli hil) | Standart däl (II ölçegli hil) | Şübheli (III ölçegli hil) |
| Aralyk | Standart däl (II ölçegli hil) | Şübheli (III ölçegli hil) | Meseleli (IV ölçegli hil) |
| Erbet | Şübheli (III ölçegli hil) | Meseleli (IV ölçegli hil) | Ygtybarsyz (V ölçegli hil) |

Bankda karzlar, karz we olara deňleşdirilen bergiler boýunça bolup biljek ýitgiler üçin döredilýän ätiýaçlyklary göz öňünde tutup, käbir koeffisiýentler hasaplanylýar:

- döredilen ätiýaçlygyň koeffisiýenti;
- töwekgelçiligiň koeffisiýenti;
- meseleli karzlaryň koeffisiýenti.

**Döredilen ätiýaçlygyň koeffisiýenti.** Bu koeffisiýent karzlaryň gaýtarylyp berilmezliginden bankyň goranmagynyň derejesine baha bermeklige mümkinçilik berýär we aşakdaky formulanyň üsti bilen kesgitlenilýär:

$$K_{ä} = \frac{KBBÝÄ_h}{KG} \times 100\%, \qquad (2)$$

bu ýerde $K_{ä}$ – ätiýaçlygyň koeffisiýenti, %; $KBBÝÄ_h$ – karzlar boýunça bolup biljek ýitgiler üçin döredilen hakyky ätiýaçlyklar, müň manat; $KG$ – karz goýumlary, müň manat.

**Töwekgelçiligiň koeffisiýenti.** Bu koeffisiýent karz töwekgelçiligi nukdaýnazaryndan karz bukjasynyň hiline baha bermeklige ýardam edýär we aşakdaky formulanyň üsti bilen kesgitlenilýär:

$$K_t = \frac{KG - KBBÝÄ_h}{KG} \times 100\%, \qquad (3)$$

bu ýerde $K_t$ – töwekgelçiligiň koeffisiýenti, %; $KBBÝÄ_h$ – karzlar boýunça bolup biljek ýitgiler üçin döredilen hakyky ätiýaçlyklar, müň manat; *KG* – karz goýumlary, müň manat.

**Meseleli karzlaryň koeffisiýenti.** Bu koeffisiýent umumy berginiň düzümindäki meseleli karzlaryň paýyny görkezýär we aşakdaky formulanyň üsti bilen kesgitlenilýär:

$$K_m = \frac{MGK}{KG} \times 100\%, \qquad (4)$$

bu ýerde $K_m$ – meseleli karzlaryň koeffisiýenti, %; *MGK* – hasabat senesi ýagdaýyna möhleti geçen karzlaryň galyndysy, müň manat; *KG* – hasabat senesi ýagdaýyna karz goýumlary, müň manat.

**2. Töwekgelçiligi ätiýaçlandyrmak.** Bu usulyň artykmaçlygy – ýitgileriň üstüniň ýapylmagy üçünji şahsyň (ätiýaçlandyryjynyň) serişdeleriniň hasabyna bolup geçýär; kemçiligi – ätiýaçlandyryş gatançlary karzyň bahasyny artdyrýar, şeýle hem karzlaşdyryş gurşawynda çökgünlik şertlerinde ätiýaçlandyryş guramalarynyň batyp galmaklyk howpy döreýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy karz alyjylaryň karzlary üzmänligi üçin jogapkärçiligini meýletin ätiýaçlandyryş we karzlaryň üzülmezlik töwekgelçiligini meýletin ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny ýerine ýetirmegi meýilleşdirýär. Russiýa Federasiýasynyň iri ätiýaçlandyryş kompaniýalary karz töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak boýunça hyzmatlary amala aşyrýar. Ätiýaçlandyryş guramasy bilen bankyň arasynda baglaşylýan şertnamada ätiýaçlandyryşyň iki görnüşi utgaşdyrylýar: gaýtarylmadyk göterimler maliýe töwekgelçiligini ätiýaçlandyryş, karzyň esasy bölegi bolsa emläk ätiýaçlandyryşy hökmünde kabul edilýär. Ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň takyk çägi we onuň

möhletiniň gelip ýetmegi her bir anyk ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen kesgitlenilýär. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyryjynyň töwekgelçiligi karz töwekgelçiligi bolup durmaýar, çünki ätiýaçlandyryş guramalarynyň işi passiw häsiýete eýedir. Pul serişdeleriniň hereketi diňe ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykan pursadynda bolup geçýär we karzlaşdyryş işinde dörän ýitgileri ýapmak üçin pul serişdeleriniň degişli möçberi karz alyja geçirilýär. Şeýlelikde, ätiýaçlandyryş guramasy borçnamalary öz üstüne alýar. Ätiýaçlandyryjynyň töwekgelçiligi bankyň balansdan daşary borçnamalarynyň töwekgelçiligine meňzeşdir.

**3. Töwekgelçiligi kepillendirmek** – karzyň üpjünçiligi hökmünde üçünji şahslaryň kepillikleriniň we zamunlyklarynyň ulanylmagyny aňladýar. Kepilligi beren şahsdan karzyň öwezlik tölegini almak mümkinçiligi onuň maliýe ýagdaýyna baglydyr. Kepil geçýän şahsyň maliýe ýagdaýyna bank öz täsirini ýetirip bilmeýär, ýöne karzy bermek barada çözgüt kabul eden pursadynda diňe oňa baha berip bilýär.

Töwekgelçiligi ätiýaçlandyrmakdan tapawutlylykda kepillikleri ýa-da zamunlyklary almak boýunça çykdajylary karz alyjy çekýär. Töwekgelçiligi kepillendirmek bir tarapdan karz töwekgelçiligini maliýeleşdirmek toparyna degişli edilýär, çünki onuň üpjünçilik işi bilen meňzeşligi bardyr. Ýöne, üpjünçilik töwekgelçiligi karz töwekgelçiliginiň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Şunda töwekgelçiligi kepillendirmek karzlaşdyryş we üpjünçiligi ýerlemekligiň hasabyna ýitgileriň öwezini dolma işlerini aýrybaşgalamak maksady bilen şertli gatnaşýar.

Karz bukjasynyň töwekgelçilik-dolandyryş işiniň baş ýörelgesi karz töwekgelçiligini dolandyrmak bolup çykyş edýär.

Karz töwekgelçiligini dolandyrmak ulgamy adaty dolandyryşdan birneme tapawutlanýar. Dolandyryş seljermesi öz gezeginde meýilnamalaşdyrmak, gözegçilik we kadalaşdyrmak wezipelerini öz içine alýar. Karz töwekgelçiligini dolandyrmaklykda bolsa şu wezipeler tapawutlandyrylýar: baha bermek, seljermek, meýilnamalaşdyrmak, kadalaşdyrmak we gözegçilikdir. Gözegçilik wezipesi şu ýagdaý bilen baglanyşyklydyr, ýagny köp töwekgelçilikler asla bellige alynmaýar, maliýe hasabatlylygynda görkezilmeýär. Şonuň üçin töwekgelçilik ýaly köp wezipeli düşünjäni gytaklaýyn şöhlelendirýän görkezijiler

145.0 x 215.0 mm

ýygy-ýygydan ulanylýar. Töwekgelçilige baha bermegiň uniwersal gurallary (orta kwadrat gyşarma, töwekgelçiligiň ýüze çykma ähtimallygy) bilen bilelikde, mysal üçin, bellibir pudakda, pudagyň kiçi bir bölüminde ýa-da tutuş ykdysadyýetde batyp galmagyň sany (paýy), ygtybarsyz bergileriň udel agramy we ş.m. görkezijileri ulanylýar. Şol sebäpli her gezekde töwekgelçiligi dolandyrmagyň usulyýeti işlenilip düzülýän ýagdaýynda töwekgelçilige baha bermegiň wezipesine aýratyn üns berilmelidir.

Dolandyrmak işiniň aýratyn görnüşi hökmünde baha bermek wezipesi dolandyryşyň obýektini esaslandyrmaklyga gönükdirilendir. Şu wezipäni ýerine ýetirmek üçin aýratyn tärler we usullar peýdalanylýar. Çylşyrymly obýekte degişli bolan karz töwekgelçiligi dolandyrmak işleriň ýörite guralmagyny, hünärmenleriň taýýarlanylmagyny we okadylmagyny, aýratyn iş toparlarynyň döredilmegini talap edýär.

Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 – 2030-njy ýyllyr üçin Döwlet maksatnamasynda bank töwekgelçiliginiň, şol sanda karz töwekgelçiliginiň dolandyrylyşyny we baha berlişini kämilleşdirmek boýunça aşakdaky işleriň amala aşyrylmagy göz öňünde tutulan:

• karzlary bermek ulgamyny ösdürmekde karzlaşdyrmagyň usullaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça bellenen çäreleriň arasynda karz töwekgelçiligine baha bermek maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky karz registrinde toplanýan maglumatlary ulanmagy giňeltmek;

• bank durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen, banklarda geçirilýän amallaryň häsiýetine baglylykda töwekgelçilikleri (karz, ukyplylyk, walýuta, bazar, göterim we amallar) dolandyrmak ulgamyny kämilleşdirmek;

• bank töwekgelçiliklerine baha bermegiň tertibini kesgitlemek we içki gözegçilik ulgamynyň işini kämilleşdirmek;

• bank töwekgelçiliklerini (karz, göterim, amallar, bazar we ukyplylyk töwekgelçilikleri) dolandyrmagy kämilleşdirmek boýunça degişli usulyýeti taýýarlamak we ykdysady kadalaşdyryjy resminamalarynyň hasaplamalaryna üýtgetmeleri girizmek.

Baha bermek wezipesi birinji wezipe bolmak bilen, ol bankyň ähli dolandyryş ulgamyna möhüm täsirini ýetirýär. Karz töwekgelçiliginiň ýüze çykmasy çylşyrymly we dürli-dürli bolup durýar. Şonuň üçin onuň ygtybarly dolandyrylmagy wajyp ähmiýete eýe bolýar.

Bank karzynyň yzyna gaýtarylmagyny dolandyrmakda biri-birine bagly dolandyrmagyň iki yzygiderli tapgyrlaryna bölmek maksada laýykdyr. Birinji tapgyr – karzy bermek tapgyrydyr. Bu başlangyç döwürde bank üçin karz alyja karzy bermegiň maksada laýyklygy barada çözgüdi kabul etmek zerurdyr. Ikinji tapgyrda karz meýilnamasyna laýyklykda karz alyjynyň monitoringini we döwürleýin barlaglary geçirmek arkaly berlen karzlary dolandyrmaklyk amala aşyrylýar. Birinji tapgyr, esasan, bellibir derejede karz töwekgelçiligini dolandyrmagyň umumy netijeleligini kesgitleýär we şol sebäpli oňa esasy ähmiýet berilmelidir.

Täjirçilik banklarynyň karz töwekgelçiligini kadalaşdyrmagyň esasy gurallary bolup ykdysady kadalar çykyş edýär. Olaryň düzümi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanan «Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işini düzgünleşdirýän ykdysady kadalaşdyryjylar hakynda Düzgünnamada» kesgitlenendir. Ykdysady kadalar her gün hasaplanylýar, ähli banklar üçin olaryň berjaý edilmegi hökmanydyr, olar bankyň karz bukjasynyň esasy taraplaryny kesgitleýär we bank töwekgelçilikleriniň has howply täsirlerinden goranmaklygy üpjün edýär. Esasylarynyň biri bolup, maýanyň ýeterlikliliginiň kadasy çykyş edýär. Ol bankyň balansynyň düzüm elementleriniň deňeçerligini, maliýe serişdeleri çekmek we ýerleşdirmek çygrynda bankyň ýörelgesini kesgitleýär, şeýle hem bankyň hususy maýasynyň kadalaşdyryjy wezipesiniň ýerine ýetirilişini şöhlelendirýär.

Täjirçilik bankynyň karz bukjasyny gönüden-göni kadalaşdyrmak üçin indiki kadalar ulanylýar:

• **Bir bergidara töwekgelçiligiň ýokary möçberi** *(H5)*. Bu kada karzlar boýunça umumy berginiň, bir bergidara berlen faktoringiň we maliýe lizinginiň üstüne şol bergidara ýa-da öz aralarynda bagly bolan bergidarlaryň toparyna (P) berlen balansdan daşary borçnamalaryň

jemi goşulanda, bankyň hususy maýasyna (K) gatnaşygy hökmünde hasaplanylýar, ýagny:

$$H5 = \frac{P}{K} \times 100\%; \qquad (5)$$

bu ýerde *P* – bergidara ýa-da öz aralarynda bagly bolan bergidarlaryň toparyna manatda we daşary ýurt pulunda karzlar boýunça we jemi berlen faktoring we maliýe lizingi boýunça bankyň umumy talaplarynyň jemi, şeýle hem şol bergidara ýa-da öz aralarynda bagly bolan bergidarlaryň toparynyň (bergidarlara) pul görnüşinde ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutulan bankyň balansdan daşary talaplary (kepillik, zamunlyk); *K* – bankyň hususy maýasy (kapitaly).

Bir bergidara töwekgelçiligiň ýokary möçberi (H5) kadasy banklara karzlar boýunça karz alyjy bolup çykyş edýän bankda manatda we daşary ýurt walýutasynda (şol sanda 100% balansdan daşary talaplar-kepillikler, zamunlyklar) talaplaryň umumy jemi boýunça hem hasaplanylýar. Eger-de bank haýsydyr bir ýuridik we fiziki tarapa diňe kepil ýa-da zamun (100% möçberde) bolup çykyş eden ýagdaýynda hem kada hasaplanylýar. Bir bergidara töwekgelçiligiň ýokary möçberi (H5) kadanyň iň ýokary ýol berilýän derejesi bankyň hususy maýasynyň 20% möçberinde bellenilýär.

**1-nji mysal.** ***Bir bergidara töwekgelçiligiň ýokary möçberi (H5).*** 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna bankyň bergidara (karz alyja) bildirýän karz talaplary 67463 müň manat, bankyň hususy serişdeleriniň möçberi 510850 müň manat.

**Çözülişi.** Bir bergidara töwekgelçiligiň ýokary möçberiniň (H5) hasaplanylyşy:

$$\text{H5} = \frac{64463}{510850} \times 100\% = 12{,}6\%. \qquad (6)$$

Şeýlelikde, bankda bir bergidara töwekgelçiligiň ýokary möçberiniň (H5) kadasy üpjün edilýär.

• **Iri karz töwekgelçiliginiň iň ýokary möçberi** *(H6).* Bankyň bir bergidara (ýa-da baglanyşykly bergidarlaryň toparyna) töwekgelçiligini hasaba almak bilen ölçelen karzlar boýunça bir bergidara (ýa-da

baglanyşykly bergidarlaryň toparyna) bankyň 100% balansdan daşary talaplarynyň jemini (kepillik, zamunlyk) hem hasaba alanyňdaky umumy talaplarynyň jemi, bankyň maýasynyň 5%-inden artykmaç bolanda oňa iri karz hökmünde garalýar. Iri karz bermek hakyndaky çözgüt hökmany tertipde bankyň müdiriýetiniň ýa-da onuň karz komiteti tarapyndan karz bölüminiň gelen netijesini hasaba almak bilen kabul edilýär we degişli resminamalar bilen resmileşdirilýär.

Iri karz töwekgelliginiň iň ýokary möçberi bankyň hususy serişdeleriniň (maýasynyň) iri karz töwekgelliginiň umumy ululygyna gatnaşygy hökmünde bellenýär.

Bankyň beren iri karzynyň umumy ululygy özara baglanyşykly bergidarlary goşanyňda, 100% balansdan daşary talaplary hasaba alanyňda (kepillik, zamunlyk) bankyň maýasynyň möçberinden 8 esseden artyk bolup bilmez.

Bu kadany aşakdaky formulanyň üsti bilen hasaplamak bolar:

$$H6 = \frac{IKT}{K}, \tag{7}$$

bu ýerde *IKT* – bankyň bir bergidara (ýa-da baglanyşykly bergidarlaryň toparyna) iri karz töwekgelliginiň iň ýokary möçberi; *K* – bankyň hususy maýasy (kapitaly).

**2-nji mysal.** ***Iri karz töwekgelçiliginiň iň ýokary möçberi (H6).*** 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna bankyň iri karz töwekgelçiliginiň möçberi 1231640 müň manat, bankyň hususy serişdeleriniň möçberi 510850 müň manat.

**Çözülişi.** Iri karz töwekgelçiliginiň iň ýokary möçberiniň (H6) hasaplanylyşy aşakdaky ýalydyr:

$$H6 = \frac{1231640}{510850} = 2{,}4 \text{ esse.} \tag{8}$$

Şeýlelikde, bankda iri karz töwekgelçiliginiň iň ýokary möçberiniň (H6) kadasy berjaý edilýär.

• **Bir bergidara – paýdara (ýa-da bankyň özara baglanyşykly paýdarlaryna) töwekgelçiligiň iň ýokary möçberi** *(H7)*. Bir bergi-

dara – paýdara (gatnaşyja) töwekgelçiligiň iň ýokary möçberi, bankyň öz gatnaşyjylaryna beren karzlarynyň, kepillikleriniň we zamunlyklarynyň jeminiň, bankyň hususy serişdelerine (maýasyna) gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär:

$$H7 = \frac{K_{ra}}{K} \times 100\%, \tag{9}$$

bu ýerde $Kr_a$ – bankyň bir paýdaryna (gatnaşyjysyna), ýuridik ýa-da fiziki tarapa ýa-da bankyň özara baglanyşykly paýdarlaryna (gatnaşyjylaryna), ýuridik ýa-da fiziki taraplaryna töwekgelçiligi hasaba alnyp ölçelen bankyň ähli talaplarynyň umumy jemi (balansdan daşarkylaryny goşanyňda); $K$ – bankyň hususy maýasy (kapitaly).

Bir bergidara, paýdara (ýa-da bankyň özara baglanyşykly paýdarlaryna) töwekgelçiligiň iň ýokary möçberi (H7) 15% bellenilendir.

**3-nji mysal.** ***Bir bergidara – paýdara (ýa-da bankyň özara baglanyşykly paýdarlaryna) töwekgelçiligiň iň ýokary möçberi (H7).*** 2016-njy ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýyna bankyň bir bergidara – paýdara (karz alyja) bildirýän karz talaplarynyň möçberi 48735 müň manat, bankyň hususy serişdeleriniň möçberi 510850 müň manat.

**Çözülişi.** Bir bergidara – paýdara (ýa-da bankyň özara baglanyşykly paýdarlaryna) töwekgelçiligiň iň ýokary möçberiniň (*H7*) hasaplanylyşy:

$$H7 = \frac{48735}{510850} \times 100\% = 9{,}5\%. \tag{10}$$

Şeýlelikde, bankda bir bergidara – paýdara (ýa-da bankyň özara baglanyşykly paýdarlaryna) töwekgelçiligiň iň ýokary möçberiniň (*H7*) kadasy ýerine ýetirilýär.

Ýokarda getirilen mysallardan ugur alyp, bankyň karz töwekgelçiliginiň kadalarynyň berjaý edilişini şeýle häsiýetlendirmek bolar *(6-njy tablisa)*:

*6-njy tablisa*

**Bankyň karz töwekgelçiliginiň kadalary**
**(2016-njy ýylyň 1-nji ýanwary)**

| Görkezijiler | Hakyky möçberi | Tassyklanan kada | Tassyklanan kada laýyk gelýär/laýyk gelmeýär |
|---|---|---|---|
| Bankyň bergidara (karz alyja) karz talaplary, müň manat. | 67463 | | |
| Bankyň hususy serişdeleri, müň manat. | 510850 | | |
| H5, %. | 12,6 | 20% | Laýyk gelýär |
| Bankyň iri karz töwekgelçiligi, müň manat. | 1231640 | | |
| Bankyň hususy serişdeleri, müň manat. | 510850 | | |
| H6, esse. | 2,4 | 8-den köp bolmadyk | Laýyk gelýär |
| Bankyň bir bergidara – paýdara (karz alyja) karz talaplary, müň manat. | 48735 | | |
| Bankyň hususy serişdeleri, müň manat. | 510850 | | |
| H7, %. | 9,5 | 15% | Laýyk gelýär |

6-njy tablisanyň maglumatlaryndan görnüşi ýaly, bankyň karz töwekgelçiliginiň ähli kadalary Türkmenistanyň Merkezi bankynyň tassyklan degişli ykdysady kadalarynyň çäginde ýerleşýär. Bu bolsa bar bolan karz töwekgelçiliginiň derejeleriniň pesdigini we olaryň dolandyrylyşynda meseläniň ýokdugyny görkezýär.

Bank işiniň esasy maksady ýol bererlikli töwekgelçiligi üpjün etmek bilen, iň ýokary peýdany (girdejini) gazanmaklyga gönükdirilendir. Girdejililigiň we töwekgelçiligiň iň amatly utgaşmasy, haçan-da, «töwekgelçilik – girdejililik» gatnaşyklary üçin iň pes ýa-da «girdejililik – töwekgelçilik» gatnaşyklary üçin iň ýokary bahalaryna ýetilen ýagdaýynda üpjün edilýär. Girdejililigiň we töwekgelçiligiň

amatly utgaşmasy ýagdaýynda aşakdaky iki şert şol bir wagtda ýerine ýetmelidir:

• töwekgelçiligiň şu ýa-da pesräk derejesi ýagdaýynda girdejililigiň we töwekgelçiligiň başga bir utgaşmasy uly girdejililigi üpjün edip bilmeýär;

• girdejililigiň şu ýa-da ulurak derejesi ýagdaýynda girdejililigiň we töwekgelçiligiň başga bir utgaşmasy pesräk töwekgelçiligi üpjün edip bilmeýär.

Töwekgelçiligiň bir görnüşiniň kabul edilmegi we girdejililigiň alternatiw çeşmeleriniň ret edilmegi ýagdaýyndaky şeýle utgaşmanyň diňe bir A nokadynyň bardygyny göz öňüne getirmek kyn düşmeýär *(5-nji surat).*




**5-nji surat. Töwekgelçiligiň we girdejiniň baglanyşygy**

Kabul edilýän töwekgelçilikleriň köplügi we girdejiniň diwersifisirlenen çeşmeleriniň ulanylýan ýagdaýlarynda şeýle nokatlaryň birnäçesi bolup biler. Tejribede, esasan, şeýle düzgünler köp duş gelýär. Şunda girdejililigiň we töwekgelçiligiň amatly utgaşmasynyň kesgitlenilmegine yzygiderli golaýlaşylmagy tejribede dolandyryş çözgütlerini kabul etmek görnüşinde tapgyrma-tapgyr amala aşyrylýar.

Emma ýol bererlikli töwekgelçiligi kabul etmekden we ony peseltmekden başga-da bank öz işini girdejiniň bellibir möçberini üpjün eder ýaly amala aşyrmalydyr. Şonda birnäçe töwekgelçilik-girdejililik zolaga bölüp bolar, olaryň her biri bank işiniň özboluşly şertlerini häsiýetlendirer. Şeýle zolaklar 5-nji suratda görkezilendir. 1-nji zolakda işleriň amala aşyrylmagy iň pes girdejiniň möçberini üpjün etmeýär, sebäbi bankyň bu zolakda uzak hereket etmegi gutulgysyz ýagdaýda onuň düýpli meselelere duçar bolmagyna getirer. Şeýle zolagy ýeterlik däl girdejili zolak diýip hasap etmek bolar. 2-nji zolakda bank öz üstüne görnetin kabul ederlikli bolmadyk töwekgelçiligi alýar. Meýilleşdirilen ýokary girdejileri gazanmagyň ähtimallygy ep-esli peselýär. Bu zolagy esassyz töwekgelçilik zolagy diýip atlandyrmak bolar. 3-nji zolakda bank özi üçin zerur bolan iň pes girdejini üpjün edýär we öz üstüne laýyk (ýol bererlikli) töwekgelçiligi alýar. Ony ýeterlik girdejililik bilen howpsuz hereket etmeginiň zolagy diýip kabul etmek bolar.

Iň amatly zolagy saýlap almaklyga töwekgelçilikleri dolandyrmak işiniň dowamynda ýetilýär. Karz töwekgelçiligini dolandyrmagyň esasy usullaryna aşakdakylar degişlidir *(7-nji tablisa)*:

*7-nji tablisa*

**Karz töwekgelçiligini dolandyryş usullary**

| T/b | Dolandyrmagyň usullary | Anyk hereketler |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. | Karz alyjylaryň differensiýasynyň bellibir alamatlar boýunça tapawutlandyrylmagy. | Karz alyjynyň karza ukyplylygyna baha bermek; baha bermegiň esasynda karzlary bermegiň şertlerini kesgitlemek. |
| 2. | Karz goýumlarynyň diwersifikasiýasy. | Karzlaşdyrmagyň dürli obýektlerini ulanmak, sebitleýin we pudaklaýyn töwekgelçiliklere garşy durmak üçin bölümleri döretmek. |

145.0 x 215.0 mm

*7-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 3. | Töwekgelçilikleriň çäklendirilmegi. | Bankyň hususy serişdeleriniň birligine düşýän iri goýumlaryň göwrümini çäklendirmegi ulanmak, bir karz alyjyny karzlaşdyrmagyň göwrümini çäklendirmek, iri karz alyjylar üçin karzlaşdyrmagyň göwrümini çäklendirmek. |
| 4. | Töwekgelçilikleriň hejirlenilmegi. | Karz deriwatiwleri bilen amallary geçirmek. |
| 5. | Töwekgelçilikleriň paýlanylmagy (bölünmegi). | Bilelikdäki taslamalary karzlaşdyrmak boýunça beýleki banklar bilen hyzmatdaşlyk etmek. |

**Karz alyjylaryň differensiasiýasy.** *Differensirlemek* – karzlary dolandyrmagyň esasy usullarynyň biridir. Ol karzlaşdyrmagyň maksatlylyk, üpjünçilik, töleglilik, möhletlilik, yzyna gaýtarmaklyk ýaly ýörelgeleri bilen bilelikde karz ulgamynyň esasyny emele getirýär. Differensirlemek karzy almaklyga berilýän talaplaryň ählisini bank tarapyndan kanagatlandyryp bolmaýandygyny aňladýar. Karzlaşdyrma işinde bellibir müşderileri beýlekilerden ileri tutmaklygyň usullary dürli-dürli bolup biler. Kiçi we orta bank özüniň müşderileriniň bellibir toparyna eýe bolmak we diňe olar bilen işleşmek mümkinçiligine eýedir. Şeýle-de bank bellibir pudagyň we sebitiň kärhanalaryna hyzmat etmek üçin ýöriteleşdirilip bilner. Häzirki wagtda täjirçilik banklarynyň ählisi uniwersal häsiýete eýedir. Şol sebäpli karz alyjylary differensirlemegiň has dogry usuly bolup, olaryň karza ukyplylygyna baha bermek we seljermek çykyş edýär. Ykdysady edebiýatlarda we bank tejribesinde karza ukyplylyga baha bermek diýlip, köplenç, kärhananyň maliýe ýagdaýyny seljermeklige düşünilýär. Karza ukyplylyk – bu karz alyjynyň karzy niýetlenen maksady boýunça ulanmak we karzy gaýtarmagyny hem-de onuň göterimini tölemegini hasaba almak bilen peýda almak mümkinçiligidir.

Häzirki wagtda karza ukyplylyga baha bermegiň we seljermegiň birnäçe usulyýeti bardyr. Olaryň esasynda banklar karz alyjy bolup

biljek müşderileriň differensiasiýasyny amala aşyrýar. Banklaryň käbiri özleriniň usulyýetlerini, beýlekileri taýýarlaryny, üçünjileri bolsa belli nazary düzgünleriň we amaly tejribeleriň sintezine esaslanýan usulyýetleri işläp taýýarlaýarlar.

Dünýä tejribesinde ähli usulyýetler iki görnüşe bölünýär: logik-deduktiw we empirik-induktiw. **Logik-deduktiw usulynyň maksady** – karz alyjy bolup biljek müşderileriň geljekde karza ukyplylygy bilen oňa täsir edýän şertleriň arasynda sebäplilik baglanyşygyny ýüze çykarmakdyr. Seljermäniň çäklerinde içerki we daşarky ýagdaýlar kesgitlenilýär.

Logik-deduktiw usulyndan tapawutlylykda **empirik-induktiw usuly** öňki karz alyjylar bilen baglanyşykly tejribäni umumylaşdyrýar we ony täze müşderiler babatynda çözgüt kabul etmek üçin ulanýar. Empirik-induktiw usulynda geljekde karz alyjynyň maliýe hasabatlylygyny seljermegiň esasynda onuň karza ukyplylygynyň ösüşi barasynda çaklama edilýär. Onuň üçin matematik-statistik usullary bilen dürli karzlaryň taryhynyň meňzeş alamatlaryny şöhlelendirýän indikatorlar kesgitlenilýär we çözgütleri kabul etmek boýunça usuly teklipler işlenip düzülýär.

Karza ukyplylyga baha bermegiň we seljermegiň tejribelerini umumylaşdyrmak bilen, dünýä tejribesinde has ýörgünli usullary (*PARSER*, *CAMPARI, bäş «c»* düzgünine esaslanýan ulgamlary) tapawutlandyrmak bolar *(8-nji, 9-njy, 10-njy tablisalar).*

*8-nji tablisa*

**PARSER ulgamy**

| Görkezijiler | Mazmuny |
|---|---|
| Person | Karz alyjy bolup biljek müşderiniň işgärleri, onuň işewürlik abraýy barada maglumatlary almak |
| Amount | Isleg bildirilýän karzyň möçberini esaslandyrmak |
| Repayment | Yzyna gaýtarmagyň mümkinçiligini kesgitlemek |
| Security | Üpjünçilige baha bermek |
| Expediency | Karzyň maksada laýyklygyny anyklamak |
| Remuneration | Karzy bermek töwekgelçiligi üçin bankyň höweslendirilmegi (göterim möçberi) |

*9-njy tablisa*

**CAMPARI ulgamy**

| Görkezijiler | Mazmuny |
|---|---|
| Character | Karz alyjynyň işewürlik abraýy |
| Ability | Karz alyjynyň telekeçilik işine baha bermek |
| Means | Karz almak üçin ýüz tutmagyň zerurlygyny seljermek |
| Purpose | Karzyň maksady |
| Amount | Karzyň möçberini esaslandyrmak |
| Repayment | Yzyna gaýtarmagyň mümkinçiligini anyklamak |
| Insurance | Karz töwekgelçiligi ätiýaçlandyrmagyň usuly |

*10-njy tablisa*

**Bäş «C» düzgünine esaslanýan ulgam**

| Görkezijiler | Mazmuny |
|---|---|
| CHARACTER | Karz alyjynyň işewürlik abraýy |
| CAPACITY | Karzy gaýtarmak ukyby |
| COLLATERAL | Üpjünçiligiň, girewiň barlygy |
| CAPITAL | Maýa |
| CONDITIONS | Ykdysady konýunktura we onuň geljekki ýagdaýy |

Türkmenistanyň banklary özleriniň iş tejribelerinde karz alyjy bolup biljek müşderileriň karza ukyplylygyna baha bermek we seljermek üçin ýokarda görkezilen usullary giňden peýdalanýarlar. Bäş «C» düzgünine esaslanýan ulgam, esasan, karzlar boýunça ýitgileriň öwezini dolma mümkinçiligine, onuň tersine PARSER we CAMPARI ulgamlarynyň usullary karza isleg bildirilýän geleşigiň özüne gönükdirilendir. Diňe PARSER usulyýeti karzyň hiline esaslanmak bilen bankyň höweslendirmesini hasaplamagy göz öňünde tutýar. Töwekgelçiligiň görkezijileriniň anyk bahalary we ony hasaplamagyň usullary ýagdaýa baglylykda tapawutlanýar. Beriljek (berlen) karzyň töwekgelçiliginiň göterim ýa-da reýting görnüşinde aňladylýan derejesi geçirilen hasaplamanyň netijesi bolup durýar. Bu usulyýetleriň ählisi seljermäniň diňe başlangyç tapgyrynda ulanylyp bilner, çün-

ki olar karz alyjynyň statistik, pursatlaýyn häsiýetnamasyny berýär we karzy peýdalanmak işiniň dowamynda onuň özüni alyp barşyny tutuşlaýyn açyp görkezmeýär.

Karz alyjynyň karza ukyplylygynyň seljermesi toplumlaýyn häsiýete eýe bolmalydyr we onuň işiniň ähli taraplaryny açyp görkezmelidir. Onuň üçin häzirki zaman bank tejribesinde aşakdaky üç usulyň utgaşmasy ulanylýar:

- maliýe koeffisiýentleri ulgamyna esaslanýan seljerme;
- pul akymlarynyň seljermesi;
- müşderiniň işewürlik töwekgelçiliginiň seljermesi.

Maliýe koeffisiýentleri ulgamynyň esasynda karza ukyplylyga baha bermek, şeýle görkezijileriň bäş topary boýunça hasaplama geçirmekligi göz öňünde tutýar:

**Likwidliligiň koeffisiýentleri**

Karz töwekgelçiligini dolandyrmak, bir tarapdan, banklaryň özleriniň, beýleki tarapdan, ýuridik şahslar bolan karz alyjylaryň likwidliligini hasaplamagy talap edýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanan «Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işini düzgünleşdirýän ykdysady kadalaşdyryjylar hakynda Düzgünnama» laýyklykda banklaryň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge ukyplylyk ýagdaýyna gözegçilik etmek maksady bilen, likwidliligiň şu kadalary tapawutlandyrylýar: gündelik, pursatlaýyn we umumy.

**Gündelik likwidlilik.** Gündelik likwidlilik kadasy (*H*2) – bu bankyň likwid aktiwleriniň jeminiň bankyň 30 güne çenli möhletli we talap edilýänçä hasaplar boýunça borçnamalarynyň jemine gatnaşygydyr. *H*2 kadanyň iň az ýol berilýän bahasy 60% möçberinde bellenilýär. Bu kada aşakdaky formulanyň üsti bilen hasaplanylýar:

$$H2 = \frac{UA}{B_b} \times 100\%, \qquad (11)$$

bu ýerde $UA$ – likwid (ukyply) aktiwler; $B_b$ – bergi borçlar.

**Pursatlaýyn likwidlilik.** Pursatlaýyn likwidlilik kadasy (*H*3) – bu bankyň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmek üçin ýokary likwid (ukyply) aktiwleriniň jeminiň talap edilýän hasaplar boýunça borçnamalarynyň jemine gatnaşygy bilen kesgitlenilýär. *H*3 kadanyň

iň az möçberi 35%-e deň bolmalydyr. Bu kada şu formulanyň üsti bilen hasaplanylýar:

$$H3 = \frac{ÝUA}{Bb} \times 100\%, \qquad (12)$$

bu ýerde *ÝUA* – ýokary likwid (ukyply) aktiwler; $B_b$ – bergi borçlar.

**Umumy likwidlilik.** Umumy likwidlilik kadasy (*H*4) – bu bankyň likwid aktiwleriniň jeminiň ähli aktiwleriň jemine gatnaşygy boýunça kesgitlenýär. *H*4 kadanyň iň az möçberi 25% möçberde bellenýär. Bu kada şu formulanyň üsti bilen hasaplanylýar:

$$H3 = \frac{UA}{A} \times 100\%, \qquad (13)$$

bu ýerde *UA* – likwid (ukyply) aktiwler; *A* – aktiwleriň jemi.

Şeýlelikde, likwidliligiň koeffisiýentleri (kadalary) bergi borçlaryny üzmek üçin bankyň ýeterlik serişdeleri bilen üpjün edilendigini ýa-da üpjün edilmändigini görkezýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan taýýarlanylan «Karz edaranyň müşderisiniň karza ukyplylygyny we tölege ukyplylygyny kesgitlemegiň tertibi hakynda Gollanmanyň» taslamasynda karz alyjy – edara görnüşli tarapyň dolanyşyk serişdeleriniň likwidliliginiň koeffisiýentiniň hasaplanylyşy görkezilýär. Bu koeffisiýent pul serişdeleri we gysga möhletli depozitleriň gysga möhletli borçnamalara bolan gatnaşygy esasynda kesgitlenýär hem-de şu görnüşli çözgüt esasynda hasaplanylýar:

- müşderiniň umumy maksatly maliýe hasabatlylygynyň toplumy boýunça:

$$K_1 = \frac{\text{setir } 055}{\text{setir } 104 + 120}, \qquad (14)$$

bu ýerde 055 setir – pul serişdeleri we gysga möhletli depozitler; 104 setir – uzak möhletli kreditor bergiler; 120 setir – gysga möhletli borçnamalar.

- müşderiniň aralykdaky maliýe hasabatlylygynyň toplumy boýunça:

$$K_1 = \frac{\text{setir } 037}{\text{setir } 074 + 090}, \qquad (15)$$

bu ýerde 037 setir – pul serişdeleri we gysga möhletli depozitler; 074 setir – uzak möhletli kreditor bergiler; 090 setir – gysga möhletli borçnamalar.

Dolanyşyk serişdeleriniň likwidliliginiň koeffisiýentine seljerme geçirilende müşderiniň likwid serişdeleri sarp edijiligiň bellibir çäginde bolmalydyr, serişdeleriň kapital goýumlara immobilizasiýa edilmegi, işjeňliginiň netijesinde we geçen ýylyň ýapylmadyk ýitgileri likwid serişdeleriň möçberiniň kemelmegine täsir edýär. Likwid serişdeleriň möçberiniň artykmaç bolmagy aýlanyşyk aktiwleriň az möçberinde ulanylmagyna getirýär.

Eger, pul serişdeleri we gysga möhletli depozitleriň möçberi gysga möhletli borçnamalaryň 30 göteriminden pes bolmadyk halatynda, müşderiniň maliýe hasabatlylygy likwidli hasaplanylýar.

Maliýe hasabatlylygynyň toplumynyň maglumatlary boýunça geçirilen hasaplamalaryň netijesinde maliýe ýagdaýy durnukly müşderiler I topara degişli edilýär, III topara degişli müşderä karz bermeklik bellibir töwekgelçiligi döredip biler.

Bu hasaplamalar bankyň öz üstüne alýan töwekgelçilikleriniň nukdaýnazaryndan barlanylýar we olara baha berilýär *(11-nji tablisa)*.

*11-nji tablisa*

**Müşderiniň toparlar boýunça dolanyşyk serişdeleriniň koeffisiýentiniň kadalaşdyryjysy**

| **Görkezijiler** | **Müşderiniň topary** | | |
|---|---|---|---|
| | **I topar – maliýe ýagdaýy durnukly** | **II topar – maliýe ýagdaýy orta durnukly** | **III topar – maliýe ýagdaýy töwekgelçilikli** |
| Dolanyşyk serişdeleriniň likwidliliginiň koeffisiýenti | 1.3 we ýokary | 1.2 - 1.1 | 1.0 we aşak |

Şeýle-de ýuridik şahslar bolan karz alyjylaryň likwidliliginiň şu koeffisiýetleri bardyr: gündelik, çalt (aralyk, möhletli) we absolýut.

**Gündelik likwidlilik** *(iňlis dilinde current ratio)*. Bu likwidlilik, başgaça, örtükli ýa-da maliýe koeffisiýenti diýlip atlandyrylýar. Ol ýuridik şahsyň dolanyşyk (gündelik) aktiwleriniň möçberiniň gysga

möhletli borçnamalarynyň (gündelik passiwleriniň) jemine gatnaşygy bolup, aşakdaky formulanyň üsti bilen kesgitlenilýär:

$$K_{gl} = \frac{DA}{GMB}, \qquad (16)$$

bu ýerde $K_{gl}$ – gündelik likwidlilik koeffisiýenti; *DA* – dolanyşyk aktiwler; *GMB* – gysga möhletli borçnamalar.

Bu görkeziji ýuridik şahsyň dolanyşyk aktiwleriniň näçe gezek gysga möhletli borçnamalary örtýändigini ýa-da gysga möhletli borçnamalary diňe dolanyşyk aktiwleriň hasabyna töläp bilijilik ukybyny görkezýär. Görkeziji ýokary bolsa, şonça hem ýuridik şahsyň tölege ukyplylygy ýokary bolýar. Türkmenistanda bu koeffisiýentiň ululygy 1-den kiçi bolmaly däldir. Russiýa Federasiýasynyň tejribesine laýyklykda şeýle koeffisiýentiň ululygy 2 we ýokary bolsa kadaly hasaplanylýar. Dünýä tejribesinde pudaklara baglylykda koeffisiýentiň ululygy 1,5-den 2,5-e çenli bolsa kadaly diýlip kabul edilýär. Koeffisiýent 1-den kiçi bolsa, onda bu ýagdaý ýokary maliýe töwekgelçiliginiň bardygyny we edara görnüşli tarapyň (ýuridik şahsyň) gündelik hasaplary (tölegleri) durnukly töläp bilmeýändigini görkezýär. Koeffisiýentiň ululygy 3-den ýokary bolsa, onda bu ýagdaý maýanyň düzüminiň maksada laýyk (rasional) däldigine şaýatlyk edýär.

**Çalt likwidlilik** *(iňlis dilinde quick ratio)*. Bu likwidlilik, başgaça, aralyk ýa-da möhletli likwidlilik diýlip atlandyrylýar. Ol ýokary likwid gündelik aktiwleriň jeminiň gysga möhletli borçnamalaryň (gündelik passiwleriň) jemine gatnaşygy bilen hasaplanylýar:

$$K_{çl} = \frac{GMDB + GMMG + PS}{GMB}, \qquad (17)$$

bu ýerde $K_{çl}$ – çalt likwidlilik koeffisiýenti; *GMDB* – gysga möhletli debitor bergileri; *GMMG* – gysga möhletli maýa goýumlary; *PS* – pul serişdeleri; *GMB* – gysga möhletli borçnamalar.

Çalt likwidlilik koeffisiýenti önümleri ýerlemekde (satmakda) kynçylyklaryň ýüze çykan ýagdaýynda ýuridik şahsyň öz gysga möhletli borçnamalaryny üzmek boýunça ukybyny şöhlelendirýär. Türkmenistanda bu koeffisiýentiň ululygy 0,3 – 0,5 bolsa has oňaýly hasaplanylýar. Dünýä tejribesinde koeffisiýentiň ululygy 1-den kiçi bolmasa kadaly diýlip hasaplanylýar.

**Absolýut likwidlilik.** Bu görkeziji pul serişdeleriniň we gysga möhletli maliýe goýumlarynyň möçberleriniň gysga möhletli borçnamalaryň (gündelik passiwleriň) jemine gatnaşygy bilen hasaplanylýar:

$$K_{al} = \frac{PS + GMMG}{GMB}, \tag{18}$$

bu ýerde $K_{al}$ – absolýut likwidlilik koeffisiýenti; *PS* – pul serişdeleri; *GMMG* – gysga möhletli maýa goýumlary; *GMB* – gysga möhletli borçnamalar.

Ýokarda görkezilen likwidliligiň iki görnüşinden tapawutlylykda bu koeffisiýent Günbatar ýurtlarynda giňden ýaýran däldir. Türkmenistanda koeffisiýentiň ululygy 0,5 – 0,75 bolsa has oňaýly hasaplanylýar, Russiýa Federasiýasynyň tejribesine laýyklykda koeffisiýentiň ululygy 0,2-den kiçi bolmasa kadaly diýlip kabul edilýär.

• **Dolanyşyk koeffisiýentleri.** Olaryň sany birnäçedir, ýagny debitor bergileriniň dolanyşygy, ätiýaçlyklaryň dolanyşygy, aktiwleriň dolanyşygy, esasy serişdeleriň dolanyşygydyr. Bu görkezijiler müşderiniň maliýe durnuklylygyna goşmaça baha bermeklige mümkinçilik berýär.

• **Maliýe durnuklylygynyň koeffisiýentleri** müşderiniň hususy maýa bilen üpjünçiliginiň derejesine we maliýeleşdirmegiň çekilen çeşmelerine bolan umumy baglylygyna baha bermeklige mümkinçilik berýär. Bu görkezijiniň birnäçe görnüşi ulanylýar, mysal üçin, bergileriň maýa bolan gatnaşygy.

• **Peýdalylygyň koeffisiýentleri.** Maýanyň girdejililigini we bir paýnama düşýän peýdanyň kadasyny goşmak bilen, girdejililigiň we düşewüntliligiň derejesini häsiýetlendirýär. Girdejililigiň görkezijileri peýdanyň dürli görnüşleri we ýerlemekden (satmakdan) alnan girdejiniň arasyndaky gatnaşyklary hökmünde; düşewüntliligiň görkezijileri – peýdanyň aktiwlere ýa-da maýa bolan paýy hökmünde kesgitlenilýär. Bu koeffisiýentler ähli serişdeleriň, şol sanda çekilen serişdeleriň netijeli ulanylyşyny görkezýärler.

• **Bergä hyzmat etmegiň koeffisiýetleri.** Mysal üçin, göterimi örtmegiň koeffisiýenti degişli döwür üçin kärhana tarapyndan alnan peýdanyň tölenen göterimler boýunça çykdajylaryndan näçe gezek artýandygyny görkezýär.

Köpdürli maliýe koeffisiýentleriniň arasyndan bank özi üçin has ähmiýetlileriniň birnäçesini saýlap alýar we olara ähmiýetliliginiň derejesine baglylykda bellibir agramy berýär. Ähli esasy koeffisiýentleriň agramynyň jemi 1-e (ýa-da 100%) deň diýlip hasaplanylýar. Ähmiýetliligiň derejesi görkezijileriň ykdysady ähmiýeti, bankyň karz syýasaty, emele gelen ýagdaýlary, müşderileriň karza ukyplylygynyň derejesini peseltmekligiň faktorlary esasynda kesgitlenilýär. Ahyr soňunda bank karz alyjynyň karza ukyplylygynyň topary barada netije çykarýar. Karza ukyplylygynyň topary esasy we goşmaça koeffisiýentleriň binýadynda hasaplanylýan ballarda görkezilýän reýtingden ugur alnyp kesgitlenilýär. Esasy görkezijileriň toplumy uzak döwrüň dowamynda üýtgedilmeýär. Goşmaça koeffisiýentlere her bir anyk ýagdaýda gaýtadan seredilip bilner. Her bir görkezijiniň topary koeffisiýentiň hakyky ululygyny onuň kadalaýyn derejesi bilen deňeşdirmek esasynda anyklanylýar. Kadalaryň derejeleri toplanan statistik maglumatlara esaslanylyp, her bir bank tarapyndan işlenilip düzülýär. Esasy koeffisiýentler boýunça hasaplanylan ballarda görkezilýän reýting karza ukyplylygyň toparyny takmynan kesgitlemeklige mümkinçilik berýär. Goşmaça görkezijileri hasaba almak bilen has takyk netije çykarylýar.

Müşderiniň karza ukyplylygynyň topary geljekde bank tarapyndan aşakdaky ýagdaýlarda göz öňünde tutulýar:

- göterim derejeleriniň şkalasyny işläp düzmekde;
- karzlaşdyrmagyň düzgünini we şertlerini kesgitlemekde;
- karz bukjasynyň düzümini emele getirýän karzlaryň hiline baha bermekde;
- bankyň maliýe durnuklylygyny seljermekde.

Koeffisiýentleriň ähmiýetiniň möhümdigini bellemek zerurdyr, çünki olar san ululyklary we emele gelen ýagdaýlary hasaba almak bilen, karz töwekgelçiligini çaklamak arkaly karz alyjylaryň işiniň aýry-aýry taraplaryny seljermeklige mümkinçilik berýär. Emma koeffisiýentler bellibir çäklilige eýedir, sebäbi olar:

- geçen anyk pursatda işleriň ýagdaýyny şöhlelendirýär;
- edara görnüşli tarapyň işiniň käbir taraplaryny görkezýär;
- karz alyjynyň hil häsiýetnamasyny hasaba almaýar.

Şonuň üçin diňe maliýe koeffisiýentlerini ulanmak bilen çäklenmek maksada laýyk bolmaýar. Eger likwid serişdeleriniň, ätiýaç-

lyklaryň we gysga möhletli bergi borçnamalarynyň dolanyşygy barasyndaky maglumatlaryň esasynda koeffisiýentler hasaplanylsa, onda maliýe koeffisiýentleri ulgamynyň ýetmezçiligini bellibir derejede aradan aýryp bolar. Şeýle çemeleşme müşderileriň pul akymlaryny seljermek arkaly amala aşyrylýar, hususan-da, anyk döwür üçin (adatça, karzy ulanmagyň möhletine baglylykda) gelip gowuşmalaryň we çykyp gitmeleriň arassa galyndysyny kesgitlemek bilen üpjün edip bolar. Döwür üçin serişdeleriň gelip gowuşmasy öz içine peýda, ulanyş tutumlary, ätiýaçlyk gorlary, aktiwlere goýlan serişdeleriň boşanlary, kreditor bergileriň artmagy, täze karzlaryň alynmagy, hususy maýanyň köpelmegi we gaýry passiwler ýaly elementleri alýar. Şu döwür üçin serişdeleriň çykyp gitmesi kärhanalaryň çykdajylary, hususan-da, çig mallary, materiallary, gaýry aktiwleri satyn alynmagy, bergi borçnamalaryna hyzmat edilmegi, salgytlaryň tölenilmegi we ş.m. görnüşinde häsiýetlendirilýär. Serişdeleriň hereketiniň galyndysy umumy pul akymlarynyň möçberini kesgitleýär.

Pul akymlarynyň seljermesi üçin birnäçe hasabat döwürleriniň maglumatlary alynýar. Eger müşderi durnukly oňyn galynda eýe bolsa, onda bu ýagdaý onuň maliýe taýdan durnuklydygy, ýagny karza ukyplydygy barasynda şaýatlyk edýär. Pul akymlarynyň möçberiniň üýtgäp durmagy we gysga möhletli oňyn däl galyndynyň bolmagy müşderiniň reýtinginiň pesdigini görkezýär. Yzygiderli oňyn däl galyndynyň bolmagy karz alyjyny karza ukyply däl hökmünde häsiýetlendirýär. Emele gelen umumy pul akymlarynyň ortaça oňyn galyndysynyň möçberi täze karzlary bermegiň çägi hökmünde ulanylyp bilner, ýagny ol döwür üçin näçe möçberde müşderiniň bergi borçnamalaryny üzüp biljekdigini ýa-da bellibir karz alyjynyň karz töwekgelçiliginiň çägini görkezýär. Karzlaşdyrmanyň şeýle çäklendirmeleriniň hasaplamasyna köpsanly täjirçilik banklarynda karza ukyplylyga baha bermegiň usulyýeti işlenilip düzülende esaslanylýar (mysal üçin, bir bergidara (karz alyja) töwekgelçiligiň ýokary möçberi).

Pul akymlarynyň seljermesi karz alyjynyň dolandyryş ulgamynyň gowşak ýerleri barasynda netije çykarmaklyga we serişdeleriň ýetmezçiliginiň ýa-da artykmaçlygynyň ýüze çykmasyndan öň, şol ýagdaýy görüp bilmeklige mümkinçilik berýär.

Pul akymlarynyň arassa möçberini göni we gytaklaýyn usullar arkaly hasaplamak bolýar. Göni usula laýyklykda gelip gowuşmalar we çykyp gitmeler boýunça pul möçberleri düzülýär hem-de amal we amal däl, maýa goýum, maliýe işleri boýunça pul serişdeleriniň arassa möçberi kesgitlenilýär. Bu usul karz alyjynyň arassa pul akymlarynyň, galyndynyň we sap peýdasynyň arasyndaky aratapawudyň ýüze çykmasynyň sebäplerini görkezmeýär. Şeýle kemçilik gytaklaýyn usulynyň ulanylmagy bilen aradan aýrylýar. Şunda sap peýda serişdeleriň hakyky hereketini hasaba almak bilen düzedilýär.

Pul akymlarynyň seljermesiniň esasy maksady karz alyjynyň serişdeleriniň gelip gowuşmalaryny we çykyp gitmelerini deňeşdirmekden ybaratdyr.

Bellibir döwür üçin serişdeleriň gelip gowuşmasy aşakdakylary öz içine alýar:

- peýda;
- ulanyş tutumlary;
- geljek döwürler üçin döredilen ätiýaçlyk gory;
- dolanyşykdan boşan serişdeleri:
  - ätiýaçlyklary;
  - debitor bergileri;
  - gaýry aktiwleri;
  - esasy serişdeleri.
- kreditor bergileriniň artmagyny;
- gaýry passiwleriň artmagyny;
- täze alnan karzlary.

Şol döwür üçin serişdeleriň çykyp gitmesi öz içine aşakdakylary alýar:

- goşmaça goýlan serişdeleri:
  - ätiýaçlyklary;
  - debitor bergilerini;
  - gaýry aktiwleri;
  - esasy serişdeleri.
- kreditor bergileriniň azalmagyny;
- gaýry passiwleriň azalmagyny;
- paýdarlar maýasynyň çykyp gitmegini;
- maliýe çykdajylary (göterimler, salgytlar, diwidentler);
- karzlaryň üzülmegini.

Ätiýaçlyklaryň, debitorlaryň we gaýry passiwleriň artmagy serişdeleriň çykyp gitmegini, olaryň azalmagy bolsa serişdeleriň gelip gowuşmagyny aňladýar. Pul akymlarynyň seljermesi üçin iň pesinden soňky üç ýylyň maglumatlary ulanylýar.

Pul serişdeleriniň hereketiniň seljermesi, kärhananyň pul gelip gowuşmalarynyň onuň amallaryna bolan gatnaşygyny ýüze çykarmak üçin hasaplaşyk balansy we töleg senenamasy düzülýär. Töleg serişdeleriniň möhletli borçnamalardan artmagy aktiw galyndyny, möhletli borçnamalaryň töleg serişdelerinden ýokary bolmagy passiw galyndyny aňladýar.

Bal bermek usulyna esaslanýan indiki çemeleşmäniň, täjirçilik banky tarapyndan ýerine ýetirilmegi has ýönekeýdir, ýöne ol diňe ýeke-täk karz amalynyň we onuň bilen baglanyşykly pul akymynyň binýadynda geleşigiň amala aşyrylan pursadynda müşderiniň karza ukyplylygyna baha bermeklige mümkinçilik berýär. Bu çemeleşme işewürlik töwekgelçiliginiň seljermesi esasynda karza ukyplylyga baha bermegiň usulyýetine laýyklykda amala aşyrylýar.

Işewürlik töwekgelçiligi serişdeleriň üznüksiz dolanyşygy bilen baglanyşyklydyr. Şeýle töwekgelçiligiň seljermesi karzlary üzmegiň çeşmeleriniň ýeterlikdigini çaklamaga mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, ol karz alyjylaryň karza ukyplylygyna baha bermegiň gaýry usullarynyň üstüni doldurýar. Işewürlik töwekgelçiliginiň şertleri serişdeleriň dolanyşygynyň aýry-aýry tapgyrlary bilen baglanyşyklydyr. Şol şertleriň toplumyny aşakdaky ýaly görkezmek bolar:

- üpjün edijileriň ygtybarlylygy;
- üpjün edijileriň diwersifisirlenilmegi;
- üpjün etmeleriň möwsümliligi;
- çig mallaryň we serişdeleriň saklanylmagynyň dowamlylygy (olaryň çalt zaýalanýandygy ýa-da zaýalanmaýandygy);
- ammar jaýlarynyň bardygy we olara bolan zerurlyk;
- çig mallary we materiallary satyn almagyň tertibi (üpjün edijilerden göni ýa-da araçyllaryň üsti bilen);
- satyn alynýan gymmatlyklara we olaryň daşalyşyna ulanylýan bahalarynyň derejeleri (karz alyjy üçin bahalaryň elýeterliligi, bahalary ýokarlandyrmak töwekgelçiligi);

145.0 x 215.0 mm

• çig mallary we serişdeleri eksport hem-de import etmeklige çäklendirmeleriň girizilmeginiň töwekgelçiligi;

• ekologik täsirler.

Şeýle hem işewürlik töwekgelçiligi karzlaşdyrylýan geleşikleri amala aşyrmaklygy kadalaşdyrýan kanunçylyk binýadynyň ýetmezçilikleri we karz alyjynyň pudagynyň aýratynlygy bilen baglanyşyklydyr.

Umuman, seredilýän çemeleşmäniň aýratynlyklarynyň biri hökmünde karza ukyplylygy seljermesiniň usulyýetine daşarky karz töwekgelçiliginiň taraplarynyň goşulmagy çykyş edýär.

Ýokarda sanalyp geçilen köpsanly ýagdaýlar üçin baha bermegiň ballary işlenilip düzülýär. Işewürlik töwekgelçiliginiň käbir ýagdaýlary boýunça şeýle baha bermegiň mysaly şkalasy getirilýär *(12-nji tablisa).*

*12-nji tablisa*

**Işewürlik töwekgelçiligine baha bermegiň bal modeli**

| **Baha bermegiň ölçegleri** | **Ballar** |
|---|---|
| I. Ýükleriň daşalmagy | |
| Şäheriň çäklerinde ätiýaçlandyryş polisi bar, daşamagyň görnüşleri harytlara laýyk gelýär | 10 |
| Harydyň satyn alyjydan uzak aralykda bolmagy | 0 – 5 |
| Daşamagyň görnüşleri ýüklere laýyk gelmeýär | 0 – 3 |
| Daşamagyň şertleri barasynda maglumatlar ýok | 0 |
| II. Harytlaryň ammarda ýerleşdirilmegi (ammar jaýynyň barlygy) | |
| Hususy ammar jaýy bar ýa-da ammar talap edilmeýär | 10 |
| Ammar jaýy kärendesine alynýar | 8 |
| Ammar jaýy ýok | 0 |

Hasaba alnan ýagdaýlaryň sanyna we kabul edilen şkala baglylykda işewürlik töwekgelçiligi esasynda karz alyjynyň karza ukyplylygynyň toparyny kesgitleýän tablisa işlenilip düzülýär *(13-nji tablisa).*

145.0 x 215.0 mm

*13-nji tablisa*

**Karza ukyplylygyň toparynyň kesgitlenilişi**

| Töwekgelçiligiň ähtimallygy | Ballar | Karza ukyplylygyň topary |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. Töwekgelçiliksiz geleşik. | 100-den ýokary | I |
| 2. Pes töwekgelçilik. | 80 – 100 | II |
| 3. Ortaça töwekgelçilik. | 50 – 79 | III |
| 4. Ýokary töwekgelçilik. | 30 – 49 | IV |
| 5. Doly töwekgelçilik. | 0 – 29 | V |

Görnüşi ýaly, şeýle çemeleşme karza ukyplylygy kesgitlemegiň başlangyç tapgyrynda töwekgelçiligiň şertlerini saýlamak we baha bermegiň formulýarlaryny düzmek üçin bankdan uly çykdajylary talap edýär. Başlangyç işleri ýerine ýetirilenden soňra, bu usul ulanmak üçin diýseň ýönekeý bolup durýar. Esasy ýetmezçilik – usulyýet materiallaryny taýýarlamak tapgyryna mahsus bolşy ýaly, anyk karz geleşigini amaly taýdan amala aşyrmaklyga hem garaýyşlaryň subýektiwlilik häsiýetiniň degişli bolmagydyr.

*Işewürlik töwekgelçiligi* – bu garaşylýan netijelilik bilen karz alyjynyň serişdeleriniň dolanyşygynyň möhletinde tamamlanyp bilmezligi bilen baglanyşykly töwekgelçilikdir.

Aýratyn tapgyrlarda serişdeleriň dolanyşygynyň togtadylmagyna ýa-da arasynyň kesilmegine getirýän dürli sebäpler işewürlik töwekgelçiliginiň şertleri bolup durýar.

Işewürlik töwekgelçiliginiň şertlerini dolanyşygyň tapgyrlary boýunça toparlara bölmek bolar:

- ätiýaçlyklary emele getirmek (taýýarlamak) tapgyry;
- önümçilik tapgyry;
- ýerleşdiriş tapgyry.

Ýerleşdiriş tapgyrynda işewürlik töwekgelçiligi beýleki tapgyrlara garanyňda has ýokary diýlip hasaplanylýar.

Işewürlik töwekgelçiliginiň şertleri üçin baha bermegiň ballary işlenilip düzülýär. Her bir ölçeg boýunça ballar berilýär we soňra olar jemlenilýär. Jem näçe köp bolsa, şonça-da töwekgelçilik pes, şeýlelikde, karz alyjynyň karz boýunça borçnamalaryny möhletinde ýerine ýetirmeklige mümkinçiligi ýokary bolýar.

Karz alyjynyň karza ukyplylygyna baha bermegi ýagdaýlaryň beýleki toparlary boýunça hem amala aşyryp bolýar:

- dolandyryşyň hiliniň seljermesi;
- bazarda bäsleşige ukyplylyk;
- bergä hyzmat etmegiň taryhy;
- karzyň üpjünçiliginiň seljermesi.

**Karzy peýdalanmagyň dowamynda müşderiniň monitoringi.** Yzygiderli, adatça, aýda ýa-da çärýekde bir gezek bankyň karzlaşdyryş bölüminiň hünärmenleri olara berkidilen karzlaryň reýtingine gaýtadan seretmeklige borçludyrlar. Şeýle iş yzygiderliligi reýtingiň takyk bolmagyny üpjün edýär, karzlaşdyryş bölüminiň hünärmeni öz işiniň hil ölçegi bolup hyzmat edýär we karzlaryň hiliniň üýtgeýşi barasynda dolandyryjylara zerur maglumatlaryň öz wagtynda berilmegine ýardam edýär. Berlen karzlaryň reýtingini geçirmek, bir tarapdan, bank üçin çykdajyly iş bolup durýar, ýöne beýleki tarapdan, gözegçiligiň gowşadylmagy banky uly çykdajylara getirip biler.

14-nji tablisada möhleti bir ýyldan ýokary berlen karzlaryň monitoringiniň mysaly tertibi getirilýär.

*14-nji tablisa*

**Karzlaryň monitoringiniň tertibi**

| **Töwekgelçilikleriň reýtingi** | **Maliýe maglumatlaryny bermegiň ýygylygy** | **Hödürlenilýän goşmaça monitoring** |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1-nji dereje (ýokary hil). | Ýylda bir gezek. | Karz alyjynyň ýerleşýän ýerine ýylda bir gezek barylmagy. Karzlaryň ýyllyk gysgaldylan barlagy. |
| 2-nji dereje (oňat hil). | Ýylda/ýarym ýylda bir gezek. | Karz alyjynyň ýerleşýän ýerine ýylda bir gezek barylmagy. Karzlaryň ýyllyk gysgaldylan barlagy. |
| 3-nji dereje (kanagatlanarly hil). | Çärýekleýin. | Karz alyjynyň ýerleşýän ýerine her ýarym ýylda barylmagy. Karzlaryň ýyllyk doly barlagy, ýarym ýyldan ýa-da çärýekleýin debitor bergileriniň, ätiýaçlyklaryň we ş.m. düzümi barasynda hasabat maglumatlarynyň alynmagy. |

*14-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| 4-nji dereje (ortaçadan pes hil). | Çärýekleýin/ aýma-aý. | Karz alyjynyň ýerleşýän ýerine ýarym ýyldan ýa-da çärýekleýin barylmagy. Karzlaryň ýarym ýyldan barlagy, çärýekleýin ýa-da aýma-aý goşmaça hasabatlaryň alynmagy, bankyň menejerlerine karzlaryň derejeleri barasynda çärýekleýin hasabatyň taýýarlanylmagy. |
| 5-nji dereje (ýaramaz hil). | Aýma-aý. | Karz alyjynyň ýerleşýän ýerine çärýekleýin ýa-da aýma-aý barylmagy ýa-da karzlaryň çärýekleýin barlagy, aýma-aý goşmaça hasabatyň alynmagy, çärýekleýin we aýma-aý auditiň geçirilmegi, karz alyjynyň haýryna pul gelip gowuşmalary hasaplarynyň, karz üpjünçiliginiň gönüden-göni gözegçilige alynmagy, bankyň menejerlerine karzlaryň derejeleri barasynda her aýda hasabatyň taýýarlanylmagy. |

**Karz goýumlarynyň diwersifikasiýasy.** Dolandyrmagyň bu usuly her bir karz geleşiginiň aýratynlykda seljermesiniň netijesinde alnan maglumatlaryň esasynda umumylykda bankyň karz bukjasyna degişlilikde ulanylýar. Karz bukjasynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagy anyk pudaklarda ýa-da sebitlerde agyr ykdysady ýagdaýlar zerarly aýry-aýry müşderileriň, müşderi toparlarynyň gurbatsyzlygy bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri peseltmäge mümkinçilik berýär. Möçberi we häsiýeti boýunça dürli bolan aýry töwekgelçilikleri beýleki bir töwekgelçilikler bilen öwezini dolmaklygyň hasabyna karz bukjasynyň umumy töwekgelçiligini peseldip bolar. Karz bukjasynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagynyň esasy usullary hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

1. Karzlaryň rasionallaşdyrylmagy, ýagny berilýän karzlaryň möçberleri, möhletleri, göterim derejeleriniň görnüşleri we gaýry şertleri boýunça karzlaşdyrmagyň çeýe ýa-da berk çäklerini bellemek; maliýe ýagdaýlaryna laýyklykda karz alyjylaryň toparlary ýa-da aýry karz alyjylar boýunça karzlaşdyrmagyň çäklerini bellemek; maliýe ýagdaýlaryna laýyklykda bir karz alyjyda ýa-da ýakyn baglanyşykly karz alyjylaryň toparynda karzlaryň jemlenmeginiň çäklerini bellemek.

2. Pudak degişliligi boýunça karz alyjylaryň diwersifikasiýalaşdyrylmagy degişli toparyň ähli karz alyjylary üçin absolýut möçberde ýa-da bankyň karz bukjasyndaky jemlenen udel agramy boýunça çäkleriň göni bellenilmegi arkaly amala aşyrylyp hem bilner.

3. Karzlar boýunça kabul edilýän üpjünçilikleriň esasynda diwersifikasiýalaşdyrmak.

4. Karz boýunça dürli göterim derejelerini, göterimleri hasaplamagyň we tölemegiň dürli usullaryny ulanmak.

5. Möhleti boýunça karz bukjasynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagy aýratyn ähmiýete eýedir, çünki dürli möhletli karzlar boýunça göterim derejeleri dürli möçberde üýtgemelere sezewar bolýar we bankyň öz üstüne alýan karz alyjylaryň töwekgelçiliginiň derejesi hem karzlaryň möhletlerine düýpli baglydyr. Bu çemeleşme bankyň ýöredýän karz syýasaty bilen bilelikde amala aşyrylýar. Bank maýa goýum maksatly uzak möhletli karzlary bermeklige ugur edinen halatynda karz bukjasyna gysga möhletli karzlaryň goşulmagy oňaýly hasap edilýär. Sebäbi olar bukjanyň düzüminiň deňagramlylygyny üpjün edýär. Ondan başga-da, karz bukjasynyň ýeterlik däl deňagramlylygy az-kem gaýry aktiwleriň bukjasynyň degişli düzümleýin özgertmesiniň hasabyna öwezi dolup biler. Şunda tutuşlaýyn ähli aktiwleriň bukjasy boýunça oňyn balans üpjün edilmelidir.

Karz goýumlaryny diwersifikasiýa etmekligiň mümkinçiligi bankyň göwrümine hem baglydyr. Iri bank köpsanly dürli müşderilere hyzmat edýär. Onuň bukjasy, adatça, eýýäm defisirlenen. Şeýle bank diňe karz serişdelerini oňaýly paýlamagy utgaşdyrmak arkaly mümkin bolan iň pes ýitgiler bilen iň ýokary peýdany gazanmagy maksat edinýär. Kiçi banka, bir tarapdan, hususy serişdeleriň, beýleki tarapdan, karz alyjy bolup biljek müşderileriň çäkli bolmagy mahsus. Bu

çäklilik bir pudagyň ýa-da bir sebitiň kärhanalaryny karzlaşdyrmakda, şeýle hem karz goýumlarynyň möhletiniň birmeňzeş bolmagynda ýüze çykyp biler. Şoňa görä kiçi bank üçin diwersifikasiýa meselesi örän ýiti häsiýete eýedir. Kiçi bankda karz töwekgelçiligini dolandyrmak meselesi beýleki usullary ulanmak arkaly üpjün edilýär.

Karz bukjasynyň diwersifikasiýasynyň netijeliligine baha bermek üçin geljekki ýitgileriň mümkin bolan ähtimallygyna, ýagny bankyň umumy karz töwekgelçiligine baha bermek zerurdyr. Diwersifikasiýanyň derejesini seljermek maksady bilen, ýeke-täk baha bermek esasynda karzlaşdyrmagyň mümkin bolan dürli ýagdaýlary (wariantlary) deňeşdirilýär. Onuň üçin töwekgelçiligiň gymmat usuly (VAR – Value-at-Risk) peýdalanylýar. VAR-yň parametri – bu ýitginiň şeýle möçberi bolup, şunda berlen ähtimallyk bilen kesgitli wagt döwründe gymmatda aňladylýan ýitgiler şol möçberden ýokary geçmez diýlip çaklanylýar. VAR-yň köpsanly modelleri bar. Olary üç topara bölmek bolar:

**1. Taryhy modelirleme ýörelgesi boýunça gurlan modeller.** Taryhy modelirleme usuly VAR-yň ululyklaryny hasaplamagyň has ýönekeý we elýeterli usulydyr. Ol töwekgelçiligiň ýagdaýlarynyň statistik paýlamasynyň görnüşleri barasynda köpsanly deslapky çaklamalary talap etmeýär. Bu usulyň manysy bukjanyň geljekki gymmatynyň üýtgemeleriniň paýlanylyşyny gurmak we berlen göterim ýagdaýlardan ýokary geçýän öň syn edilen ýitgileriň möçberi hökmünde töwekgelçiligiň ululygyny kesgitlemek üçin töwekgelçiligiň şertleriniň üýtgemeleriniň taryhyny ulanmakdan ybarat.

**2. Wariasion-kowariasion matrisa esasyndaky modeller.** VAR-yň şu görnüşindäki modellerini gurmaklyga bolan çemeleşmä, başgaça, VAR-y hasaplamagyň analitik usuly hem diýilýär. Analitik çemeleşme aktiwleriň gymmatynyň üýtgemeginiň kadaly hukuk namasy boýunça paýlanylmagyny göz öňünde tutýar, köp bölekli bukjanyň VAR hasaplamasy bolsa bukjany emele getirýän aktiwleriň arasyndaky korrelýasion baglanyşygy bilmekligi talap edýär.

**3. Monte-Karlo usuly boýunça gurlan modeller.** Monte-Karlo usuly esasynda karz töwekgelçiligine baha bermekde her bir karz

alyjy boýunça karz reýtinginiň (şol sanda defoltyň, ýagny bergini möhletinde tölemek ukypsyzlygynyň yglan edilmeginiň) mümkin bolan birnäçe müň görnüşleriniň generirlenmegi amala aşyrylýar. Ol karz serişdeleri doly üzülýän möhletine çenli galan ähli döwri öz içine alýar. Soňra her bir görnüş üçin käbir karz alyjylaryň karzlaryň galan bölegini üzmekden boýun gaçyrmalaryndan, ýagny defoltyndan gelip çykan ýitgileriň möçberi hasaplanylýar. Ýitgi, karzlaryň üzülmedik gymmatynyň gaýtaryp alynmagy mümkin bolan böleginiň kemeldilmegini hasaba almak bilen, alynmadyk göterimleriň we esasy berginiň üzülmedik galyndysynyň möçberlerinden emele gelýär. Karzlary gaýtarmagyň koeffisiýenti üpjünçiligiň likwidliligini hasaba almak bilen hasaplanan onuň gündelik gymmatynyň karzy talap etmekligiň hakyky mümkinçiligini göz öňünde tutmak esasynda düzedilen karzyň esasy möçberine bolan gatnaşygy hökmünde kesgitlenilýär. Alnan netijeler agregirlenilýär (*agregirlemek* – bu birnäçe elementleri birmeňzeş bütine birleşdirmekdir ýa-da ykdysady görkezjijileri toparlara birleşdirmek arkaly irileşdirmek) hem-de peýdalaryň we ýitgileriň ähtimallygynyň empirik paýlanylyşyny gurmak üçin ulanylýar. Onuň esasynda gözlenilýän töwekgelçiligiň gymmatynyň möçberi tapylýar.

Şu usulyň esasy elementi bolup, karz reýtingde karz alyjynyň bir kategoriýadan beýleki kategoriýa geçmek (wagtyň kesgitli döwri, mysal üçin, bir ýyl geçenden soňra has ýokary ýa-da pes) ähtimallygyny şöhlelendirýän geçmeleriň matrisasy çykyş edýär. Matrisanyň elementleri bankyň içerki statistik maglumatlary esasynda hasaplanylýar. Karz alyjynyň karz reýtingde «*m*» kategoriýadan «*n*» kategoriýa geçmek ähtimallygy şeýle tapylýar: karz reýtingde «*m*» kategoriýadan «*n*» kategoriýa geçen karz alyjylaryň sany «*m*» reýtingli karz alyjylaryň umumy sanyna bölünýär.

Modelirlemede aýratyn karz alyjynyň karz rentinginiň we onuň degişli bolan pudagynyň karz reýtinginiň, şeýle hem beýleki karz alyjylaryň karz reýtingleriniň arasyndaky korrelýasiýa (*correlatio* latyn sözi bolup, onuň manysy gatnaşyk, arabaglanyşyk diýmegi aňladýar) netijeliligini hasaba almak zerurdyr. Bu ýitgileriň

145.0 x 215.0 mm

çägine güýçli gatyşmalaryň asimmetrik (*ασυμμετρία* grek sözi bolup, onuň manysy bir ölçegde dällik, deň dällik, laýyk gelmezlik, simmetriýanyň bolmazlygy ýa-da bozulmagy diýmegi aňladýar) paýlanylmagyny gurmaga we şonuň bilen birlikde, karz alyjylaryň maliýe garaşlylygyndan gelip çykýan «defoltyň zynjyry» – «domino» täsirini modelirlemäge mümkinçilik berýär.

**Töwekgelçilikleriň çäklendirilmegi.** Bu usul, haçan-da, bank ol ýa-da beýleki töwekgelçiligi öz üstüne alyp bilmedik ýagdaýynda ulanylýar. Peýdanyň töwekgelçiligiň derejesine gatnaşygy karz töwekgelçiligini dolandyrmagyň netijeliliginiň möhüm görkezijisi bolup durýar. Şunda töwekgelçiligiň iň ýokary derejesi bellenilýär, ondan geçen ýagdaýynda işi dowam etmek diňe bir maksada laýyk bolman, eýsem howply diýlip hasaplanylýar. Şeýlelikde, bank her bir geleşigi aýratynlykda seljerýär, töwekgelçilik bellenen çäkden geçen halatynda degişli geleşigi ýerine ýetirmekden saklanylýar. Şeýle-de bir karz alyjyny karzlaşdyrmagyň göwrümi, bir pudaga, sebite we ş.m. goýulýan karz goýumlary boýunça çäkler bellenilýär. Diwersifikasiýadan tapawutlylykda töwekgelçilikleri çäklendirmek usuly karzlaşdyrmakdan boýun gaçyrmaklygy göz öňünde tutýar. Bank karz bukjasynyň töwekgelçiliginiň mümkin bolan çägine baha berýär we çäkden ýokary geçen halatynda degişli geleşiklerden ýüz öwürýär.

Karz töwekgelçiligini çäklendirmek usuly diňe bir çözgütleri kabul etmek tapgyrynda ulanylman, eýsem karza hyzmat etmek işinde hem peýdalanylýar. Karz töwekgelçiliginiň ýaramaz täsirlerini azaltmakda bankyň meseleli karzlary dolandyrmak boýunça başarnyklary möhüm orny eýeleýär. Meseleli karzlar bir umumy alamaty bolan karzlaryň giň toparyny öz içine alýar: karz şertnamasynyň şertlerine laýyklykda göterimleri we esasy bergini tölemek şübhe döredýär ýa-da bes edilýär. Karzyň monitoring ulgamy bank tarapyndan meseleli karzlary öz wagtynda ýüze çykarmaga we olary dolandyrmak boýunça çäreleri işläp düzmäge kömek edýär.

Işlenilip düzülýän çäreleriň ulgamynda esasy iki ugry tapawutlandyrmak bolar: sanasiýa we ýatyrmak. Sanasiýa (*sanatio* latyn sözi bolup, onuň manysy bejerme, sagdynlaşdyrmak diýmegi aňladýar) işinde bankyň esasy tagallasy karz alyjynyň pul akymlaryny we balansynyň düzümini gowulandyrmaga gönükdirilýär. Bank we karz alyjy

hyzmatdaşlar hökmünde hereket etmek bilen, karzy üzmek möhletini yza süýşürmekligi ýa-da goşmaça maliýe serişdelerini bermekligi göz öňünde tutýan, goşmaça üýtgedilen ylalaşygy baglaşýarlar. Bank özi tarapyndan goşmaça üpjünçiligiň berilmegini, likwidliligi artdyrmak boýunça netijeli çäreleriň kabul edilmegini, şeýle hem karz alyjynyň işewürligini dolandyrmaga gatnaşmagyny talap edip biler. Eger sanasiýanyň üstünlik getirmek ähtimallygy uly bolmasa ýa-da kabul edilen çäreler oňyn netije bermese, onda bank karzy ýatyrmaklyga geçmäge mejbur bolýar. Bank mundan beýläk karz alyjyny karzlaşdyrmaga gatnaşmaýar we üpjünçiligi satmaklyga girişýär. Eger bank blank (üpjünçiliksiz) karzy beren bolsa ýa-da üpjünçiligiň satylmagy meseleli karzy doly üzmeklige mümkinçilik bolmasa, bank karzy gaýtaryp almak boýunça işleri kazyýete geçirýär. Kazyýetiň çözgüdi banka karz alyjynyň aktiwlerini we girdejisiniň çeşmelerini kesgitlemeklige kömek edýär.

**Töwekgelçilikleriň hejirlenilmegi.** Soňky döwürde halkara tejribesinde karz töwekgelçiligini dolandyrmagyň täze usuly – hejirleme ulanylýar. Hejirleme (*hedging* iňlis sözi bolup, onuň manysy ätiýaçlandyrma, kepillendirme diýmegi aňladýar) – adatça, möhletli bazarlarda geleşikleri baglaşmak arkaly bahalaryň üýtgemeleriniň töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak maksady bilen amala aşyrylýar. Möhletli bazar (döredilen maliýe gurallarynyň bazary) – bu möhletli (forward, fýuçers, opsion) şertnamalaryň baglaşylýan bazarydyr. Karz töwekgelçiligi hejirlemekde döredilen maliýe gurallary – karz deriwatiwleri (mysal üçin, karz swopy) bilen balansdan daşary amallar geçirilýär. Swop – bu ýagdaýlary (pozisiýalary) indiki gije-gündizlere geçirmek amalydyr.

**Töwekgelçilikleriň paýlanylmagy (bölünmegi).** Töwekgelçilikleriň paýlanylmagy (bölünmegi) diýlip, haýsy-da bolsa bir karz taslamasyny amala aşyrmaklyga birnäçe banklaryň bilelikde gatnaşmaklaryna düşünilýär. Bu ýagdaý diňe iri karz goýumlaryny göz öňünde tutýar, çünki bir bankyň öz üstüne tutuş şertnama boýunça töwekgelçiligi almaga ýagdaýy bolmaýar. Şeýle usul diňe banklaryň arasynda ynamly gatnaşyklaryň, şeýle hem bolup biljek töwekgelçiliklere baha bermek üçin barabar binýadyň bar bolan ýagdaýynda ulanylýar. Iki we ondan köp bankyň goşulyşmagyndaky şertnamalaýyn

145.0 x 215.0 mm

gatnaşyklary özüne goşmaça töwekgelçiligi çekýär, şonuň bilen birlikde şeýle karz taslamalary ýygy-ýygydan duş gelmeýär. Şeýlelikde, töwekgelçilikleriň paýlanylmagy (bölünmegi) usuly seýrek, adatça, diňe ýokary özüne çekiji taslamalary karzlaşdyrmak üçin ulanylýar.

Karz töwekgelçiligini dolandyrmagyň dürli usullarynyň seljerilmegi öz gezeginde olaryň täjirçilik banklarynyň tejribesinde toplumlaýyn ulanylmagynyň zerurdygyny tassyklaýar. Ýokarda seredilen karz töwekgelçiligini dolandyrmagyň usullary şu iki şertiň, ýagny hünärmenleriň ýokary hünär derejeleriniň bolmagy we dolandyryş işiniň talaba laýyk guralyşynyň üpjün edilmegi berjaý edilen ýagdaýynda garaşylýan netijelerini berer.

145.0 x 215.0 mm

# IV BAP
# GÖTERIM TÖWEKGELÇILIGI

## 4.1. Göterim töwekgelçiligi düşünjesi, onuň görnüşleri we şertleri

Göterim töwekgelçiligi töwekgelçiligiň bankyň öz işinde hökmany ýagdaýda gabat gelýän görnüşlerine degişlidir. Munuň üstesine-de, olary ölçemek, seljermek we dolandyrmak üçin jogapkärçilik karz edarasynyň menejmentiniň üstüne düşýär. Gözegçilik edaralary, esasan, täjirçilik bankynda döredilen töwekgelçilikleriň dolandyryş ulgamynyň netijeliligine baha bermek bilen çäklenýärler.

Ykdysady edebiýatda göterim töwekgelçiligi düşünjesine degişli dürli nukdaýnazarlar getirilýär. Käbir awtorlar ony göterim möçberleriniň üýtgemegi netijesinde ýitgi çekmek töwekgelçiligi hökmünde düşündirýärler. Beýleki awtorlar göterim töwekgelçiligine maliýe serişdeleri boýunça göterim möçberleriniň üýtgän halatynda ýitgileriň ýüze çykmak ähtimallygy hökmünde seretmek bilen, şoňa golaý kesgitleme berýärler. Awtorlaryň üçünji topary göterim töwekgelçiliginiň, şol bir wagtda maýanyň bazar gymmatyna ýaramaz täsir etmeginiň mümkindigini görkezip, pul bazarynda göterim maržasynyň pese gaçmagynda, onuň nol derejä ýa-da ýaramaz ululyk derejesine düşmeginde daşky beýanyny tapýan göterim möçberleriniň amatsyz üýtgemegi sebäpli ýitgileriň ýüze çykmak howpy diýip hasap etmek bilen has giň kesgitleme berýärler.

Bank gözegçiliginiň esas goýujy ýörelgelerinde (Bazel komitetiniň materiallarynda emele getirilen ýörelgeler) göterim töwekgelçiligi bankyň maliýe ýagdaýynyň göterim möçberleriniň amatsyz üýtgemeginiň täsirine düşmek mümkinçiliginiň töwekgelçiligi hökmünde kesgitlenýär.

Ýokarda getirilen kesgitlemeler olarda mümkin bolan ýaramaz netijelere üns berilýändigi bilen tapawutlanýarlar. Birinji iki

7. Sargyt № 3120

düşündirişde töwekgelçiligiň netijeleriniň, şol sanda, bazarda göterim möçberleriniň üýtgemegi bilen bagly ýitgiler bolup biljekdigi görkezilýär. Üçünji kesgitleme olaryň ýüze çykmagynyň netijelerini görkezmek bilen, ýitgileriň ähtimallyk häsiýetini nygtaýar. Bazel komitetiniň materiallarynda getirilen kesgitleme bolsa, göterim möçberleriniň amatsyz üýtgän ýagdaýynda karz edarasynyň maliýe durnuklylygynyň gowşap biljekdigine üns berýär.

Göterim töwekgelçiliginiň karz edarasynyň maliýe ýagdaýyna, onuň girdejilerine we maýa binýadyna ýaramaz täsir etmegi menejmentiň şu meselä aýratyn üns bermeginiň zerurdygyny şertlendirýär.

Şunuň bilen baglylykda, göterim töwekgelçiliginiň bankyň maliýe girdejilerine we maýasyna edýän täsirine iki jähetden seretmek maksadalaýyk bolar. Birinjiden, bu göterim töwekgelçiligine däp bolan çemeleşmedir, şunda üns göterim möçberleriniň bankyň arassa girdejisine edýän täsirinde jemlenýär.

Emma göterim girdejisi bilen bagly bolmadyk bank amallarynyň umumy möçberiniň ýokarlanyşyna görä, köplenç halatda göterim töwekgelçiliginiň girdejilere we maýa edýän täsirine seljerme geçirilende arassa amal girdejisiniň umumy möçberiniň göterim girdejisi we göterim däl girdeji diýip bölünmegine esaslanýan ikinji çemeleşme ileri tutulýar. Banklar tarapyndan karzlary we aktiwleri goramagyň dürli maksatnamalaryna hyzmat edilendigi üçin alynýan komission hak-heşdek ýaly göterim däl girdejiler bazarda göterim möçberleriniň üýtgemegine örän duýgur bolup bilerler. Mysal üçin, karzlaşdyrmak guralanda täjirçilik banklary öz müşderilerine karzy üzmegiň wagt tertibini düzmäge kömek edýärler, olar üçin mümkin bolan kepillendirmeleri gözlemegi amala aşyrýarlar, girewiň saklanmagyny guraýarlar, munuň üçin hem goşmaça hak-heşdek alýarlar, onuň möçberi berilýän karzyň pul möçberine bagly bolup durýar. Eger şu ýagdaýda şunuň ýaly karzlar üçin göterim möçberleri ýokarlanyp başlasa, onda olara bolan isleg ep-esli peseler, bu bolsa banky karz üçin göterim almak mümkinçiliginden hem, karzlaşdyrmak işinden ugurdaş goşmaça girdejileri almak mümkinçiliginden hem mahrum eder.

Göterim töwekgelçiliginiň ikinji jähetine düşünilmegi gözegçilik edaralaryny göterim möçberleriniň depgininiň karz edaralarynyň maliýe durnuklylygyna edýän täsirine has giň seretmek zerurlygynyň öňünde goýýar: bank aktiwleriniň, passiwleriniň gymmaty, diýmek, bankyň maýa binýadynyň ýeterlikliligi göterim möçberleriniň üýtgäp durmagyna baglydyr.

Ýokarda aýdylanlary hasaba almak bilen, göterim töwekgelçiligi – bu bazarda göterim möçberleriniň ýaramaz, garaşylmadyk ýagdaýda üýtgemeginiň, aktiwleriň we borçnamalaryň bazar ýagdaýlarynyň üýtgäp durmalaryna duýgurlygy (karz edaralarynyň maýasynyň bazar gymmatynyň peselmegi şonuň netijesi bolup biler) netijesinde arassa göterim girdejisiniň azalmak töwekgelçiligidir diýip hasap edýäris.

Göterim töwekgelçiliginiň düýp manysyny takyklamak üçin onuň görnüşleri boýunça toparlanmasyny getirýäris. Ýüze çykýan çeşmeleri boýunça göterim töwekgelçiligini şu görnüşde toparlara bölüp bolar *(6-njy surat)*.

**Aktiwleriň we passiwleriň bahalarynyň üýtgeme töwekgelçiligi** aktiwleriň we passiwleriň pul möçberiniň üýtgeýän göterim möçberi bilen deňeçerlenmändigi sebäpli, şeýle hem kesgitli göterim möçberi bolan aktiwleriň we passiwleriň üzülmeli möhletleriniň arasynda wagt tapawudynyň bardygy sebäpli ýüze çykýar.




**6-njy surat. Göterim töwekgelçiliginiň toparlandyrylyşy**

**Girdejililigiň egri çyzygynyň üýtgeme töwekgelçiligi** aktiwler we passsiwler boýunça göterim möçberleriniň depgininiň wagt boýunça laýyk gelmezligi bilen baglydyr, bu bolsa arassa göterim girdejisini almagyň deňölçegliliginiň şöhlelenmesi bolup durýan wagt tertibiniň (grafik) egri çyzygynyň konfigurasiýasynyň we görnüşiniň üýtgemegine getirýär.

**Binýatlyk (bazis) töwekgelçiligi** şularyň netijesinde ýüze çykýar:

• bank tarapyndan serişdeleriň bir möçber boýunça çekilip, olaryň beýleki bir möçber boýunça ýerleşdirilmeginiň netijesinde, mysal üçin, serişdeleri üýtgeýän göterim boýunça ýerleşdirmek, kesgitli möçber boýunça almak. Bankyň arassa göterim girdejisi bazarda göterim möçberleriniň üýtgäp durmalarynyň netijesinde ýüze çykýan üýtgemeleriň täsirine düşüp bilýär. Binýatlyk töwekgelçilikde bu üýtgäp durmalar göterim möçberlerini bellemegiň şertlerine baglydyr;

• serişdeleriň hakyky gymmatynyň, hususan-da Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hökmany ätiýaçlyklar gaznasyny, Goýumlary ätiýaçlandyryş gaznasyna ätiýaçlandyryş baýraklarynyň we ş.m. ýalňyş hasaba alynmagynyň netijesinde;

• serişdeleri dürli pullarda çekmegiň we ýerleşdirmegiň netijesinde.

*Opsion töwekgelçilikleri* gönüden-göni göterim opsionlaryny peýdalanmak bilen hem, geleşikleriň amala aşyrylmagy bilen hem baglydyr. Olar boýunça kontragentler öz borçnamalarynyň üzülmeli möhletlerini ýa-da bankyň borçnamalary boýunça töleg talaplaryny saýlap alyp bilýärler (opsion şertler). Muňa opsionyň «put» ýa-da «call» şertleri bolan obligasiýalaryň we wekselleriň dürli görnüşleri, karz alyja berginiň galyndysyny möhletinden öň üzmek hukugyny berýän karzlar we goýumçylara serişdeleri islendik wagtda yzyna almak hukugyny berýän, üzülmeli möhletleri görkezilmedik dürli depozit gurallary girýär.

**Göterim töwekgelçiliginiň ýagdaýlary.** Göterim töwekgelçiliginiň düýp manysy onuň derejesine täsir edýän ýagdaýlary *(faktorlary)* bölüp görkezmäge mümkinçilik berýär.

Göterim töwekgelçiliginiň ýagdaýlaryny içerki we daşarky ýagdaýlar (faktorlar) diýip bölüp bolar.

Göterim töwekgelçiliginiň daşarky ýagdaýlaryna aşakdakylar degişlidir:

• bazar ýagdaýynyň (konýunktura) göterim töwekgelçiligi babatynda durnuksyzlygy;

• göterim töwekgelçiligini hukuk taýdan düzgünleşdirmek;

• syýasy şertler;

• ýurtdaky ykdysady ýagdaý;

• bank hyzmatlary bazarynda bäsleşik;

• hyzmatdaşlar we müşderiler bilen özara gatnaşyklar;

• halkara wakalary.

Göterim töwekgelçiliginiň içerki ýagdaýlaryna şulary degişli edip bolar:

• bankyň göterim töwekgelçiligini dolandyrmak babatynda takyk ýörelgesiniň bolmazlygy;

• bank amallaryny dolandyrmakda töwekgelçilikli ýagdaýlaryň döremegine getirýän ýalňyşlar (aktiwleriň we passiwleriň gurluşynyň we möhletleriniň deň gelmezliginiň ýüze çykmagy, girdejililigiň egri çyzygynyň üýtgemegine degişli ýalňyş çaklamalar we ş.m.);

• göterim töwekgelçiliklerini hejirlemek boýunça işlenip taýýarlanan maksatnamanyň bolmazlygy;

• banky ösdürmegi meýilnamalaşdyrmakdaky we çaklamalary düzmekdäki ýetmezçilikler;

• amallar amala aşyrylan mahalynda işgärleriň ýalňyşlary.

Iş ýüzünde esasy mesele göterim töwekgelçiliginiň ýagdaýlaryna öz wagtynda gözegçilik etmek bolup durýar, şunda bu iş üznüksiz bolmalydyr. Ýokary göterim töwekgelçiliginiň ýüze çykmagynyň anyklanylan sebäplerine laýyklykda töwekgelçiligi we banky dolandyryş ulgamyna düzediş girizmek zerurdyr.

Sanalyp geçilen ähli ýagdaýlar karz edarasynyň göterim maržasyna täsir edýändigi sebäpli, şu görkezijä täsir edýän has ähmiýetli ýagdaýlary bölüp görkezip bolar. Şeýle ýagdaýlara aşakdakylar degişlidir:

• bazarda göterim möçberleriniň derejesindäki üýtgeme;

• serişdeleriň ýerleşdirilýän möçberi bilen çekilýän möçberiniň arasyndaky tapawudyň (sprediň) üýtgemegi;

• bank tarapyndan amala aşyrylýan amallaryň möçberindäki üýtgeme;

• göterim töwekgelçiligine duýgur we duýgur däl aktiwler we passiwler bukjasynyň düzümindäki üýtgeme.

Ýokarda sanalyp geçilen ýagdaýlaryň köpüsi menejment tarapyndan doly gözegçilikde saklanyp bilinmez, sebäbi olar bazar ýagdaýy bilen emele getirilýär. Hususan-da, sprede menejment tarapyndan ählitaraplaýyn gözegçilik edip bolmaýar. Munuň üstesine-de, çekilen serişdeleri tygşytlamak barada çözgüt kabul edilende, adatça, olaryň ortaça ölçenen gymmatyna esaslanylýar, oňa goşmaça goşulýar we şeýlelikde, ýerleşdirme möçberi bellenýär. Menejmentiň sprede gözegçilik edýändigine ynamy bar, emma bazar ýagdaýy öz düzedişlerini girizýär. Aktiwleriň we passiwleriň möhletliligi dürli-dürli bolan ýagdaýynda, mysal üçin, gysga möhletli serişdeler we bellibir derejede uzak möhletli aktiwler bolanda we girdejililigiň aýdyň görünýän egri çyzygy bolanda spred çäklenýär, sebäbi serişdeler binýady has gysga möhletli bolýar. Munuň tersine-de bolup biler: girdejililigiň oýuk görnüşli egri çyzygy bolanda spred giňeler, menejmentde bolsa spred berk gözegçilikde saklanýar diýen düşünje emele geler. Göterim maržasyna täsir edýän örän möhüm şert bolup bukjanyň gurluşy çykyş edýär. Aktiwler bilen göterim töwekgelçiligine duýgur borçnamalaryň arasyndaky, şol sanda olaryň gurluşlarynyň arasyndaky gatnaşyk göterim maržasyna täsir edip biler ýa-da tersine, oňa asla täsir etmez. Bularyň ählisi göterim töwekgelçiligini dolandyryş usulynyň döredilmegini we saýlanyp alynmagyny, dolandyryşyň degişli ulgamynyň döredilmegini talap edýär.

## 4.2. Göterim töwekgelçiliginiň dolandyryş ulgamyny döretmek

Göterim töwekgelçiliginiň dolandyryş ulgamy elementleriň toplumlarynyň jeminden ybaratdyr, olara aşakdakylar degişlidir:

• dolandyryş subýektleri, göterim töwekgelçiligini anyklamak (identifikasiýa etmek);

• göterim töwekgelçiligine seljerme geçirmek we baha bermek;

• töwekgelçiligi düzgünleşdirmegiň we monitoring geçirmegiň usullary: ulgama gözegçilik, onuň hereket etmeginiň ahyrky maksady bankyň işiniň barşynda ýüze çykýan göterim töwekgelçiligini pes derejä düşürmek bolup durýar.

145.0 x 215.0 mm

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak wezipesi likwidliligiň berjaý edilýän şertlerinde peýdalylyk bilen töwekgelçiligiň arasynda amatly gatnaşygy tapmakdan ybaratdyr.

Şu wezipe çözülmesi kyn meselelere degişlidir, mysal üçin, Bazel ýörelgelerinde (Bazel komitetiniň «Göterim möçberleri töwekgelçiliklerini dolandyrmagyň ýörelgeleri» atly resminamasy) dolandyryşyň maksady emele getirilýär – ol göterim töwekgelçiligini bankyň özi tarapyndan bellenýän çäklerde saklamak bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, bank göterim töwekgelçiliginiň kabul ederlikli derejesini kesgitlemelidir.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň netijeli ulgamyny döretmek üçin aşakda getirilýän has anyk wezipeleri çözmek zerurdyr:

1. Bankyň göterim töwekgelçiliklerini dolandyrmaga degişli garaýyşlary, onuň ýörelgelerini we wezipelerini konseptual derejede emele getirmek we olary özara baglanyşyklylyk we içerki logika babatda takyklamak;

2. Ileri tutulýan ýörelgeler we wezipeler goýlan mahalynda esas hökmünde töwekgelçilikleri kesgitlemegiň, olara baha bermegiň we anyklamagyň ýörelgelerini bellemek we banka gatnaşygy bolan ähli şahslaryň bähbitleriniň deňeçer goralmagyny üpjün etmek;

3. Şu ýörelgeleri dolandyryş gözegçiliginiň möhüm düzgün-tertibini döretmek üçin, şol sanda guramaçylyk gurluşynyň shemasy döredilende, ygtyýarlyklary bermek barada resminamalar taýýarlananda, şeýle hem tehniki tabşyryklar taýýarlananda peýdalanmak;

4. Töwekgelçiligi dolandyrmagyň we gözegçilik ulgamynyň ýörelgelerine laýyklykda jogapkärçiligi üpjün etmek, öz-özüňe baha bermek we işiň netijelerine baha bermek düzgünlerini kesgitlemek, şu düzgünleri dolandyryş işini kämilleşdirmegiň şerti hökmünde peýdalanmak;

5. Ýokarda görkezilen ýörelgelere we düzgünlere gollanyp, baha bermek düzgünleriniň ýokary hilini üpjün etmek we olaryň berjaý edilişini barlamak maksady bilen, monitoring we gaýdymlaýyn aragatnaşyk mehanizmini işläp taýýarlamak.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň netijeli ulgamy gurulýan mahalynda dolandyryş we bankyň daşky we içki gurşawynyň aýratynlyklarynyň edýän täsirini hasaba almagyň elementleriniň özara baglanyşygyndan durýan ulgamlaýyn çemeleşmeden peýdalanmaly.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak ulgamynyň hereket edişiniň netijeliligi onuň guralyşyna baglydyr. Degişlilikde, edara şulary göz öňünde tutmalydyr:

• bankyň gurluş düzüminde göterim töwekgelçiligini dolandyrmak ulgamynyň hereket etmegi üçin hemişelik esasda işleýän jogapkär edaranyň bolmagy;

• töwekgelçiligi anyklamak (identifikasiýa etmek), baha bermek, seljermek we töwekgelçilikli ýagdaýlary (pozisiýalary) gönüden-göni döretmek meselelerine degişli ýagdaýlar boýunça ýola goýlan resminamalar dolanyşygynyň bolmagy;

• göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň ähli tapgyrlarynda usullara we düzgünlere düşünmek we berjaý etmek;

• göterim töwekgelçiligini dolandyrmak işine çekilen birlikleriň arasynda takyk özara baglanyşygyň bolmagy, şeýle hem töwekgelçilige baha bermek, seljermek we töwekgelçilikli ýagdaýlary döretmek boýunça işgärleriň borçlaryny bölüşdirmek;

• täze gurallaryň we önümleriň peýda bolmagyna öz wagtynda seslenmek, ol usullara we düzgünlere düzediş girizmekde we şu üýtgemeleri taraplaryň ählisiniň dykgatyna öz wagtynda ýetirmekde ýüze çykýar. Bu bolsa iş ýüzünde işgärler tarapyndan syýasatlara we düzgünlere doly düşünilmegini we berjaý edilmegini üpjün etmäge mümkinçilik berýän awtomatlaşdyrylan ulgamlaryň bolmagyny, şeýle hem zerur bolan maglumatlaryň degişli işgärleriň dykgatyna ýetirilmegini göz öňünde tutýar;

• işgärleriň mümkin bolan ýalňyşlaryna, geleňsizligine we sowuk-salalygyna gözegçilik etmek.

Ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň häzirki zaman derejesi telekeçilik işleri guralýan we dolandyrylýan mahalynda modelleşdirmegiň zerurlygyna we netijeliligine şübhelenmäge mümkinçilik bermeýär.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak işini modelleşdirmek şu tapgyrlardan durýar:

1. Logiki modeli – onuň elementleriniň özara hereketiniň logikasyny beýan edýän modeli gurmak. Ol bankda bolup geçýän işlere gatnaşýanlary we olaryň özara gatnaşygyny kesgitlemek bilen, şol işleriň beýanyny resmileşdirmäge mümkinçilik berýär.

2. Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak işiniň logiki modelini jikme-jikleşdirýän maglumat modelini gurmak. Bu ýerde bankyň

145.0 x 215.0 mm

içindäki keseleýin we dikleýin kommunikasiýalar (maglumat akymlary), olary işläp geçmegiň häsiýeti we şol işi amala aşyrýan ýerine ýetirijiler beýan edilýär;

3. Funksional modelleşdirmek – göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň barşynda amala aşyrylýan amallaryň (funksiýalaryň) sanawy düzülýär we olaryň bir bitewi işiň bolmagyny şertlendirýän özara baglanyşygy görkezilýär;

4. Guramaçylyk taýdan modelleşdirmek – birlikleriň tabynlyk gurluş düzümi getirilýär, olaryň ygtyýarlyklary we borçlary beýan edilýär;

5. Ykdysady kanunlaryň esasynda we bankyň işi baradaky maglumatlaryň kömegi bilen matematiki-logiki model düzülýär, ol karz edarasynyň işiniň dürli görkezijileriniň depginini we baglanyşygyny beýan edýär.

Dolandyryş işiniň beýleki jähetleri bilen utgaşdyrmak modelleriniň ählisiniň peýdalanylmagy bankda göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň aňrybaş netijeliligini gazanmaga mümkinçilik berýär.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň logiki modeli şu görnüşde görkezilip bilner *(7-nji surat)*.




**7-nji surat. Göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň logiki modeli**

7-nji suratdan görnüşi ýaly, göterim töwekgelçiligini dolandyryş ulgamy aşakdaky birnäçe kiçi ulgamlardan durýar:

• strategik dolandyryş (dolandyryş ýörelgeleriniň kesgitlenýän derejesi, onuň çäklerinde görkezijiler we tertipler işlenip taýýarlanýar);

• seljeriş kiçi ulgamy (göterim töwekgelçiligini dolandyrmak boýunça çözgütleri kabul etmek işi);

• ýerine ýetiriş kiçi ulgamy (göterim töwekgelçiligini dolandyrmak boýunça çäreler baradaky çözgütleri ýerine ýetirmek maksady bilen maglumatlary toplamak, gönüden-göni amallary amala aşyrmak).

Logiki modeli peýdalanmak bilen dolandyryş tertibini tertipleşdirmegiň görnüşlerini, göterim töwekgelçiligini dolandyrmak boýunça çözgütleri kabul etmek işini, şeýle hem göterim töwekgelçiligini dolandyrmak boýunça çözgütleri kabul etmek we ýerine ýetirmek işine gatnaşýan birlikleri görkezilýär *(8-nji surat)*.

Bankyň birlikleriniň özara hereket etmeginiň tertibi şu görnüşdedir;

• çökgünlik ýagdaýlarynda göterim töwekgelçiligini dolandyrmak boýunça görkeziji;

• göterim töwekgelçiligini dolandyrmak üçin zerur bolan maglumaty bermegiň görnüşleri;

• ony dolandyrmak boýunça dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin göterim töwekgelçiligine berlen bahanyň netijelerini bermegiň görnüşleri;

• dolandyryş çözgütlerini bellige almagyň görnüşleri;

• göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamy.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak işi şulary öz içine alýar:

• göterim töwekgelçiligine berilýän şu wagtky bahany;

• göterim töwekgelçiligini dolandyrmak boýunça dessin çözgütleriň kabul edilmegini;

• göterim töwekgelçiligini iň pes derejä düşürmek boýunça çözgütleriň ýerine ýetirilmegini, çäreleriň amala aşyrylmagyny;

• göterim töwekgelçiligini dolandyrmak boýunça strategik çözgütleriň kabul edilmegini;

• bankda göterim töwekgelçiligini dolandyrmagy düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy resminamalaryň işlenip taýýarlanmagyny;

145.0 x 215.0 mm

• göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň barşyna gözegçilik etmegi.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak işine gatnaşýan guramaçylyk birlikleri aşakdaky ýalydyr:

• karz edarasynyň ýolbaşçylary;
• töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça komitet;
• meýilnama-ykdysadyýet birligi;
• göterim töwekgelçiligine baha beriş we seljeriş bölümi;
• içerki gözegçilik gullugy;
• bankyň beýleki birlikleri.




**8-nji surat. Göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň maglumat modeli**

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmagy üpjün edýän maglumat modeliniň emele getirilmegine täsir edýän esasy resminama banky ösdürmegiň ýörelgesi bolup durýar. Ýokarda getirilen shemada *(8-nji surat)* şunuň ýaly resminama «Bankyň göterim töwekgelçiligini dolandyrmak ýörelgesi» diýlip görkezilýär.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak wezipeleriň iki toplumynyň çözülmegini göz öňünde tutýar: bir tarapdan, bankyň töwekgelçiligiň öwrenilýän görnüşine gatnaşma derejesi babatynda strategik çözgütler (strategik kiçi ulgam) işlenip taýýarlanmalydyr, beýleki tarapdan, göterim töwekgelçiligini netijeli dolandyrmak gündelik çäreler ulgamynyň (dessin kiçi ulgam) üstünden durmuşa geçirilýär.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň strategik we dessin kiçi ulgamlarynyň özara baglanyşygy düzüm elementlerine we olaryň kommunikasiýasyna jikme-jik seljerme geçirilen mahalynda has aýdyň bolar.

Görkezilen iki derejäniň her biri *9-njy – 10-njy suratlarda çyzgy* (shema) görnüşinde getirilýär.

Aşakda getirilen funksional model bu işi (prosesi) strategik derejede üpjün etmek boýunça wezipeleriň we funksiýalaryň ierarhiýasyny (basgançagyny) aýdyň beýan edýär. Başlangyç bilen ýolbaşçylar çykyş etmelidir, olar bankyň işiniň maksatlaryna esaslanyp we konýunktura baradaky maglumatlary peýdalanmak bilen, onuň ýörelgesini emele getirýärler. Şu resminamada, hususan-da, bankyň maksatlary, strategik wezipeleri ýazylyp görkezilýär, şeýle hem bankyň işiniň girdejililiginiň we töwekgelçiligiň deňagramly ýagdaýa getirilýän mahalynda ileri tutma koeffisiýenti kesgitlenilýär.

Soňky tapgyrda bankyň wezipesine maliýe menejmenti babatynda möhüm çözgütleri kabul etmek girýän kollegial edarasy şu karz edarasynyň töwekgelçilikler, şol sanda göterim töwekgelçiligi babatynda ýörelgesini tassyklaýar.

Kollegial edara tarapyndan kabul edilen maliýe ýörelgesi, şeýle hem beýleki bankiçi kadalaşdyryjy resminamalardan gelip çykýan ýörelgeler nobatdaky ädim üçin – şu täjirçilik bankynda göterim töwekgelçiligini dolandyrmagy düzgünleşdirýän görkezijileri işläp taýýarlamagy guramak üçin gollanma bolup durýarlar. Görkezilen görkeziji bankyň ýolbaşçylary tarapyndan tassyklanýar, bu bolsa ony şu işe gatnaşýanlaryň ählisi üçin hereket etmegiň hökmany gollanmasyna öwürýär.




**9-njy surat. Bankda göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň funksional modeli (strategik dereje)**

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak babatynda strategik çözgütleri kabul etmek ulgamynyň aňrybaş netijeliligini gazanmak üçin

145.0 x 215.0 mm

onda gaýdymlaýyn aragatnaşyk ýaly element hökmany ýagdaýda bolmalydyr. Bu aşakda getirilýän shemada *(10-njy surat)* karz edarasynyň birliklerinden gelip gowuşýan teklipler boýunça gollanma resminamalaryna üýtgetmeler girizmek boýunça wezipeleri görkezýän iki toplum görnüşinde öz beýanyny tapdy.




**10-njy surat. Bankda göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň funksional modeli**

Dessin dolandyryşyň derejesi (dessin kiçi ulgam) – göterim töwekgelçiliginiň strategik derejede bellenen çägini berjaý etmek

145.0 x 215.0 mm

maksady bilen, bankyň aktiw we passiw amallarynyň ölçeglerini (parametrlerini) üýtgetmek boýunça anyk tabşyryklardyr *(10-njy surat)*.

10-njy suratda dessin dolandyryşy öz gezeginde üç bölüme (bloga) bölüp bolýandygy görünýär: göterim töwekgelçiligi boýunça çözgütleri kabul etmek, dessin dolandyryş gözegçiligi we bankda göterim töwekgelçiligini dolandyrmagy düzgünleşdirýän usulyýetleri we görkezijileri amatly etmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamak.

Agzalan bölümleriň (bloklaryň) soňkusy babatynda mesele ýüze çykmaýar, ýöne beýleki ikisine giňişleýin seretmek gerek.

Dolandyryşyň möhüm elementleriniň biri hem kabul edilýän çözgütleriň dogrulygyna gözegçilik etmek bolup durýar. Bu kiçi ulgam iki düzüm bölekden emele gelýär: barlaglary geçirmek we düzgün bozmalar ýüze çykarylan halatynda jerime çärelerini ulanmak. Barlag garaşsyz içerki gözegçilik gullugy tarapyndan amala aşyrylmalydyr. Şunuň ýaly birligiň bellibir derejedäki garaşsyzlygy barlaglar geçirilende obýektiwligi ýokarlandyrmaga hyzmat edýär, onuň barşynda barlagçylar ýerine ýetiriji birlikler tarapyndan bankda hereket edýän düzgünnamalaryň we görkezijileriň berjaý edilişine syn edýärler. Içerki gözegçilik gullugy ýolbaşçylara hasabat berýär, olar bolsa barlaglaryň netijeleri boýunça jerimeleri ulanmak barada çözgüt çykararlar. Gözegçilik ulgamynyň bolmagy bankda işlenip taýýarlanýan görkezijileriň täsirliligini üpjün eder we onuň girdejilerini we tölege ukyplylygyny orta dolandyryş derejesiniň ýalňyş çözgütlerinden gorar.

Indi bolsa dessin dolandyryş işiniň (prosesiniň) özüne seredeliň. Shemada açyk görkezilişi ýaly, ol gurulýan mahalynda dolandyryş ulgamyny gurmagyň birnäçe umumy ýörelgeleri hem, göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň aýratynlygy hem nazara alynmalydyr. Görkezilen düzgünler şularda öz beýanyny tapýar. Bir tarapdan dolandyryş çözgütlerini kabul etmek bellibir yzygiderlilik görnüşinde amala aşyrylýar (şertlere baha bermek, başlangyç maglumatlary seljermek, laýyk çözgütleri kabul etmek). Beýleki tarapdan çözgütleri kabul etmek ulgamynda göterim töwekgelçiligine seljermäniň netijelerini bankyň maliýe işiniň beýleki ölçeglerini (parametrlerini)

umumylaşdyrmak we dolandyryş çözgüdini çykarmak ýaly element bardyr. Göterim töwekgelçiligi töwekgelçiligiň öz işiniň barşynda täjirçilik bankynyň gabat gelýän beýleki görnüşleri bilen ýakyndan baglydyr. Şu ýagdaýy hasaba alanyňda göterim töwekgelçiligi boýunça çözgüdiň bankyň beýleki ähli maliýe görkezijileriniň täsirini hasaba almak bilen kabul edilmelidigi aýdyň bolar.

## 4.3. Göterim töwekgelçiliginiň derejesine we ony dolandyrmagyň hiline baha bermäge usuly çemeleşmeler

Göterim töwekgelçiligine baha bermek deňagramly bolmadyk likwidliligi, hyzmatlar üçin tölegleriň bankyň göterim möçberleriniň üýtgeýşine duýgur bolan girdejilerine edip biljek mümkin bolan täsirini hejirlemek ýörelgesi bilen baglydyr.

Göterim töwekgelçiligine baha bermek geçirilende geljekde ýüze çykyp biljek töwekgelçiligiň özüne (ýagny, hasaplanyp ýazylan girdejilere edýän täsirine) hem, onuň bankyň maýasynyň bazar gymmatyna edýän täsiriniň netijelerine hem üns berilmelidir. Anyk bazar bukjalaryna (gymmatly kagyzlaryň daşary ýurt puly, söwda bukjasy) täsir edýän baha töwekgelçiliginden tapawutlylykda, göterim töwekgelçiligi öňde duran hasaplap ýazmalarda (mysal üçin, üzmäge degişli gymmat hasaba alnanda) jemlenýär.

Baha bermegi geçirmegiň barşynda şu ölçeglere (kriterilere) üns berilmelidir:

- arassa göterim maržanyň möçberiniň durnuklylygyna;
- göterim töwekgelçilikleriniň aýratyn (hususy) we umumy derejelerine (aktiwlere we passiwlere gaýtadan baha bermegi geçirmegi, binýatlyk töwekgelçilikleri, girdejililigiň egri çyzygyny we opsion töwekgelçilikleri goşmak bilen);
- göterim derejeleriniň düýpli üýtgemeginiň täsirine girdejileriň we maýalaryň baglylygyna, mysal üçin, olaryň yzygiderli üýtgemeginiň ýa-da girdejililigiň egri çyzygynyň gyşarmagy netijesinde;
- töwekgelçiligiň häsiýetine, mysal üçin, edilýän hyzmatlaryň möçberiniň we gymmatynyň duýgurlygy;

145.0 x 215.0 mm

• töwekgelçilik ýagdaýlarynyň (pozisiýalarynyň) toplumlaýyn häsiýetine, mysal üçin, emläk bilen geleşigiň müşderisine bagly, degişli bukjany emele getirýän hyzmatlaryň üýtgeýän gymmaty we ş.m.;

• serişdeleriň gymmat bolmadyk we durnukly çeşmelerine, aýratyn hem üzülmeli möhleti dolmadyk depozitlerden wagt boýunça dowamly gelip gowuşmalar üçin bellibir möçber we geljekki ýagdaý.

Bu ölçegler (kriteriler) göterim töwekgelçiligine baha bermegi şu derejelere laýyklykda geçirmäge mümkinçilik berer:

1) ýokary – aktiwlere we passiwlere gaýtadan baha bermekde düýpli töwekgelçilik, binýatlyk töwekgelçiligiň ýokary derejesi, girdejililigiň egri çyzygynda kabul ederlikli bolmadyk töwekgelçilik ýa-da opsion töwekgelçiliginiň derejesi barada ýüze çykarylan anyk maglumatlar şaýatlyk edýär. Laýyk gelmeýän ýagdaýlarda (pozisiýalarda) wagt boýunça uzak aralyklaryň bardygy bellenýär, olary hejirlemek gymmata düşýär. Girdejileriň we maýanyň üýtgäp durma ähtimallygy göterim möçberleriniň düýpli üýtgeýändigi sebäpli ýokary bolar diýip çak edilýär;

2) ortaça – ýüze çykarylan anyk maglumatlar umumylykda alnanda göterim töwekgelçiliginiň ähli görnüşleriniň (gaýtadan baha bermek töwekgelçiligi, binýatlyk töwekgelçilik we opsion töwekgelçilik) gözegçilik edilýän çäklerde saklanýandygyna şaýatlyk edýär. Ýagdaýlaryň (pozisiýalaryň) laýyk gelmezligi uzak möhletli bolup biler, ýöne hejirleme netijeli amala aşyrylýar. Göterim möçberlerinde üýtgemeler sebäpli girdejilerde ýa-da maýada düýpli üýtgemelere garaşylmaýar;

3) pes – ýüze çykarylan anyk maglumatlar ujypsyz göterim töwekgelçiligine (gaýtadan baha bermek we binýatlyk töwekgelçilige we girdejililigiň egri çyzygy töwekgelçiliginiň täsirine pes derejede düşmeklik) şaýatlyk edýär. Opsion ýagdaýlar (pozisiýalar) takyk anyklanylýar (identifikasiýa edilýär) we olara netijeli gözegçilik edilýär. Ýagdaýlaryň (pozisiýalaryň) laýyk gelmezligi gysga möhletlilik bilen häsiýetlendirilýär we onuň göterim möçberleriniň üýtgäp durmalary sebäpli girdejileriň ýa-da maýanyň üýtgemegine getirmek ähtimallygy pes bolup durýar.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň hiline baha bermegiň ölçegleri (kriterileri) dört topara birikdirilip bilner: syýasat, iş (proses), işgärler we gözegçilik ulgamy.

8. Sargyt № 3120

145.0 x 215.0 mm

Karz edarasynyň hiline baha bermek, hususan-da, aşakdakylary göz öňünde tutýar:

• jogapkärçiligiň we hasabata degişliligiň paýlanmagyny, talap edilýän çäklendirmeleriň we ýagdaýlaryň (pozisiýalaryň) görkezilmegini;

• syýasatyň strategik ugur we töwekgelçilige durnuklylyk derejeleri bilen sazlaşdyrylmagyny;

• karz edarasynyň ygtyýarly edarasy tarapyndan tassyklanan syýasatynyň bolmagyny.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň barşyna baha bermek aşakdakylary öz içine alýar:

• syýasaty we geljekki ösüşleri bankyň işgärlerine düşündirmek;

• bankyň syýasaty bilen bellenen çäklendirmeleriň laýyklygyny tassyklamak we monitoring geçirmek;

• dolandyrmak üçin zerur bolan maglumatlaryň öz wagtynda emele getirilmegini we peýdalanylmagyny üpjün etmek;

• göterim möçberleriniň üýtgäp durmalary bilen bagly ähli ähmiýetli çärelerde töwekgelçiligi garaşsyz ölçemek we seljermek, dürli görnüşli hereketleri ulanmak;

• töwekgelçilikli ýagdaýlaryň (pozisiýalaryň) maliýe-karz bazarynyň üýtgeýän şertlerine laýyklykda degerli derejede düzgünleşdiriljekdigini, şeýle hem töwekgelçiligiň derejesini çeýe düzgünleşdirmek babatynda ýolbaşçylaryň ýeterlik tejribesiniň bardygyny we bazar maglumatlarynyň olar üçin elýeterdigini kepillendirmek;

• bank maglumatlarynyň takyklygyna, dolulygyna we bitewiligine gözegçilik;

• düzülýän çaklamalaryň esaslandyrylandygyny we adalatlydygyny barlamak;

• tassyklamak üçin garaşsyz modeller we beýleki ölçeg gurallary.

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmaga gatnaşýan işgärleriň derejesine baha bermek aşakdakylary göz öňünde tutýar:

• seljerme geçirmegiň we baha bermegiň strategik ugurlaryna, töwekgelçiligiň gelip çykyşyna, töwekgelçilige durnuklylygyň çäklerine, şeýle hem bankyň syýasatyna düşünilmegini;

• edilýän hyzmatlaryň çylşyrymlylygyna baglylykda, tehniki we (ýa-da) dolandyryş başarjaňlygynyň ýüze çykarylmagyny;

145.0 x 215.0 mm

• töwekgelçiligiň gündelik we çaklanylýan derejelerini hasaba almak bilen, işgärleriň sanynyň we hünär derejesiniň ýeterlik bolmagyny;

• gaýtadan taýýarlyk geçmäge, hünär derejesini ýokarlandyrmaga we okuw maksatnamalaryna gatnaşmaga taýýarlygyň ýüze çykarylmagyny;

• menejmentiň maksatnamasyny netijeli durmuşa geçirmäge taýýarlagyň ýüze çykarylmagyny;

• karz bukjasyny seljermek we audit geçirmek ýaly gözegçilik funksiýalaryny ýerine ýetirýän işgärleriň garaşsyzlygyna, tejribesine we baş çykaryjylygyna kepillendirmeleriň bolmagyny.

Göterim töwekgelçiligine gözegçilik ulgamynyň häsiýetnamasy – bu:

• ýolbaşçylar üçin takyk we doly maglumatlaryň öz wagtynda berilmegini üpjün etmekdir;

• syýasata we amal düzgünlerine laýyklykda garaşsyz we netijeli gaýdymlaýyn aragatnaşygyň bolmagydyr.

Gözegçilik ulgamy bankyň işiniň çylşyrymlylyk derejesine laýyk gelmelidir we iň bolmanda, içerki we daşarky auditiň kömegi bilen çärelere baha bermegi öz içine almalydyr.

Şu maglumatlara syn bermeklik aşakdaky yzygiderliklere (gradasiýalara) laýyklykda göterim töwekgelçiligini dolandyrmagyň hilini kesgitlemäge mümkinçilik berýär:

1) pes – jogapkär adamlar göterim töwekgelçiliginiň esasy jähetlerine düşünmeýärler ýa-da olara ähmiýet bermezligi ileri tutýarlar. Ýolbaşçylar üýtgeýän bazar şertlerine degerli derejede seslenmek üçin zerur bolan çäreleri görmeýärler ýa-da öz wagtynda görmeýärler.Göterim töwekgelçiligi babatynda degişli bilimler diňe edaranyň işgärleriniň örän az sanlysynda jemlenip biler. Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak işi doly derejede däl. Balans we balansdan daşary maddalaryň bellibir möçberi we çylşyrymlylygy bilen deňeşdirilende dolandyryş işiniň özi örän ýüzleý bolup durýar. Edaranyň dürli derejelerindäki dolandyryş maglumatlarynda ep-esli kemçilikler aýdyň görünýär. Gurluş häsiýetli çäklendirmeler esasly däl ýa-da girdejiler we maýanyň gymmaty üçin töwekgelçiliklere düşünilýändigine

şaýatlyk etmeýär. Töwekgelçiligiň çäklerine monitoring geçirmek we ony ölçemek üçin jogapkär işgärler bank üçin töwekgelçilik bilen bagly çözgütleri kabul edýän işgärlerden garaşsyz bolup durmaýarlar;

2) kabul ederlikli – jogapkär adamlar göterim töwekgelçiliginiň esasy jähetlerine oýlanyşykly garaýarlar. Ýolbaşçylar üýtgeýän bazar şertlerine laýyk seslenýärler. Edaranyň degişli derejelerinde göterim möçberi bilen baglanyşykly töwekgelçiliklere düşünýärler. Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak işiniň (prosesiniň) özi ýagdaýa laýyk gelýär diýlip hasap edilip bilner. Ölçemegiň serişdelerinde we usullarynda ujypsyz ýetmezçilikler bolup biler, ýöne olar bankyň balans we balansdan daşary maddalarynyň möçberine hem-de çylşyrymlylygyna laýyk gelýär. Guramanyň dürli derejelerindäki dolandyryş maglumatlary köp babatda öz wagtyndaky, takyk, doly we ygtybarly maglumatlar hökmünde häsiýetlendirilýär. Gurluş häsiýetli çäklendirmeler, göterim möçberleriniň üýtgemeginiň köpdürli kesgitli we esaslandyrylan görnüşlerini (wariantlaryny) hasaba almak bilen, girdejiler we maýanyň ykdysady gymmaty nukdaýnazaryndan töwekgelçilige gözegçilik etmegiň talaplaryna laýyk gelýär. Töwekgelçiligiň çäklerine monitoring geçirmek we ony ölçemek üçin jogapkär işgärler bank üçin töwekgelçilik bilen bagly çözgütleri kabul edýän işgärlerden garaşsyz bolup durýarlar;

3) ýokary – jogapkär adamlar göterim töwekgelçiliginiň ähli jähetlerine doly düşünýärler. Ýolbaşçylar bazar şertlerindäki üýtgemeleri öňünden görýärler. Guramanyň degişli derejelerinde göterim töwekgelçiligine gowy düşünýärler. Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak işi (prosesi) peýdaly hem-de netijeli bolup durýar. Töwekgelçiligi ölçemegiň serişdeleri we usullary göterim möçberleriniň köpdürli kesgitli we esaslandyrylan görnüşlerini (wariantlaryny) hasaba almak bilen, peýdaly we öz wagtyndaky maglumatlaryň berilmeginiň hasabyna çözgütleri kabul etmek işini gowulandyrýar. Gowşak ýerleri ýa-da ýetmezçilikler ýok, ýa-da olar örän az. Edaranyň dürli derejelerindäki dolandyryş maglumatlary öz wagtyndaky, takyk, doly we ygtybarly maglumatlar hökmünde häsiýetlendirilýär. Gurluş häsiýetli çäklendirmeler göterim möçberleriniň üýtgemeginiň kesgitli we esaslandyrylan dürli görnüşlerinde girdejiler we maýanyň ykdysady gymmaty üçin töwekgelçilige degişli takyk düşünje almaga mümkin-

çilik berýär. Töwekgelçiligiň çäklerine monitoring geçirmek we ony ölçemek üçin jogapkär işgärler bank üçin töwekgelçilik bilen bagly çözgütleri kabul edýän işgärlerden garaşsyzdyrlar.

## 4.4. Göterim töwekgelçiliginiň derejesine baha bermegiň usullary

Göterim töwekgelçiligini dolandyrmak bankyň aktiwleriniň hem-de borçnamalarynyň gurluşyny, möhletlerini we bahasyny dolandyrmagy öz içine alýar. Dolandyryşyň şunuň ýaly aýratynlyklary onuň birinjiden, likwidlilik talaplary we bankyň aktiwleriniň bukjasynyň töwekgelçiligi, ikinjiden, beýleki banklar tarapyndan baha bäsleşiginiň bolmagy bilen çäklendirilendiginden ybaratdyr. Borçnamalary dolandyrmak bankyň islendik wagtda öz goýumçylaryndan we karzdarlaryndan serişdeleri çekmek üçin üstünlikli peýdalanyp biljek bergi borçnamalaryny saýlap almakdaky we onuň görnüşlerindäki çäklilik, çekilýän serişdeler üçin beýleki banklar, şeýle hem bank däl karz edaralary tarapyndan baha bäsleşiginiň bolmagy bilen kynlaşýar.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, bank işiniň göterim töwekgelçiliginiň täsirine düşüjiligi, esasan, aktiwleriň we passiwleriň bazarda göterim möçberleriniň üýtgeýşine duýgurlygyna baglydyr. Amaly işde karz edaralarynyň menejmenti göterim möçberleriniň üýtgemeginiň arassa göterim girdejisine edýän täsiriniň derejesini kesgitlemek üçin dürli modelleri peýdalanýar. Şular ýaly modelleriň arasynda esasy üç modeli görkezip bolar:

1) GAP-model;
2) meňzedip (imitasiton) modelleşdirme;
3) dýurasiýa.

**Aralyklar (bölünmeler) usuly** *(GAP-seljeriş)*. GAP-seljerişiň düýp manysy aktiwleriň, passiwleriň we balansdan daşary ýagdaýlaryň (pozisiýalaryň) bellibir ölçeglere (kriterilere) laýyklykda bellenen wagt diapazony boýunça seljerme üçin bölünmeginden ybaratdyr. GAP – bazarda göterim möçberleriniň üýtgemegine duýgur aktiwler (RSA) bilen passiwleriň (RSI) arasyndaky tapawutdyr (GAP – iňlisçe «bölünme, aralyk» diýmek).

145.0 x 215.0 mm

Duýgur aktiwlere (RSA) şular degişlidir:

• gysga möhletli gymmatly kagyzlar;

• BAK;

• üýtgeýän göterim möçberi şertlerinde berlen karzlar;

• göterim möçberlerine gaýtadan seredilmeli möhlet göz öňünde tutulan şertnamalaryň şertleri boýunça berlen karzlar.

Göterim töwekgelçiligine duýgur borçnamalar (RSI):

• üýtgeýän göterim möçberi bolan depozitler;

• olar boýunça üýtgeýän göterim möçberi bellenen gymmatly kagyzlar;

• BAK (bankara karz);

• olaryň şertleri boýunça göterim möçberine gaýtadan seredilmeli möhlet göz öňünde tutulan depozit şertnamalary.

RSA we RSI göterim möçberiniň üýtgeýşini duýgurlygyň derejesi boýunça tapawutlandyrmak zerurdyr (BAK, gysga möhletli gymmatly kagyzlaryň 100% duýgurlygy bardyr; degişlilikde, karz bukjasynyň duýgurlygy pes bolýar).

Gurluş likwidliligini dolandyrmagyň maksady – GAP-yň (aralygyň) kabul ederlikli derejesini, ýagny aktiwleriň/borçnamalaryň üzülmeli möhletleriniň, häzirki ýagdaýy goşmak bilen her bir çaklanylýan döwürde (aý, çärýek, ýyl we ş.m.) borçnamalaryň/aktiwleriň talap ediljek möhletlerinden pes bolan aralygyny gazanmak bolup durýar. Pul akymlarynyň laýyklygynyň konsepsiýasy *(cash matriching)*likwidliligi dolandyrmak üçin esas bolup durýar. Şu ýagdaýda likwidliligiň nola deň bolan aralygy ýa-da nola deň bolan göterim töwekgelçiligi göz öňünde tutulýar. Pul akymlarynyň laýyklygy konsepsiýasy depozit hasaplardaky galyndylaryň karz bergisine deň bolmalydygyny aňlatmaýar. Ol geçirilen GAP-seljerişiň esasynda gelýän pul akymlarynyň gidýän akymlara laýyk getirilmegine gönükdirilendir.

Aralyklar usulynyň ulanylmagy göterim möçberleriniň üýtgemeginiň arassa göterim girdejisine (göterim maržasyna) edýän täsirine mukdar taýdan baha bermegi geçirmäge mümkinçilik berýär.

GAP (aralygy) hasaplamagyň formulasynyň aktiwlerden borçnamalaryň aýrylmagyny göz öňünde tutýandygyny nazara alanyňda, ol ýa oňyn, ýa-da ýaramaz bolup biler.

Ýaramaz GAP bankda göterim möçberlerine duýgur aktiwlere garanyňda passiwleriň köpdügini aňladýar. Degişlilikde, GAP 0-dan pes bolanda we bazardaky göterim möçberleri ýokarlanan mahalynda arassa girdeji azalýar we tersine, göterim möçberleri peselende girdeji köpelýär.

Oňyn GAP bankda göterim möçberlerine duýgur passiwlere garanyňda aktiwleriň köpdügini aňladýar. GAP 0-dan ýokary bolanda we bazardaky göterim möçberleri ýokarlanan mahalynda bank goşmaça girdeji alýar, göterim möçberleri peselende göterim maržasy azalýar. Möçberleriň peselýän wagtynda menejeriň hereketleri kesgitli göterim möçberi bolan uzak möhletli aktiwleriň möçberini artdyrmakdan we şol bir wagtda gysga möhletli duýgur passiwleriň möçberini köpeltmekden ybaratdyr. Bu banka disbalansy aradan aýyrmaga we arassa göterim girdejisiniň peselmeginden çekilip bilinjek ýitgileri azaltmaga mümkinçilik berer. Menejerler aktiwleriň we passiwleriň üzülmeli ortaça ölçenen möhletlerini ýakynlaşdyrmaga çalyşmalydyrlar.

Degişlilikde, 0-a deň bolan GAP ýagdaýynda göterim möçberleriniň üýtgemegi arassa göterim girdejisine täsir etmeýär. Emma şeýle ýagdaý diňe çaklanylýan (gipotetiki) ýagdaý bolup durýar, bank hemişe göterim töwekgelçiliginiň täsirine düşme ýagdaýynda bolýar, sebäbi bank aktiwleri we borçnamalary möhletleri boýunça deňeçerlän, göterim möçberlerini bellemegiň birmeňzeş şertlerini kesgitlän halatynda hem onuň müşderileri hemişe şu ýagdaýa üýtgetme getirip bilerler we disbalans ýüze çykar.

Göterim möçberleriniň üýtgemegine duýgur aktiwleriň girdejililik möçberi bilen duýgur däl (kesgitli göterim möçberi bolan) aktiwleriň girdejililik möçberiniň arasyndaky gatnaşygyň üýtgän mahalynda bankyň arassa göterim girdejisiniň hem üýtgejekdigini göz öňünde tutmak gerek. Göterimleri tölemek boýunça girdejiler bilen serişdeleriň çekilýän möçberiniň arasyndaky gatnaşygyň üýtgäp durmagy, şeýle hem «işlemeýän» aktiwler bilen göterimsiz passiwleriň ululygynyň üýtgemegi göterim maržasyna täsir edýär. Şunuň bilen baglylykda, GAP-seljeriş geçirilende aktiwiň we borçnamanyň her bir görnüşini oňa gaýtadan baha berlen senesine, şeýle hem wagt aralyklaryna laýyklykda toparlara bölmek maksadalaýyk bolar.

GAP-seljerişi göterim möçberleriniň ozalky üýtgemeleriniň täsirine, aktiwleriň möçberine, bukjanyň düzümine ýa-da arassa göterim girdejisine baha bermek üçin peýdalanyp bolýandygyny belläp geçmek gerek. Mysal üçin, ABŞ-da köp banklar arassa girdejä geçirilen seljermäni özleriniň paýdarlary üçin ýyllyk hasabatlaryna goşýarlar. Bu ýagdaý göterim möçberleriniň, balansyň aýry-aýry maddalarynyň möçberleriniň, onuň gurluşynyň arassa girdejä edýän täsirini düşündirýär.

GAP dolandyrmagyň şu ýörelgelerini görkezip bolar:

1) möçberleri, möhletleri, hojalygyň sektorlary boýunça diwersifikasiýa edilen aktiwler bukjasyny goldamak we bazarda ýeňil ýerläp boljak karzlary we gymmatly kagyzlary mümkin boldugyça köp saýlap almak;

2) aktiwleriň we passiwleriň her bir kategoriýasy üçin, işewürlik tapgyrynyň her bir döwri üçin amallaryň ýörite meýilnamalaryny işläp taýýarlamak, ýagny çözgütleriň dürli görnüşlerine seretmek (mysal üçin, göterim möçberleriniň şu wagtky derejesinde dürli aktiwler we passiwler hem-de möçberleriň hereketiniň meýillerindäki üýtgemeler bilen nähili iş geçirmeli);

3) möçberleriň hereket edýän ugrunyň her bir üýtgeýşi göterim möçberleriniň täze tapgyrynyň başlanmagy bilen baglanyşdyrylmaly däldir.

Aýlanyşyk döwrüniň dürli tapgyrlarynda şu hereketler ýerine ýetirilmelidir.

**Birinji tapgyr** (pes göterim möçberleri, ýakyn geljekde olaryň ýokarlanmagyna garaşylýar):

➢ karz serişdeleriň üzülmeli möhletlerini uzaltmaly;

➢ kesgitli möçberi bolan karzlaryň mukdaryny azaltmaly;

➢ bukjanyň gurluşyny üýtgetmegiň hasabyna gymmatly kagyzlar bukjasynyň möhletlerini gysgaltmaly;

➢ gymmatly kagyzlary satmaly;

➢ uzak möhletli karzlary çekmek üçin çäre görmeli;

➢ täze karz ugurlaryny açmaly däl.

**Ikinji tapgyr** (ýokarlanýan göterim möçberleri, ýakyn geljekde aňrybaş derejä ýetmegine garaşylýar):

➢ karz serişdeleriň möhletlerini gysgaltmagyň hasabyna aktiwleriň möhletliligini üýtgetmeli;

➢ maýa goýumlaryň möhletlerini artdyrmaly;

➢ kesgitli göterim möçberi bolan karzlaryň paýyny artdyrmaga taýýarlyk görmeli;

➢ gymmatly kagyzlara goýulýan maýa goýumlary artdyrmaga taýýarlyk görmeli;

➢ kesgitli göterim möçberi bolan bergileri möhletinden öň üzmek mümkinçiligine seretmeli.

**Üçünji tapgyr** (ýokary göterim möçberleri, ýakyn geljekde olaryň peselmegine garaşylýar):

➢ karz serişdeleriň möhletlerini gysgaltmaly;

➢ kesgitli göterim möçberi bolan karzlaryň paýyny artdyrmaly;

➢ gymmatly kagyzlar bukjasynyň möhletlerini artdyrmaly;

➢ geljekde aktiwleriň bir bölegini satmagy göz öňünde tutmaly;

➢ müşderiler üçin täze karz liniýalarynda ünsi jemlemeli.

**Dördünji tapgyr** (pese gaçýan göterim möçberleri, ýakyn geljekde aňrybaş derejä ýetmegine garaşylýar):

➢ karz serişdeleriň möhletlerini uzaltmaly;

➢ maýa goýumlaryň möhletlerini gysgaltmaly;

➢ üýtgeýän möçberi bolan karzlaryň paýyny artdyrmaly;

➢ gymmatly kagyzlara goýulýan maýa goýumlary azaltmaly;

➢ kesgitli möçberi bolan aktiwleri bölekleýin satmaly;

➢ kesgitli möçberi bolan uzak möhletli bergileri meýilnamalaşdyryp başlamaly.

Şunuň bilen birlikde möhletler boýunça aralyklar usulyndan seresaply peýdalanmaly, sebäbi ol üç sany ýalan esaslarda gurulýar.

Birinjiden, görkezijiler bilen bagly düýpli meseleler bar. Mysal üçin, karzlar möçberler babatynda näderejede duýgur bolup durýarlar? Bank möçberleriniň üýtgeýşiniň näderejede ýygy bolup geçýändigine ynam ýok bolsa, aralygyň we arassa gymmatyň ölçegleri karzlaryň möçberleriniň hakyky üýtgän ýagdaýynda talap edilýäne garanyňda başgaça ýerleşdirilmegindäki islendik ýalňyşlary görkezýär. Bu kynçylygy ýeňip geçmek üçin bank binýatlyk möçberleriň ählisiniň duýgurlygyna baha bermelidir.

Ikinjiden, ol göterim möçberiniň üýtgeýän wagty göterim töwekgelçiliginiň iň möhüm şerti bolup durýar diýen pikirden ugur alýar. Hakykatdan bolsa, möçberleriň üýtgeýän wagty diňe arassa göterim girdejisini üýtgetmek üçin mümkinçilik döredýär.

Üçünjiden, ol häzirki döwürde ähli aktiwler we borçnamalar boýunça göterim möçberleri şol bir ugurda şol bir ululykda üýtgär diýen pikirden ugur alýar.

Karz edarasynyň geleşikleriniň degerli böleginiň tamamlanmandygyny nazara almak bilen, menejment GAP (aralygy) möhletleri boýunça hasaplamalydyr, bu geljekde arassa göterim maržasynyň peselme töwekgelçiligine baha bermäge, bankyň göterim töwekgelçiligi babatda ýörelgesine baha bermäge mümkinçilik berýär. Şu maksat bilen, menejment hasabatlylygyň görnüşlerini kesgitlemelidir, şolaryň esasynda bolsa şunuň ýaly seljermäni geçirip bolar *(15-nji, 16-njy tablisalar)*.

Möhletler boýunça aralygy dolandyrmak bitarap pozisiýanyň, ýagny aktiwleriň we borçnamalaryň deňliginiň durnukly girdejini kepillendirmelidigini göz öňünde tutýar. ABŞ-da geçirilen ylmy barlaglaryň netijeleri möhletlerdäki aralygyň bitarap pozisiýasynyň ýokarda beýan edilen iki ýagdaýlaryň hereketi sebäpli göterim möçberinden alynýan girdejiniň durnuksyz derejesini bermeginiň ähtimallygyny görkezdi.

Şeýle hem möhletler boýunça aralygy dolandyrmak girdejileriň gaýtadan maýa goýuma gönükdirilip biljekdigini hasaba almaýar. Bellibir şertlerde gaýtadan maýa goýuma gönükdirmek arassa göterim girdejisiniň üýtgemegine degerli täsir edip biler.

Mundan başga-da, GAP-seljerişiň aşakdaky ýaly konseptual ýetmezçilikleri bardyr.

Birinjiden, göterim möçberleriniň göterim maržasyna we bankyň peýdasyna edýän täsiri aktiwleriň we passiwleriň diňe bazarda göterim möçberleriniň üýtgeýşine duýgur bölegi babatynda geçirilýär.

Ikinjiden, GAP-seljeriş arkaly bankyň maýasynyň ýitgilerine baha berip bolmaýar.

145.0 x 215.0 mm

*15-nji tablisa*

**Aktiwleriň we passiwleriň duýgurlyk möhleti boýunça hasabaty, %**

| Makalanyň ady | Duýgur | | | | | | Duýgur däl | Umumy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 1-7 gün | 8-30 gün | 31-90 gün | 91-180 gün | 181-365 gün | 1 ýyldan ýokary | | |
| Gymmatly kagyzlar | | 1,0 | 4,0 | 0,7 | 3,8 | - | | 9,5 |
| Kooperatiw gymmatly kagyzlar | | | 1,9 | 2,8 | 2,2 | 7,6 | - | 9,5 |
| Bankara karzlar | 0,8 | 5,0 | 8,0 | - | - | - | - | 13,8 |
| Müşderileri üçin karzlar | 6,3 | 14,3 | 1,9 | - | - | - | 20,0 | 42,5 |
| Işlemeýän aktiwler | | | | | | | 14,7 | 14,7 |
| Umumy aktiwler | 7,1 | 20,3 | 15,8 | 3,5 | 6,0 | 7,6 | 34,7 | 100,0 |

| Makalanyň ady | Duýgur | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 1-7 gün | 8-30 gün | 31-90 gün | 91-180 gün | 181-365 gün | 1 ýyldan ýokary | Duýgur däl | Umumy |
| Talap edilýänçä depozitler | 16,7 | - | - | - | - | - | - | 16,7 |
| Möhletli depozitler | 2,8 | 6,0 | 18,0 | 17,0 | 3,0 | 2,9 | - | 49,7 |
| Fiziki şahslaryň goýumlary | | | | | 7,4 | 1,9 | - | 9,3 |
| Duýgur passiwler | | | | | | | | 78,5 |
| Paýdar maýasy | | | | | | | 21,5 | 21,5 |
| Umumy passiwler | 19,5 | 6,0 | 18,0 | 17,0 | 10,4 | 4,8 | 21,5 | 100,0 |
| Üzňelik (deň gelmezligi) | -12,4 | +14,3 | -2,2 | -13,5 | -4,4 | +2,8 | | |

145.0 x 215.0 mm

*16-njy tablisa*

**Ýerine ýetirmeginiň möhleti boýunça aktiwleriň we borçnamalaryň duýgurlygynyň GAP-seljermesi, manatda**

| Bankyň balansynyň maddalary | Talap edilýän-çä | 1 gün | 2-7 gün | 8-30 gün | 31-90 gün | 91-180 gün | 181 gün -1 ýyl | 1-3 ý. | 3 ýyldan ýokary | Duýgur däl | Umumy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 |
| Döwletiň bergi borçna-malary | | | | 21 514 | | | | | | | 21 514 |
| Banklardaky serişdeler | 6 488 | | | | | | 6442 | | | | 6 488 |
| Ssudalar | | | 5000 | 8240 | 17600 | 4900 | 13300 | 32000 | 21662 | 179693 | 282 395 |
| Bankara karz-lar | 13969 | 74686 | | | | | | | | | 88 655 |
| Işlemeýän aktiwler | | | | | | | | | | 60458 | 60458 |
| Umumy aktiwler | 20457 | 74686 | 5000 | 29754 | 17600 | 4900 | 19742 | 32000 | 21662 | 240151 | 465952 |

145.0 x 215.0 mm

*16-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Bankyň serişdeleri | 5 006 | 10 008 | | | | | | | | 15 014 | 30 028 |
| Müşderileriň serişdeleri | 1 3 8 226 | | | | | | | | | 5 768 | 143 994 |
| Depozitler | | | 10 351 | | 26 692 | 23 196 | 36 251 | 20 676 | | 60 345 | 177 511 |
| Wekseller | 160 | | | | 8 000 | | 28 | | | 30 172 | 38 360 |
| Hususy maýa | | | | | | | | | | 91 073 | 91 073 |
| Umumy aktiwler | 1 4 3 392 | 10 008 | 10 351 | - | 34 692 | 23 196 | | 20 676 | - | 187 358 | 480 966 |
| GAP | - 1 2 2 935 | 64 678 | -5 351 | 29 754 | -17 092 | -18 296 | -16 537 | 11 324 | 21 662 | | |
| Kumulýatiw GAP | | 58 257 | -63 608 | -33 854 | -50 946 | -69 242 | -85 779 | - 7 4 455 | -52 793 | | |

Aktiwleriň we borçnamalaryň üzülmeli wagt tertibi gurlanda iki esasy mesele ýüze çykýar. Birinjisi – bu bellenen üzülmeli möhleti bolmadyk gurallary wagt aralyklary boýunça ýaýratmagyň (geçirişdirmegiň) laýyk usulyny kesgitlemekdir. Ikinji mesele GAP hasaplamak üçin pul akymlarynyň senesini ýeterlik derejede takyk bellemeýän döwürleri saýlap almak bilen baglydyr.

Getirilen belliklerden emele getirilen ýörelgelerden ýüz öwrülmelidigi gelip çykmaýar. Gürrüň diňe möhletler boýunça aralyklara seljermeleriň üstüniň zerur bolan ýagdaýynda göterim töwekgelçiliginiň beýleki ýagdaýlaryna geçirilen seljerme bilen ýetirilmelidigi barada gidýär.

Adatça, GAP banklar tarapyndan göterim töwekgelçiligini dolandyrmakda iki görnüş peýdalanylýar: töwekgelçiligi hejirlemek üçin we spekulýatiw maksatlarda. Aralyklar (bölünmeler) usulynyň ulanylmagy göterim möçberleriniň üýtgemeginiň arassa göterim girdejisine (göterim maržasyna) edýän täsirine mukdar taýdan baha bermegi geçirmäge mümkinçilik berýär. Şu maksady nazara almak bilen, bu çemeleşme tutuşlygyna bukjanyň gurluşyny seljermek üçin peýdalanylmaýar we diňe golaýdaky netijeleri seljermek bilen çäklenýär, ýagny onuň gysga möhletli häsiýeti bardyr.

GAP esasynda göterim töwekgelçiligine baha bermek daşary ýurt täjirçilik banklary tarapyndan giňden peýdalanylýar, emma şu usuldan peýdalanmagyň geljegi ýokarda gürrüňi edilen ýetmezçilikler sebäpli çäkli bolup durýar.

**Meňzedip modelleşdirme.** Bu usul arassa göterim girdejisiniň we maýanyň bazar gymmatynyň ululygynyň göterim möçberleriniň üýtgäp durmagynyň balansyň gurluşynyň üýtgemegine edýän täsirine düşme derejesini kesgitlemek üçin peýdalanylýar.

Şu usulyň düýp manysy işlenip taýýarlanan meňzetme modeline balansyň häzirki ýagdaýy baradaky maglumatlaryň we göterim möçberleriniň derejesiniň amatly ähmiýetleriniň (menejmentiň berýän bahasyna görä) goşulýandygyndan ybaratdyr. Şu maglumatlaryň esasynda arassa göterim girdejisi kesgitlenýär. Soňra banky ösdürmek babatda dürli çaklamalary we göterim möçberleriniň üýtgeýjiligini hasaba almak bilen çaklama balans düzülýär hem-de arassa göterim girdejisi çykarylýar. Meňzedip seljermegiň esasynda göterim möçberiniň üýtgäp durmagynyň bankyň balansyna we maýasyna edýän täsirine baha bermek geçirilýär.

Meňzedip modelleşdirme menejmentiň işiniň iň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar, emma, gynansagam, az sanly banklar şu usuly iş ýüzünde ulanmakda üstünlik gazanmagy başardylar.

Şu usulyň esasynda goýlan maksada ýetmek üçin:

• şu wagtky balansdan, aktiwleri we borçnamalary üzmegiň we olara gaýtadan baha bermegiň wagt tertibinden ugur almaly;

• bankyň aktiwleri we borçnamalary boýunça serişdeleri çekmek we ýerleşdirmek boýunça hereket edýän möçberleri peýdalanmaly;

• öňde durýan modelleşdirmegiň gorizontyny dogry saýlap almaly (daşary ýurduň tejribesinde bu 6 – 12 – 24 aýa deňdir);

• pul serişdeleriniň akymlaryny olara gaýtadan baha bermegiň, möhletlerini uzaltmagyň we balansyň täze maddalarynyň ýüze çykmagynyň imitirlenendigini hasaba almak bilen çaklamaly.

Hakykata laýyk çaklama maliýe hasabatlylygyny almak maksady bilen menejment, adatça, hasaplar boýunça galyndylaryň meýilnamalaşdyrylýan derejesi, balansyň täze pozisiýalarynyň wagtlaýyn gurluşy, girdejililigiň egri çyzygynyň özüni alyp barşy we girdejililigiň egri çyzygynyň üýtgemegine we täze hasaplara gaýtadan baha berilmegine bagly bolmadyk göterim möçberleriniň derejesi babatynda birnäçe çaklamalary öňe sürýär. Şeýle çaklamalaryň arasynda pul serişdeleriniň boşaýan akymlarynyň gaýtadan maýa goýuma gönükdiriljek ugurlaryna baha bermek ýaly çaklamany aýratyn bölüp görkezmek gerek; täze amallaryň ýüze çykýan ýagdaýlarynda balansyň gurluşyna baha bermeli, şeýle hem serişdeleri gaýtadan maýa goýuma gönükdirmekde ileri tutmalary kesgitlemeli. Baha emele getirmek, mysal üçin, ýüze çykýan (çaklama) amallar boýunça baha emele getirmek baradaky çaklamalar möhüm çaklamalar hasap edilmelidir.

Meňzedip seljermegiň artykmaçlygy onuň hasaba almagyň däp bolan kadalaryndan ugur alýandygyndan we ilkibaşky gymmata esaslanýan usulyýetden peýdalanýandygyndan ybaratdyr. Bu usul, dýurasiýa usulyna garanyňda, üznüksiz hereket edýän gurluş düzüminiň peýdasyny uzak möhletleýin meýilnamalaşdyrmak üçin has kämil mehanizmi üpjün edýär.

**Dýurasiýa (duration).** Ykdysady gymmat usulynyň esasy guraly hökmünde dýurasiýa pul akymlarynyň baha töwekgelçiligi barada düşünje berýän we wagt birliklerinde aňladylýan, ortaça ölçenen,

häzirki zaman gymmaty hökmünde seretmek gerek. Şeýle hem dýurasiýa – bu aktiwiň ýa-da borçnamanyň üzülmegine çenli galan ortaça ölçenen wagtdyr.

Bankyň iş tejribesinde köplenç halatda dolanyşyk we ortaça ölçenen gymmat düşünjeleri garyşdyrylýar. Dýurasiýanyň esasynda aktiwleriň we borçnamalaryň hasaba alyş gymmatyna bazar göterim möçberleriniň üýtgemelerini hasaba almak bilen gaýtadan baha bermek ýatýar. Baha bermegiň bu guraly maýa goýuma gönükdirilen gymmatyň gaýtarylmaly möhletini we bazarda göterim möçberleriniň üýtgemegi netijesinde peselme ýa-da maýanyň ýitirilme töwekgelçiligini anyklamaga mümkinçilik berýär.

Mysal üçin, üzülmeli möhleti 4 ýyla deň bolan obligasiýa, onuň dýurasiýa bilen gutarnykly üzülmeli möhletine 3–5 ýyl galandygyny, göterim möçberiniň üýtgändigine garamazdan, maýa goýumçynyň onuň ilkibaşky gymmatyny ortaça 3–5 ýylda alyp biljekdigini aňladýar. Eger göterim möçberleri ýokarlansa, obligasiýanyň bazar gymmatynyň azalan derejesiniň öwezi göterimleriň döwürleýin kupon tölegleri gaýtadan maýa goýuma gönükdirmegiň hasabyna has ýokary girdejiler bilen wada berlen peýda 3–5 ýylda alnar ýaly görnüşde dolanyp bilner.

Dýurasiýa amerikan ykdysatçysy Makkauli (McCaulau) tarapyndan öwrenilip, obligasiýalar bilen baglanyşykly tölegleriň akymynyň «ortaça kämilliginiň» ölçegi hökmünde kesgitlendi we bazarda göterim möçberleriniň üýtgeýşine duýgur gymmatly kagyzlar (obligasiýalar) öwrenilende birinji gezek ulanyldy.

Seljermäniň netijesinde gymmatly kagyzlara goýumlaryň dýurasiýasynyň aşakdakylara baglydygy bellenildi:

- üzülmeli möhletine çenli galan wagta;
- kuponyň göterim möçberine;
- üzülmäge degişli gymmatly kagyzyň girdejililigine.

Bir wagtlaýyn tölegi bolan (nol kuponly) gurallar üçin dýurasiýa guralyň üzülmeli möhletine çenli galan wagta deňdir. Köp gezekleýin tölegi bolan gurallar üçin dýurasiýa üzülmeli möhletine garanyňda hemişe pes bolýar, sebäbi tölegleriň häzirki gymmaty has soňky tölegleriň häzirki gymmatyndan ýokary bolýar.

Dýurasiýa modeli pul serişdeleriniň aralyk akymlarynyň ähliSiniň möhletlerini hasaba almak bilen, göterimler görnüşindäki arassa girdejini ýa-da paýdarlar maýasynyň bazar gymmatyny dolandyrmakda ünsi jemleýär. Ýolbaşçylaryň maksady göterimler görnüşindäki arassa girdejini ýa-da paýdarlar maýasynyň bazar gymmatyny durnuklaşdyrmakdan ýa-da artdyrmakdan ybarat bolýar. Ýolbaşçylar göterim möçberiniň geljekki üýtgemelerinde spekulirlemek bilen, hejirlemek ýa-da göterim töwekgelçiligini kabul etmek üçin dýurasiýanyň GAP-yny üýtgedip bilerler.

Dowamlylyga (uzaklyga) geçirilen seljerme möçberiň göterim töwekgelçiliginiň pul serişdeleriniň gelmeli möhletleriniň olaryň gitmeli möhletleri bilen gabat gelmeýän wagtynda peýda bolýandygyny ykrar edýär. Gysga möhletli üzülmeli serişdeler «bölümini» döretmek bilen, hejirleme dowamlylygyň üstünden göterim möçberiniň üýtgeýän mahalynda gymmaty boýunça deň derejede üýtgeýän aktiwleriň we passiwleriň bukjalaryny belleýär. Aktiwler boýunça pul serişdeleriniň umumy hereketleriniň möhletleri we ululygy passiwler boýunça pul serişdeleriniň umumy hereketleri bilen gabat gelýän mahalynda paýdarlar maýasynyň bazar gymmaty ýeterlik derejede takyk hejirlenen ýagdaýynda üýtgewsiz bolup galýar.

Dýurasiýanyň matemiki formulasy:

$$D = \frac{t * PVCF_t + (t+1) + PVCF_{t+1} + \ldots n * PVCF_n}{PVTF},$$

bu ýerde $t$ – tölegiň amala aşyrylýan kesgitli döwri ($CF_t$ pul akymy); $n$ – üzülmeklik möhletine çenli kupon döwürleriň sany; $PVCF_t$ – üzülmekligiň girdejililige diskontlaşdyrylan $t$ döwür üçin pul akymlarynyň häzirki zaman bahasy; $PVTCF$ – obligasiýalaryň pul akymlarynyň häzirki zaman bahalarynyň möçberi; $t + 1$ – pul akymlarynyň gelip gowuşýan döwri; $PVTCF$ – obligasiýalaryň pul akymlarynyň häzirki zaman bahalarynyň möçberi;

Has takyk formulany indiki görnüşde getirip bolar:

$$D = \frac{\sum_{i=1}^{n} t * \frac{CFt}{(1+y)^t}}{\sum_{i=1}^{n} (t+1) * \frac{CFt}{(1+y)^t}},$$

145.0 x 215.0 mm

bu ýerde $C$ – döwür üçin kuponyň derejesi; $F$ – obligasiýalaryň nominal bahasy; $y$ – döwür üçin üzülmeklik möhletindäki girdejililik.

Üzülmek möhleti meňzeş, emma dürli kuponly tölegleri bolan obligasiýalar şol bir göterim derejesiniň üýtgemegine dürli-dürli täsir edip bilýärler. Ýöne, meňzeş dýurasiýaly obligasiýalar deň täsir edýärler. Netijede, obligasiýalaryň hümmetiniň göterim üýtgemegi onuň dýurasiýasy bilen aşakdaky formula boýunça baglydyr (Makkauliniň formulasy):

$$\frac{\Delta P}{P} \approx - D\left[\frac{\Delta y}{1+y}\right],$$

bu ýerde $\Delta P$ – obligasiýanyň hümmetiniň üýtgemegini aňladýar; $P$ – obligasiýalaryň başlangyç hümmeti; $D$ – obligasiýanyň dýurasiýasy; $\Delta y$ – obligasiýanyň üzülmek möhletine girdejililigiň üýtgemegi; $y$ – üzülmek möhletine deslapky girdejililik.

Maliýe guralynyň gymmatynyň göterim möçberiniň üýtgemegine guralyň tölegler akymynyň ortaça ölçenen möhleti näçe ýokary bolsa şol derejede duýgur bolýandygy, bu formulanyň möhüm netijesi bolup durýar. Şeýle hem ol dýurasiýa bilen bazar gymmatynyň arasyndaky gatnaşygyň ugurlaýyn (liniýa) häsiýetiniň bardygyny görkezýär. Şeýlelikde, mysal üçin, 6 ýyllyk dýurasiýasy bolan gymmatly kagyzyň göterim möçberiniň üýtgemegine duýgurlygy 3 ýyllyk dýurasiýaly gymmatly kagyza garanyňda iki esse ýokarydyr. Hejirleme syýasaty bu duýgurlygy göterim möçberiniň üýtgeýän mahalynda paýdarlar maýasynyň bazar gymmaty üýtgemez ýaly görnüşde deňleşdirmäge çalyşýar.

Obligasiýanyň hümmeti (kursy) bilen onuň girdejililiginiň arasyndaky baglylyk deňlemede kesgitlenişi ýaly, göni çyzyk görnüşde bolman güberçek görnüşli bolsa *(11-nji surat)*, soňkynyň peýdalanylmagy obligasiýanyň ýokarlanan ýa-da peselen girdejililigine laýyk gelýän peseldilen täze hümmetiň (kursuň) peýda bolmagyna getirýär. Emma girdejililigiň ujypsyz üýtgemeleri üçin ýalňyşlyk örän pes bolup, deňleme kabul ederlikli netijeleri berýär *(11-nji surat)*.

11-nji suratdan girdejililigiň üýtgeýiş ululygy näderejede pes bolsa, hümmet (kurs) kesgitlenen mahalynda ýalňyşlygyň ululygynyň hem şol derejede pes bolýandygy görünýär.

Ýalňyşlaryň möçberleri deňdir, degişilikde, $(P^{+} - Pd^{+})$ we $(P^{-} - Pd^{-})$.

Bank ähli aktiwler we passiwler babatynda umumy töwekgelçilik barada alada edýär. Bankyň passiwler boýunça hökmany tölеglerden öň aktiwlerden pul serişdelerini alýan wagtynda, ol töwekgelçiligiň täsirine düşýär, sebäbi onuň alnan serişdeleri pes möçberler boýunça gaýtadan maýa goýuma gönükdirmeli bolmagy mümkindir. Bankyň bazarda ýerleşdirilen serişdelerden ýa-da beýleki aktiw amallardan pul serişdelerini almazyndan öň bergiler boýunça tölegleri geçirýän mahalynda, ol karz serişdeleriň gymmatlama mümkinçiliginiň täsirine düşýär. Wagt aralygyna geçirilen seljerme bankyň işiň netijeleriniň maksadyny – maýanyň bazar gymmatyny kesgitlemegini we jemi aktiwleriň ortaça dowamlylygy bilen jemi passiwleriň ortaça dowamlylygynyň arasyndaky tapawudy dolandyrmagyny talap edýär. Olaryň her birini aýry-aýry gurallaryň dowamlylygyny olaryň degişli proporsional (deň ölçegli) bazar gymmatyna köpeltmegiň jemi hökmünde alyp bolar. Her bir proporsiýa aktiwiň ýa-da passiwiň, degişlilikde, ähli aktiwleriň ýa-da ähli passiwleriň bazar gymmatyna bölünen bazar gymmatyna deňdir. Paýdarlar maýasynyň bazar gymmaty hasaplama goşulmaýar.




**11-nji surat. Güberçekligiň ýüze çykmagy**

Modifisirlenen dýurasiýa (*MD*) peýdalanylanda töwekgelçiligi ýa-da maýanyň ýitgisini ölçemek mümkin bolýar. Ony kähalatda göterim möçberiniň çeýeligi diýip hem atlandyrýarlar we *IRE* görnüşde belleýärler.

*MD* göterim möçberi 100 binýatlyk nokat ýa-da 1% ýokarlananda, aktiwiň ýa-da borçnamanyň bazar gymmatynyň göterimde üýtgeýşine baha bermäge mümkinçilik berýär.

$$MD = -D : (1 + y).$$

Emma beýan edilen «güberçeklilik» hadysasyny nazara alyp, girdejililigiň degerli üýtgeýän ýagdaýynda dýurasiýany örän seresaply peýdalanmaly. Şu ýagdaýda aktiwe ýa-da borçnama «güberçeklilik» babatynda düzediş girizmegi geçirmek zerur bolýar.

Bankyň ýolbaşçylary dýurasiýanyň görkezijilerini göterim töwekgelçiligine baha bermek üçin peýdalanyp bilerler. Degişli görkeziji işiň meýilnamalaşdyrylýan netijelerine bagly bolýar. Eger bankyň wezipesi maýanyň bazar gymmatyny kesgitlemek bolup durýan bolsa, onda aktiwler boýunça tölegleriň jemi dowamlylygy balansyň pulundaky borçnamalaryň paýyna ölçenen borçnamalar boýunça tölegleriň jemi dowamlylygynyň köpeltme hasylyna deň bolan mahalynda ol doly hejirlener. Eger munuň ýerine bank maýanyň jemi aktiwlere gatnaşygyny hejirlemegi ýa-da arassa göterim maržasyny gazanmagy ileri tutýan bolsa, ol aktiwler boýunça tölegleriň jemi dowamlylygyny passiwler boýunça tölegleriň jemi dowamlylygyna deňleşdirmelidir.

Göterim möçberleriniň üýtgemeginiň bankyň maýasyna edýän täsirine baha bermek üçin dýurasiýanyň *GAP*-y hasaplanýar (*GAPD*):

$$GAPD = D_A - u \times D_L,$$

bu ýerde $D_A$ – aktiwleriň her bir aktiwiň uzaklygy bilen jemi aktiwleriň bazar gymmatynyň proporsional paýynyň köpeltme jemi bilen ölçenilýän jemi dowamlylygydyr; $D_L$ – passiwleriň her bir passiwiň uzaklygy bilen jemi passiwleriň bazar gymmatynyň proporsional paýynyň köpeltme jemi bilen ölçenilýän jemi dowamlylygydyr; $u$ – jemi aktiwleriň borçnamalaryň jemi aktiwlere bolan gatnaşygy.

*GAPD* bankyň maýasyna edýän täsirine dogry baha berilmegi möhümdir.

Eger *GAPD* noldan ýokary bolsa, onda bankyň maýasynyň bazar gymmaty bazarda göterim möçberiniň ýokarlanmagy bilen peselýär we bu möçberiň peselmegi bilen ýokarlanýar.

Eger *GAPD* noldan pes bolan ýagdaýynda bazarda göterim möçberiniň ýokarlanmagy bilen maýanyň bazar gymmaty artýar we olar peselen ýagdaýynda azalýar.

Bank maýanyň göterim möçberiniň üýtgemegine duýgur bolmazlygyny gazanyp biler. Bu diňe *GAPD* nola deň bolan ýagdaýynda, ýagny dýurasiýanyň esasynda karz edarasynyň maýasyny göterim töwekgelçiliginiň ýaramaz täsirinden gorap bolýan mahalynda mümkindir. Şunuň ýaly gurluşda göterim möçberiniň islendik görnüşde üýtgemegi karz edarasynyň hususy serişdeleriniň (maýanyň) gymmatyna hiç hili täsir etmeýär. Mysal üçin, göterim möçberleri ýokarlananda diňe bankyň aktiwleriniň we passiwleriniň gymmaty üýtgär, emma maýanyň bazar gymmatyna täsir ýetmez.

Maýanyň bazar gymmatyny hejirlemegiň şerti şu görnüşde bolar:

$$D_A \times MV_A = D_L \times MV_L,$$

bu ýerde $D_A$ – aktiwleriň dýurasiýasy; $MV_A$ – aktiwleriň bazar gymmaty; $D_L$ – borçnamalaryň dýurasiýasy; $MV_L$ – borçnamalaryň bazar gymmaty.

GAPD absolýut gymmaty näçe ýokary bolsa, göterim töwekgelçiligi hem şol derejede ýokarydyr. Şeýlelikde, gowy hejirlenen bank bankyň maýasynyň üýtgeýşinde oňyn depgini saklamak üçin, öz aktiwleriniň dowamlylygy bilen amallary geçirer, ol passiwleriniň dowamlylygyndan biraz pes bolýar. Görkezilen gatnaşyklar 17-nji tablisada getirilýär.

*17-nji tablisa*

| **GAPD** | **Göterim derejeleriniň üýtgemegi** | **Aktiwleriň bazar bahasynyň üýtgemegi** | **Talaplar** | **Passiwleriň bazar bahasynyň üýtgemegi** | **Aksiýanyň bazar bahasynyň üýtgemegi** |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| Oňaýly | Ýokarlanma | Peselme | > | Peselme | Peselme |
| Oňaýly | Peselme | Ýokarlanma | > | Ýokarlanma | Ýokarlanma |

*17-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| Oňaýsyz | Ýokarlanma | Peselme | < | Peselme | Peselme |
| Oňaýsyz | Peselme | Ýokarlanma | < | Ýokarlanma | Peselme |
| Nol | Ýokarlanma | Peselme | = | Peselme | Ýok |
| Nol | Peselme | Ýokarlanma | = | Ýokarlanma | Ýok |

Bank arassa göterim girdejisini hejirlemäge gönükdirilen ýörelgäni saýlap alýan bolsa, onda resmileşdirilen şertiň şunuň ýaly görnüşi bolar:

$$MV_a \times (T - D_a) = MV_L \times (T - D_L),$$

bu ýerde $T$ – üzülmeli möhleti.

Soňky deňlemäni özgertmegiň esasynda borçnamalaryň üzülmeli möhletini tapyp bolar, ol göterim girdejisini bazarda göterim möçberiniň üýtgemelerinden goramaga mümkinçilik berer:

$$D_L = T - D_a) = MV_a \times (T - D_a) : MV_L).$$

Bankyň aktiwler we passiwler bukjalary dolandyrylanda dýurasiýanyň peýdalanylmagy, banka töwekgelçiligiň we maýanyň ýitgileriniň ululygyna baha bermäge mümkinçilik berip biler.

Dýurasiýa usulynyň bankyň aktiwler we passiwler bukjasyny tutuşlygyna dolandyrmak mümkinçiligini gazanmak we bazarda göterim möçberleri üýtgän ýagdaýynda maýanyň ýitgilerine baha bermek mümkinçiligi ýaly görnüp duran artykmaçlyklarynyň bardygyna garamazdan, bu usula ýetmezçilikler hem mahsusdyr:

• göterim möçberleriniň derejesinde degerli üýtgemeler mahalynda peýdalanyp bolmazlygy;

• aňrybaş netijelilige diňe töwekgelçiligiň gysga wagtlyk derejesi kesgitlenende ýetilýär, ýagny dýurasiýa töwekgelçiligiň gündelik derejesine baha bermek üçin ulanylsa gowy bolar;

• guralyň duýgurlygynyň ýokary bolmagy.

Mundan başga-da, maliýe guralynyň ykdysady gymmatynyň göterim töwekgelçiligini ölçeýji hökmünde peýdalanylmagynyň aşakdaky ýaly düýpli ýetmezçiligi bardyr. Ykdysady gymmat hasaplanylanda bazar göterim möçberleri guralyň hereket etmegine galan möhletiň dowamynda üýtgewsiz bolup galar we möhlet tamamlanýan-

ça alnan pul serişdeleri (mysal üçin: obligasiýalar boýunça kupon tölegleri, karz boýunça göterimler) şol möçberler boýunça gaýtadan maýa goýuma gönükdiriler diýen pikirden ugur alynýar. Eger olar pes möçber bilen gaýtadan maýa goýuma gönükdirilse ýa-da «harçlansa», onda hakyky peýda ykdysady gymmata baha bermegiň esasynda alynmagy göz öňünde tutulýan derejeden has pes bolar.

Beýleki tarapdan, Makkauliniň formulasy maliýe bazarlaryna, aýratyn hem gymmatly kagyzlar bazaryna gatnaşyjylaryň arasynda giň ýaýrady. Şonuň üçin hem şol formulanyň esasynda alynýan baha bermeler maliýe gurallarynyň möhüm baha emele getiriji şertine öwrüldi. Ykdysady gymmatyň hasaplamasy aktiwe eýeçilik etmekden ýa-da ony ýerleşdirmekden (şonuň ýaly-da, borçnamany mundan beýläk hem ýerine ýetirmekden ýa-da ony haýal etmän üzmekden) garaşylýan peýda (karz edarasynyň hususy serişdeleriniň (maýasynyň) ululygynyň üýtgemegine) başlangyç baha bermek üçin peýdalanylyp bilner. Zerur bolan halatynda berlen baha göterim möçberleriniň mümkin bolan üýtgemelerini has takyk hasaba alýan beýleki usullar bilen düzediş girizilip bilner.

Göterim töwekgelçiligini has doly gurşap almak üçin karz guramasynyň duýgur aktiwleriniň we borçnamalarynyň ählisiniň täsirine üns berilmelidir. Aýry-aýry pozisiýalar bilen bir hatarda, olaryň bank tarapyndan geçirilen amallaryň görnüşleri boýunça birleşdirilen görkezijilerine (agregatlara) seretmek maksadalaýyk bolar.

Häzirki wagtda dýurasiýa daşary ýurtlarda we Russiýada täjirçilik banklary tarapyndan giňden ulanylýar, Russiýada bu usuly diňe iri banklar ulanýarlar. Ony Russiýanyň banklarynyň iş tejribesine ornaşdyrmakdaky esasy päsgelçilikler şular bolup durýar:

• ýurduň guramalary tarapyndan teklip edilýän programma önümleriniň bolmazlygy;

• guralyň duýgurlygy, bu ony diňe bellibir derejede durnukly bazar ýagdaýy şertlerinde üstünlikli ulanmaga mümkinçilik berýär.

Alynýan maglumatlaryň ygtybarlylyk derejesiniň ýokarydygyny we göterim töwekgelçiligini hejirlemek maksady bilen ulanmak mümkinçiligini nazara alanyňda baha bermegiň bu usulyny ornaşdyrmagyň geljegi bar diýip bolar.

145.0 x 215.0 mm

# V BAP

# DEŇ GELMEÝÄN (BALANSLAŞDYRYLMADYK) LIKWIDLILIK TÖWEKGELÇILIGI

## 5.1. Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligi düşünjesi we ony şertlendirýän ýagdaýlar

Daşary ýurtly awtorlaryň bankyň likwidliligi bilen baglanyşykly töwekgelçiligi kesgitlemek boýunça ylmy işleriniň we çap eden makalalarynyň öwrenilmegi düşünjeleri tapawutly ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Ykdysatçylaryň birnäçesi likwidlilik töwekgelçiligini, beýlekileri deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini görkezýärler.

Bu töwekgelçilikleriň düýp manysy boýunça hem ýeke-täk pikir ýok.

Likwidlilik töwekgelçiligine, takyk aýdylanda bolsa, ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligine seretmek has däp bolan çemeleşme bolup durýar. Munuň düýp manysyny ykdysatçylaryň bir topary onuň ýüze çykyş şertleri (mysal üçin, borçnamalary öz wagtynda ýerine ýetirmek üçin aktiwleriň ýetmezçiligi, maliýe aktiwlerini töleg serişdelerine ýitgi çekmän çalt öwürmegiň mümkin däldigi) bilen, beýlekileri maliýe aktiwlerini çalt öwürmegi amala aşyrmagyň zerurlygy sebäpli ýitgileriň ýüze çykmak ähtimallygy, üçünji birleri aktiwleri satmak ýoly bilen ýa-da täze karz almalar ýoly bilen aram bahadan nagt serişdeleri almakdaky kynçylyklar sebäpli arassa girdejiniň we paýnamalaryň bazar gymmatynyň üýtgemegi bilen baglanyşdyrýarlar.

Likwidlilik töwekgelçiliginiň ýokarda getirilen kesgitlemelerinde mazmun taýdan tapawutlaryň bolmagyna garamazdan, awtorlaryň ikinji we üçünji toparlarynda töwekgelçiligiň şu görnüşiniň düýp manysyny açyp görkezmäge usulyýet taýdan esaslandyrylan ýeke-täk

145.0 x 215.0 mm

çemeleşmäniň bardygy görünýär: olarda töwekgelçiligiň netije we şert tarapy nygtalýar. Emma netije tarapy ýitgiler bilen baglanyşdyrylýar. Bank öz işinde töwekgelçiligi kabul etmek bilen, şol bir wagtyň özünde ýaramaz netijeleri nähili ýeňip geçmelidigini bilmeklik talabynyň bolmagynda, üstünlik gazanmagy niýet edinýär. Obýektiw we subýektiw sebäpler bilen baglanyşykly bu talaby ýerine ýetirmäge ukypsyzlyk işiň ýaramaz netijelerine getirýär.

Likwidlilik töwekgelçiliginiň ikinji düzüm bölegi, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, faktor tarapyny görkezýär. Onuň bölünip görkezilmegi töwekgelçiligiň düýp manysyny açmak üçin hökmany bolup durýar. Şu tarapy her bir töwekgelçiligiň özboluşly tebigatynyň bardygyny nygtaýar, netije düzüm bölegi bolsa umuman alnanda töwekgelçiligiň tebigatyny kesgitleýär.

Likwidlilik töwekgelçiligi üçin şu faktor tarapy zerur çeşmeleriň ýokdugy sebäpli, goýumçylaryň we karz berijileriň öňünde borçnamalary ýerine ýetirmezlik ýa-da olary özi üçin ýitgili ýagdaýda ýerine ýetirmek mümkinçiliginde jemlenýär. Mälim bolşy ýaly, şeýle çeşmelere aşakdakylar degişlidir:

• likwidliligi ýokary aktiwler (kassadaky we aragatnaşyk (korrespondent) hasaplardaky nagt pul);

• pul serişdelerine çalt öwrüp bolýan likwidli aktiwler;

• amatly bazar ýagdaýynda bankara karzlary çekmek;

• depozit çeşmeleri giňeltmek üçin özüniň gymmatly kagyzlaryny çykarmak (depozit we süýşürintgi sertifikatlary, wekseller);

• Merkezi bankdan karz almak.

P.Rouz «Bank menejmenti» atly işinde bankyň likwidliliginiň ýetmezçiligini ýapmak üçin peýdalanylýan serişdeleriniň çeşmelerini saýlap alýan mahalynda bankyň öwrenmeli şu jähetlerini belleýär:

1. Bankyň zerurlyklarynyň möhletliligi;

2. Bankyň zerurlyklarynyň dowamlylygy;

3. Likwidli serişdeler bazarynyň bank üçin elýeterliligi;

4. Serişdeleriň beýleki (alternatiw) çeşmeleriniň bellibir derejede gymmatlygy we töwekgelçiligi;

5. Garaşylýan göterim möçberleri;

6. Fedaral ätiýaçlyk ulgamynyň we ABŞ-yň gaznaçylyk gullugynyň geljekki pul-karz syýasaty;

7. Ätiýaçlandyrmak mümkinçiligi;

8. Likwidli serişdeler çeşmeleri babatynda ulanyp boljak düzgünleşdirme.

Ösüp barýan ýurtlar üçin ýokarda görkezilen jähetleriň iň ähmiýetlileri şular bolup durýar:

1. Likwidli serişdelere bolan zerurlygyň möhletliligi (eger likwidli serişdeler gyssagly ýagdaýda zerur bolsa, bankyň ýolbaşçylary bankara karz bazaryna ýa-da karz almak üçin Merkezi banka ýüz tutýarlar, gyssagly zerurlyk bolmasa likwidli serişdeler depozitleri satmak ýa-da çekmek arkaly alnyp bilner. Şunda likwidliligi üpjün etmek we gaýra goýulmasyz tölegleri amala aşyrmak maksady bilen Merkezi bankyň karzlarynyň örän ýygy peýdalanylmagy, täjirçilik bankynyň işine gözegçiligiň güýçlendirilmegine getirip biler);

2. Likwidli serişdelere bolan zerurlygyň dowamlylygy (likwidli serişdelere uzak wagtyň dowamynda zerurlyk aktiwleri (mysal üçin, döwletiň gymmatly kagyzlaryny) satmagyň, uzak möhletli karzlary almagyň, edilýän bank hyzmatlaryny mahabatlandyrmagyň ýa-da bankyň müşderileri tarapyndan karzlaryň üzülmeginden gelýän serişdeleriň kömegi bilen ýapylyp bilner);

3. Bankara karzlar bazarynyň bank üçin erkin elýeterliligi (uly bolmadyk banklara garanyňda iri banklar pul bazarynda ýeňil we köplenç halatda has pes bahadan karz alyp bilýärler, likwidli serişdeleriň çeşmeleri saýlanyp alnanda şu ýagdaý hem göz öňünde tutulmalydyr);

4. Bank tarapyndan çekilýän serişdeler babatynda ulanylýan ätiýaçlyk goruna degişli talaplar hem likwidli serişdeleriň çeşmelerini saýlap almaga uly täsir edýär. Meselem, bank tarapyndan çekilýän serişdeleriň birnäçesi boýunça ätiýaçlyk gorunyň has pes ölçegleriniň bolmagy serişde çeşmesini saýlap almagy öňünden kesgitläp biler.

Likwidli serişdeleriň çeşmeleriniň bellibir derejedäki gymmaty we garaşylýan göterim möçberleri hem bankyň deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini dolandyrmakda göz öňünde tutulmalydyr. Karz almak amala aşyrylanda olar boýunça iň pes göterim möçberlerine garaşylýan has arzan çeşmeleri peýdalanmak gerek.

H.Wan Grýuning we S.Braýowiç Bratonowiç «Bank töwekgelçiliklerine seljerme» atly işinde daşarky bazarda karz almak amala aşyrylanda bankyň gabat gelip biljek indiki birnäçe meselelerini görkezdiler:

145.0 x 215.0 mm

• Satyn alynýan serişdeler kähalatlarda elýeter bolman biler. Eger bank bankara bazarynda ynamy ýitirse, bu onuň likwidliligine howp salyp biler;

• Passiwleri dolandyrmak gysga möhletli gymmatly kagyzlaryň möçberini azaltmaga we has uzak möhletli goýumlary üpjün edýän gysga möhletli borçnamalaryň möçberini artdyrmaga getirip biler. Pul bazarynda göterim möçberleriniň ýokarlanýan döwründe bu ýagdaý bankyň peýdasynyň azalmagyna getirip biler;

• Bankara karzlar bazaryndaky bäsleşik bankyň töwekgelçiligi ýokary bolan goýumlarynyň artmagyna getirip biler;

• Ozaldan bar bolan borçnamalary üpjün etmek üçin bazarda likwidli serişdeler satyn alnanda hemişe satyn alynýan serişdeleriň bahasynyň ýokarydygy sebäpli ýitgi çekmek howpy bolýar;

• Pul bazarynda çökgünlik ýagdaýynda iş ýüzünde iri banklardan başga ähli banklar karz serişdelerini ýokary göterim möçberleri boýunça alarlar;

• Serişdeleriň pes bahadan alynmagy bankyň göterim möçberleriniň üýtgeme töwekgelçiliginiň täsirine düşmek mümkinçiligini ýokarlandyrýar.

Şeýlelikde, ol ýa-da beýleki çeşmeden özüň üçin ýitgisiz peýdalanmagyň mümkin bolmazlygy anyk bankyň likwidlilik ýagdaýyna täsir edýän içerki we daşarky ýagdaýlar sebäpli bolup biler.

Likwidliligiň içerki töwekgelçiligine şulary degişli etmek kabul edilendir: aktiwleriň we passiwleriň hili, aktiwleriň we passiwleriň möhletleri, pul möçberleri boýunça we aýry-aýry pullara böleniňde deň gelmezlik derejesi, bank menejmentiniň derejesi, bankyň abraýy.

Aktiwleriň hili pul serişdeleriniň öz wagtynda gelmegini üpjün etmäge mümkinçilik bermeýän pes likwidliliginde ýüze çykýar.

Passiwleriň hili goýumlaryň, depozitleriň öňünden görülmedik, uzak möhletleýin gitmek mümkinçiligini şertlendirýär, bu bolsa her bir anyk pursatda banka bildirilýän talaplaryň möçberini artdyrýar.

Aktiwleriň we passiwleriň möhletleri, pul möçberleri boýunça we aýry-aýry pullara bölenińde deň gelmezligi ähli ýagdaýlarda likwidlilik üçin howp bolup durýar. Eger bu deň gelmezligiň derejesi howply nokadyň çäginden çykmaýan bolsa, eger soňky döwürlerde gyşarmalaryň ugry dürli häsiýete eýe bolýan bolsa, onda likwidlilik

145.0 x 215.0 mm

töwekgelçiligi pes bolýar. Aktiwleriň we passiwleriň deň gelmezlik derejesi we bu babatdaky meýiller bankyň ony aradan aýyrmak mümkinçiligini kesgitleýär. Howply nokatdan daşyna çykylmagy we gyşarmalaryň häsiýetiniň durnuklylygy ýüze çykan ýagdaýy düzedip bolmazlyk, öz likwidlilik ýagdaýyny düzgünleşdirip bilmezlik howpuny döredýär.

Bank menejmentiniň hili aýry-aýry amallaryň amala aşyrylýan döwründe (karzlaryň berilýän, gymmatly kagyzlaryň satyn alynýan, depozitleriň we goýumlaryň çekilýän, balansdan daşary amallaryň amala aşyrylýan mahalynda) ýa-da möhletlere we pullara bölmek bilen balansy düzümleýin gurmagyň barşynda hem-de bankyň aktiwleri bilen borçnamalarynyň arasynda ýüze çykan deň gelmezlikleriň düzgünleşdirilýän wagtynda (bankyň borçnamalaryny üzmegiň has amatly çeşmesi saýlanyp alnanda) çözgütleriň hünärlilik bilen kabul edilmelidigini kesgitleýär.

Bankyň abraýy oňa serişdeleri çekmegiň we ýerleşdirmegiň has amatly şertlerini almaga mümkinçilik berýär.

Likwidlilik töwekgelçiliginiň ýüze çykmak mümkinçiligini şertlendirýän ýokarda getirilen içerki ýagdaýlar, hakykatdan, şu töwekgelçiligiň hil tebigatyny görkezmek bilen, bankyň ony aradan aýyrmaga ukypsyzlygyny ýa-da onuň şol ukybynyň peselendigini kesgitleýär. Bankyň goýumçylaryň öňündäki borçnamalaryny ýerine ýetirmäge ukypsyzlygyny möhletlere we pul möçberlerine böleniňde aktiwleriň we passiwleriň pul möçberleriniň deň gelmezliginiň özünden däl-de, eýsem şeýle deň gelmezligiň derejesinden we hilinden ybarat bolup, ol şunda ýüze çykýar:

– täze depozitleri çekmegiň, beýleki banklardan we Merkezi bankdan karz almagyň, öz gymmatly kagyzlaryňy çykarmagyň we ýerleşdirmegiň hasabyna üstüňe alan borçnamalaryňy maliýeleşdirmäge ukypsyzlykda ýa-da bu ukybyň gowşamagynda;

– olaryň hiliniň pesdigi sebäpli, bankyň bar bolan aktiwleri ýerlemäge ukypsyzlygynda;

– hünär derejesiniň pesdigi sebäpli, menejmentiň ýagdaýy düzgünleşdirmäge ukypsyzlygynda.

Şertleriň beýleki bir topary, ýagny daşky ýagdaýlar bankyň şu şertlerde likwidlilik töwekgelçiligini aradan aýyrmak mümkinçiliginiň

ýokdugyny ýa-da şeýle mümkinçiliginiň gowşakdygyny şertlendirýär. Şeýle ýagdaýlara, düzgün bolşy ýaly, şular degişli bolýar:

– ýurtda telekeçiligiň bank ulgamyna, hökümete we jemgyýete bolan ynamyny kesgitleýän syýasy ýagdaý;

– ýurtda telekeçilige we bazar gatnaşyklarynyň ösmegine ýardam berýän ykdysady durnuklylyk;

– gymmatly kagyzlar bazarynyň we bankara karz bazarynyň ösüşi;

– pul-karz indikatorlarynyň ýagdaýy (hümmetsizlenme derejesi, göterim möçberleri, puluň hümmeti, gazna bazarlarynda bahalaryň hereketi we ş.m.);

– Merkezi bankyň gözegçilik wezipeleriniň netijeliligi.

Bu ýagdaýlar telekeçilik işine gatnaşýanlaryň, şol sanda täjirçilik banklarynyň ykdysady işjeňligine, banklaryň serişde binýadynyň ýagdaýyna, serişdeleriň goýulýan ugurlaryna, banklaryň amallarynyň töwekgelçiligine we girdejililigine täsir edýän ýurtdaky umumy ykdysady ýagdaýy kesgitleýär.

Şeýlelikde, likwidlilik töwekgelçiliginiň netije we faktor düzüm böleklerini umumylaşdyrmak bilen, onuň düýp manysyny şu görnüşde emele getirip bolar: likwidlilik töwekgelçiligi karzdarlaryň we goýumçylaryň öňünde alnan borçnamalary ýerine ýetirmek üçin bankyň öz wagtynda we özi üçin ýitgisiz ýagdaýda goşmaça maliýe serişdelerini çekmäge ýa-da bar bolan aktiwleri ýerleşdirmäge ukypsyzlygy ýa-da mümkinçiliginiň ýokdugy netijesinde ýitgi çekmek (maýanyň bir bölegini ýitirmek) töwekgelçiligi bolup durýar.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, käbir ykdysatçylar şu töwekgelçiligi deň gelmezlik töwekgelçiligi diýip atlandyrmak bilen, oňa diňe bir ýetmezçilik töwekgelçiligini däl, eýsem artyk likwidlilik töwekgelçiligini hem goşmak bilen, ony has giň düşündirýärler.

Mysal üçin, W.Platonow bilen M.Higginsiň redaktirlemeginde çykarylan «Bank işi: Strategik gollanma» atly monografiýada ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiliginiň öz borçnamalaryňy wagtynda ýerine ýetirmegiň mümkin däldiginde ýüze çykýandygy we munuň üçin bankyň aýry-aýry aktiwlerini amatsyz şertlerde ýerleşdirmegiň talap edilýändigi bellenýär; artyk likwidlilik töwekgelçiligi – likwidliligi ýokary aktiwleriň artyklygy sebäpli girdejileriň ýitirilmegi we onuň

netijesi hökmünde, bank üçin tölegli bolan serişdeleriň hasabyna girdejililigi pes aktiwleriň esassyz maliýeleşdirilmegi bolup durýar.

Görkezilen düşündirişiň kanunylygyny töwekgelçiligiň çeşmesiniň tebigatynyň birdigi, ýagny aktiwleriň we passiwleriň pul möçberleri we möhletleri boýunça yzygiderli ýüze çykýan, bankyň ony özi üçin ýitgisiz aradan aýyrmaga ukypsyz bolan ýa-da aradan aýryp bilmeýän deň gelmezligi bilen düşündirip bolar. Şunda bir ýagdaýda (ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligi) ýitgiler likwidli aktiwleriň adalatsyz bahadan satyn alynmagyndan, beýleki ýagdaýda (artyk likwidlilik töwekgelçiligi) girdejiniň doly alynmazlygyndan ybarat bolýar.

Ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiliginiň faktor tarapyna ýokarda seredilipdi. Artyk likwidlilik töwekgelçiliginiň faktor tarapy hem içerki we daşarky ýagdaýlar bilen kesgitlenýär. Olaryň tebigaty şu töwekgelçiligiň iki görnüşi üçin hem bir bolup durýar.

Meselem, içerki ýagdaýlaryň bir umumy tebigaty artyk likwidlilik, ýeterlik däl likwidlilik ýaly, bankyň degişli möhletleri bolan aktiwler bilen passiwleriniň arasynda ýüze çykan laýyk gelmezligi öz wagtynda aradan aýyrmaga ukypsyzlygyny görkezýär. Şeýle ýagdaýyň sebäpleri şular bolup biler: artyk likwidlilik bolan halatynda ýagdaýy dolandyrmakda seresapsyzlyk ýa-da dolandyrmagy, bank amallarynyň ösdürilmeli ugurlaryny tapmagy başarmazlyk; likwidliligiň ýetmezçiligi ýagdaýynda syýasatyň agressiwligi, hakyky ýagdaýa baha bermegi başarmazlyk.

Daşarky ýagdaýlaryň bir umumy tebigaty bankyň özüniň hereket edýän daşky gurşawyna baha bermäge we ony nazara almaga ukypsyzlygyny kesgitleýär.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine getirýän sebäpler, umuman alnanda, bankyň pul akymlaryny sowatly gurmaga we olaryň hilini üpjün etmäge ukypsyz bolan menejmentiň kanagatlanarsyz işinde jemlenýär.

Şeýlelikde, deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligi diýip bankyň özüniň likwidlilik ýagdaýyny düzgünleşdirmäge ukypsyzlygy ýa-da ony düzgünleşdirip bilmeýändigi, ýagny borçnamalaryň möçberi bilen olary ýapmagyň çeşmelerini deň we özi üçin ýitgisiz ýagdaýa

getirip bilmeýändigi sebäpli, girdejileriň ýitirilmek töwekgelçiligine düşünilmelidir.

Gözegçilik edaralarynyň, hususan-da, Merkezi bankyň ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligini düzgünleşdirmäge we oňa gözegçilik etmäge esasy üns berýändiklerini nazara alanyňda, iş ýüzünde deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligiň şu görnüşiniň takyk görünýän dolandyryş ulgamy bardyr.

## 5.2. Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini dolandyryş ulgamynyň esasy elementleriniň häsiýetnamasy

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini dolandyrmak bank töwekgelçiliklerini dolandyrmagyň kiçi ulgamy bolup durýar. Şu kiçi ulgam, tutuş ulgam ýaly, özara baglanyşykly elementleriň jemi bilen häsiýetlendirilýär. Bu elementlere şular degişlidir: dolandyryş subýektleri we olara deň gelýän maksatlar, töwekgelçiligi anyklamak (identifikasiýa), baha bermek, monitoring, düzgünleşdirmek. Emma sanalyp geçilen elementleriň öz aýratynlyklary bardyr.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini dolandyryş ulgamynyň subýektlerine gözegçilik edarasy hökmünde Merkezi bank we täjirçilik banklarynyň özleri degişlidir. Şu töwekgelçiligiň Merkezi bank tarapyndan dolandyrylyşynyň aýratynlygy, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, ýeterlik däl likwidliligi düzgünleşdirmek bolup durýar; artyk likwidlilik töwekgelçiligine ikinji derejeli ähmiýet berilýär. Merkezi bank derejesinde ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligini düzgünleşdirmek işiniň bankyň karzdarlarynyň we goýumçylarynyň özündäki borçnamalaryny öz wagtynda ýerine ýetirmezlik mümkinçiligini peseltmek maksady bardyr. Şu ýagdaýda usul we iň esasysy hem peýdalanylýan çeşmäniň harajatlylygy düzgünleşdirilmeýär. Düzgünleşdirmegiň gurallary aşakdakylardan ybaratdyr:

– likwidliligiň hökmany ykdysady ölçegleri, olaryň derejeleri bellenen aňryçäk görkezijilere laýyk gelmelidir;

– ölçegnama görkezijileriniň berjaý edilmändigi üçin jerimeler we beýleki temmi çäreleri;

– bankda likwidliligiň dolandyrylyşyna gözegçiligi guramak;

– seljerme görkezijileri, depozitleri ätiýaçlandyryş ulgamyna goşmak üçin olary berjaý etmek zerurdyr.

Täjirçilik bankynyň derejesinde deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini dolandyrmak bu töwekgelçiligiň iki düzüm bölegini hem öz içine alýar, ýöne bu dürli banklarda dürli derejede bolýar.

Menejmentiniň hünärlilik derejesi ýokary bolan banklar diňe bir ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligini dolandyrman, eýsem doly alynmadyk girdeji görnüşinde elden giderilen ýitginiň bolmazlygy üçin artyk likwidlilik töwekgelçiligini hem dolandyrýarlar. Netijede, ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligini dolandyrmagyň maksady peýda bilen likwidliligiň arasynda amatly gatnaşygy berjaý etmek we bazaryň banka bolan ynamyny saklap galmak bilen, öz likwidlilik ýagdaýyny öz wagtynda düzgünleşdirmek bolup durýar.

Dolandyryş gurallary şulardan ybaratdyr:

➢ aktiwleri we passiwleri dolandyrmak babatynda syýasat;

➢ likwidliligi düzgünleşdirýän ykdysady ölçegler;

➢ bankyň likwidlilik ýagdaýyny düzgünleşdirýän bellenen çäkler; içerki gözegçiligi guramak.

**Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini anyklamak** *(indentifikasiýa)* diýip şu töwekgelçiligiň alamatlaryny ýüze çykarmak işine, onuň görnüşlerini we şertlerini kesgitlemäge düşünilmelidir.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligi üçin esasy alamat (indikator) möhletlere we pullara bölenişde aktiwler bilen passiwleriň arasynda möçberi boýunça degerli we gönükdirilen ugry boýunça durnukly deň gelmezligiň bardygy bolup durýar.

Mundan beýläkki seljerme şu töwekgelçiligiň görnüşini kesgitlemäge mümkinçilik berýär: ýeterlik däl ýa-da artyk likwidlilik, şeýle hem onuň ýüze çykýan ýagdaýlary, olar ýokarda bellenip geçilipdi.

Ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligi babatynda onuň iki görnüşini bölüp görkezmek maksada laýyk bolar: gaznalaşdyrmagyň likwidlilik töwekgelçiligi (ýagdaýyň (pozisiýanyň) hasabyna serişdeleri çekmek) we aktiwleriň (gymmatly kagyzlaryň, nesýeleriň (ssudalaryň)) likwidlilik töwekgelçiligi.

Artyk likwidlilik töwekgelçiligi üçin bankara bazarda likwidli aktiwleri ýerleşdirmek töwekgelçiligini we erkin pul serişdelerini nesýelere (ssudalara), gymmatly kagyzlara we banka girdeji getirýän beýleki aktiwlere goýmak töwekgelçiligini bölüp görkezip bolar.

Ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiliginiň we artyk likwidlilik töwekgelçiliginiň görnüşleriniň şunuň ýaly çäklendirilmegi geljekde likwidli pozisiýany düzgünleşdirmek üçin likwidli aktiwleriň ýetmezçiligine ýa-da artyklygyna sebäp bolýan ýagdaýlary has takyk görkezmäge mümkinçilik berer. Iki ýagdaýda hem deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini anyklamak (indentifikasiýa) diňe bir içerki däl, eýsem daşarky ýagdaýlaryň, şol sanda bankara bazarynyň, gymmatly kagyzlar bazarynyň ýagdaýynyň, puluň hümmetiniň we ş.m. bölünip görkezilmegini göz öňünde tutýar.

**Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine baha bermek** ony ölçemegiň bar bolan usullarynyň esasynda möhletlere we pullara bölmek bilen, aktiwler bilen passiwleriň arasyndaky deň gelmezligiň ululygyny kesgitlemek işinden ybaratdyr.

Şu günki günde deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini dolandyrmak aşakdakylara baha bermegiň esasynda bolup geçýär:

• likwidliligiň hökmany kadalaryny hasaplamak arkaly (koeffisiýent usuly) we pul akymlaryny deňeşdirmegiň esasynda dürli möhletleri bolan aktiwler bilen passiwleriň gatnaşygynyň netijelerine;

• bankyň aktiwleriniň we passiwleriniň gurluşyna we hiline.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine baha bermegiň koeffiýent usuly Merkezi bank tarapyndan bellenen likwidliligiň hökmany kadalarynyň ulgamyna esaslanýar.

Häzirki wagtda hereket edýän Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işini düzgünleşdirýän ykdysady kadalaşdyryjylar hakyndaky düzgünnama laýyklykda, banklaryň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge likwidlilik ýagdaýyna gözegçilik etmek maksady bilen borçnamalaryny ýerine ýetirmäge gündelik, çalt we umumy kadalaşdyryjylary bellenilýär, olar aktiwleriň we passiwleriň möhleti, jemi, görnüşleri we beýleki ýagdaýlary hasaba alyp, aktiwleriň passiwlere özara gatnaşygy bilen kesgitlenýär. Banklar öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge gündelik (häzirki) likwidlilik ($H2$), çalt ($H3$) we umumy ($H4$) likwidlilik kadalaryny hasaplap çykarýarlar, olar bankyň balanslarynyň möhletlerini, pul möçberlerini we görnüşlerini hasaba almak bilen, olaryň arasyndaky gatnaşyk hökmünde kesgitlenýär *(18-nji tablisa)*.

10. Sargyt № 3120

*18-nji tablisa*

**Bankyň likwidliliginiň kadalaşdyryjylary**

| Kadalaşdyryjylaryň atlary | Kadalaşdyrmagy hasaplamagyň tertibi | Kadalaşdyrmagyň ölçegleýin derejesi | Kadalaşdyrmagyň ykdysady mazmuny |
|---|---|---|---|
| Bankyň gündelik likwidliliginiň kadalaşdyryjysy. | H2 = LA : B<br>LA – bankyň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge likwidli aktiwleri;<br>B – bankyň talap edilýänçä we möhleti 30 güne çenli bolan borçnamalary. | Iň az möçberi 60% hasabyndan kesgitlenýär. | Möhletli 30 güne çenli we talap edilýänçä hasaplar boýunça bankyň borçnamalarynyň jemine bankyň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge likwidlilik aktiwleriniň gatnaşygydyr. |
| Çalt likwidliligiň kadalaşdyryjysy. | H3 = ÝLA : B<br>ÝLA – bankyň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge ýokary likwidli aktiwleri;<br>B – talap edilýänçä borçnamalar + talap edilýänçä goýlan goýumlar we depozitler. | Iň az möçberi 35% hasabyndan kesgitlenýär. | Bankyň ýokary likwidli aktiwleriniň jeminiň talap edilýänçä hasaplar boýunça borçnamalarynyň jemine, şeýle hem üzmeklik möhletiniň hasabat senesine laýyk gelýän we möhleti geçen borçnamalaryň jemine bolan gatnaşygy aňladýar. |
| Umumy likwidliligiň kadalaşdyryjysy. | H4 = LA : A<br>LA – bankyň borçnamalaryny ýerine ýetirmäge likwidli aktiwleri;<br>A – balans hasaplaryň kontraktiw hasaplarynyň galyndylary aýrylanda bankyň balansy boýunça ähli aktiwleriniň umumy jemi. | Iň az möçberi 25% hasabyndan kesgitlenýär. | Bankyň jemi aktiwiniň, borçnamalaryny ýerine ýetirmek likwidlilik aktiwine gatnaşyk göterimi bilen kesgitlenýär. |

145.0 x 215.0 mm

Şu ykdysady kadalaşdyryjylar bankyň aktiwleri bilen passiwleriniň arasyndaky gatnaşyklara dogry seljerme geçirmäge, likwidliligiň ýagdaýyna umumylaşdyryp häsiýetnama bermäge, ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Hökmany kadalaryň aňryçäk derejesiniň bozulmagy deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň ýol berilýän ululygyndan ýokary geçilendigine şaýatlyk edýär, emma kadanyň ýerine ýetirilen halatynda töwekgelçiligiň näderejede ýokarydygyny kesgitlemek kyn bolýar.

Likwidlilik kadalarynyň üýtgemeginiň ýaramaz meýilleriniň ýa-da olaryň aňryçäk derejelerinden ýokary geçilendiginiň ýüze çykarylmagy, bankyň ýolbaşçylaryny likwidli aktiwleri satmak ýa-da goşmaça serişdeleri çekmek arkaly aktiwler bilen passiwleriň arasynda laýyklygy dikeltmäge gönükdirilen çözgütleri kabul etmäge mejbur edýär.

Baha bermegiň şu usuly olary dolandyryş ulgamynyň bolmazlygy, bankyň girdejileriniň ýitirilmegine getirýän artyk likwidlilik töwekgelçiligini ýüze çykarmak we oňa baha bermek üçin ýaramly däldir. Mundan başga-da, koeffisiýent usuly ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligine hem hemişe takyk baha bermäge mümkinçilik bermeýär. Hökmany kadalary hasaplamagyň hereket edýän usuly bankyň aktiwleri bilen passiwleriniň deň gelýän derejesini hemişe dogry görkezip durmaýar, sebäbi bankyň aktiwleriniň we passiwleriniň hakyky hilini we olaryň hereketiniň aýratynlyklaryny (serişdeleriň goşmaça gelmek we gitmek mümkinçiligi, bank goýumlarynyň we serişdeleriniň diwersifisirlenmegi) doly derejede hasaba almaýar.

Mundan başga-da, baha bermegiň koeffisiýent usuly töwekgelçiligiň goşmaça serişdeleriň çekilip bilinjek göterim möçberi we aktiwleriň satylyp bilinjek bahasy bilen şertlendirilen baha düzüm bölegini ýüze çykarmaga mümkinçilik bermeýär; töwekgelçiligiň şu düzüm bölegi pul, daşary ýurt puly bazarlaryndaky we gymmatly kagyzlar bazaryndaky üýtgäp durmalar bilen şertlendirilendir.

Baha bermegiň koeffisiýent usulynyň ýene bir ýetmezçiligi, olaryň ululygyna we işiniň ýöriteleşýän ugruna garamazdan, banklaryň ähli görnüşleri üçin birmeňzeş ölçeg (kriterial) derejeleriň ulanylmagy bolup durýar. Emma, iri banklaryň bankara karz bazaryna has ýeňil çykyp bilýändikleriniň hasabyna likwidliligi ýokary

145.0 x 215.0 mm

serişdeleriň ätiýaçlygyny az möçberde saklap biljekdikleri, kiçi banklarda bolsa likwidlilik ätiýaçlygynyň köp bolmalydygy mälimdir, şunuň bilen baglylykda *H*2 we *H*3 kadalaryň hasaplanmagy ol ýa-da beýleki topardaky bankyň deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň derejesine doly derejede baha bermäge mümkinçilik bermeýär.

Banklaryň ýöriteleşmegi karz edaralarynyň dürli görnüşleri üçin likwidlilik kadalaryny diwersifisirlemek zerurlygyna getirýär. Meselem, maýa goýum işi bilen meşgullanýan banklar üçin H4 kadasy uzak möhletli goýumlary ösdürmekde päsgelçilik bolup biler, uzak möhletli maýa goýumlary amala aşyrmaýan banklar üçin bolsa bu kada derwaýys bolup durmaýar, sebäbi olar ony artygy bilen ýerine ýetirýärler. Halkara hasaplaşyklara hyzmat edýän we dahylsyz banklara karz (nesýe) berýän we olardan karz (nesýe) alýan banklar puluň hümmeti üýtgän mahalynda düýpli zyýan çekip bilerler, bu ýagdaý hem likwidliligiň hökmany kadalary hasaplananda öz beýanyny tapmaýar.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini baha bermegiň koeffisiýent usulynyň ýokarda sanalyp geçilen ýetmezçiliklerini ýeňip geçmek üçin banklara hökmany kadalara goşmaça karz guramasynyň işiniň aýratynlygyny we töwekgelçiligiň dürli düzüm böleklerini hasaba alýan, aňryçäk görkezijileri aýratynlykda hasaplanan beýleki koeffisiýentleri işläp taýýarlamagy maslahat berip bolar.

Düzgün bolşy ýaly, aýratyn ykdysady koeffisiýentler işlenip taýýarlananda, goýumlary ýitirmek töwekgelçiligini hasaba almak bilen, serişdeleri goşmaça çekmek ýa-da olaryň gitmek mümkinçiligine görä aktiwlere we passiwlere düzediş girizmek ulanylýar.

Goýumlary ýitirmek töwekgelçiligini banklar kynçylykly goýumlaryň pul möçberine görä aktiwleriň ululygyna düzediş girizmek arkaly hasaba alýarlar, şunda goýumlary ýitirmek töwekgelçiliginiň derejesine bank özbaşdak, Merkezi bankyň Görkezijileriniň we Düzgünnamalarynyň talaplaryna laýyklykda baha berýär.

Pul serişdeleriň akymynyň mümkin bolan ululygyny bank geçen döwrüň statistiki maglumatlaryny hasaba almak bilen, müşderileriň hasaplary boýunça pul serişdeleriniň çaklamasyndan, şertnama borçnamalaryndan we bankara karzlaşdyryş ulgamynda doly peýdalanylmadyk bellenen çäkleriň (limit) ululygyndan ugur alyp kesgitleýär.

Pul serişdelerini çekmegiň şunuň ýaly peýdalanylmadyk mümkinçiligi we bank serişdeleriniň çak edilýän gitmegi likwidlilik koeffisiýentleriniň hasaplamasyna goşulýar *(19-njy tablisa)*.

*19-njy tablisa*

**Bankyň likwidlilik koeffisiýenti (aktiwlerden ýitirmek töwekgelçiligi we çekilen serişdeleriň göwrüminiň üýtgemek mümkinçiliklerini hasaba almak bilen)**

| Koeffisiýent hasaplamagyň tertibi | Bellikler |
|---|---|
| H2.1 = (LA – MG + ÝLAÜ) : : (BM + ÜBM), ýagny MG – bankyň talap edilýänçä ýerleşdirilen meseleli goýumlary, ÝLAÜ – ýokary likwidli aktiwleriň göwrüminiň üýtgemegi, ÜBM – talap edilýänçä borçnamalarynyň göwrüminiň üýtgemegi. | Bank talap edilýänçä borçnamalarynyň (aktiwlerden ýitirmek we çekilen serişdeleriň göwrüminiň üýtgemeginden bolup biljek töwekgelçiligi hasaba almak bilen) haýsy bölegini haýal gaýtaryp biljekdigi görkezilýär. |
| H3.1 = (La – MG3+LAÜ) : : (BM – ÜBM), ýagny MG3 – möhleti 30 güne çenli bolan meseleli goýumlar, LAÜ – likwidli aktiwleriň üýtgemegi, ÜBM – Bankyň talap edilýänçä we möhleti 30 güne çenli bolan borçnamalarynyň göwrüminiň üýtgemegi. | Möhleti 30 güne çenli bolan borçnamalarynyň (çekilen serişdeleriň göwrüminiň üýtgemeginden bolup biljek töwekgelçiligi hasaba almak bilen) haýsy bölegi şu aralykda tölenilip bilner. |
| H4.1 = (KT – MG + KTÜ): (K+BB+ÜBB), ýagny KTÜ – bankyň möhleti 1 ýyldan ýokary bolan karz talaplarynyň ululygynyň üýtgemegi, ÜBB – bankyň möhleti 1 ýyldan ýokary bolan karzlarynyň, depozitleriniň we bazardaky bergi gurallaryny düzýän borçnamalarynyň ululygynyň üýtgemegi. | Bankyň uzak möhletli ýerleşdiren serişdeleriniň (aktiwlerden ýitirmek we çekilen serişdeleriň göwrüminiň üýtgemeginden bolup biljek töwekgelçiligi hasaba almak bilen) haýsy böleginiň uzak möhletli resurslar bilen üpjün edilendigini görkezýär. |

Koeffisiýentleriň banklar tarapyndan ulanylýan şunuň ýaly ulgamy, Merkezi bank tarapyndan bellenen hökmany kadalaryň peýdalanylýan ýagdaýyna garanyňda, deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň hakykata has golaý görnüşini almaga mümkinçilik berýär.

Artyk likwidlilige gözegçilik etmek üçin banklar her bir hökmany ölçeg we bank tarapyndan işlenip taýýarlanan koeffisiýent üçin Merkezi bankyň talaplaryna gapma-garşy gelmeýän iň pes we aňryçäk derejeleri belläp bilerler.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini dolandyrmagyň dürli möhletleri bolan aktiwleriň we passiwleriň gatnaşygynyň netijelerine baha bermäge esaslanýan beýleki bir usuly bankyň pul akymlaryny çaklamaga esaslanýar. Bu usulyň düýp özeni seredilýän döwrüň degişli senesindäki ýagdaýa görä täjirçilik bankynyň likwidliligini kesgitlemekden ybaratdyr.

Pul akymlaryny çaklamak usuly bilen deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine baha bermekde peýdalanylýan başlangyç maglumatlara bildirilýän talaplar şulardan ybaratdyr:

➢ aktiwler we passiwler ykdysady mazmunyna laýyklykda we geçirilýän amallaryň puluna baglylykda toparlar boýunça düzülmelidir;

➢ şertnamanyň tamamlanýan möhletleri hökmünde talaplaryň bildirilmeli we müşderiň öňündäki borçnamalaryň ýerine ýetirilmeli hakyky möhletleri peýdalanylmalydyr;

➢ bankyň aktiwlerine olaryň ýitirilmeginiň mümkindigi töwekgelçiligi göz öňünde tutulyp düzediş girizilmelidir;

➢ baha berlende diňe bankyň balans däl, eýsem balansdan daşary talaplary we borçnamalary görkezilmelidir;

➢ bankyň karz topary (komiteti) tarapyndan berilmäge rugsat edilen ssudalary(nesýeleri), şol sanda owerdraftlar we karz liniýalar boýunça peýdalanylmadyk bellenen çäkleriň (limit) möçberleri, şeýle hem depozitleriň gelmegine garaşylýan möçberi hasaba alynmalydyr;

➢ bankyň uly möçberdäki göterimsiz girdejileri we çykdajylary hasaba alynsa gowy bolar: garaşylýan ýygym hak-heşdekler, meýilnamalaşdyrylýan amal çykdajylary, banky ösdürmek üçin düýpli harajatlar we ş.m.

Şu usul Merkezi bank tarapyndan «Talap edilýänçä we üzülýän möhletleri boýunça aktiwler we passiwler barada maglumatlar» hasabatlylyk görnüşiniň esasynda likwidlilik töwekgelçiligine baha berlende ulanylýar. Bu görnüş üzülmeli möhletlerine laýyklykda, aktiwleriň we passiwleriň gatnaşygyny häsiýetlendirýän tablisadan durýar. Tablisanyň birinji böleginde hasabat döwürlerine bölmek bilen artdyrylan girdejiler we çykdajylar göz öňünde tutulyp, töwekgelçiligiň birinji derejesine degişli likwidli aktiwler hasaba alynýar (Merkezi bankyň karzlar boýunça ýüze çykyp biljek ýitgiler üçin ätiýaçlyk gorlaryny we olar üçin ätiýaçlyk gorlaryny emele getirmegiň tertibi hakynda kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda). Tablisanyň ikinji böleginde bankyň borçnamalary ýerleşdirilýär.

Likwidli aktiwleriň düzüminde şu maddalar bölünip görkezilýär: pul serişdeleri, söwda we maýa goýum gymmatly kagyzlaryna we satmak üçin gymmatly kagyzlara goýumlar, nesýeler we olara deňleşdirilen bergiler we beýleki aktiwler. Borçnamalaryň düzümine karz edaralaryň serişdelerini, müşderileriň serişdelerini, çykarylan bergi borçnamalaryny, gaýry borçnamalary goşýarlar. Mundan başga-da, bankyň balansdan daşary borçnamalary we olara berlen kepillendirmeler hasaba alynýar.

Bankyň likwidli aktiwleri we borçnamalary boýunça möhletler artýan tertipde görkezilýär. Şu görnüşiň çäklerinde aşakdaky görkezijiler hasaplanyp çykarylýar: absolýut manyda likwidliligiň deň gelmezligi we bankyň likwidliligi bilen borçnamasynyň deň gelmezliginiň göterim gatnaşygy.

Baha bermegiň şu usulyndan peýdalanylanda banklaryň likwidlilik ýagdaýynyň ululygyny kesgitlemäge, toplanan hem-de döwürler boýunça bölünen deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini ýüze çykarmaga mümkinçilikleri bolýar. Emma Merkezi bank tarapyndan teklip edilen usuly likwidliligiň artyklyk (ýetmezçilik) koeffisiýentleriniň bellenen çäkleriniň we aňryçäk ähmiýetleriniň banklar tarapyndan özbaşdak kesgitlenmegini göz öňünde tutýar. Düzgün bolşy ýaly, koeffisiýentleriň aňryçäk ähmiýetleri banklar tarapyndan tölegleriň emele gelen iş tejribesinden ugur alnyp bellenýär. Artykmaç likwidlilik töwekgelçiligine baha bermek üçin bellenen çäkleri we koeffisiýentleri bellemek kyn bolýar.

145.0 x 215.0 mm

Likwidliligiň ýetmezçiliginiň ýa-da artyklygynyň bolmagy deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň ýol berilýän töwekgelçilik bolup durýandygyny kesgitlemäge mümkinçilik bermeýär. Emma bellenen çäklerden ýokary bolmagy töwekgelçiligiň ýol berilmeýän ululygynyň bardygyna we karz berijileriň hem goýumçylaryň öňündäki borçnamalary ýerine ýetirmek üçin bankyň goşmaça serişdeleri öz wagtynda çekmäge we aktiwleri olaryň gymmatyny ýitirmän ýerlemäge ukypsyzlygynyň netijesinde ýitgi çekilmeginiň mümkindigine şaýatlyk edýär.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň derejesi töwekgelçiligiň şu görnüşiniň täsirine düşüp biljek serişdeleriň möçberiniň çäklerini bellemek, töwekgelçiligiň amala aşan ýagdaýynda amatsyz netijeler ýüze çykan mahalynda mümkin bolan ýitgileri çäklendirmek arkaly çäklendirilip bilner.

Likwidliligiň artykmaçlyk (ýetmezçilik) koeffisiýentleriniň aňryçäk ähmiýetleri bellenende, bank geçen döwürde müşderileriň serişdeleriniň gidişine geçirilen seljermäniň maglumatlaryna esaslanýar. Ýagny, eger geçen aýda müşderileriň serişdeleriniň gidişi hasaplar boýunça galyndylaryň umumy möçberiniň 20-30%-ne deň bolan bolsa, onda bankda gündelik borçnamalaryň 20-30%-ni ýapmak üçin ýeterlik bolan likwidli aktiwleriň bolmagy ýeterlikdir.

Töwekgelçiligiň has takyk çäklerini bellemek üçin banklar meýilnamalaşdyrylýan goýumlaryň gurluşyny, olaryň çeşmelerini we seljerilýän senedäki ýagdaýa görä likwidli serişdeleriň ýetmezçilik eden ýagdaýynda likwidli aktiwleri artdyrmak mümkinçiligini öwrenýärler. Şunda deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň çägi baglaşylan şertnamalarda göz öňünde tutulmadyk, meýilnamalaşdyrylýan goýumlar (mysal üçin, gymmatly kagyzlara goýumlar) bilen seljerilýän senedäki ýagdaýa görä likwidli serişdeleriň ýetmezçiliginiň arasyndaky ululyk hökmünde hasaplanyp çykarylýar.

Töwekgelçiligiň amala aşan ýagdaýynda mümkin bolan ýitgileri çäklendirmek (ýa-da baha gözükmelerini bellemek) banklar tarapyndan şu talaplary hasaba almak bilen amala aşyrylýar:

➢ Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň amatsyz netijeleriniň amala aşmagyndan çekilen ýitgiler degişli hasabat döwründe bank tarapyndan alnan peýdadan ýokary bolmaly däldir;

145.0 x 215.0 mm

➢ Töwekgelçilikden gaça durmak ýa-da onuň möçberini peseltmek boýunça çäreleri geçirmek üçin harajatlar töwekgelçiligi kabul etmekden çekilip bilinjek ýitginiň möçberinden, şeýle hem degişli döwürde garaşylýan peýdanyň möçberinden ýokary bolmaly däldir.

Düzgün bolşy ýaly, mukdar çäklerini we baha çaklamalaryny banklar diňe ýakyn geljek üçin (bir aýdan üç aýa çenli möhlete) belleýärler. Uzak möhletli çaklamada deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine täsir edýän ähli şertleri, hususan-da, karz serişdelerine bolan islegiň we teklibiň üýtgäp durmalaryny, pul we daşary ýurt puly bazarlarynda bahalaryň üýtgeýşini göz öňünde tutmak mümkin däldir, şol sebäbe görä bellenen çäkleri kesgitlemek özüniň amaly manysyny ýitirýär. Şu ýagdaýda likwidliligiň artykmaçlygynyň (ýetmezçiliginiň) bellibir koeffisiýentlerini bellemek has derwaýys bolup durýar.

Banklar tarapyndan likwidliligiň artykmaçlygynyň (ýetmezçiliginiň) bellibir koeffisiýentleri görnüşinde deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň çäkleriniň bellenilmeginde subýektiwlik elementleri bolýar. Ykdysady şertleriň we bankyň işiniň ugurlarynyň üýtgemegi netijesinde olara wagtal-wagtal gaýtadan seredilmegini talap edýär.

Töwekgelçiligiň ululygyna has takyk baha bermek üçin degişli möhletleri bolan aktiwleriň we passiwleriň deň gelmezliginiň meýillerini ýüze çykarmak zerurdyr. Birnäçe döwürleriň dowamynda yzygider ýagdaýda bellenen çäkleriň ýerine ýetirilýändigine garamazdan, bankyň likwidliliginiň artykmaçlygynyň ýa-da ýetmezçiliginiň bolmagy likwidliligiň artykmaçlygyny maliýeleşdirmek üçin goşmaça harajatlaryň netijesinde ýa-da likwidli aktiwleriň peýda görmän satylmagynyň, goşmaça karz almalar amala aşyrylanda ýitgileriň bolup biljekdigine şaýatlyk edýär.

Umuman alanyňda, Merkezi bank tarapyndan teklip edilen usulyýetiň peýdalanylmagy deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine baha bermek meselesini bölekleýin çözýär diýip tassyklap bolar. Hasabatlylygyň şu görnüşiniň esasynda bankyň borçnamalarynyň birinji derejeli aktiwler bilen näderejede ýapylýandygyny kesgitläp bolar. Emma bu modelde pul serişdeleriniň hereketine ýeterlik üns berilmeýär (geçen döwürlerde serişdeleriň gelşi we gidişi baradaky statistika maglumatlary hasaba alynmaýar), diňe töwekgelçiligiň

birinji derejesine degişli aktiwler hasaba alynýar, «gaýry aktiwler» we «gaýry borçnamalar» maddalaryny hasaplamagyň usulyýeti hem takyklanmagyny talap edýär. Bu ýagdaý töwekgelçiligiň ululygyna baha bermegiň subýektiwligine alyp barýar.

Şu modeliň çäklerinde bankyň aktiwlerini we passiwlerini has takyk düzümleýin gurmak üçin bank goýumlarynyň we serişdeleriniň has ýokary derejede jikme-jikleşdirilmegini teklip edip bolar.

Aktiwleriň düzüminde şu maddalary goşmaça bölüp görkezmek maslahat berilýär: Merkezi bankdaky pul serişdeleri we hasaplar, karz edaralaryndaky serişdeler, gymmat bahaly metallar, döwletiň gymmatly kagyzlary, daşary ýurt puly we gazna biržalary bilen hasaplaşyklardaky serişdeler, banklar tarapyndan hasaba alnan wekseller. Bankyň borçnamalarynyň düzüminde Merkezi bankdan alnan karzlary, beýleki karz edaralarynyň serişdelerini, beýleki guramalaryň işine maliýe taýdan gatnaşylmagyny bölüp görkezmek teklip edilýär.

Teklip edilýän jikme-jikleşdirme banklara, täjirçilik banklaryna-da, Merkezi banka hem likwidliligiň artykmaçlygynyň ýa-da ýetmezçiliginiň ýüze çykmagynyň sebäplerine has esasly seljerme geçirmäge hem-de şunuň ýaly deň gelmezlige ýol bermezlige mümkinçilik berer.

Aktiwleriň düzümine diňe töwekgelçiligiň birinji toparyna girýän likwidli aktiwleriň goşulmagy hem şübhe döredýär, sebäbi bu banklara zerur bolan halatynda borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine gönükdirilip bilinjek ikinji nobatdaky ätiýaçlyk gorlarynyň ululygyna baha bermäge mümkinçilik bermeýär. Döredilen ätiýaçlyk gorlaryny aýyrmak bilen, töwekgelçiligiň beýleki toparlaryna girýän aktiwleriň hasaplama goşulmagy deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň ululygyna has doly baha bermäge mümkinçilik bererdi. Beýlekiler bilen deňeşdirilende ony ornaşdyrmagyň gymmatynyň has ýokarydygyny hem şu usulyň ýetmezçiliklerine degişli edip bolar.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine baha bermegiň üçünji usulynyň esasynda bankyň aktiwleriniň we passiwleriniň gurluşyny dolandyrmak ýatýar. Baha bermegiň bu usulynyň wezipeleri şulardan ybaratdyr:

145.0 x 215.0 mm

1. Likwidli aktiwleriň ululygyny we hilini hem-de bankyň durnuksyz passiwleriniň paýyny kesgitlemek;

2. Olaryň gatnaşygyny kesgitlemek we ýüze çykarmak hem-de likwidliligiň artykmaçlygy ýa-da ýetmezçiligi töwekgelçiliginiň derejesine baha bermek;

3. Bankyň aktiwleriniň we passiwleriniň gurluşyny has jikme-jik öwrenmek ýoly bilen, deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň beýleki ýagdaýlaryny ýüze çykarmak.

Şu usul banklar tarapyndan töwekgelçilik ýagdaýlaryny kesgitlemek we olara baha bermek hem-de taktiki dolandyryş çözgütlerini işläp taýýarlamak üçin ulanylýar.

Töwekgelçilige baha bermegiň düzümleýin gurluş usulyny häsiýetlendirmek üçin bankyň aktiwlerini we passiwlerini düzümleýin gurmagyň nähili amala aşyrylýandygynyň we onuň töwekgelçiligiň näderejede obýektiw ýagdaýy görkezýändigininiň uly ähmiýeti bardyr.

Düzümleýin gurmak ortaça (ortaça aýlyk, ortaça çärýeklik we ş.m.) görkezijileriň esasynda hem, her günki maglumatlaryň esasynda-da amala aşyrylyp bilner. Birinji çemeleşme bankyň deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini dolandyrmak ýörelgesiniň netijeliligine baha bermäge mümkinçilik berýär, ikinji çemeleşme hakyky wagt düzgüninde taktiki çözgütleri kabul etmäge gönükdirilendir.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, bankyň iş tejribesinde täjirçilik bankynyň balansyny düzümleýin gurmaga birnäçe çemeleşmeler bardyr. Däp bolşy ýaly, aktiwler olaryň likwidliliginiň peselme derejesi boýunça, passiwler bolsa durnuklylygyň ýokarlanma derejesi boýunça bölünýärler. Şunda aktiwiň we passiwiň balans maddalary hem-de balansdan daşary maddalar toparlanýar. Alnan agregirlenen toparlaryň gatnaşygyna seljerme geçirmek we baha bermek bankyň deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň täsirine düşme ýagdaýynyň umumy häsiýetnamasyny berýär.

Bankyň aktiwleriniň likwidlilik derejesi boýunça we passiwleriniň durnuklylyk derejesi boýunça toparlara bölünişiniň mysaly *20-nji we 21-nji tablisalarda* getirilýär.

145.0 x 215.0 mm

*20-nji tablisa*

**Bankyň aktiwleriniň likwidlilik derejesi boýunça toparlara bölünişi**

| 1-nji topar | 2-nji topar | 3-nji topar | 4-nji topar | 5-nji topar |
|---|---|---|---|---|

## Bankyň aktiwleri

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| ➢ Kassadaky nagt pul serişdeleri we töleg resminamalary.<br>➢ Bankyň aragatnaşyk hasaby.<br>➢ Banka ýerleşdirilen depozitler.<br>➢ Likwidli gymmat bahaly kagyzlar.<br>➢ Bankyň obligasiýalary. | NOSTRO hasaby.<br>➢ Üzülüşmäge 7 gün galan bankara karzlar we depozitler.<br>➢ Bankyň hökmany atiýaçlyk gorlary. | ➢ NOSTRO hasaby (2-nji topara degişli bolmadyklardan galany).<br>➢ Üzülüşmeli möhleti 8-30 gün bolan karzlar.<br>➢ Uzak möhletli döwlet obligasiýalary.<br>➢ Bazar kotirowkasy bolan uzak möhletli munisipial gymmat bahaly kagyzlar.<br>➢ Bazar kotirowkasy bolan täjirçilik gymmat bahaly kagyzlar. | ➢ Gymmat bahaly metallar.<br>➢ Uzülüşmeli möhleti 30 günden ýokary bolan standart karzlar.<br>➢ Uzülüşmeli möhleti 30 günden ýokary bolan standart hasaplanýan wekseller.<br>➢ Beýleki edaralaryň maliýe işine gatnaşygy. | ➢ Hökmany ätiýaçlyk gaznasyndan, ýakyn 7 günüň dowamynda gaýtarylmaga degişli bolan möçber.<br>➢ Bazar kotirowkasy bolmadyk munisipial we korporatiw gymmat bahaly kagyzlar.<br>➢ Beýleki edaralaryň maliýe işine gatnaşygy (4-nji topardan başgasy).<br>➢ Meseleli we möhleti geçen karzlar.<br>➢ Kesgitlenen aktiwler (esasy serişdeler, maddy we maddy däl aktiwler) galyndy bahasy bilen. |

## Balansdan daşary aktiwler

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | ➢ Ýerine ýetirilmegine 7 gün galan nagt we möhletli geleşikler boýunça bankyň talaby; a) nagt pul serişdesiniň goýulmagy; b) gymmat bahaly metallaryň goýulmagy; ç) gymmat bahaly kagyzlaryň goýulmagy. ➢ Geleşigiň garşylykly bölegi üçin REPO ýerine ýetirilmegine 7 gün galan | ➢ Ýerine ýetirilmeli möhleti 8-30 gün bolan nagt we möhletli geleşikler boýunça bankyň talaby a) nagt pul serişdesiniň goýulmagy: b) gymmat bahaly metallaryň goýulmagy; ç) gymmat bahaly kagyzlaryň goýulmagy. ➢ Geleşigiň garşylykly bölegi üçin REPO ýerine ýetiriliş 8-30 gün möhleti | ➢ Ýerine ýetirilmeli möhleti 30 günden ýokary bolan nagt we möhletli geleşikler boýunça bankyň talaby; a) nagt pul serişdesiniň goýulmagy; b) gymmat bahaly metallaryň goýulmagy; ç) gymmat bahaly kagyzlaryň goýulmagy. ➢ Geleşigiň garşylykly bölegi üçin REPO ýerine ýetirilmeli möhleti 30 günden ýokary bolan bankyň talaby | ➢ Nagt we möhletli geleşikler üçin bankyň talaby (meseleli we möhleti geçen): a) nagt pul serişdesiniň goýulmagy; b) gymmat bahaly metallaryň goýulmagy; ç) gymmat bahaly kagyzlaryň goýulmagy ➢ Geleşigiň garşylykly bölegi üçin REPO (meseleli we möhleti geçen) bankyň talaby |

145.0 x 215.0 mm

*21-nji tablisa*

**Bankyň balansdan daşary passiwleriniň toparlandyrylyşy**

| Talap edilýänçä borçnamalar (yzygiderli bölegi aýyrmak bilen) | Möhletli esasy borçnamalar (yzygiderli bölegi aýyrmak bilen) | Gysga möhletli borçnamalar (yzygiderli bölegi aýyrmak bilen) | Orta möhletli borçnamalar (yzygiderli bölegi aýyrmak bilen) | Hemişelik passiwler |
|---|---|---|---|---|
| ➢ Hasaplaşyk we gündelik hasaplardaky serişdeler.<br>➢ LORO hasaby.<br>➢ Bankyň amallary boýunça borçnamalar.<br>➢ Müşderiniň tamamlanmadyk hasaplaşyk amallary boýunça serişdeleri.<br>➢ Bankyň tamamlanmadyk hasaplaşyklary.<br>➢ Talap edilýänçä goýumlar we depozitler. | ➢ Şahsy taraplaryň möhleti 2-7 gün bolan goýum hasaplary.<br>➢ Ýuridik taraplaryň möhleti 2-7 gün bolan möhletli goýumlary.<br>➢ Möhleti 2-7 gün bolan bankyň depozit sertifikatlary we hususy wekselleri.<br>➢ Ýerine ýetirilmeli möhleti 2-7 gün bolan REPO amaly.<br>➢ 2-7 gün mňhletli bank kepilligi.<br>➢ Karz bermekligiň ulanylmadyk möçberi. | ➢ Şahsy taraplaryň möhleti 8-30 gün bolan goýum hasaplary.<br>➢ Ýuridik taraplaryň möhleti 8-30 gün bolan möhletli goýumlary.<br>➢ MBK möhleti 8-30 gün.<br>➢ Möhleti 8-30 gün bolan bankyň depozit sertifikatlary we hususy wekselleri.<br>➢ Ýerine ýetirilmeli möhleti 8-30 gün bolan REPO amaly.<br>➢ Bankyň kepillendirilen akkreditiwi. | ➢ MBK möhleti 30 günden ýokary.<br>➢ Möhleti 30 günden ýokary bolan ýuridik we şahsy taraplaryň depozitleri.<br>➢ Möhleti 30 günden ýokary bolan bankyň kepillikleri.<br>➢ Ýerine ýetirilmeli möhleti 30 günden ýokary bolan REPO amaly. | – Bankyň hususy serişdeleri.<br>– Talap edilýänçä we möhletli borçnamalaryň durnukly bölegi. |

Aktiwleriň we passiwleriň aýry-aýry toparlar boýunça bölünişi hem jedelli bolup durýar. Teklip edilýän toparlama bankyň aktiwleriniň, passiwleriniň we balansdan daşary maddalarynyň gurluşyna olaryň likwidliligi, üzülmeli möhletleri we diwersifisirlenme derejesi nukdaýnazaryndan seljerme geçirmäge mümkinçilik berýär. Hemişelik passiwleriň düzüminde çekilen serişdeleriň durnukly düzüm böleginiň bölünip görkezilýändigi, şeýle hem karz edarasynyň balansdan daşary aktiwleriniň we borçnamalarynyň hasaba alynýandygy we jikme-jikleşdirilýändigi onuň gowy tarapy bolup durýar. Bankyň aktiwleri we passiwleri toparlara bölünende degişli borçnamalaryň üzülmeli wagtyna çenli galan möhletler hasaba alynýar. Dürli möhletleri bolan goýumlary we borçnamalary hasaba almak we olaryň gatnaşygyna seljerme geçirmek üçin banklar tölegleriň senenamalaryny düzýärler. Bankyň laýyk gelýän möhletleri bolan aktiwleriniň we passiwleriniň gatnaşygyny kesgitlemek ýeterlik däl likwidlilik ýa-da artyk likwidlilik töwekgelçiliginiň bardygyny ýüze çykarmaga we töwekgelçiligiň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Eger aktiwleriň ululygy möhleti boýunça deň gelýän passiwleriň ululygyndan ýokary bolsa, onda bank artyk likwidlilik töwekgelçiligini, tersine bolan ýagdaýynda ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligini başdan geçirýär diýip bolar.

Aktiwleriň we passiwleriň hiline has takyk seljerme geçirmek we töwekgelçilik derejesini kesgitlemek üçin serişdeleri çekmek boýunça hem, olary ýerleşdirmek boýunça hem bankyň müşderileriň dürli toparlaryna baglylygyna wagtal-wagtal seljerme geçirmek maksadalaýyk bolar.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini dolandyrmagyň düzümleýin gurluş usulynyň ulanylmagy aktiwleriň ululygyna döredilen ätiýaçlyk gorlarynyň ululygyna görä düzediş girizmek we töwekgelçilik derejesine has takyk baha bermek üçin geçen döwürde depozitleriň talap edilişi hem-de karzlaryň üzülişi barada statistika maglumatlaryny peýdalanmak talap edilýär. Emma bu töwekgelçilik derejesini kesgitlemegiň usulyny çylşyrymlaşdyrýar we subýektiw şertleriň baha bermegiň netijelerine edýän täsirini güýçlendirýär.

Bankyň deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine baha bermegiň koeffisiýent häsiýetnamasy *22-nji tablisada* getirilýär.

*22-nji tablisa*

**Bankyň likwidlilik kadalaşdyryjylary**

| **Kadalaşdyryjylaryň ady** | **Çalt likwidli kadalaşdyryjysy *H*2** | **Gündelik likwidli kadalaşdyryjysy *H*3** | **Umumy likwidli kadalaşdyryjysy *H*4** |
|---|---|---|---|
| Ölçeg (kriterial) kadalaşdyryş derejesi | Iň az möçberi 60% hasabyndan kesgitlenýär | Iň az möçberi 35% hasabyndan kesgitlenýär | Iň az möçberi 25% hasabyndan kesgitlenýär |

22-nji tablisanyň maglumatlarynyň esasynda geçirilen seljerme aktiwleriň töwekgelçiligi we bank borçnamalarynyň durnukly düzüm bölegini hasaba almagyň, bankyň likwidlilik koeffisiýentleriniň ähmiýetleriniň ýokarlanmagyna getirýändigini we deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň ulylygyna has takyk baha bermäge, ony kesgitleýän şertleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýändigini görkezýär.

Seljerme bank üçin ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiliginiň esasy faktorynyň hasaplaşyk we gündelik hasaplardaky serişdeleriň mümkin bolan üýtgäp durmalaryň bolup durýandygyny görkezýär. Bankyň öz serişdeleri likwidli däl aktiwlerden ýokarydyr, ýagny likwidli däl aktiwler ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiliginiň faktory bolup durmaýarlar.

Bankyň deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine baha bermegiň düzümleýin gurluş usulynyň esasynda A banka döwletiň gysga möhletli gymmatly kagyzlaryna we bankyň söwda bukjasyndaky kesilen bazar nyrhlary bolan munisipal we täjirçilik gymmatly kagyzlaryna goşmaça goýumlary goýmagyň hasabyna likwidliligi ýokary aktiwleriň möçberini artdyrmagy maslahat berip bolar, bu karz edarasyna ýakyn geljekde ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligini peseltmäge mümkinçilik berer; mundan başga-da, işjeň karz syýasatyny amala aşyrmagy (aýratyn hem orta möhletli we uzak möhletli nesýe bermek babatynda) dowam edip bolar, bu bolsa artyk likwidlilik töwekgelçiliginden gaça durmaga we bank işiniň girdejililigini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer.

Gündelik, orta möhletli we uzak möhletli likwidliligi we olar bilen bagly töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça çözgütleri kabul etmek

145.0 x 215.0 mm

mümkinçiligi düzümleýin gurluş usulynyň gowy tarapy bolup durýar. Şu usulyň netijeliligi koeffisiýent usulyna garanyňda ýokarydyr, sebäbi soňky usul ulanylanda aýry-aýry maddalaryň gatnaşygy seljerilýär, düzümleýin gurluş usulynda bolsa balansyň ähli maddalary öwrenilýär. Töwekgelçilige baha bermegiň düzümleýin gurluş usuly, koeffisiýent usulyndan tapawutlylykda, çalt, gündelik we uzak möhletli likwidlilik kadalaryndan başga-da, bankyň möhleti 7 güne, 7 günden 30 güne çenli, 30 günden ýokary bolan aktiwleri bilen passiwleriniň, likwidli däl aktiwleri bilen hemişelik passiwleriniň gatnaşygyny, şeýle hem bankyň balansynyň beýleki islendik maddalaryny hasaplap çykarmaga mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine baha bermegiň düzümleýin gurluş usulynyň seljerme maglumatlary koeffisiýent usulynyň netijeleriniň üstüni ýetirýär.

Baha bermegiň koeffisiýent usulynyň netijeleriniň peýdalanylmagy deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň ululygyny has takyk kesgitlemäge, ony kesgitleýän şertleri ýüze çykarmaga we töwekgelçiligi peseltmek boýunça çäreler ulgamyny işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine baha bermegiň düzümleýin gurluş usuly banklar tarapyndan diňe bir mikrodererejede ulanylmaýar. Merkezi bank goýumlary ätiýaçlandyryş ulgamyna girlen wagtynda banklaryň maliýe taýdan durnuklylygyna baha bermek maksady bilen, likwidlilige baha bermegiň bankyň aktiwleriniň we passiwleriniň gurluşyny häsiýetlendirýän görkezijilerini belleýär. Merkezi bank özüniň deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine baha berme usulyna bankyň balansynyň aktiwiniň we passiwiniň dürli maddalarynyň gatnaşygyny hem-de likwidlilik, durnuklylyk we töwekgelçilik nukdaýnazaryndan olaryň hilini häsiýetlendirýän görkezijiler ulgamyna goşýar, onuň birnäçe artykmaçlyklary bardyr. Banklar olary aktiwleriň hem passiwleriň gurluşyna we hiline baha bermek boýunça öz usullaryny işläp taýýarlanlarynda nazarda tutup bilerler.

Birinjiden, görkezijileriň teklip edilýän usuly baha bermegiň koeffisiýent usulyna garanyňda ep-esli giň bolup, ol bankyň balansynyň aktiwiniň we passiwiniň maddalarynyň has köp bölegine seljerme geçirmäge mümkinçilik berýär.

11. Sargyt № 3120

Ikinjiden, bankyň likwidlilik derejesiniň umumylaşdyryjy görkezijisiniň bolmagy şu usulyň aýratynlygy bolup durýar, bu görkeziji ýagdaýlaryň köpüsi bilen şertlendirilen deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň netije ululygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Onuň mümkin bolan aňryçäk bal bahasyndan ýokary bolmagy töwekgelçiligiň ýol berilmeýän ululygynyň bardygyna şaýatlyk edýär.

Baha bermegiň şu usuly ýeterlik däl likwidlilik töwekgelçiligini ýüze çykarmaga we onuň ululygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Emma likwidlilik görkezijileri ulgamyna aşakdaky ýaly birnäçe bellikler edip bolar:

• Şu ulgamda likwidlilige, ykdysady ýagdaýyň üýtgemegini hasaba almazdan, bellibir senedäki ýagdaýa görä baha berilýär;

• Artyk likwidlilik töwekgelçiligi we töwekgelçiligiň baha düzüm bölegi hasaba alynmaýar;

• Bankyň aktiwleriniň we borçnamalarynyň gurluşyna has doly häsiýetnama bermek üçin bankyň balansdan daşary amallarynyň deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň derejesine edýän täsiri has doly hasaba alynmalydyr;

• Likwidlilik görkezijileriniň bal we agram bahalary kesgitlenende bellibir derejede subýektiwlik bar.

**Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine gözegçilik** *(monitoring)* töwekgelçilige baha bermegi, seljerme geçirmegi we ony düzgünleşdirmegi goşmak bilen, onuň ýagdaýyna syn etmek ulgamyndan ybaratdyr.

Banklar töwekgelçiligiň ululygyna we ýagdaýlaryna öz wagtynda seljerme geçirmegi we ony düzgünleşdirmek ýörelgesiniň görnüşlerini işläp taýýarlamagy amala aşyrmak üçin deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň derejesine gözegçilik etmelidirler.

Monitoringiň esasy wezipesi töwekgelçiligiň ýüze çykmak mümkinçiligini dessin anyklamak bolup durýar.

Bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin bank her gün likwidliligiň hökmany kadalarynyň hasaplamasyny amala aşyrmalydyr, olaryň üýtgeme meýillerine syn etmelidir, şu senedäki ýagdaýa görä we ýakyn döwür üçin likwidli serişdeleriň artykmaçlygynyň (ýetmezçiliginiň) ululygyny kesgitlemelidir, deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň

145.0 x 215.0 mm

ululygyny häsiýetlendirýän görkezijileriň ýaramazlaşmagyna getirip biljek beýleki ýagdaýlara baha bermelidir.

Şunuň ýaly ýagdaýlara aşakdakylary degişli edip bolar:

• bank goýumlarynyň gitmegi;

• banklaryň müşderileriniň hasaplarynyň ýapylmagy;

• nesýeleriň möhletiniň uzaldylmagy we olaryň gaýtarylmazlygy sebäpli pul serişdeleriniň ýeterlik gelmezligi;

• berilýän bankara karzlarynyň möçberiniň azalmagy, olaryň gymmatynyň ýokarlanmagy;

• bankyň öz serişdeleriniň ululygynyň peselmegi;

• bankyň abraýynyň peselmegi;

• tölegleriň gündelik gijä galmagynyň peýda bolmagy;

• bankyň müşderileriniň öňünde ýerine ýetirilmedik bergiler kartotekasynyň peýda bolmagy.

Şunuň ýaly ýagdaýlar deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň ýüze çykandygyna we bankyň ýitgi çekmeginiň mümkindigine şaýatlyk edýär.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini düzgünleşdirmek, wezipeli adamlaryň ygtyýarlygyny takyk bölüşdirmek bilen, degişli standartlary we düzgünleri öz içine alýan syýasatyň işlenip taýýarlanmagyny talap edýär.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini üstünlikli düzgünleşdirmek üçin bank menejmenti tarapyndan likwidliligiň, şol sanda serişdeleri ýerleşdirmegiň ugurlary we olary çekmegiň çeşmeleri saýlanyp alnanda onuň ileri tutulýandygy ykrar edilmelidir. Töwekgelçilikleri dolandyryş ulgamynyň çäklerinde, likwidli serişdeleriň ýetmezçiliginden ýa-da artyklygyndan gaça durmak maksady bilen, bankda özüniň likwidli serişdelere bolan zerurlygyna yzygiderli seljerme geçirilmelidir.

Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini düzgünleşdirmek ulgamynyň möhüm elementleriniň biri hem wakalaryň ösüşiniň alternatiw ugurlaryny yzygiderli seljermek bolup durýar. Şunuň ýaly seljerme bankyň deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiliginiň täsirine düşýän we töwekgelçiligiň bankyň işiniň maliýe ýagdaýyna täsir edýän döwrüne baha bermäge esaslanýar. Deň gelmeýän likwidlilik

145.0 x 215.0 mm

töwekgelçiliginiň we çökgünlik ýagdaýlarynyň ýüze çykýan halatlary üçin strategiýa işlenip taýýarlanmalydyr.

1. «Optimistik» görnüş *(wariant)* işleriň kadaly barşynda, karzlaryň öz wagtynda gaýtarylýan we depozitleriň alynýan, pul bazarynda we gymmatly kagyzlar bazarynda üýtgemeleriň ujypsyz derejede bolup geçýän ýagdaýynda pul akymlarynyň hereketine seljerme geçirmegi göz öňünde tutýar.

2. «Pessimistik» görnüş *(wariant)* amatsyz ýagdaýda, çekilen serişdeleriň degerli derejede gidýän, bankyň balansdan daşary borçnamalary boýunça talaplaryň ýokarlanýan, karzlaryň üzülmeli möhletleriniň bozulýan ýagdaýlarynda deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligine seredýär.

3. Mundan başga-da, islendik karz edarasynda bankyň likwidli aktiwleri satmak, likwidli serişdeleriň ätiýaçlygynyň üstüni bankara karz bazarynda doldurmak mümkinçiliginiň düýpli peselýän, maliýe we daşary ýurt puly bazarlarynda üýtgäp durmalaryň netijesinde serişdeleriň gitmeginiň güýçlenýän döwri bolan bazaryň ählumumy çökgünlik ýagdaýy göz öňünde tutulýan taktika işlenip taýýarlanmalydyr.

4. Bank aktiwler we passiwler babatynda özüni alyp barşyny üýtgetmek, mysal üçin, bazarda agressiw syýasaty alyp barmak, garaşylýan peýdadan ýüz döndermek ýa-da karz alyjylaryň bellibir görnüşleriniň özara gatnaşyklaryny berkitmek bilen çak edilýän çökgünlige taýýarlanmalydyr.

145.0 x 215.0 mm

# VI BAP
# GIRDEJILILIGI ÝITIRMEK TÖWEKGELÇILIGI

## 6.1. Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň manysy

Ylmy işlerde we daşary ýurt banklarynyň iş tejribesinde girdeji we peýda çeşmeleri hökmünde bank täjirçiliginiň elementleri, girdejililigiň we peýdalylygyň derejelerine baha bermegiň usullary baradaky mesele ýeterlik derejede çuň işlenendir. Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligi meselesine nazaryýet babatynda has az üns berilýär, bu mesele girdejiniň doly alynmazlygynyň, peýdanyň ýitirilmeginiň sebäplerini we ýagdaýlaryny hem-de şeýle ýagdaýlaryň öňüni almagyň usullaryny açyp biler.

Bank tarapyndan girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň, birinjiden, toplumlaýyn häsiýeti bardyr, sebäbi ol bankyň aktiw hem-de passiw amallary bilen, iş ýüzünde onuň işiniň ähli ugurlary bilen baglanyşyklydyr. Ikinjiden, ol karz edarasynyň peýda almak üçin işiň ugurlaryna laýyklykda öz üstüne alýan töwekgelçilikleriniň derejesinde tapawut (saldo) netijesi bolup durýar. Gürrüň bank tarapyndan deň gelmeýän likwidlilik, daşary ýurt puly, göterim, karz töwekgelçilikleriniň kabul ederlikli derejesiniň bellenmegi we onuň berjaý edilmegi barada gidýär. Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligine administratiw (amal) töwekgelçilikler hem täsir edýär.

Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligini karz edarasynyň işinden gelip çykýan düýpli we täjirçilik töwekgelçilikleriniň täsiri bilen bankyň işiniň maliýe netijeleriniň üýtgeme ähtimallygy hökmünde kesgitläp bolar. Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň şertleri bankyň düýpli we täjirçilik töwekgelçilikleriniň aýry-aýry görnüşleri üçin häsiýetli bolan ýagdaýlaryň jeminden ybaratdyr.

Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň şunuň ýaly häsiýetinden olary dolandyryş ulgamynyň beýanynyň esasynda faktor ölçeginiň (kriterisiniň) bolup biljekdigi gelip çykýar. Şunda bank tarapyndan

145.0 x 215.0 mm

öz üstüne töwekgelçilikleriň dürli görnüşleriniň kabul edilmegi faktorlar hökmünde çykyş edýär. Başgaça aýdylanda, girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligi dolandyryş ulgamy töwekgelçilikleriň ähli görnüşleriniň dolandyryş bölümlerini (bloklaryny) öz içine almalydyr. Bölümleriň *(bloklaryň)* sany we olaryň ähmiýetliligi bankyň işiniň ugurlary bilen, aragatnaşygyň ýakynlygy bolsa töwekgelçiligiň aýry-aýry görnüşleriniň korrelýasiýasy bilen kesgitlenýär *(12-nji surat)*.




**12-nji surat. Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligini dolandyryş ulgamy**

Guramaçylyk ölçeginiň *(kriterisiniň)* esasynda dolandyryş subýektleri, töwekgelçiligi anyklamak *(identifikasiýa)*, onuň derejesine baha bermek we töwekgelçilige monitorig geçirmek ýaly elementleri bölünip görkezilýär. Sanalyp geçilen aýry-aýry elementleriň mazmunynyň aýratynlyklaryna seredeliň.

145.0 x 215.0 mm

**Töwekgelçiligi anyklamak** *(identifikasiýa)* bankyň işiniň girdejiniň azalmagyna ýa-da ýitirilmegine, ýitgi çekilmegine, peýdanyň emele getirilýän çeşmeleriniň hiliniň ýaramazlaşmagyna getirip biljek segmentlerini (ugurlaryny) ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligini anyklamagyň şu usullaryny görkezip bolar: gaznalaşdyrmagyň esasynda töwekgelçiligiň zolaklaryny ýüze çykarmak, resurslary möhletler boýunça deňeçerlemek, bellibir derejede uzak möhletli resurslaryň has gysga möhletli aktiwlere öwrülişine seljerme geçirmek, bankyň aktiwler we passiwler bukjalaryny segmentleşdirmek.

Bankyň işiniň girdejililigiň peselýän ugurlaryny gaznalaşdyrmagyň esasynda ýüze çykarmak, anyk aktiw amalyna goýlan resurslaryň gurluşynyň kesgitlenmegine esaslanýar.

Gaznalaşdyrmak aktiw amallary boýunça serişdeleriň olaryň hilini, aktiwleriň we passiwleriň talap edilýän derejesini, serişdeleriň ykdysady tebigatyny (karz amallary üçin depozit serişdeleri) we bazaryň amalyň amala aşyrylýan segmentini hasaba almak bilen paýlanmagyny göz öňünde tutýar. Bank tarapyndan aktiw amallar boýunça resurslary paýlamagyň ýörelgeleri kabul edilýär. Mysal hökmünde şu ýörelgeleri getirip bolar:

➢ Durnukly resurslar birinji nobatda likwidliligi pes bolan aktiwleri emele getirmek üçin peýdalanylýar;

➢ Tiz ýerleşdirilýän resurslar ilki bilen likwidli aktiwler boýunça paýlanýar;

➢ Bazaryň bellibir segmentlerinden çekilen resurslar ilkinji nobatda şol segmentlerde ýerleşdirilýär;

➢ BAK owernaýty ilkinji nobatda likwidliligi saklamak üçin peýdalanylýar;

➢ Resurslaryň aýry-aýry görnüşleriniň bellenen maksatlary göz öňünde tutulýar: mysal üçin, aktiw amallaryň (ssuda (nesýe), gymmatly kagyzlar bilen, hasaplaşyk amallary, gaýry aktiw amallar) aýry-aýry görnüşleri boýunça ýitgileriň öwezini dolmak üçin ätiýaçlyk gorlary ilkinji nobatda degişli aktiwleri ýapýar.

Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligi şu ýagdaýlarda bolýar:

➢ BAK owernaýt bermek, likwidliligi ýokary korporatiw we döwletiň gymmatly kagyzlaryny, birinji derejeli wekselleri satyn almak üçin depozit serişdeleriň durnukly bölegi peýdalanylanda (bu serişdeleriň talap edilişiniň pes bolmagy olary bellibir derejede ýokary baha boýunça has töwekgelçilikli amallara ýerleşdirmäge mümkinçilik berýär);

➢ gymmatly kagyzlar bazaryndan çekilen orta möhletli serişdeler owerdraft karzyny, BAK owernaýt bermek üçin ýerleşdirilende;

➢ erkin pul görnüşinde durnukly we bellibir derejede uzak möhletli serişdeler tapylanda.

**Aktiwleri we passiwleri möhletleri boýunça deňeçerlemek** seredilýän töwekgelçiligiň arzan aktiwleri ýapmak üçin bellibir derejede gymmat serişdeleriň peýdalanylmagy bilen bagly ugurlaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligini anyklamagyň usuly hökmünde bankyň **aktiwler we passiwler bukjasynyň segmentleşdirilmegini** peýdalanyp bolar. Töwekgelçilik zolaklary bukjanyň köp bölegini (25-30%-den gowragyny) tutýan segmentler, şeýle hem bu bukjalardaky segmentleriň paýynyň laýyk gelmezligi bilen baglydyr. Olaryň soňkusy, mysal üçin, karz segmentiniň paýynyň depozit segmentiniň paýyndan ep-esli ýokary gelýän ýa-da bu segmentleriň möhletler boýunça gurluşynyň laýyk gelmezliginiň emele gelen ýagdaýynda bolýar. Segmentleşdirmegiň ölçegi (kriterisi) hökmünde serişdeleri çekmegiň we ýerleşdirmegiň möhleti, guraly, pudak, müşderi alamaty we ş.m. peýdalanylyp bilner.

Bank tarapyndan girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligini anyklamagyň üçünji usuly hökmünde uzak möhletli serişdeleriň has gysga möhletli aktiwlere öwrülişine seljerme geçirilmegini görkezip bolar. Şunuň ýaly öwrülme gymmat serişdeleriň arzan aktiwleri emele getirmek üçin peýdalanylmagyny aňladýar, bu bolsa aýry-aýry amallar boýunça göterim maržasynyň peselmegine getirýär. Şu ýagdaýda bankyň aktiwleriniň we passiwleriniň möhleti we pul möçberi boýunça deň gelmezligi töwekgelçilik faktory bolup durýar. Töwekgelçilik

145.0 x 215.0 mm

zolaklaryny ýüze çykarmak üçin serişdeleriň artyklyk (ýetmezçilik) koeffisiýenti peýdalanylyp bilner:

$$K = \frac{P_t - A_t}{P_t},$$

bu ýerde $K$ – resurslaryň artykmaçlygynyň (ýetmezçiliginiň) koeffisiýenti; $R$ – bellibir möhleti bolan resurslar; $A$ – aktiwler; $t$ – serişdeleriň çekilen ýa-da ýerleşdirilen möhleti.

Has uzak möhletler üçin degişli koeffisiýentleriň oňyn ähmiýeti bolan şertlerde koeffisiýentiň ýaramaz ähmiýeti bellibir möhleti bolan aktiw amallar bilen bagly girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň bardygyna şaýatlyk edýär. Munuň tersine – has gysga möhletler bilen bagly koeffisiýentleriň ýaramaz ähmiýeti bolan şertlerde koeffisiýentiň oňyn ähmiýeti bolup biler.

## 6.2. Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň derejesine baha bermek

Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň bankyň işiniň aýry-aýry ugurlaryna degişli zolaklary funksional MJM (maliýe jogapkärçiliginiň merkezleri) işiniň maliýe netijesini kesgitlemegiň, şeýle hem bank önümleriniň netijeliliginiň düşewüntlilik derejesiniň esasynda ýüze çykarylýar.

Peýdany emele getirmegiň çeşmelerine geçirilen düzümleýin seljermä girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligini anyklamagyň (identifikasiýa) usuly hökmünde seredilip bilner. Peýdanyň näderejede köp bölegi durnuksyz çeşmeleriň hasabyna emele getirilýän bolsa, töwekgelçilik şol derejede ýokary bolýar. Durnuksyz çeşmelere aktiwlere ýokary baha bermek, spekulýatiw ýa-da bir gezeklik girdejiler degişlidir.

Töwekgelçiligiň derejesine baha bermek iki usul bilen geçirilýär:

• agregirlenen görkezijiniň esasynda;

• girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligini anyklamagyň aýry-aýry usullaryna laýyk gelýän görkezijiler ulgamynyň esasynda *(23-nji tablisa)*.

*23-nji tablisa*

**Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň görkezijileri**

| Töwekgelçiligi anyklamagyň usuly | Töwekgelçiligiň görkezijisi |
|---|---|
| Gaznalaşdyrmak. | Resurslaryň umumy ululygy:<br>a) Çekilen nyrhdan pes nyrh boýunça ýerleşdirilen;<br>b) Gysga möhletli aktiwlere ýerleşdirilen durnukly resurslar. |
| Aktiwleriň bukjasynyň segmentleşdirilmegi. | Segmentiň absolýut ululygy, onuň paýy bukjanyň umumy möçberiniň 30 %-inden ýokary. |
| Gysga möhletli aktiwlere uzak möhletli resurslara öwrülmekligiň seljermesi. | – Öwrülmekligiň koeffisiýenti;<br>– Ýetmezçilik koeffisiýenti. |
| Bankyň peýdasynyň merkezleriniň maliýe netijeleriniň kesgitlenilmegi. | MJM (maliýe jogapkärçiliginiň merkezleri) ýitgileriň umumy ululygy, ýetmezçilik. |
| Bankyň düşewüntsiz önümlerini ýüze çykarmak. | Bankyň aýratyn önümleri boýunça girdejililigi ýitirmek koeffisiýenti Düşewüntsiz önümler. |

**Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligine monitoring geçirmek** töwekgelçilige syn etmegiň dürli ugurlaryndan emele gelýär, bu ugurlaryň bank, MJM (maliýe jogapkärçiliginiň merkezleri) we bank önümleri derejesinde öz aýratynlyklary bardyr. Bu ugurlar *24-nji tablisada* getirilýär. Kynçylykly görkezijilere syn etmek monitoringiň möhüm bölegi bolup durýar. Bu görkezijiler *25-nji tablisada* getirilýär. Tablisadan görnüşi ýaly, olar monitoringiň dürli görnüşleri üçin özboluşly bolýar we töwekgelçiligiň aýry-aýry görnüşleri bilen baglydyr. Mundan başga-da, toplumlaýyn kynçylykly görkezijiler bölünip görkezilýär.

145.0 x 215.0 mm

*24-nji tablisa*

**Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň monitoringi**

| **Bank boýunça** | **Peýda merkezleri (MJM) boýunça** | **Bank önümleri boýunça** |
|---|---|---|
| – Maliýe netijesine gözegçilik;<br>– Bankyň ülňülerine (standartlaryna) peýdalylygyň we girdejililigiň maliýe koeffisiýentleriniň laýyklygynyň we dinamikasynyň bahalandyrylyşy;<br>– Sprede gözegçilik;<br>– Bankyň peýdasynyň emele gelmeginiň durnukly we durnukly däl çeşmeleriniň gatnaşygynyň seljermesi;<br>– Girdejiniň çeşmeleriniň diwersifikasiýalaryna gözegçilik;<br>– Hakyky göterim maržanyň ýeterlik maržadan üýtgemelerine gözegçilik;<br>– Hereket edýän (işleýän) aktiwleriň paýyna gözegçilik. | – MJM harajatlarynyň ýazgysynyň (smetasynyň) berjaý edilişine;<br>– MJM tarapyndan meýilnamalaşdyrylan netijäniň alynmagyna gözegçilik.<br>– Göterim girdejini (çykdajyny), hyzmat haky girdejini (çykdajyny), transfert girdejini (çykdajyny), hasaplamak we bahalandyrmak. | – Şertnama göteriminiň emele gelmegine;<br>– Komission baýragynyň emele gelmegine;<br>– Önümiň özüne düşýän gymmatynyň hasaplanylyşyna;<br>– Önümiň özüne düşýän gymmaty bilen bahasynyň gatnaşygyna.<br>– Aýratyn bank önümleriniň çygrynda göterim maržasyna. |

145.0 x 215.0 mm

*25-nji tablisa*

**Bank tarapyndan girdejililigi ýitirmegiň amatsyz görkezijileri**

| Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligini dolandyrmagyň derejesi | Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň faktorlary | | | | Toplumlaýyn kritik görkezijiler |
|---|---|---|---|---|---|
| | Deň gelmeýän likwidligiň töwekgelçiligi | Karz töwekgelçiligi | Göterim töwekgelçiligi | Amallar töwekgelçiligi | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| Bank tutuşlygyna | Peýdalanylmaýan aktiwleri ýapmak üçin tölegli resurslaryň ulanylmagy; Durnukly we uzak möhletli resurslaryň hasabyna ýokary likwidli we az girdejilili aktiwleriň emele gelmegi | Karz bukjasynyň aýratyn segmentleriniň ýokary paýy; Karz bukjasynyň hiliniň agregirlenen görkezijisiniň ýaramazlaşmagy; Möhleti geçen karzlaryň we göterim tölegleriniň dowamlylygynyň we möçberiniň ösüşi | Göterim maržanyň koeffisiýentiniň peselmeginiň meýli (tendensiýasy); Sprediň peselmeginiň meýli; Hakyky göterim maržasynyň ýeterlik maržanyň derejesinden peselmegi; Hasabat ýa-da meýilnamalaşdyrylýan döwürde nollaýyn toplanan GAP-yň bolmazlygy; GAP koeffisiýentleriniň ýaramazlaşmagy | «Kynçylyklaryň» köpelmegi; Göterim maržanyň salgytlara we kynçylyklara geçirilmegi (siňdirilmegi); Bankda girdejileriň we peýdanyň standartlarynyň (ülňüleriniň) bolmazlygy | Peýdalylygyň we girdejililigiň koeffisiýentiniň peselmegi; Biznes-meýilnamadan gelip çykýan bankyň standartlaryna (ülňülerine) girdejililigiň we peýdalylygyň koeffisiýentleriniň laýyk gelmezligi |

145.0 x 215.0 mm

*25-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| Peýda merkezleri | Pes likwidli aktiwleriň bolmagy | MJM-niň müşderileriniň karz ukyplylygynyň pes derejesi | Aktiw amallar boýunça göterim derejesiniň peselmeginiň ýa-da passiw amallary boýunça onuň ýokarlanmagynyň meýli;<br>Transfert baha ýeterlik sprediň alynmagyny höweslendirmeýär | Aktiw we passiw amallar, göterim derejeleri we ýygym boýunça çözgütleri kabul etmegiň düzgün-leriniň hili | MJM-niň ýaramaz(otrisatel) maliýe netijesi ýa-da onuň peselmegi |
| Bank önümleri | Bank önümine bolan islegiň peselmegi | Bank önümlerini satyn alyjylaryň pes tölege ukyplylygy we karza ukyplylygy | Şertnama göteriminiň emele gelmegi | Önümi öndürmegiň tehnologiýa-synyň hili;<br>Bank önümle-rine bolan nyrhlaryň emele gelmeginiň ykdysady esaslandyrma-synyň bolmazlygy | Girdeji önümiň özüne düşýän gymmatyndan pes |

145.0 x 215.0 mm

Şeýlelikde, girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligini dolandyrmagyň aýratynlygy onuň netije häsiýeti bilen baglydyr: dolandyrmagyň toplumlaýyn we köp derejeli häsiýeti bolýar, her bir dereje töwekgelçiligi ýüze çykarmakda we kynçylykly görkezijileriň düzüminde bar bolan aýratynlyklar bilen tapawutlanýar.

# VII BAP
# AMALLAR TÖWEKGELÇILIGI

## 7.1. Amallar töwekgelçiliginiň mazmuny we onuň görnüşleri

Ykdysady edebiýatda häzirki wagta çenli amallar töwekgelçiligi barada anyk bir düşünje emele getirilmedi, bu ýagdaý töwekgelçiligiň şu görnüşiniň düýp manysyna we olary dolandyrmagyň usullaryna dürli-dürli düşündiriş berilmegine getirýär. Köplenç halatlarda amallar töwekgelçiliginiň kesgitlemesinde onuň aşakdaky ýaly ýüze çykmalaryna üns berilýär:

➢ Maglumat ulgamlarynda we içerki gözegçilik ulgamlarynda maliýe ýitgilerine getirýän gyşarmalaryň ýüze çykmagy. Bu töwekgelçilikler adamlaryň ýalňyşlary, ulgamlardaky näsazlyklar we ýeterlik däl (netijesiz) gözegçilik ulgamlarynyň bardygy bilen baglydyr;

➢ Içerki proseslere mahsus bolan, ýagny içerki proseslerde meseleleriň we gyşarmalaryň ýüze çykmagynyň netijesi bolup duran ýetmezçilikler;

➢ Maýanyň ýa-da girdejileriň hyzmat etmek ýa-da önümleri satmak bilen bagly töwekgelçilikleri.

Daşary ýurtlaryň ykdysady edebiýatynda emele gelen, has giň ýaýran dört nukdaýnazar barada durup geçeliň:

Ilkibaşda amallar töwekgelçiliklerine maliýe töwekgelçilikleriniň töwekgelçilikleriň beýleki görnüşlerinden (mysal üçin, bazar we karz töwekgelçiliklerinden) tapawutlanýan görnüşleri degişli edildi. Şunuň ýaly kesgitlemäniň örän giň bolup durýandygy düşnüklidir, sebäbi karz edaralarynyň gabat gelýän töwekgelçilikleriniň beýleki görnüşleriniň sanawy örän giň bolup, ol telekeçiligi alyp barmagyň ösüş ýörelgesini saýlap almak, bazarda orun eýelemek, menejmentiň başarjaňlygy, bäsleşik artykmaçlyklaryny durmuşa geçirmegiň usullary ýaly jähetlerini gurşap alýan telekeçilik töwekgelçiligini öz içi-

145.0 x 215.0 mm

ne alýar. Töwekgelçiligiň ýüze çykýan ugurlarynyň ýokarda getirilen sanawy, düzgün bolşy ýaly, gönüden-göni töwekgelçilik menejeriniň ygtyýarlygyna girmeýär. Mundan başga-da, gapma-garşylykdan ugur alnyp gurlan kesgitleme ylmy barlagyň predmeti barada doly bolmadyk düşünjelere getirýär, töwekgelçilikleri toparlara bölmegi we olara baha bermegi kynlaşdyrýar.

Amallar töwekgelçiligine beýleki bir garaýyş onuň ýüze çykýan ugry, öňi bilen maliýe amallaryny amala aşyrmak bilen baglydyr. Maglumatlary işlemekde goýberilen ýalňyşlar, maglumat ulgamlaryndaky näsazlyklar, enjamlaryň tehnologik kemçilikleri, amallaryň nädogry ýerine ýetirilmegi onuň çeşmesi bolup biler.

Şu ýagdaýda kesgitlemede esasy üns amallaryň işlenip geçilýän ähli döwürleri boýunça olaryň ýerine ýetirilişinde jemlenýär, ýöne, mysal üçin, edaranyň içindäki aldawçylyk, amallaryň birugsat geçirilmegi, maliýe gurallaryna baha berlende modelleriň ýalňyş peýdalanylmagy bilen baglanyşykly töwekgelçilikler hasaba alynmaýar.

Üçünji çemeleşme – töwekgelçilikli amallara edaranyň özi tarapyndan gözegçiligiň amala aşyrylmagyna üns berýär. Amallar töwekgelçiligi diýip edaradaky içerki gözegçilik ulgamynyň peýda bermeýän derejede hereket etmegi netijesinde ýüze çykýan töwekgelçiliklere (telekeçilik töwekgelçiligi muňa girmeýär) düşünilýär. Amallar töwekgelçiligine şunuň ýaly düşündiriş berlende, mysal üçin, daşarky aldawçylyk, tebigy betbagtçylyklar, howpsuzlyk ulgamynyň döwülmegi ýaly ýagdaýlar nazara alynmaýar.

Dördünji nukdaýnazar amallar töwekgelçiligini telekeçilik işleriniň ýalňyş gurulmagy, içerki gözegçilik düzgünleriniň peýdasyzlygy, tehniki näsazlyklar, işgärleriň birugsat hereketleri ýa-da daşarky täsir netijesinde göni ýa-da gytaklaýyn ýitgi çekmek töwekgelçiligi ýaly düşündirýär.

Şu kesgitleme, ýokarda getirilen kesgitlemelerden tapawutlylykda, amallar töwekgelçiliginiň aýratynlygyny, ýüze çykýan çeşmelerini we onuň karz edarasynyň işine edýän täsirini has doly we takyk häsiýetlendirýär.

1988-nji ýylda çap edilen maýa boýunça birinji Bazel ylalaşygynda amallar töwekgelçiligi barada agzalyp geçilmeýär. Amallar töwekgelçiligi maýanyň ýeterlikligi baradaky hasaplamalara hem goşulmaýar.

1989-njy ýylyň iýul aýynda Bazel komiteti tarapyndan «Maglumat we telekommunikasiýa ulgamlaryndaky töwekgelçilikler» ady bilen resminama çap edilýär. Resminamada işleriň awtomatlaşdyrylmagy netijesinde banklaryň töwekgelçilikleriniň artýandygy bellenilýär. Amallar töwekgelçiligi adalgasy ulanylmaýar, ýöne Bazel komiteti tarapyndan töwekgelçilikleriň aşakdaky aýratyn toparlary bölünip görkezilýär:

– kompýuter maksatnamalaryndaky ýalňyşlyklar;

– maglumatlar girizilende hünärmenleriň goýberýän ýalňyşlyklary;

– maglumat-tehniki gurluşlaryň netijesiz ösüşi;

– maglumatlary ýitirmek töwekgelçilikleri;

– tehniki serişdelerde bozulmalar we ş.m.

1998-nji ýylyň sentýabr aýynda Bazel komiteti tarapyndan amallar töwekgelçiligini dolandyrmagyň ýörelgelerini özünde jemleýän «Amallar töwekgelçiligini dolandyrmak» atly ýörite resminama çykarylýar. 2003-nji ýylyň fewral aýynda Bazel komiteti «Amallar töwekgelçiligini dolandyrmagyň we gözegçilik etmegiň esaslandyrylan tejribeleri» atly resminamany çap edýär. Bu resminamada amallar töwekgelçiliklerine degişli edilen töwekgelçilikler anyk görkezilýär. Bazel komiteti tarapyndan çykarylan «Maýa boýunça ylalaşygynda» (Bazel-2) amallar töwekgelçiligine şeýle kesgitleme berilýär, ýagny «amallar töwekgelçiligi içerki prosesleri amala aşyrmagyň barşynda işgärler tarapyndan ýol berlen ýalňyşlaryň, maglumat ulgamynyň we tehnologiýalaryň hereket edişindäki ýetmezçilikleriň ýa-da ýalňyşlaryň netijesinde, şeýle hem daşky wakalaryň netijesinde ýitgileriň ýüze çykma töwekgelçiligi» hökmünde kesgitlenýär. Şunda Bazel komitetiniň maglumatlarynda amallar töwekgelçiliginiň hukuk töwekgelçiligini hem öz içine alýandygy aýratyn nygtalýar.

Bazel komitetiniň resminamasynyň maglumatlarynda getirilen kesgitleme amallar töwekgelçiligini ýeterlik derejede doly açyp görkezýär we onuň ählumumy häsiýeti bardyr. Ol täjirçilik banklary üçin hem, beýleki maliýe institutlary üçin hem birmeňzeş bolup, amallar töwekgelçilikleriniň ýaramaz täsiriniň netijesinde ýitgilere getirip biljek mümkin bolan sebäpleriň we meseleleriň ýeterlik derejede doly we düşnükli sanawyny öz içine alýar.

Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankynyň mysalynda «amallar töwekgelçiligi» düşünjesine şeýle teswirleme berilýär. Amallar töwekgelçiligi diýip içerki tertipleriň hem-de bank amallaryny we beýleki geleşikleri geçirmegiň düzgünleriniň karz edarasynyň işiniň häsiýetine hem gerimlerine we (ýa-da) hereket edýän kanunçylygyň talaplaryna laýyk gelmezligi, karz edarasynyň gullukçylary we (ýa-da) beýleki adamlar tarapyndan bozulmagy (bilkastlaýyn ýa-da bilgeşleýin hereketleriň ýa-da hereket etmezligiň netijesinde), karz edarasy tarapyndan ulanylýan maglumat, tehnologik we beýleki ulgamlaryň funksional mümkinçilikleriniň (häsiýetnamalarynyň) deň gelmezligi (ýeterlik däldigi) we (ýa-da) olaryň döwülmegi (hereket edişiniň bozulmagy) netijesinde, şeýle hem daşky wakalaryň täsiriniň netijesinde ýitgileriň ýüze çykmak töwekgelçiligine düşünilýär.

Töwekgelçilige hereket edýän edara üçin ýaramaz netijäniň, haýsydyr bir islenilmeýän netijeleriň mümkin bolmagy ýaly düşünilýär. Adatça, töwekgelçiliklere dürli üç nukdaýnazardan seljerme geçirilýär: birinjiden, töwekgelçilik – bu näbellilik bolup durýar, ikinjiden, töwekgelçilik edara bäsleşik artykmaçlyklaryny gazanmaga mümkinçilik berýän täze mümkinçilikleri getirýär, üçünjiden, töwekgelçilik kompaniýanyň (bankyň) işine örän zyýanly täsir edip biler. Şunuň bilen baglylykda, hojalyk subýektleriniň gabat gelýän köpdürli töwekgelçilikleriniň ählisini şertli ýagdaýda üç topara bölüp bolar: waka töwekgelçilikleri (telekeçilik töwekgelçilikleri), maliýe töwekgelçilikleri we amal töwekgelçilikleri *(13-nji surat).*

Karz edarasyna agzalan görnüşleriň ähli̇si mahsusdur, emma ýurduň we daşary ýurtlaryň banklarynyň häzirki zaman iş tejribesinde maliýe töwekgelçiliklerine esasy üns berilýär, sebäbi olaryň tebigaty bank töwekgelçiliginiň düýp manysyndan gelip çykýar we bazar konýunkturasynyň üýtgemeleri, dürli bazarlarda olar tarapyndan geçirilýän amallaryň häsiýeti, likwidliligi saklamak zerurlygy bilen şertlendirilendir. Şunuň bilen bir wagtda olaryň netijeleri we ýüze çykmalary ýokary bolmadyk, ýöne ýüze çykmak ähtimallygy bellibir derejede ýokary bolan strategik we amal töwekgelçiliklerine ýeterlik üns berilmeýändigini belleýäris. Şunuň bilen baglylykda, amallar töwekgelçiliklerini toparlara bölmek, ýüze çykýan ugurlaryny we çeşmelerini, olara obýektiw baha bermegiň we usulyýet derejesinde amallar töwekgelçiliklerini dolandyryş ulgamyny işläp taýýarlamagyň

usullaryny takyklamak bilen baglanyşykly meseleleriň üstünde işlenmegi karz edarasynyň gündelik işi bilen bagly bolup geçýän ýaramaz netijeleriň öňüni almaga mümkinçilik berer.




**13-nji surat. Amallar töwekgelçiligi bilen töwekgelçiligiň beýleki görnüşleriniň özara gatnaşygy**

Töwekgelçilikleri, şol sanda amallar töwekgelçiligini toparlara bölmegi aýratyn ölçegleriň (kriterileriň) esasynda geçirýärler. Olaryň ýüze çykmagynyň çeşmeleri, töwekgelçilikleriň çygry, karz edarasynyň işiniň görnüşi şeýle ölçegler (kriteriler) bolup biler.Olaryň ýüze çykýan çeşmelerine baglylykda amallar töwekgelçilikleriniň toparlara bölünişini shema görnüşinde şular ýaly görkezip bolar *(14-nji surat)*.

Suratda görkezilişi ýaly, ýüze çykýan çeşmeleri boýunça amallar töwekgelçiliklerini dolandyryşyň kanagatlanarsyz hili, ulgamlaryň hereket edişindäki ýetmezçilikler, işgärleriň hereketi, prosesleri guramak bilen, şeýle hem fors-mažor ýagdaýlar bilen şertlendirilen töwekgelçiliklere bölüp bolar.

Getirilen toparlamadan amallar töwekgelçilikleriniň köp böleginiň adamyň işi bilen baglydygy gelip çykýar. Mysal üçin,

145.0 x 215.0 mm

göni we gytaklaýyn ýitgiler işgärleriň içerki tertipleri we düzgünleri berjaý etmekdäki ýalňyşlary, dolandyryş çözgütlerini kabul etmekdäki ýalňyşlar, ogurlyklar, hyýanatçylykly peýdalanmalar, işgärleriň başarnyklarynyň ýeterlik däldigi we olaryň hünär derejesiniň pesdigi sebäpli ýüze çykýar. Munuň üstesine-de, ýitgilere telekommunikasiýalaryň, hasaplaýyş tehnikasynyň we maglumat ulgamlarynyň işindäki näsazlyklaryň sebäp bolýan halatlarynda hem olaryň köpüsiniň esasy bolup adamlaryň ýalňyşlyklary çykyş edýär. Getirilen suratda bäş çeşmeden dördüsiniň ol ýa-da beýleki ýagdaýda işgärleriň işi bilen bagly bolmagy ýöne ýerden däldir: dolandyryşyň hili, ulgamlaryň töwekgelçiligi, adam faktory, prosesler. Diňe forsmažor (adatdan daşary) ýagdaýlar muňa girmeýär.




**14-nji surat. Amallar töwekgelçiliginiň ýüze çykmagynyň çeşmeleri**

145.0 x 215.0 mm

Menejerler işgärleriň kompaniýanyň esasy aktiwi bolup durýandygyny ýatdan çykarmaly däldirler, bu olary saklamak üçin sarp edilýän ýokary çykdajylar bilen hem tassyklanýar. Işgärler bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri häsiýetlendirýän birnäçe anyk çeşmeleri görkezip bolar. Bu öňi bilen, adamlaryň ýalňyşydyr, onuň netijesi örän agyr bolup biler.

Bu aýratyn hem dolandyryş ulgamynda ýüze çykýan we kabul edilýän çözgütleriň hili bilen bagly ýalňyşlara degişlidir. Bu ýerde, öňi bilen, işgärleriň hünär derejesiniň pesdiginiň, çözgütler kabul edilende maglumatlaryň çäkli toparynyň peýdalanylmagynyň, kynçylykly meseleleriň ilkinji alamatlary barada deslapky duýduryşlaryň inkär edilmeginiň we käbir beýleki ýagdaýlaryň anyk çeşmeler bolup durýandygy düşnüklidir.

Çeşmeleriň beýleki bir topary telekeçilik işleriniň bozulmagy bilen baglydyr. Mysal üçin, pul serişdelerini geçirmegiň netijesi kontragent bankyň ýalňyş görkezilen halatynda pul serişdeleriniň bilkastlaýyn däl iberilmegi diýilýän ýagdaý bolup biler. Hatda kadaly işleýän banka ýalňyşlyk bilen geçirilen serişdeleri gaýtarmak üçin hem köp wagt sarp etmeli bolýar. Şeýle ýagdaýda kynçylyk çekýän ýa-da özi babatynda bäsleşik önümçiligi açylan banka iberilen pullary gaýtarmak barada gürrüňem edip oturmaly däl.

Dolandyryş ulgamyndaky bozulmalar we karz edarasynda içerki gözegçiligiň ýeterlik bolmazlygy ýa-da pes hilli bolmagy bankyň içerki telekeçilik işleri bilen bagly amallar töwekgelçiliginiň beýleki ýüze çykmalarynyň mysaly bolup durýar. Bellenen çäkden ýokary geçilendiginiň öz wagtynda ýüze çykarylmazlygy, aýry-aýry treýderleriň (iňlis dilinde to trade – satmak, maliýe gurallaryny – walýutalary, paýnamalary satmak) ýolbaşçylar tarapyndan rugsat berilmedik amallary, amallary hasaba almakdaky hyýanatçylykly peýdalanmalar – birnäçe belli maliýe edaralarynyň, hususan-da, *Barings* bankynyň batmagyna sebäp bolan ýagdaýlardyr. Şonuň üçin hem, bankyň işini köpsanly ýönekeý proseslere bölmek bilen, onuň işini jikme-jik göz öňüne getirip bolar, şeýle hem kynçylykly meseleler ýüze çykanda anyklaýyş işini we dessin düzgünleşdirmegi çalt geçirip bolar.

Işgärler bilen bagly amallar töwekgelçiliikleriniň ýüze çykýan çeşmeleriniň ýene bir topary – bu hyýanatçylykly peýdalanmak hem-de aldawçylyk ýagdaýlarydyr. Şeýle ýagdaý işgäriň öz wezipe borçlaryny hyýanatçylykly peýdalanmak mümkinçiligini aradan aýyrýan, işlenip taýýarlanan düzgünleriň we hereketleriň gowy hilli bolmazlygynyň netijesinde bolup geçýär. Aldawçylygyň ýüze çykmagy üçin oňa ýol berýän ýagdaýlaryň bolmagy zerurdyr. Şeýle mümkinçiligiň bolmagy bolsa içerki kynçylykly meseleleriň we ýalňyşlyklaryň netijesi bolup durýar. Karz edarasynyň göze görünmeýän ýa-da kriminal ykdysadyýet bilen täjirçilik özara gatnaşyklaryna çekilmegi, betniýetli geleşikleriň geçirilmegi we olaryň banka zyýan ýetirýän netijeleriniň gizlenmegi aldawçylygyň mysaly bolup hyzmat edip biler.

Töwekgelçiligiň ýene bir ýüze çykmasy bilimiň we tejribäniň bir adamda jemlenmegi bolup biler. Işgärleriň çäkli sanyna bagly bolmak banklaryň esasy kynçylykly meseleleriniň biridir. Programmaçynyň «çalşyp bolmaýan» hünärmene öwrülýän, onuň bolmadyk ýagdaýynda tehnologik işiň saklanyp biljek halatlary ýeterlik derejede ýygy gabat gelýän ýagdaýdyr: şunuň ýaly hünärmen ol ýa-da beýleki sebäbe görä garaşylmadyk ýerden işden çykanda ýitgi çeken banklaryň sany az däl bolmady.

Mundan başga-da, köplenç halatda müşderiler ol ýa-da beýleki menejer bilen işlemäge öwrenişýärler, elbetde, birnäçe müşderiler banka ol ýa-da beýleki menejer tarapyndan getirilýär. Müşderi menejeriniň bankdan giden ýagdaýynda käbir müşderileriň hem gitmek töwekgelçiliginiň bardygy düşnüklidir. Bu mesele bankyň ýolbaşçysy bilen müşderileri getiren menejeriň arasynda resmi ylalaşyklary işläp taýýarlamagyň hasabyna bölekleýin çözülip bilner. Ýöne başga bir mesele hem ýüze çykyp biler: öz müşderisi bolan bank menejeriniň müşderä onuň durnukly banka gelýändigi babatda özbolușly şahsy kepillendirme berýän (kepil ýaly görünýän) ýagdaýy hem seýrek däldir. Şunda bank kynçylyklaryň ýüze çykan ýagdaýynda menejer özüni nähili alyp barmaly? Bank korporatiwligi ýörelgesinden ugur alyp, ol müşderilere serişdelerini bankdan alyp gitmegi maslahat bermeli däldir, ýöne beýleki tarapdan, özüniň getiren müşderisi puluny ýitirse

145.0 x 215.0 mm

bank abraýyny ýitirip biler: «öz» müşderiň bilen işlemegiň töwekgelçiligi şunda ýüze çykýar.

Bankyň işgärleriň çäkli sanyna bagly bolmagy karz edarasynda bazarda belli hünärmeniň ýa-da hünärmenler toparynyň işleýän mahalynda hem ýüze çykýar. Şeýle hünärmenleriň bankdan işden gitmegi gysga möhletli döwürde göni maliýe ýitgilerine getirmeýän hem bolsa, wagtyň geçmegi bilen ýüze çykýan ýaramaz netijeleri aradan aýryp bilmez (reýtinge, işewür hyzmatdaşlar tarapyndan telekeçilige berilýän baha edilýän täsir). Gynansagam, köp zatlaryň hünärmen bilen baglaşylan şertnamanyň şertleri we edaranyň korporatiw medeniýeti bilen kesgitlenýändigine garamazdan, bu ýerde işiň adaty (standart) usullary ýokdur.

Gowy hilli bolmadyk ýuridik resminamalar hem uly ýitgilere getirýär. Elbetde, şertnamalara we düzgünlere hukukçynyň hökmany gol çekmegi (wiza goýmagy) babatynda banklarda bellenen tertip bu töwekgelçiligi peseldýär. Kynçylykly mesele hukuk gullugynyň işgärleriniň hünär derejesiniň ýeterlik bolmazlygy sebäpli ýa-da olaryň ünssüzlikleri sebäpli ýüze çykyp biler. Mundan başga-da, ýygy-ýygydan üýtgeýän kanunçylyk şertlerinde resminamalara üýtgetmeleri öz wagtynda girizmek üçin köp güýç sarp etmeli bolýar. Şeýle ýagdaýda mesele kadalaşdyryjy binýada monitoring bellemek, şeýle hem ýuristleriň ünsüni, öňi bilen, pul serişdelerini ýitirmek babatda degerli töwekgelçiligi (bu her bank aýratynlykda kesgitlenýär) bolan amallarda jemlemek we standart şertnamalardan tapawutlanýan ähli şertnamalar üçin seretmegiň aýratyn tertibini bellemek arkaly çözüp bolýar.

Maglumat ulgamlarynyň işindäki näsazlyklar ýa-da olaryň ýalňyş işlemegi, şol sanda kompýuter programmalarynda ýüze çykan ýalňyşlar sebäpli olaryň ýalňyş işlemegi ýaly çeşmäni aýratyn bölüp görkezmek gerek. Maglumat ulgamlarynyň peýdalanylmagy bankdaky işleriň netijeliligini ýokarlandyrmaga kömek edýär. Emma olar amallar töwekgelçiliginiň çeşmesi hem bolup durýarlar, şeýle töwekgelçiligiň ýüze çykmagynyň sebäpleri tehniki kemçilikler bilen bagly näsazlyklar sebäpli gerek wagtynda ulgamyň elýeter bolmazlygy, hakerleriň hüjümlerine, awtorlaşdyrylmadyk elýeterlige we

wiruslara garşy howpsuzlygyň ýeterlik derejede üpjün edilmezligi we beýlekiler bolup biler.

Maglumat ulgamlarynyň işinde näsazlyklaryň bolup biljek ýagdaýyny göz öňünde tutýan iş meýilnamasynyň bolmazlygy ýa-da şeýle meýilnamalaryň hiliniň pes bolmagy hem düýpli ýitgilere we dolandyryş çözgütleri kabul edilende bökdençliklere getirip biler. Islendik bankyň seljeriji hünärmenlerinde mukdar taýdan baha bermek kyn bolan işewürlik abraýyny ýitirmek howpuny, möhüm müşderileriň mümkin bolan gitmek töwekgelçiligini hasaba almak bilen, boş durlan her bir günde bankyň näçe ýitgi çekýändigininiň hasaplamasy bolmalydyr.

Programmalar ulanyşa berilmezinden öň olary berk barlag ulgamyndan geçirmek, laýyk tehniki resminamanyň bolmagy we degişli şertnamalarda işläp taýýarlaýjynyň jogapkärçiliginiň takyk ýazylyp bellenmegi şeýle töwekgelçilikleri peseltmäge mümkinçilik berýär.

Bankyň hereket edýän daşky gurşawynyň şertleri ýokarda beýan edilen wakalar (aldawçylyk, işgärler syýasaty, tehnologik we tehniki näsazlyklar, bankyň içerki telekeçilik işleri) tarapyndan edilýän täsiri güýçlendirýär. Bu täze tehnologiýalaryň ulanylmagy we ykdysadyýetiň ösüş derejesine laýyklykda işleriň awtomatlaşdyrylyş derejesiniň ýokarlanmagy, zähmet bazarynda talaplaryň we işgärleriň garaşmalarynyň üýtgemegi, geçirilýän amallaryň çylşyrymlylygynyň we olaryň sanynyň artmagy sebäpli hem bolup geçip biler.

Meselem, maliýe gurallarynyň çylşyrymlylygy sebäpli ýüze çykýan ýitgi çekmek töwekgelçiligi bankyň maglumat ulgamynyň buhgalterçilik hasaba alnyşynda we maglumatlary seljeriş binýadynda geleşigi bolmalysy ýaly hasaba almaga ukypsyz bolan ýagdaýynda ýüze çykýar. Mysal üçin, 90-njy ýyllaryň ortalarynda, ýurduň banklarynyň önümçilik maliýe gurallary bilen amallara ýaňy başlan wagtlarynda, olaryň käbirinde maglumat ulgamlary bolmaly derejesinde taýýarlanylmandy. Netijede, buhgalterçilik hasaba alnyşynda ýalňyşlaryň sany köpeldi, ýöne banklaryň seljeriji hünärmenleriniň daşary ýurt puly we göterim töwekgelçilikleri babatynda hakyky ýagdaýy bilmeýändikleri, mundan başga-da, ýolbaşçylar üçin seljeriş maglumatlaryny taýýarlamagyň möhletleriniň uzalmagy has ýakymsyz ýagdaý bolupdy. Diýmek, maglumat ulgamlarynyň ony görkezip

145.0 x 215.0 mm

biljekdigine göz ýetirmän, bank üçin täze bolan gurallar bilen işläp başlamak bolmaz. Şonuň üçin hem bu töwekgelçiligi peseldýän peýdaly gurallaryň biri-de täze maliýe gurallary bilen işlemegiň tertibini tassyklamagyň işlenen düzgüni bolup durýar.

Mundan başga-da, amallar töwekgelçiliginiň örän seýrek bolýan, ýöne örän köp maddy ýitgileriň sebäbi bolup biljek wakalaryň netijesinde hem ýüze çykyp biljekdigini unutmak bolmaz. Bu tebigy betbagtçylyklar, terrorçylyk işleri, maliýe bazarlarynyň ýapylmagy we ş.m. ýagdaýlardyr.

Amallar töwekgelçiliklerini toparlara bölmegi beýleki ölçegleriň (kriterileriň) esasynda hem, mysal üçin, bank işiniň mazmunyna ýa-da töwekgelçilikleriň ýüze çykýan ugurlaryna baglylykda-da geçirip bolar.

Amallar töwekgelçiliklerini bank işiniň mazmunyna baglylykda toparlara bölmek geçirilen mahalynda ähli işi şertli ýagdaýda dolandyryş we önümçilik işi diýip bölýäris. Eger dolandyryş işi bankyň öňünde goýlan maksatlaryny we wezipelerini amala aşyrmaga gönükdirilen bolsa, onda önümçilik işi – bu bankyň işgärleri tarapyndan aktiwleriň we passiwleriň dürli görnüşlerini emele getirýän, müşderilere hyzmat etmek we töwekgelçilikleri hejirlemek üçin ilkinji we döredilen maliýe gurallaryny peýdalanýan, bankyň içki işini we hojalyk işini üpjün edýän, maglumat we beýleki tehnologiýalary döredýän bank amallarynyň ýa-da beýleki hereketleriň amala aşyrylyşynyň resmileşdirilen işidir. Işiň bu görnüşlerini bellibir bölümleri (bloklary) öz içine alýan prosesler hökmünde göz öňüne getirip bolar.

Dolandyryş işi ulgamynda şunuň ýaly bölümleri (bloklary) meýilnamalaşdyrmak, guramak, höweslendirmek (motiwasiýa) we gözegçilik degişlidir. Şu bölümleriň (bloklaryň) işlerini guramakdaky näsazlyklar dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň hiline täsir edýär we olar, mysal üçin, işgärleriň ýalňyşlygy, şol sanda deslapky duýduryşlary inkär etmegiň ýa-da olary doly derejede göz öňünde tutmazlygyň, hünär derejesiniň pes bolmagynyň netijesinde çekilen serişdeleriň ýetmezçiligi sebäpli ýüze çykyp biler.

145.0 x 215.0 mm

Önümçilik işi ulgamyndaky prosesler şu bölümleri (bloklary) öz içine alýar:

• işiň görnüşleri (hojalyk subýektlerini we fiziki şahslary karzlaşdyrmak, müşderileri we banklary çekmek) bilen bagly amallar, daşary ýurt puly we bankara bazaryndaky amallar, likwidlilik ýagdaýy saklamak, gymmatly kagyzlar bilen söwda amallary, balansdan daşary amallar we beýlekiler;

• bank amallarynyň we hasaba alşyň tehnologiýalary, mysal üçin, amal hyzmatyny etmek we beýleki hyzmatlary etmek, plastik kartlaryň prosessingi, inkassasiýa, buhgalterçilik we dolandyryş hasaba alnyşyny alyp barmak, maliýe hasabatlylygyny düzmek we administratiw-hojalyk işiniň beýleki görnüşleri we ş.m.;

• maglumat binýady, maglumat ulgamlary we programmalar;

• önümçilik işiniň subýektleri.

Bankyň işiniň şunuň ýaly beýanyna laýyklykda, amal işiniň obýektleriniň iki toparyny görkezip bolar:

• bankyň işiniň görnüşleri bilen bagly prosesler;

• bank bazarynyň we bank tehnologiýalarynyň aktiwleri, passiwleri, gurallary.

Töwekgelçilik obýektleriniň birinji topary bilen amallar töwekgelçiliginiň şu ýagdaýlary baglydyr:

• bankyň ýörelgesiniň ýalňyş saýlanyp alynmagy;

• dolandyryş işleriniň kämil däldigi;

• içerki düzgünnamalaryň ýokdugy ýa-da olaryň pes hilli işlenip taýýarlanmagy;

• daşarky ýagdaýlar.

Degişlilikde, obýektleriň ikinji topary bilen töwekgelçiligiň aşakdaky ýaly ýagdaýlary baglydyr:

• işgärleriň ýalňyşlary;

• maglumat ulgamlarynyň näsazlygy;

• tehnologik ýalňyşlar;

• gözegçilik düzgünleriniň derejesiniň ýeterlik däldigi.

Bu ýagdaýlar amallar töwekgelçilikleriniň Bazel komiteti tarapyndan teklip edilen toparlandyrmasynyň esasynda ýatýar. Hususanda, amallar töwekgelçiliginiň Bazel komiteti tarapyndan teklip edilen we bazara gatnaşyjylaryň ählisi tarapyndan kabul edilen kesgitlemesinde amal töwekgelçiliginiň çeşmeleri takyk bölünip görkezilýär, olar boýunça ony şu görnüşde toparlara bölüp bolar:

- işgärleriň ýalňyşlary;
- maglumat ulgamlarynyň näsazlygy;
- tehnologik ýalňyşlyklar;
- daşarky ýagdaýlar.

Bellenip geçilişi ýaly, şol bir wagtda toparlara bölmek üçin beýleki ölçegler hem teklip edilýär.

Iri daşary ýurt institutlarynyň birnäçesi amallar töwekgelçiliginiň **Bankers Trust** *(ABŞ-yň täjirçilik banky bolup, ol beýleki banklara trast hyzmatlaryny ýerine ýetirmäge ýardam edýär. 1999-njy ýyldan bäri Germaniýanyň «Deutsche Bank AG» düzüminde durýar)* tarapyndan teklip edilen toparlandyrmasyny peýdalanýar, onuň esasynda töwekgelçilik çygry ölçegi ýatýar: içerki we daşarky amallar töwekgelçilikleri *(15-nji surat).*

Içerki töwekgelçilikler:

➢ işgärler töwekgelçiligi – kompaniýanyň işgärleri bilen baglanyşykly töwekgelçilikler, hususan-da, olaryň birugsat hereketleri, başarnyklarynyň ýeterlik däldigi, aýry-aýry hünärmenlere baglylyk we ş.m.;

➢ tehnologik töwekgelçilik – maglumat ulgamlarynyň, programmalaryň ýa-da maglumat binýatlarynyň, maglumatlary geçiriş ulgamlarynyň we guramanyň işi üçin zerur bolan beýleki enjamlaryň näsazlygy we döwülmegi sebäpli ýüze çykýan töwekgelçilik;

➢ fiziki zyýan ýetirmek töwekgelçiligi – tebigy betbagtçylyklar ýa-da müşderiler bilen özara hereket etmekdäki kynçylyklar netijesinde ýüze çykýan töwekgelçilik;

➢ içerki gözegçiligiň ýeterlik bolmazlygy.

145.0 x 215.0 mm




**15-nji surat. Amallar töwekgelçiliginiň toparlandyrylyşy**

Daşarky töwekgelçilik – beýleki guramalaryň, fiziki şahslaryň ýaramaz niýetli hereketleriniň netijesinde, şeýle hem döwlet syýasatynyň, kanunçylygyň we düzgünleşdiriji edaralaryň talaplarynyň üýtgemegi netijesinde ýüze çykýan töwekgelçilik.

Olaryň ýüze çykýan çygry ölçegine (kriterisine) baglylykda amallar töwekgelçilikleriniň has jikme-jik toparlamasy içerki töwekgelçilikleri önümçilik işi, prosesler we dolandyryş işi bilen bagly töwekgelçiliklere bölmegiň gerekdigini göz öňünde tutýar.

Mundan başga-da, husůsan-da, amallar töwekgelçilikleriniň netijesinde mümkin bolan ýitgileriň ýüze çykýan ýerlerini we olaryň

netijelerini ölçeg (kriteri) hökmünde saýlap almak bilen, toparlara bölmegiň başga bir ölçegini (kriterisini) teklip edip bolar.

Ýokarda sanalyp geçilen toparlamalaryň her biri, bir tarapdan, amallar töwekgelçilikleriniň köp taraplydygyny, beýleki tarapdan olaryň bank töwekgelçilikleriniň başga görnüşleri bilen baglanyşygyny görkezýär.

Bank töwekgelçilikleri özara ýakyndan baglanyşyklydyr, olaryň biri-birine edýän täsiri tutuş bank bukjasynyň töwekgelçiligine düýpli täsir edip biler. Bu bolsa amallar töwekgelçilikleriniň arabaglanyşygyny ýüze çykarmaga, olara baha bermäge we dolandyrmaga bolan zerurlygy şertlendirýär *(26-njy tablisa)*.

*26-njy tablisa*

**Amallar töwekgelçiliginiň bazar we karz töwekgelçiligi bilen özara baglanyşygy**

| Amallar töwekgelçiligi | Bazar töwekgelçiligi | Karz töwekgelçiligi |
|---|---|---|
| Geleşik barada maglumatlaryň ýalňyş girizilmegi. | Ýitgili söwda pozisiýasy (ýagdaýy). | Karzyň we ätiýaçlygyň möçberi nädogry kesgitlenen. |
| Barlanylmadyk bazar maglumatlary. | Bukjanyň töwekgelçiliginiň ýa-da gündelik nyrhynyň nädogry bahalandyrylmagy. | Ätiýaçlygyň ululygy nädogry kesgitlenen, karz bukjasynyň hili talabalaýyk bahalandyrylmaýar. |
| Bellenen çäkleriň berjaý edilişine gözegçiligiň bolmazlygy. | Çäkleriň berjaý edilmezligi (ýokarlanmagy). | Çäkleriň, karz ugrunyň möçberiniň ýokarlanmagy. |
| Düzediş girizilen tassyklamalar. | Ýalňyş hejirlemek. | Ätiýaçlygyň we karzyň nädogry möçberleri. |
| Geleşiklere gözegçiligiň bolmazlygy. | Geleşikleri ýerine ýetirmegiň möhletleri bozulan. | Tölegler öz wagtynda geçirilmedik. |
| Hasabatlaryň gijikdirilmegi. | «Köre-kör» (anyklanylman) söwda. | Karzlaryň rugsat edilmezden berilmegi. |

Amallar, bazar we karz töwekgelçilikleriniň arasyndaky sebäp--netije baglanyşygyndan başga-da, ýaramaz täsiriň «kumulýatiw» täsiri hem bolýar. Ýalňyş maglumatlaryň girizilmegi bazar töwekgelçiligi dolandyrylanda ýalňyşlara getirýär, bu bolsa öz gezeginde köp zyýan çekilmegine alyp barýar. Hasabatlardaky ýalňyşlaryň, işgärleriň ýalňyş hereketleriniň ýa-da maglumat ulgamlaryndaky wagtlaýyn näsazlygyň bazar ýa-da karz töwekgelçiliginiň netijesinde emele gelen ilkibaşky zyýany birnäçe esse artdyrandygyna köpsanly mysallar bar. Mysal üçin, amerikan maliýe guramalarynyň biri söwda ulgamynda amallar geçirilende dileriň paýnamalaryň sany bilen olaryň gymmatyny bulaşdyrandygy sebäpli degerli zyýan çekipdir. Bu ýalňyşyň dessine bilnendigine we düzedilendigine garamazdan, örän amatsyz şertlerde birnäçe geleşikler baglaşylyp ýetişilipdir. Töwekgelçilikleriň özara baglanyşygynyň beýleki bir mysaly maglumat ulgamlary bilen işlemek hukugynyň laýyk gelmeýändigi netijesinde dilerleriň we treýderleriň söwda amallary üçin täze hasaplary açyp we geleşikleri awtorlaşdyrmagy we ş.m. özbaşdak amala aşyryp bilýändiklerinden ybaratdyr. Aýdylanlary hasaba almak bilen, geçirilýän amallar işgärleriň hereketlerini seljermek we olara gözegçilik etmek üçin karz edarasynyň işiniň dogry, takyk we öz wagtynda berilýän maglumatlaryna esaslanmalydyr.

## 7.2. Amallar töwekgelçiligini dolandyrmagyň aýratynlyklary

Amallar töwekgelçiliklerini dolandyrmak maliýe we şol sanda bank ulgamlarynda köp ara alnyp maslahatlaşylýan temalaryň biridir. Dolandyrmagyň maksady karz edarasynyň gündelik işinde ýüze çykyp biljek ýaramaz netijeleriň öňüni almak, telekeçilik işlerine gözegçiligi güýçlendirmek bolup durýar.

Menejment nazaryýetinde dolandyryşa wezipe (funksiýa) hökmünde seredilýändigi mälimdir. Şol bir wagtda dolandyryşyň töwekgelçilikleriň anyklanmagyna, olara baha berilmegine, çözgütleriň kabul edilmegine we monitoringe esaslanýan üznüksiz iş bolup durýandygyny belläp geçeliň. Munuň üstesine-de, biz dolandyryş – bu ulgamlaýyn iş, ýagny amal töwekgelçiliklerini dolandyryş elementleriniň bellibir toplumy bolan ulgam bolup durýar diýip pikir edýäris.

Amallar töwekgelçiligini dolandyrmak işi shema görnüşinde getirilýär we häsiýetlendirilýär *(16-njy surat).*




**16-njy surat. Amallar töwekgelçiliklerini dolandyrmak işi (prosesi)**

16-njy suratda görkezilişi ýaly, amallar töwekgelçiligini dolandyrmak işiniň esasynda täjirçilik bankynyň prosesleri amatly etmäge, kämilleşdirmäge gönükdirilen işewürlik syýasaty ýatýar. Dolandyrmak işi töwekgelçiligi anyklamak tapgyryndan başlanýar, soňra oňa baha bermek geçirilýär, emma tapgyr aýratyn çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar.

Maliýe töwekgelçiliklerine baha bermek üçin täjirçilik banklarynyň ygtyýarynda ýeterlik maglumatlaryň bardygy düşnüklidir, sebäbi olar tarapyndan kanunalaýyklyklara we wakanyň ýüze çykmagynyň netijesi hökmünde peýdanyň ýa-da ýitginiň möçberlerini anyklamaga mümkinçilik berýän maglumatlar binýady emele getirilýär.

Şertleriň köpüsiniň içerki amal gurluşyna degişlidigi amallar töwekgelçilikleriniň häsiýetli aýratynlygy bolup durýar, şonuň üçin hem bu ýerde aýry-aýry ugurlar bilen amal çykdajylarynyň ähtimallygynyň we möçberleriniň arasynda takyk matematiki-statistiki baglanyşygy bellemek kyndyr. Amallar töwekgelçiligi bilen bagly wakalar, düzgün bolşy ýaly, statistiki bölünişiň ahyrynda bolýar,

oýlanyşykly ynanma çäginiň daşyna çykýar, şunuň bilen baglylykda, **Value at Risk** *(VaR)* ýaly statistika usullaryny peýdalanmak, öňi bilen maglumatlaryň ýeterlik derejede reprezentatiw däldigi sebäpli kyn bolýar. Başga sözler bilen aýdylanda, bu ýerde bellibir kynçylyklar ýüze çykýar, çünki şu ýagdaýda statistikanyň bölekleýin maglumatlary we modelleri, düzgün bolşy ýaly, işlemeýär. Üçünji tapgyrda töwekgelçilige baha bermek geçirilenden soň degişli dolandyryş çözgütleri kabul edilýär, bu çözgütler soňundan olara monitoring geçirmegiň predmeti bolýar. 16-njy suratda «ykdysady maýa» adyny alan ýene bir tapgyr görkezilýär. Bu tapgyryň düýp manysy amallar töwekgelçilikleriniň netijeleriniň, beýleki töwekgelçilikleriň netijeleri ýaly, mümkin bolan iki alternatiwanyň, ýagny peýdanyň ýa-da ýitginiň bolmagyny göz öňünde tutýar. Şunuň bilen baglylykda, banklar, bir tarapdan, şu töwekgelçilikler boýunça mümkin bolan ýitgiler üçin ätiýaçlyk gorlary döretmelidirler, beýleki tarapdan amallar töwekgelçilikleri hem peýda döretmelidirler. Şunda menejmentiň wezipesi bu töwekgelçilikleriň peýda getirmeginden, bankyň ykdysady maýasyny emele getirmekden durýar.

Daşary ýurtlaryň amallar töwekgelçilikleri babatynda tejribesine göz aýlamak töwekgelçilik-menejmentiniň emele gelmeginde birnäçe tapgyrlary bölüp görkezmäge mümkinçilik berýär *(17-nji surat)*.




**17-nji surat. Amallar töwekgelçiligi menejmentiniň ösüş döwürleri**

145.0 x 215.0 mm

Suratda getirilen maglumat birinji tapgyrlarda karz edaralarynyň menejmentiniň amallar töwekgelçilikleriniň ýaramaz täsirine düşünmek bilen çäklenendigine şaýatlyk edýär, banklar olaryň bardygyny ykrar etdiler. Bu maglumatlar nazaryýet meselelerini ösdürmäge hyzmat etdi, hususan-da, amallar töwekgelçiliklerini toparlara bölmäge çemeleşmeleri işläp taýýarlamaklyk başlandy, soňra olara seljerme geçirmek, öňi bilen, birlikler ýa-da telekeçilik işleri nukdaýnazaryndan (aşakdan ýokary) seljermek zerurlygy ýüze çykdy. Ýaramaz netijelere getirip biljek amallar töwekgelçilikleriniň ýüze çykmagynyň sebäplerine esasy üns berildi.

Soňra amallar töwekgelçiliklerine işiň ahyrky netijeleri, ýagny amallar töwekgelçiliginiň getirýän netijeleri (mysal üçin, maglumat ulgamlarynyň näsazlygy ýa-da işgärleriň ýalňyşlary netijesinde çekilen ýitginiň umumy möçberi) nukdaýnazaryndan («ýokardan-aşak») seredip başladylar. Ahyr netijede amallar töwekgelçilikleri karz edarasynyň töwekgelçilik-menejmentine goşuldy.

Bellenip geçilişi ýaly, amallar töwekgelçiliklerini dolandyrmak şol bir wagtda elementleriň bellibir toplumy hem bolup durýar. Amallar töwekgelçiligi babatynda töwekgelçilik-menejmentiniň grafiki ulgamyny şu görnüşde görkezip bolar *(18-nji surat)*.




**18-nji surat. Amallar töwekgelçilikleri babatynda töwekgelçilik-menejment ulgamy**

13. Sargyt № 3120

Shemada töwekgelçilik-menejment ulgamynyň üç elementi bölünip görkezilýär: gözegçilik (kontrolling), içerki ulgamlaryň amal gözegçiligi we duýduryş ulgamy. Gözegçilik (kontrolling) töwekgelçiligiň ýüze çykýan ýerlerini anyklamak üçin maksatlary kesgitlemegi, maglumatlary toplamagy we olary işlemegi, degişli maglumat akymlaryny guramagy göz öňünde tutýar. Ikinji element – içerki ulgamlaryň amal gözegçiligi – ýerlerde işlere we maglumat ulgamlaryna gözegçiligi amala aşyrmagy, işiň daşarky we içerki kadalarynyň berjaý edilişine gözegçiligi, şeýle hem amallar töwekgelçilikleriniň ýaramaz täsirinden goramak boýunça çäreleri işläp taýýarlamagy göz öňünde tutýar.

Ulgamyň üçünji elementi töwekgelçiligiň duýduryş ulgamyna gönükdirilendir. Şu maksat bilen mümkin bolan töwekgelçilikleriň çygry we olaryň ýüze çykmagynyň sebäpleri bellenýär. Mysal üçin, işgärleriň näsag bolmagynyň we işden çykmagynyň sebäpleri, kompýuter ulgamlarynyň işindäki näsazlyklary düzetmegiň düzgünleri we beýlekiler seljerilýär. Öňüni almak babatynda deslapky duýduryşlaryň esasynda dessin baş galdyrmak çäreleri, maglumat ulgamlarynyň artyk işlemeginiň öňüni alyş çäreleri, işgärleriň saglygyny goramak, işgärleriň iş şertlerini gowulandyrmak boýunça çäreler işlenip taýýarlanýar. Öňüni almak babatynda duýduryşlaryň esasynda jemler jemlenýär, olaryň netijeleri, degişli çäreleri görmek maksady bilen, ýokary derejäniň menejerlerine berilýär.

Amallar töwekgelçiliginiň töwekgelçilik-menejmenti ulgamyny ornaşdyrmagyň şertleriniň biri hem bankyň işgärleriniň düşünjeliligi bolup durýar, sebäbi görkezilen töwekgelçilikler işgärleriň ýalňyşlary, birlikleriň derejesinde maglumat ulgamlarynyň işindäki näsazlyklar netijesinde hem, telekeçilik işleriniň bozulmagy netijesinde hem ýüze çykýar. Şu maksat bilen täjirçilik banklary işgärlerine degişli soraglar bolan anketalary paýlaýarlar, olar bu soraglara, şol sanda ozal bolup geçen ýitgileriň möçberleri baradaky soraglara hem jogap berýärler. Şunuň ýaly maglumatlaryň işlenip geçilmegi, birinjiden, käbir statistiki maglumatlary almaga, ikinjiden, ýitgileriň ýüze çykýan çygyrlaryny, ýygylygyny takyklamaga, soňra bolsa olaryň geljekde ýüze çykmak mümkinçiligini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Käbir ýagdaýlarda amallar töwekgelçiliklerini anyklamak eger şeýle bolan

bolsa, nähili bolardy diýen ýörelge boýunça geçirilýär. Mysal üçin, kompýuterleriň işinde näsazlyk bolanda, ýalňyşlary bolan programma önümleriniň ulanylýan ýagdaýynda we ş.m. bölüm nähili ýitgi çekip biler. Bu usullar, düzgün bolşy ýaly, senagat kärhanalarynyň tejribesinden alynýar. Toplanan maglumatlaryň esasynda mümkin bolan ýitgileriň öňüni almaga we olardan gaça durmaga mümkinçilik berýän çäreler kesgitlenýär.

Deslapky duýduryş ulgamlary babatynda daşary ýurtlaryň täjirçilik banklary töwekgelçilik indikatorlaryny işläp taýýarlaýarlar, olar derejesine baglylykda üç zolaga bölünýär *(19-njy surat)*.




**19-njy surat. Töwekgelçiligiň dürli zolaklarynyň indikatorlary**

Grafigiň abssissa oky boýunça töwekgelçilik indikatorlary goýulýar, ordinata – synlama döwri, şu mysalda çärýekleýin senelerdir. Grafigiň ýokarky bölegi möçberi boýunça iň uly ýitgini görkezýär, bu zolaga howply zolak hökmünde baha berilýär. Bu menejmentiň şular ýaly ýitgileriň öňüni almak boýunça çäreleri işläp taýýarlamalydygyny aňladýar. Grafigiň orta bölegi ýol berilýän töwekgelçilik zolagyny görkezýär, ýagny bank ýitgileriň şular ýaly möçberini çekip bilýär, grafigiň iň pes zolagy bolsa iň gowy (amatly) zolak bolup durýar, sebäbi dördünji çärýekde amallar töwekgelçiliginden çekilen ýitgiler has az bolupdyr. Bu mysal swetofor ýörelgesi boýunça gurlandyr, ol bolsa, mälim bolşy ýaly, Bazel komiteti tarapyndan düzgünleşdiriji edaralara täjirçilik banklary tarapyndan peýdalanylýan bazar töwek-

gelçiliklerine baha bermegiň aýratyn modelleriniň laýyklygyna baha bermek üçin, hususan-da, VaR modeli üçin maslahat berildi. Gyzyl zolak (Bazel boýunça) aýratyn modeliň laýyk däldigini aňladýar, sary zolak töwekgelçilige ýol berilýändigini aňladýar, ýöne şu ýagdaýda gözegçilik edaralary ätiýaçlyk gorunyň möçberlerini artdyrýan jerime koeffisiýentlerini ulanýarlar, ýaşyl zolak peýdalanylýan modeliň bellenen ölçeglere (kriterilere) laýyk gelýändigini aňladýar.

Şu ýagdaýda amallar töwekgelçiliklerine baha bermegiň aýratyn modelini işläp taýýarlamak üçin iň çylşyrymly mesele töwekgelçilik indikatorlaryny kesgitlemek meselesi bolup durýar. Mysal üçin, işgärleriň başarjaňlygyny ýitirmegi bilen bagly töwekgelçilik iş ýerleriniň ýetmezçiligi (esasy bolup durmaýar), müşderilerden, birlikleriň ýolbaşçylaryndan, beýleki işgärlerden alnan şikaýatlaryň we bellikleriň sany, işgäriň iş stažy ýaly indikatorlar bilen ölçenip bilner. Işgärleriň üstünlikli işlemegi bilen bagly töwekgelçilikler, degişilikde, iş gününiň dowamlylygyna we olaryň saglyk ýagdaýyna seljerme geçirmegiň esasynda ölçenip bilner. Telekeçilik işleri bilen baglanyşykly beýleki indikatorlary hem görkezip bolar.

Amallar töwekgelçiliklerine baha bermäge çemeleşmeleriň emele gelme döwrüni başdan geçirýändikleri düşnüklidir. Olary ösdürmek üçin iň bolmanda, baha bermegiň iki görnüşiniň bolmagy zerurdyr: zyýanyň möçberi we ýitgileriň ähtimallygy.

Şu maglumatlary almak, olary bellige almak esasy mesele bolup durýar. Meselem, bu meseläni çözmek üçin Beýik Britaniýanyň, Germaniýanyň we Fransiýanyň täjirçilik banklary amallar töwekgelçilikleri barada maglumatlary toplamak boýunça tagallalary birleşdirdiler. Olar anonim esasda biri-birlerine içerki töwekgelçilikler barada habar berýärler, bu bolsa bellibir derejede amallar töwekgelçilikleriniň ýüze çykmak ähtimallygyna baha bermäge mümkinçilik berýär.

Amallar töwekgelçiliklerini dolandyrmak boýunça çözgütleriň kabul edilýän tapgyrynda ähtimallygyň we ýitginiň möçberiniň bellenen derejesinde nähili töwekgelçiligi kabul etmelidigi barada sorag ýüze çykýar *(20-nji surat).*

145.0 x 215.0 mm




**20-nji surat. Zyýanyň göwrümine we ähtimallygyna baglylykda dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň ugurlary**

Şu grafik onuň ýüze çykmak ähtimallygyna we ýitginiň möçberine baglylykda töwekgelçiligi kabul etmegiň ugurlaryny görkezýär. Töwekgelçiligiň ähtimallygynyň pes, ýitgileriň ýokary wagtynda bank töwekgelçiligi geçirilmelidir, mysal üçin, ýangyndan, kompýuter programmalaryndaky näsazlyklardan, elektrik ulgamyndaky öçürmelerden ätiýaçlandyrmalydyr. Eger ähtimallyk pes we zyýanyň möçberi ujypsyz bolsa, töwekgelçilik kabul edilmelidir. Wakanyň ýüze çykmak ähtimallygy we zyýanyň möçberi ýokary derejede bolanda töwekgelçiligiň öňüni almak boýunça çäre görmeli bolar. Aşakda sag tarapdaky gönüburçluk wakanyň ýüze çykmak ähtimallygynyň ýokarydygyny we zyýanyň möçberiniň ujypsyzdygyny aňladýar. Şeýle ýagdaýda hem töwekgelçiligi peseltmek boýunça çäreler görülmelidir.

Anyk ýagdaýa düşünilmegi töwekgelçilikleri düzgünleşdirmek boýunça degişli çäreleri işläp taýýarlamagy talap edýär. Töwekgelçilikleri düzgünleşdirmegiň bir-birine göni gapma-garşy bolan iki usuly mälimdir: gaça durmak we dolandyrmak. Eger bank amallar töwekgelçiliklerini kabul edýän bolsa, onda ol olary dolandyrmagyň usullaryny hem işläp taýýarlamalydyr. Hususan-da, töwekgelçilikleri

145.0 x 215.0 mm

dolandyrmagyň usullaryna şulary degişli edýärler: ýeterlik ätiýaçlyk gorlaryny döretmek, ätiýaçlandyrmak, peseltmek, maýany artdyrmak, şol sanda, mysal üçin, goşmaça girdeji we peýda almagyň hasabyna artdyrmak. Töwekgelçilikleri dolandyrmagyň mümkin bolan usullarynyň toplumyny şu görnüşde görkezip bolar *(21-nji surat)*.




**21-nji surat. Amallar töwekgelçiliklerini kadalaşdyrmagyň usullary**

Amallar töwekgelçiliklerini aradan aýyrmaga gönükdirilen işleriň öňünden kabul ederlikli bolup durmaýandygy sebäpli, menejment töwekgelçilikleri dolandyrmagyň usullarynda ünsüni jemlemelidir. Töwekgelçilikleriň karz edarasynyň ygtybarlylygyna edýän ýaramaz täsirini ýeňilleşdirmek üçin däp boýunça ätiýaçlyk gorlary döredilýär, olar esasy maýany goraýarlar. Şunuň bilen baglylykda, Bazel komiteti tarapyndan amallar töwekgelçilikleri babatynda töwekgelçilige baha bermäge we ätiýaçlyk gorlaryny döretmäge resmileşdirilen çemeleşme teklip edildi. Bu meselä indiki bölümde aýratyn üns berilýär. Töwekgelçilik üçin ätiýaçlyk gordan başga-da,

banklar ony üçünji taraplara geçirmek bilen hem ätiýaçlandyryp bilerler. Köp ýitgilere ýol bermezlik, ätiýaçlyk gorlaryny döretmek bilen bagly çykdajylary tygşytlamak üçin töwekgelçilikleri peseltmäge gönükdirilen çäreleri geçirip ýa-da karz edarasynyň maýa binýadyny ýokarlandyrmagyň çeşmesi bolup durýan girdejileri we peýdany artdyrmagy gazanyp bolar.

## 7.3. Bazel komitetiniň amallar töwekgelçiliklerine baha bermek we olar üçin ätiýaçlyk gorlaryny döretmek babatynda maslahatlary

Bellenilip geçilişi ýaly, bäsleşigiň güýçlenmegi, çökgünlikleriň migrasiýasy (ondan-oňa geçmegi), bank önümleriniň we hyzmatlarynyň çylşyrymlaşmagy, maliýe gurallarynyň täze görnüşleriniň peýda bolmagy, käbir işleriniň (prosesleriň) beýleki kärhanalara ýeterlik derejede gözegçilik edilmezden geçirilmegi, maliýe institutlarynyň tehniki üpjünçilik serişdelerine baglylygynyň ýokarlanmagy, täze bilimleriň peýda bolmagy we başga-da köp ýagdaýlar bütin dünýäde bank ulgamlarynyň durnuklylygy üçin möhüm mesele bolup durýar. Şu ýagdaýlary nazara alyp, Bazel komiteti bank işini düzgünleşdirmäge bildirilýän täze talaplary teklip etdi.

Bank ulgamynyň durnuklylygynyň şerti hökmünde seredilip bilinjek şunuň ýaly talaplaryň arasynda üç binýatlyk teklibi görkezip bolar: karz institutlarynyň maýa binýadyny töwekgelçiliklere laýyk getirmek, düzgünleşdiriji edaralaryň gözegçilik işiniň hilini ýokarlandyrmak we bazar düzgün-nyzamyny berjaý etmek.

Täjirçilik banklarynyň maýasynyň ýeterlik bolmagyna bildirilýän talaplar olar üçin ätiýaçlyk gorlarynyň döredilmegi talap edilýän töwekgelçilikleriň toplumynyň giňelmeginiň hasabyna yzygiderli güýçlenýär. Amallar töwekgelçilikleri hem şunuň ýaly täze görnüşleriň hataryna girýär. Ýakyn geljekde abraý we strategik töwekgelçiliklere baha bermäge çemeleşmeleriň işlenilip taýýarlanylmagy, şolaryň esasynda Halkara hasaplaşyklar banky tarapyndan täze maslahatlaryň işlenip düzülmegi meýilleşdirilýär.

Halkara tejribesinde we Bazel komitetiniň maslahatlarynda töwekgelçiliklere baha bermegiň adaty (standart) we aýratyn modellerini ulanmagyň göz öňünde tutulýandygyny nazara alanyňda, gözegçilik işiniň hilini ýokarlandyrmaga aýratyn üns berilýändigini bellemek gerek. Häzirki döwürde gözegçilik işinde täjirilik banklarynda hereket edýän töwekgelçilikleri dolandyryş ulgamlaryna, guramaçylyk işlerine baha bermäge, menejerleriň işinde ýol berlen ýalňyşlary seljermäge uly üns berlip başlandy.

Bank işi giň jemgyýetçilik üçin açyk bolmalydyr, bu gyzyklanýan ähli maýa goýumçylar üçin aýdyňlygy göz öňünde tutýar we bazar düzgün-nyzamyny berjaý etmäge bildirilýän talaplaryň esasynda durmuşa geçirilýär.

Maýanyň ýeterlik bolmagy hakynda täze Bazel ylalaşygyna laýyklykda, bankyň öz maýasy karz, bazar we amallar töwekgelçilikleriniň maýa bilen ýapylmagyna bildirilýän talaplaryň jemi hökmünde kesgitlenmelidir. Şunuň bilen baglylykda Bazel instituty banklara amallar töwekgelçilikleri üçin ätiýaçlyk gorunda jemlenýän maýanyň möçberlerini üç çemeleşmäniň esasynda kesgitlemegi maslahat berýär:

➢ binýatlyk indikator;

➢ standart çemeleşme;

➢ geljekde peýdalanylmagy meýilnamalaşdyrylýan amallar töwekgelçiligine baha bermäge öňdebaryjy çemeleşme.

Amallar töwekgelçilikleri üçin maýanyň ätiýaçlyk gorunyň möçberini hasaplamaga bildirilýän binýatlyk indikatoryň esasynda ýönekeýleşdirilen çemeleşme amallar töwekgelçiliginiň derejesiniň bankyň işiniň gerimine göni baglylygynyň bolmagyny göz öňünde tutýar. Ýöne şu ýagdaýda içerki gözegçilik düzgünleri hem, işiň dürli ugurlaryna bölmek bilen töwekgelçiligiň täsirine düşmek mümkinçiligi hem göz öňünde tutulmaýar. Şeýle-de bolsa şol bir wagtyň özünde ätiýaçlyk goruny hasaplamaga ýönekeýleşdirilen çemeleşmäniň ulanylmagy amallar töwekgelçilikleri boýunça mümkin bolan ýitgiler üçin ätiýaçlyk gory hökmünde seredilip bilinjek bellibir ululygy almaga mümkinçilik berýär. Karz edarasynyň işini häsiýetlendirýän umumylaşdyrylan görkeziji hökmünde jemi girdeji peýdalanylýar

145.0 x 215.0 mm

(GI). Bazel komiteti bu görkezijini arassa göterim girdejisi bilen arassa göterim däl girdejiniň jemi hökmünde kesgitleýär, bu bolsa jemi girdeji düşünjesine has ýokary derejede laýyk gelýär. Aşakdaky şertler berjaý edilen ýagdaýynda, şu garaýşa (düşünjä) milli gözegçilik edaralary tarapyndan buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we hasabatlylygyň ol ýa-da beýleki ýurtda hereket edýän standartlaryna laýyklykda düzediş girizilip bilner:

1. Jemi girdeji karzlar boýunça ýitgileri ýapmak üçin ätiýaçlyk gory bölünip aýrylmazyndan öň hasaplanylýar;

2. Bankyň bukjasynda bar bolan gymmatly kagyzlar we hyzmatlar bilen islendik amallardan alnan maliýe netijesi jemi girdejä goşulmaýar;

3. Jemi girdeji gaýtalanmaýan, bir gezeklik amallardan alnan netijäni, şeýle hem geleşikleri ätiýaçlandyrmakdan alnan girdejini öz içine almaly däldir.

Amallar töwekgelçilikleri üçin ätiýaçlyk gorda goýulýan maýanyň möçberi (*ORC*) hemişelik ululyk – alfa ($\alpha$) koeffisiýenti bilen kesgitlenýär, ol Bazel komiteti tarapyndan bellenýär:

$$ORC = GI \times \alpha,$$

bu ýerde $GI$ – soňky üç ýylyň ortaça görkezijisini almak ýoly bilen hasaplanan jemi girdeji; $\alpha$ – maýanyň ätiýaçlyk gory koeffisiýenti.

Maýanyň ätiýaçlyk gory koeffisiýenti amallar töwekgelçiligi netijesinde öňünden görülmedik ýitgileriň alynýan girdejiniň möçberi babatynda ortaça derejesini görkezmelidir. Ilkibaşda Bazel komiteti alfa ($\alpha$) koeffisiýentiniň ähmiýetini jemi girdejiniň 30%-i derejesinde bellemegi teklip etdi. Şeýle ýagdaýda amal töwekgelçiligi üçin ätiýaçlyk gorda goýulýan maýa boýunça talaplar maýanyň ýeterlikliginiň iň pes kadasynyň takmynan 20%-ne deň bolardy.[1] Soňy bilen şeýle talap-

[1] Şu we soňky ululyklar ony hasaplamagyň täze usulyna geçilmeginiň bank maýasynyň jemi möçberine edilýän täsire mukdar taýdan baha bermek maksady bilen, dünýäniň dürli ýurtlarynyň gyzyklanýan banklarynyň uly topary tarapyndan geçirilen üç «synag» barlaglarynyň netijeleri boýunça hasaplama ýoly bilen alyndy. Bu barlaglaryň netijeleri Bazel komiteti tarapyndan çap edildi we maýa boýunça täze Bazel ylalaşygynyň soňky rejelenen görnüşleriniň esasynda goýuldy.

lary esassyz ýokarlandyrylan diýip hasap eden bank bilelişiginiň zor salmagy netijesinde olar Bazel komiteti tarapyndan jemi girdejiniň 12%-ne çenli peseldildi, bu bolsa maýanyň ýeterlikligi koeffisiýentiniň iň pes ölçeginiň 17-20%-ne deň bolup biler. Bank bileleşigi bilen uzak wagta çeken geňeşmelerden we empiriki barlaglaryň netijesinde geçirilen seljermelerden soň Bazel komiteti bu görkezijini soňky 3 ýylyň jemi girdejisiniň ortaça ululygynyň 15%-i derejesinde belledi.

Binýatlyk indikatoryň esasynda çemeleşme iň ýönekeý çemeleşme bolup, ol amallar töwekgelçiligine baha bermegiň has kämil usullaryny peýdalanmak özleri üçin çylşyrymly bolan uly bolmadyk edaralarda üstünlikli peýdalanylyp bilner. Islendik bank ony iş ýüzünde haýsydyr bir deslapky şert bolmazdan peýdalanyp biler diýip hasap edilýär. Şol bir wagtda bu çemeleşme işiň dürli ugurlarynda amallar töwekgelçiliginiň ýüze çykmagynyň aýratynlyklaryny hasaba almaga mümkinçilik bermeýär.

Bankda işiň birnäçe mysaly ugurlarynyň bölünip görkezilmegine we ätiýaçlyk gorda goýulýan maýanyň möçberini olaryň her biri boýunça aýratynlykda kesgitlemäge esaslanýan standart çemeleşme öňki çemeleşmä garanyňda has takyk bolup durýar. Oňa laýyklykda ähli amallar işiň standart ugurlary boýunça toparlara bölünýär, olaryň her biri boýunça onuň jemi girdejisiniň ululygy hasaplanýar we beta ($\beta$) koeffisiýenti berilýär, onuň kömegi bilen ätiýaçlyk gordaky maýanyň möçberi hasaplanyp çykarylýar. Tutuş bank üçin maýa bildirilýän talaplar işiň ähli ugurlary boýunça ätiýaçlyk gorlaryny ýönekeý goşmak ýoly bilen alynýar:

$$ORC = \sum\left(GI_i \times \beta_i\right),$$

bu ýerde $GI_i$ – soňky üç ýylyň ortaça görkezijisini almak ýoly bilen hasaplanan, işiň $i$ görnüşinden alnan jemi girdeji; $\beta_i$ – işiň $i$ görnüşi üçin maýanyň ätiýaçlyk gory koeffisiýenti.

Bazel komiteti «birinji derejäniň» işiniň sekiz ugrundan durýan toparlamany we beta koeffisiýentiniň olaryň ähmiýetine laýyk gelýän ähmiýetini teklip etdi *(27-nji tablisa)*.

*27-nji tablisa*

**Işiň adaty (standart) ugurlary üçin beta koeffisiýentleriniň bahasy**

| Işiň ugry | Beta |
|---|---|
| Korporatiw maliýe | 18 |
| Söwda amallary | 18 |
| Bölek bank hyzmatlary | 12 |
| Täjirçilik bank hyzmatlary | 15 |
| Hasaplaşyklary we tölegleri amala aşyrmak boýunça tölegler | 18 |
| Agentlik hyzmatlary | 15 |
| Aktiwleri dolandyrmak | 12 |
| Broker amallary | 12 |

Bu toparlama adaty (standart), şu çemeleşmäni ulanýan ähli banklar üçin bir bolup durýar. Täjirçilik banklarynyň wezipesi jemi girdejini işiň adaty (standart) ugurlary boýunça bölüşdirmegi geçirmekden ybaratdyr.

Şol bir wagtda Bazel komiteti tarapyndan milli bank gözegçiligi edaralaryna beýleki ülňüler (standartlar) bilen deňeşdirilende onuň artyklygyny, mysal üçin, ol ýa-da beýleki töwekgelçilikleri iki gezek hasaba almagy aýyrmak babatynda artyk tutulmagyny deliller bilen esaslandyrmagy başaran banklar babatynda «alternatiw standart çemeleşme» diýilýäni peýdalanmaga hukuk berildi.

Alternatiw çemeleşmäniň ýeke-täk tapawudy işiň iki ugry – bölek satuw söwdasy we täjirçilik bank hyzmaty üçin töwekgelçiligiň täsirine düşmegiň görkezijisi hökmünde jemi girdeji däl-de, belli koeffisiýente görä düzedilýän karzlaryň möçberi (*m*) peýdalanylýar. Amallar töwekgelçilikleri üçin ätiýaçlyk gordaky maýanyň möçberi şu görnüşde hasaplanyp çykarylýar:

$$ORC = \beta \times m \times LA,$$

bu ýerde *LA* – soňky üç ýylyň ortaça görkezijisini almak ýoly bilen hasaplanan, karzlar boýunça ýitgileri ýapmak üçin ätiýaçlyk gory bölünip aýrylmazyndan we töwekgelçilik boýunça ölçegden öň, kor-

poratiw (bölekleýin) karz alyjylara bölünip berlen karzlaryň umumy möçberi;

$$m - 0{,}035.$$

Alternatiw çemeleşmäniň çäklerinde banklaryň bölek we täjirçilik karzlaryny bermek boýunça amallary ol babatynda 15% möçberinde bir beta ($\beta$) koeffisiýenti ulanyljak bir ugra birleşdirmäge hukuklary bardyr. Özleriniň jemi girdejisini işiň tablisada getirilen beýleki alty ugrunyň arasynda bölüp bilmeýän banklar olar üçin ätiýaçlandyrylan gory, olaryň umumy jemi girdejisini 18%-e deň bolan beta ($\beta$) koeffisiýentine köpeltmek ýoly bilen hasaplap bilerler. Standart çemeleşmede bolşy ýaly, maýa bildirilýän talaplar işiň ähli ugurlary boýunça jemlenýär we amallar töwekgelçiligi üçin ätiýaçlyk gorda goýulýan maýanyň jemlenen möçberi kesgitlenýär.

Amallar töwekgelçiligine baha bermegiň adaty (standart) we has çylşyrymly çemeleşmelerini ulanmagyň zerur şerti aşakdaky şertleri berjaý etmek boýunça talaplar bolup durýar:

➢ direktorlar geňeşi we ýokary derejäniň ýolbaşçylary amallar töwekgelçiligine baha bermek we ony dolandyrmak işlerine gözegçilik etmäge işjeň gatnaşýarlar;

➢ bankyň töwekgelçilik-menejmenti ulgamy konseptual taýdan dogry bolup durýar we degerli görnüşde peýdalanýar;

➢ bankyň saýlanyp alnan çemeleşmäni işiň ähli ugurlarynda hem, gözegçilik we audit bölümlerinde hem ornaşdyrmak üçin ýeterlik serişdeleri bar.

Mundan başga-da, gözegçilik edaralary, maýanyň ýeterlikdigine baha bermegiň ol ýa-da beýleki usulyny (adaty (*standart*) usulyndan beýleki usullar) peýdalanmaga rugsat bermezlerinden öň, täjirçilik banklaryny amallar töwekgelçiliklerine baha bermegiň olar tarapyndan saýlanyp alnan shemasynyň we emele gelen tejribäniň esaslandyrylyşy nukdaýnazaryndan barlaglary amala aşyryp bilerler diýip göz öňünde tutulýar.

Adaty (standart) çemeleşmäni peýdalanmak isleýän banklara hil häsiýeti bolan, amallar töwekgelçiliklerine gözegçilik etmegiň we olary dolandyrmagyň içerki ulgamyna degişli birnäçe talaplar bildirilýär, olaryň manysy şularda jemlenýär:

145.0 x 215.0 mm

➢ bankyň özüniň guramaçylyk gurluşynda amallar töwekgelçiliklerini dolandyrmak boýunça birlik (bölüm) bolmalydyr, onuň wezipelerine amallar töwekgelçiligini anyklamak, baha bermek, monitoring geçirmek, gözegçilik etmek we ony peseltmek girýär;

➢ amallar töwekgelçiligine baha beriş ulgamy – bankda töwekgelçilikleri dolandyrmak işiniň düzüm bölegi bolmalydyr, şunda onuň hereket etmegi üçin bank, işiň esasy ugurlaryna bölmek bilen, amallar töwekgelçiliginiň netijesinde maliýe we maddy ýitgiler baradaky maglumatlary toplamalydyr we olara seljerme geçirmelidir;

➢ amallar töwekgelçiliginiň netijesinde ýitgiler baradaky maglumatlar birlikleriň ýolbaşçylarynyň, ýokary ýolbaşçylaryň we direktorlar geňeşiniň dykgatyna yzygiderli ýetirilmelidir;

➢ bankda onuň özüniň peýdalanýan amallar töwekgelçiligine baha beriş ulgamy barada jikme-jik resminamasy bolmalydyr;

➢ amallar töwekgelçiligine baha beriş ulgamy bankyň özüniň degişli birlikleri tarapyndan hem, daşky auditorlar we gözegçilik edaralary tarapyndan hem yzygiderli tertipde barlanmalydyr.

Adaty (standart) çemeleşmäniň düýpli aýratynlygy, amallar töwekgelçiliginiň bankyň işiniň dürli ugurlary boýunça differensirlenmeginiň hasabyna, maýanyň hasaplanan möçberiniň binýatlyk indikatoryň esasyndaky çemeleşme bilen deňeşdirilende pes bolup biljekdigi bolup durýar.

Adaty (standart) çemeleşme bankyň işiniň ugurlarynyň her biri bilen baglanyşykly amallar töwekgelçiliklerine takyk baha bermäge mümkinçilik berýär. Ol ýolbermeleriň ýeterlik derejede köp möçberine esaslanýar, hususan-da, bu çemeleşme amallar töwekgelçiliklerini amala aşyrmagyň netijesinde çekilen ýitgileri paýlamak mümkinçiligine we şeýle töwekgelçiliklere gözegçiligiň guralyş derejesine üns bermeýär.

Amallar töwekgelçiliklerine gözegçilik we olary peseltmek şu ugurlar boýunça geçirilip bilner.

Maýanyň ýeterlikdigini hasaplamagyň ýokarda seredilip geçilen usullaryna mahsus ýetmezçilikleri «amallar töwekgelçiliklerine baha bermäge öňdebaryjy çemeleşmeler» diýilýän usullara geçilen mahalynda aradan aýryp bolar. Bu çemeleşmeler banklarda amallar töwekgelçiliklerini seljermegiň we amal ýitgilerine monitoring

geçirmegiň öz modelleriniň işjeň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar. Baha bermegiň şu modelleriniň kömegi bilen hasaplanyp çykarylan ýitgiler maýanyň ýeterlikdigine bildirilýän talaplar hökmünde kabul edilýär. Banklar olary şu usullaryň bellibir hil we mukdar ölçeglerini (kriterilerini) kanagatlandyrýan şertinde we diňe gözegçilik edarasynyň rugsady bilen ulanyp bilerler.

Ilkibaşda Bazel komiteti amallar töwekgelçiligine berilýän içerki bahanyň esasynda çemeleşmegi teklip etdi, ol mundan öňki usula esaslanýar. Onda standart çemeleşmede bolşy ýaly, bank işiniň birnäçe ugurlary bölünip görkezilýär, mundan başga-da, amallar töwekgelçilikleriniň netijesinde bankyň çekip biljek amal ýitgileriniň birnäçe görnüşleri goşmaça kesgitlendi.

Şeýlelikde, eger adaty (standart) çemeleşme olaryň her biri üçin ätiýaçlyk gordaky maýanyň koeffisiýenti bellenen işiň görnüşleriniň sanawyny tertipleşdirýän bolsa, onda baha bermegiň içerki modelleri peýdalanylanda işiň her bir görnüşi üçin we amal ýitgileriniň görnüşi üçin töwekgelçiligiň täsirine düşme babatda öz görkezijileri we maýany ätiýaçlandyrmagyň koeffisiýenti (gamma koeffisiýenti $\gamma$) bellenýär.

Amal ýitgileriniň görnüşleriniň getirilen sanawy Bazel komiteti tarapyndan teklip edilen adaty görnüş (standart wariant) bolup durýar. Şu çemeleşmede töwekgelçilige içerki baha berme işiň ugrunyň we amal ýitgisiniň her bir utgaşmasy (kombinasiýa) üçin bankyň aşakdaky görkezijilerini goşmaça kesgitlemelidigini göz öňünde tutýar:

➢ töwekgelçilik amala aşan ýagdaýynda ýitgileriň derejesi;
➢ amallar töwekgelçiliginiň ähtimallygy.

Şu görkezijileri hasaplamak dolandyryş hasaba alnyşynyň maglumatlarynyň, amallar töwekgelçilikleri boýunça ýitgileriň toplanan statistikasynyň, şeýle hem şu görkezijileri hasaplamagyň guramanyň işiniň aýratynlygyny hasaba almak bilen işlenip taýýarlanan usulyýetiniň esasynda amala aşyrylmalydyr. Şu usulyýet, hususan-da, amallar töwekgelçiliginiň möçberine we onuň ähtimallygyna täsir edýän içerki gözegçilik düzgünlerini göz öňünde tutmaga mümkinçilik berýär.

145.0 x 215.0 mm

Maýanyň talap edilýän möçberini hasaplamak üçin töwekgelçilige içerki baha bermegiň esasynda çemeleşmede şu formula teklip edildi:

$$ORC = \sum(EI_{i,j} \times PE_{i,j} \times LGE_{i,j} \times \gamma_{i,j}) \sum(EI_{i,j} \times \gamma_{i,j}),$$

bu ýerde $EI_{i,j}$ – işiň $i$ görnüşi üçin töwekgelçiligiň täsirine düşme görkezijileri we amal ýitgileriniň $j$ tipi üçin görkezijileri; $PE_{i,j}$ – işiň $i$ görnüşi we amal ýitgileriniň $j$ tipi üçin amallar töwekgelçilikleriniň ýüze çykmagynyň ähmiýeti; $LGE_{i,j}$ – töwekgelçiligiň amala aşan ýagdaýynda işiň $i$ görnüşi we amal ýitgileriniň $j$ tipi üçin; $\gamma_{i,j}$ – işiň $i$ görnüşi we amal ýitgileriniň $j$ tipi üçin maýany ätiýaçlandyrmagyň derejesi; $EI_{i,\,j}$ – işiň $i$ görnüşi we amal ýitgileriniň $j$ tipi üçin ýitginiň garaşylýan möçberi.

Şu çemeleşmäniň çäklerinde garaşylýan ýitgileriň we olaryň ähtimallygynyň derejesini kesgitlemek üçin peýdalanylýan köpsanly ugurlar (wariantlar) we modeller bar. Olaryň köp bölegi bank ulgamyndaky amal ýitgileri boýunça statistiki maglumatlary peýdalanmak bilen çylşyrymly matematiki hasaplamalara esaslanýar. Ýöne, şu günki günde amallar töwekgelçiliklerine mukdar taýdan baha bermekde ýatlanylyp geçilen kynçylyklar sebäpli, şu ugurda düýpli netijeler gazanylmady.

Maýanyň ýeterlik derejesi hasaplanylanda hasaba almak göz öňünde tutulan goşmaça faktor – garaşylýan we öňünden görülmedik ýitgileriň gatnaşygy bolup durýar. Ýokarda getirilen formuladan şu çemeleşme peýdalanylan mahalynda garaşylýan we öňünden görülmedik ýitgileriň derejesiniň arasynda gamma ($\gamma$) koeffisiýentinde ýüze çykýan hemişelik gatnaşygyň bardygy barada käbir ýolbermeleriň göz öňünde tutulýandygy gelip çykýar. Emma, eger anyk bankyň pudak boýunça ortaça maglumatlar bilen deňeşdirilende uly möçberdäki töwekgelçilikleriň täsirine düşmegi mümkin bolsa, onda amallar töwekgelçilikleri üçin ätiýaçlyk goruň möçberi hasaplanylanda şol ýagdaý göz öňünde tutulmalydyr. Şu maksat bilen amallar töwekgelçilikleri üçin ätiýaçlyk gordaky maýanyň möçberini hasaplamagyň formulasyna goşmaça görkeziji – töwekgelçiligiň profiliniň indeksi

goşulýar. Ol pudaklaýyn görkezijiler bilen deňeşdirilende guramada öňünden görülmedik we garaşylýan ýitgileriň arasyndaky gatnaşygy häsiýetlendirýär (töwekgelçilik profiliniň indeksiniň pudak boýunça ortaça ähmiýeti 1-e deň diýip hasap edilýär). Eger karz edarasynda şunuň ýaly görkeziji pudak boýunça ortaça derejeden ýokary bolsa (öňünden görülmedik ýitgiler pudak boýunça ortaça derejeden ýokary bolsa), onda töwekgelçilik profiliniň indeksiniň ähmiýeti 1-den köp bolar, tersine bolanda 1-den az bolar. Degişlilikde, bu gyşarmalar amallar töwekgelçiligi üçin ätiýaçlandyrylýan maýanyň umumy möçberiniň hasaplamasynda beýanyny tapýar:

$$ORC = \sum(EI_{i,j} \times PE_{i,j} \times LGE_{i,j} \times \gamma_{i,j}) \times RPI_{i,j} \times \gamma_{i,j},$$

bu ýerde $RPI_{i,j}$ – işiň $i$ görnüşi we amal ýitgileriniň $j$ tipi üçin töwekgelçilik profiliniň indeksi.

Soňra Bazel komiteti «töwekgelçilige içerki baha berme» düşündirilişini giňeldip, oňa ýokarda seredilen içerki baha bermegiň esasynda çemeleşmeden başga, beýleki ýitgileriň ähtimallyklaryny we «baha beriş kartoçkalaryny» paýlamaga esaslanýan düşündirilişini goşdy. Şu we şuňa meňzeş beýleki usullar töwekgelçilige baha bermegiň «öňdebaryjy çemeleşmeleri» diýen umumy ady aldy. Ýitgileriň ähtimallyklaryny paýlamak usulynyň peýdalanylmagy işiň aýry-aýry ugurlary ýa-da olaryň ýokary ynam derejesi bolan toparlary boýunça VaR amal töwekgelçiliginiň birnäçe şertlerini birwagtda durmuşa geçirmegiň netijesinde ýitgileriň ähtimallyklaryny bilelikde paýlamagyň we seredilýän wakalaryň her biriniň ýüze çykan halatynda ýitgileriň ululygynyň esasynda hasaplamagy göz öňünde tutýar. Başga sözler bilen aýdylanda, birnäçe wakalaryň ýüze çykmak ähtimallyklaryny paýlamagyň we wakalaryň her biriniň netijesinde ýitgileriň ähtimallygyny paýlamagyň görnüşine we parametrlerine aýratynlykda baha berilýär. Ýitgileriň bilelikde paýlanmagy paýlamagyň iki wezipesini deňeşdirmek ýoly bilen kesgitlenýär. Ätiýaçlyk gorunda goýulýan maýanyň möçberi amal VaR alnan ululygy işiň ugurlary boýunça jemlemek ýoly bilen kesgitlenýär. «Baha berilýän kartoçkalaryň» esasynda çemeleşme maýanyň ilkibaşda berlen derejesini içerki gözegçilik ulgamyndaky gowulandyrmalar sebäpli amallar töwekgelçilikleriniň ýüze çykmagynyň

ýygylygynyň we geriminiň üýtgeýşine baglylykda wagt boýunça üýtgetmäge mümkinçilik berýär.

Bazel komitetiniň öňdebaryjy çemeleşmeleriniň kömegi bilen amallar töwekgelçiligine baha bermek babatynda teklipleri bank bileleşiginde birmeňzeş garşylanmady. Pudaklaýyn tejribe uzak wagtlap öwrenilenden, dürli çemeleşmeler açyk ara alnyp maslahatlaşylandan we synag barlaglarynyň netijeleri seljerilenden soň Bazel komiteti maýa bildirilýän talaplary has häzirki zaman çemeleşmeleriň we modelleriň kömegi bilen hasaplamak isleýän banklar üçin ölçegnama hökmünde amallar töwekgelçiligine seljeriş baha bermegiň haýsydyr bir ýa-da birnäçe usullaryny bellemezligi karar etdi. Munuň ýerine ol bu çemeleşmeleri maýa bildirilýän talaplary hasaplamak üçin peýdalanmak isleýän banklary kanagatlandyrjak mukdar we hil ölçegleriniň (kriterileriniň) sanawyny teklip etdi. Hakykatdan, Bazel komiteti banklaryň içki modellerini ulanmagyň esasynda bazar töwekgelçiliginiň hasaplanylýan ýagdaýyndaky ýaly ýol bilen gitdi. Mälim bolşy ýaly, olaryň ulanylmagy, peýdalanylýan modeliň görnüşi barada haýsydyr bir çäklendirmeleri bellemezden, VaR görkezijisi hökmünde töwekgelçiligi hasaplamaga bildirilýän diňe umumy mukdar we hil talaplarynyň bellenmegini göz öňünde tutýar.

Hil ölçegleri (kriterileri), esasan, ýokarda sanalyp geçilen talaplara meňzeşdir, olar standart çemeleşmäniň çäklerinde bellenýär.

Mukdar ölçegleri (kriterileri) amallar töwekgelçiligine baha bermegiň peýdalanylýan modeline degişlidir we şundan ybarat bolýar:

➢ Amallar töwekgelçiligi hasaplananda wagt mümkinçiligi we ynam derejesi içerki reýtingleriň esasynda karz töwekgelçiligine baha bermäge çemeleşmedäki ýaly bolmalydyr (degişlilikde, 1 ýyl we 99,9%);

➢ Ätiýaçlykda goýulýan maýanyň iň pes möçberi amal töwekgelçiliginiň netijesinde garaşylýan we öňünden görülmedik ýitgileriň jemi hökmünde kesgitlenýär, olar bankyň içerki modeliniň kömegi bilen hasaplanýar (bankyň gözegçilik edarasy garaşylýan ýitgileri özüniň işiň beýleki çykdajylarynyň arasynda eýýäm hasaba alandygyny subut eden ýagdaýynda maýanyň möçberi diňe öňünden görülmedik ýitgileriň ululygyna deň bolar);

14. Sargyt № 3120

➢ Amal töwekgelçiligine baha bermegiň içerki modeli amal töwekgelçiliginiň töwekgelçiligiň şu görnüşine Bazel komiteti tarapyndan berlen umumy kesgitlemesine laýyk gelýän esasy şertlerini we wakalaryň toparlanmasyny hasaba almak üçin ýeterlik derejede jikme-jikleşdirilen bolmalydyr;

➢ Ätiýaçlykda goýulýan maýanyň iň pes möçberi amal töwekgelçiliginiň aýry-aýry görnüşleri boýunça ýitgileriň ululygyny jemlemek ýoly bilen hasaplanýar.

Şol bir wagtda gözegçilik edarasy bankyň özüniň korrelýasiýany kesgitlemekde ulanýan modelini esaslandyryp bilen şertinde maýa bildirilýän talaplar hasaplanan mahalynda amallar töwekgelçiliginiň dürli ýagdaýlary bilen aýratyn bahalarynyň arasyndaky korrelýasion arabaglanyşygy hasaba almaga banka rugsat edip biler.

Bazel komiteti bu ölçeglere (kriterilere) goşmaça amal töwekgelçiliginiň netijesinde ýitgiler boýunça içerki we daşarky maglumatlara bildirilýän, içki modellerde ulanylýan, şeýle hem daşky gurşawy we içerki gözegçilik ulgamlarynyň yzygiderli seljermesini geçirmäge we hasaba almaga bildirilýän talaplary işläp düzdi. Meselem, şu çemeleşmäniň çäklerinde bank amal ýitgileri boýunça özüniň maglumatlar binýadyny döredýär, bu binýat töwekgelçilige empiriki baha bermek ýa-da model boýunça hasaplanyp çykarylýan çaklama bahalary tassyklamak üçin esas hökmünde peýdalanylyp bilner. Amal töwekgelçiliginiň maýa boýunça talaplary hasaplamak üçin peýdalanylýan bankiçi baha bermeleriň iň bolmanda soňky 5 ýylyň dowamyndaky amal ýitgileri boýunça içerki statistika esaslanmalydyr (bankyň amal töwekgelçiligine baha bermäge AMA çemeleşmelerine geçen pursadynda toplanan maglumatlaryň çuňlugy azyndan 3 ýyla deň bolmalydyr).

Bank öz hasaplamalarynda amal töwekgelçiliginiň netijesinde ýitgiler boýunça daşky maglumatlary peýdalanmalydyr, şeýle maglumatlar diýip tutuş bank sektory boýunça çekilen ýitgiler baradaky açyk maglumatlara ýa-da agregirlenen statistika düşünilýär. Daşky maglumatlar aýratyn hem möçberi boýunça örän köp ýitgilere getirmäge ukyply seýrek wakalar modelleşdirilende peýdaly bolup bilerler. Daşky maglumatlary peýdalanmak tejribeli bilermenler tarapyndan geçirilýän yzygiderli seljerme bilen berkidilmelidir. Onuň maksady köp ýitgileriň bolup biljek ýagdaýlaryny çaklamak bolup biler, bu

hususan-da, statistiki paýlama parametrlerine bilermenler tarapyndan düzediş girizilmeginde ýüze çykyp biler. Mundan başga-da, yzygiderli seljerme amal töwekgelçiliginiň dürli ýagdaýlarynyň arasynda korrelýasion özara baglanyşyklaryň bozulmagynyň netijelerine baha bermek üçin zerurdyr.

Tutuş bankyň derejesinde amal töwekgelçiligine baha berlende daşky gurşawyň aýratynlygyna we içerki gözegçilik ulgamynyň bardygyna üns berilmelidir, olar bankyň amal töwekgelçiligine düşmegine täsir edip biler. Şular ýaly şertler maýa bildirilýän talaplar kesgitlenýän mahalynda, eger bank olary saýlap almagyň usulyýetini esaslandyrsa, şol ýagdaýlaryň töwekgelçilik görkezijilerine edýän täsirine baha bermek we tertipleşdirmek babatynda düzedişler hökmünde ulanylyp bilner.

AMA çemeleşmeleriniň möhüm aýratynlygy banklara amal töwekgelçiligine berilýän bahany we ätiýaçlandyrmak peýdalanylanda maýa bildirilýän, şol bahalara esaslanýan talaplary amal töwekgelçiligi üçin ätiýaçlyk gorda goýulýan maýanyň jemi möçberini 20%-den ýokary bolmadyk möçberde azaltmaga rugsat edilýändiginden ybaratdyr. Amal töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak şu talaplary kanagatlandyrmalydyr:

➢ Ätiýaçlandyryjynyň *A* reýtingi ýa-da şondan ýokary reýtingi bolmalydyr (karz reýtingi däl-de ätiýaçlandyryş reýtingi, ýagny ätiýaçlandyryjy tarapyndan özüniň baglaşan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça tölegleri amala aşyrmagyň ähtimallygyny görkezýän reýting);

➢ Ätiýaçlandyryş polisiniň ilkibaşky hereket edýän möhleti 1 ýyldan az bolmaly däldir, şunda eger tamamlanmaly möhletine çenli galan wagt 1 ýyldan az bolsa, bank bu azalmany banka bildirilýän talaplar hasaplananda ätiýaçlandyryş töleginiň pul möçberini degişli derejede (90 gün ýa-da şondan az möhlet galan bolsa 100%-e çenli) azaltmak ýoly bilen görkezmelidir;

➢ Ätiýaçlandyryş polisi ätiýaçlandyrýan banka şertnamany ýatyrmak ýa-da möhletini uzaltmakdan ýüz öwürmek barada habar berilmeli bellibir döwri göz öňünde tutýar;

➢ Ätiýaçlandyryş polisinde ätiýaçlandyrýan bank üçin (gözegçilik edarasy tarapyndan ol babatynda täsir ediş çäreleri kabul edilen halatynda), şeýle hem daşarky dolandyryjy üçin (bankyň batan ýag-

daýynda) onuň hereketini ýatyrýan ýa-da çäklendirýän görkezmeler bolmaly däldir;

➢ Ätiýaçlandyryş tölegi şu bank amal töwekgelçiligiň haýsy faktorynyň täsirine düşüp biljek bolsa, şol ýagdaýlara degişlidir;

➢ Ätiýaçlandyrmak bank babatynda garaşsyz bolup duran ätiýaçlandyryjy tarapyndan amala aşyrylýar (tersine bolanda, ýagny ätiýaçlandyrmak afflirlenen ýa-da keptiw kompaniýa tarapyndan amala aşyrylanda töwekgelçilik, mysal üçin, gaýtadan ätiýaçlandyrmak arkaly üçünji tarapa berilmelidir);

➢ Maýa bildirilýän talaplar hasaplananda amallar töwekgelçiliklerinden ätiýaçlandyrmagy hasaba almagyň usuly esaslandyrylan we bolmalysy ýaly görnüşde resmileşdirilen bolmalydyr;

➢ Bank ätiýaçlyk gorunda goýulýan maýanyň möçberiniň peselendigi baradaky maglumatlary köpçülik üçin açmagy ätiýaçlandyrmagyň kömegi bilen amala aşyrýar.

Amallar töwekgelçiligine baha bermäge öňdebaryjy çemeleşmeler guramada amallar töwekgelçilikleriniň aýratynlygyny has takyk hasaba almaga we ätiýaçlyk gorunda goýulýan maýanyň töwekgelçiliklere we guramanyň işiniň gerimine laýyk möçberini has takyk kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Olaryň banklara içerki gözegçiligiň ygtybarly ulgamyny peýdalanmagyň hasabyna amallar töwekgelçilikleri üçin ätiýaçlyk gorunyň derejesini peseltmäge mümkinçilik berýändigini belläp geçmek gerek, ygtybarly gözegçilik ulgamynyň bolmagy garaşylýan we öňünden görülmedik töwekgelçilikleriň möçberine hem, olaryň peýda bolmagynyň ähtimallygyna hem täsir edýär.

Şol bir wagtda şu çemeleşmeleri iş ýüzünde ulanmak karz edaralaryň ählisi üçin ýeterlik derejede çylşyrymly bolup durýar, sebäbi amal ýitgilerini bölüp görkezmek üçin usulyýet esasy we olara seljerme geçirmegiň matematiki modelleri häzirlikçe doly işlenip taýýarlanylmady.

Bazar töwekgelçiligine baha bermek boýunça maslahatlardaky ýaly, Bazel komiteti maýanyň ýeterlikdigine baha bermek maksatlary üçin amal töwekgelçilikleri babatynda ýokarda seredilen çemeleşmeleriň üçüsiniň hem banklar tarapyndan utgaşdyrylyp peýdalanylmagyna ýol berýär, şunda aşakdaky şertleriň ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutulýar:

145.0 x 215.0 mm

➢ Amal töwekgelçiliginiň ähli görnüşleri işiň ähli ugurlary boýunça jebislendirmek esasynda hasaba alynmalydyr;

➢ Töwekgelçilikleri saýlanyp alnan çemeleşmäniň kömegi bilen hasaplanyp çykarylýan bank amallary şol çemeleşme üçin bellenen hil ölçegleriniň ählisini kanagatlandyrmalydyr;

➢ AMA çemeleşmesiniň ornaşdyrylýan pursadynda bankyň amal töwekgelçilikleriniň agramly bölegine şol çemeleşmäniň kömegi bilen baha berilmelidir;

➢ Bank gözegçilik edarasyna özüniň ähli birlikleri we işiniň ugurlary boýunça amal töwekgelçiliklerine baha bermegiň öňdebaryjy çemeleşmesine geçmegiň esaslandyrylan grafigini bermelidir.

Ýokarda görkezilenleriň jemini jemlemek bilen, düzgünleşdirmekde agzalan çemeleşmeleriň ulanylmagynyň karz alýanlar we goýumçylar tarapyndan karz edarasyna bolan ynamy pugtalandyrmaga ýardam edýändigini bellemek gerek. Öz-özüňi düzgünleşdirmegiň garşysyna gözegçilik edaralary tarapyndan amala aşyrylýan düzgünleşdirme ähli karz institutlary üçin töwekgelçilikleri çäklendirmegiň ýeke-täk standartlarynyň ornaşdyrylmagyny üpjün edýär, bu bolsa karz alýanlaryň maglumatlary almak üçin çykdajylaryny azaltmaga ýardam edýär. Mundan başga-da, gözegçilik edaralary tarapyndan amal töwekgelçilikleri üçin hökmany ätiýaçlyk gorunyň girizilmegi maglumatlary toplamak boýunça çemeleşmeleri bir ölçege getirmäge ýardam edýär we şeýlelikde, aýry-aýry banklarda emele gelen amal töwekgelçilikleriniň derejesine baha bermegi we deňeşdirmegi geçirmek işini ýeňilleşdirýär. Munuň üstesine-de, gözegçilik edarasy öz nukdaýnazaryna görä amal töwekgelçiligine baha bermegiň iň gowy usulyndan peýdalanmaga banklary mejbur etmäge ýagdaýy bardyr. Şol bir wagtda banklaryň dürli tipdäki we möçberdäki töwekgelçilikleriň täsirine düşüjiligi we ätiýaçlyklary dolandyrmak babatynda şundan gelip çykýan bäsleşik baha bermegiň we dolandyrmagyň dürli ulgamynyň bolmagyny esaslandyrýar. Tersine, gözegçilik edaralary tarapyndan çendenaşa ýönekeýleşdirilen çemeleşmeler banklaryň şuňa meňzeş ulgamlary işläp taýýarlamaga serişdeleri goýmaga taýýarlygyny peseldip biler.

Şeýlelikde, Bazel ylalaşygy banklary amal töwekgelçiligini çäklendirmäge höweslendirmelidir. Şol bir wagtda töwekgelçiligiň şu görnüşini ölçemegiň we ony dolandyrmagyň usullaryny kämil-

leşdirmäge zerurlyk bardyr, hususan-da, töwekgelçiligiň geljekki modelleri maýanyň ýeterlikdigi hakynda täze Bazel ylalaşygyna ýeňil goşulyp gitmelidir.

Töwekgelçiligi dolandyrmagyň goşmaça usuly hökmünde amal töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyrmagy peýdalanyp bolýandygy bilen baglylykda, häzirki wagtda Bazel komiteti ätiýaçlandyryş polisleriniň kömegi bilen töwekgelçiliklerden goranmagyň hiline laýyk baha bermäge we şol bir wagtda hususy maýasyna bildirilýän talaplaryň çendenaşa azalmagyna ýol bermezlige mümkinçilik berýän çylşyrymly bolmadyk usuly tapmaga synanyşýar. Şunuň ýaly çemeleşmäniň ulanylmagyna bolan zerurlyk hukuk taýdan näbellilik we ätiýaçlandyryş tölegleri ýüze çykanda banklarda likwidlilik bilen bagly mümkin bolan meseleler sebäpli, ätiýaçlandyryş goragynyň kämil däldigi bilen şertlendirilendir.

Ätiýaçlandyrmak hakykatdan hem, hususy maýa babatynda bellibir artykmaçlyklary üpjün edýär. Käbir amal töwekgelçilikleri, mysal üçin, ýer titremeler ýa-da beýleki betbagtçylyklar häzirki wagtda ätiýaçlandyryş bilen ýapylýar. Emma amal töwekgelçiliginiň netijesinde ýitgileriň möçberi köp babatda bankyň içinde içerki işleriň guralyşyna bagly bolup durýar we oňa daşyndan baha bermek örän kyn bolýar. Ätiýaçlandyryjy bilen bankyň arasyndaky maglumatlaryň disbalansy emele gelýär, bu bolsa wakalaryň adatdan daşary ösüşinde ätiýaçlandyryş bazarynyň synmagyna getirip biler.

Eger ätiýaçlandyryjylar ätiýaçlandyryş baýragyny bankyň aýratyn töwekgelçiligine baglylykda bellemäge ýagdaýy ýok bolsa, onda amal töwekgelçilikleri bellibir derejede pes bolan banklaryň «ýaramaz» banklary maliýeleşdirýän ýagdaýy emele gelip biler.

Beýleki tarapdan, banklar ätiýaçlandyrmagyň kömegi bilen betbagtçylyklaryň netijesinde ýüze çykýan tölege ukypsyzlyk howpuny çäklendirip bilerdiler. Aýratyn hem töwekgelçilikleri ýapmak üçin serişdeler hökmünde ygtyýarynda diňe hususy maýasy bolan kiçi banklara şeýle etmek kyn bolar, sebäbi ýitgileriň möçberi maýanyň möçberinden has ýokary bolup biler.

Ätiýaçlandyrmagyň maýa bildirilýän talaplaryňky ýaly düzgün-nyzam täsiriniň bolmagy üçin ätiýaçlandyryş baýraklaryny tölemek, bankyň anyk birligine baglanmalydyr we bankyň umumy çykdajylarynyň arasynda ýitip gitmeli däldir.

145.0 x 215.0 mm

# VIII BAP

# TÄJIRÇILIK BANKLARYNYŇ HALKARA AMALLARYNDAKY TÖWEKGELÇILIKLER

## 8.1. Banklaryň halkara amallary bilen baglanyşykly töwekgelçilikleriniň görnüşleri

Ýurduň globallaşýan dünýä ykdysadyýetine goşulyşyna görä, täjirçilik banklarynyň halkara işi hem giňeýär. Ol gönüden-göni müşderileriň daşary ykdysady işine hyzmat etmek we ýurduň banklarynyň dünýäniň maliýe bazarlaryna çykmagy bilen baglydyr. Şunuň bilen baglylykda halkara bank işi dürli-dürli bolmak bilen, daşary ýurt puly, karz, hasaplaşyk, gazna, kepillendiriş amallaryny öz içine alýar. Olar ýurduň çäginde hem, iri banklaryň daşary ýurtlarda açylan bölümleriniň, ýurduň daşary ýurtdaky banklary we daşary ýurtlaryň korrespondent banklarynyň üstünden hem amala aşyrylýar. Halkara amallary geçirilende dahyllylar hem, dahylsyzlar hem bankyň müşderileri bolup durýarlar, bu bolsa töwekgelçilik zolagyny giňeldýär.

Täjirçilik bankynyň içerki amallaryndan tapawutlylykda onuň halkara işinde töwekgelçilik çeşmeleri has köpdür. Olaryň arasynda müşderi (dahylly we dahylsyz), bankyň özi, daşary ýurtlaryň korrespondent banklary bar. Bu ýagdaý diňe bir bilelikdäki halkara amallaryna milli gatnaşyjylary däl, eýsem daşary ýurtly gatnaşyjylary, şeýle hem şu ulgamda töwekgelçilikleri kesgitleýän ýagdaýlary dykgatly öwrenmek zerurlygyny kesgitleýär *(28-nji tablisa)*.

Banklaryň halkara işinde töwekgelçilikleriň ýokarlanmagynyň global şerti harytlaryň we hyzmatlaryň daşary söwdasy boýunça has likwidli aktiwlere we borçnamalara hyzmat edýän amallaryň möçberiniň peselmegi we maýanyň, şol sanda wirtual (galp) maýanyň halkara migrasiýasy, amallaryň, gymmatly kagyzlar bilen geleşikleriň möçberiniň artmagy boldy. XX asyryň soňky çärýeginde ýurtlaryň

arasynda maýanyň hereketiniň her ýylky ösüşi harytlaryň eksportynyň artyşyndan, takmynan, 5 esse we dünýä önümçiliginiň ösüşinden 10 essä golaý öňe gidýär.

Dünýä maliýe bazarynda wirtual geleşikleriň ägirt uly möçberi maliýe babatda düýpli özgermeler howpuny döredýär, ykdysadyýetiň liberallaşýan we milli ykdysadyýetleriň özara baglanyşykly şertlerinde olaryň utgaşykly täsirleri bolsa halkara bank amallarynyň gowşaklygyny ýokarlandyrýar.

Daşary ýurt puly, karz, gazna we ätiýaçlandyryş bazarlarynyň durnuksyz şertlerinde olara gatnaşyjylaryň, şol sanda banklaryň we olaryň tassyklanmadyk myşlara çalt seslenmäge, ýöne düýpli wakalary inkär etmäge ukyply müşderileriniň özlerini alyp barşynyň irrasionallygy ýokarlanýar.

*28-nji tablisa*

**Töwekgelçiligi kesgitleýän esasy ýagdaýlar: halkara walýuta, karzlar we gazna amallary**

| Makrodereje | Mikrodereje |
|---|---|
| ● Ykdysady ösüşiň depgininiň pese düşmegi.<br>● Hümmetsizlenmegiň güýçlenmegi.<br>● Söwda we töleg balansynyň ýaramazlaşmagy.<br>● Döwlet bergisiniň artmagy(içerki we daşarky).<br>● Resmi altyn walýuta ätiýaçlyklarynyň azalmagy.<br>● Maýanyň migrasiýasy (ýurda gelmegi we ýurtdan çykmagy).<br>● Maýanyň «gaçmagy» (Kanunda üýtgemegi çäklendirmek ýa-da gadagan).<br>● Ykdysady waka.<br>● Ýurduň reýtingi | ● Müşderiniň hojalyk maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy.<br>● Müşderiniň – import edijiniň we karz alyjynyň tölege ukypsyzlygy.<br>● Tölegiň walýutasynyň we bahanyň (karzyň) walýutasynyň hümmetiniň durnuksyzlygy.<br>● Göterim derejeleriniň üýtgemegi.<br>● Elektron Internet-banking.<br>● Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejini kanunylaşdyrmak, terrorçylygy maliýeleşdirmek.<br>● Pes hilli maglumat.<br>● Subýektiw ýagdaý – kontragente bolan ynamyň derejesi. |

Olaryň arasynda daşary ýurt puly töwekgelçiligi – daşary söwda ýa-da karz ylalaşygyna gol çekilmegi bilen olar boýunça tölegiň amala aşyrylýan döwründe puluň hümmetiniň, bahanyň ýa-da karzyň üýt-

gemegi netijesinde daşary ýurt puluny ýitirmek howpy aýratyn orun tutýar. Daşary ýurt puly töwekgelçiliginiň görnüşleri: amal töwekgelçiligi – ýitgi çekmegiň ýa-da peýdany doly almazlygyň mümkindigi; balans (translýasion) töwekgelçilik – daşary ýurt pullarynda görkezilen aktiwleriň we passiwleriň laýyk gelmezligi. Daşary ýurt puly töwekgelçiliginiň esasynda görkezilen döwürde pul borçnamasynyň hakyky gymmatynyň üýtgemegi ýatýar. Bank we onuň eksportçy müşderisi geleşigiň pulunyň hümmeti peselende ýitgi çekýärler, sebäbi olar şertnamadaky bilen deňeşdirilende az bolan hakyky gymmaty alarlar. Edil şonuň ýaly, karz berýän bank hem karz alyja wagtlaýyn berlen karzyň ekwiwalentini almazlyk töwekgelçiligini çekýär. Tersine, karzlar boýunça bergidar banklar üçin daşary ýurt puly töwekgelçiligi karz alnan puluň milli pula garanyňdaky hümmeti ýokarlanan mahalynda ýüze çykýar. Iki ýagdaýda hem bergidaryň milli puldaky ekwiwalenti kontragentleriň ylalaşyk baglaşylan wagtynda almagy göz öňünde tutan pul möçberinden az bolar. Daşary ýurt pulunyň üýtgäp durmagy banklaryň we müşderi firmalaryň bir toparynyň ýitgi çekmegine, beýlekileriniň bolsa baýamagyna alyp barýar. Bankyň halkara amallaryna gatnaşyjylaryň ählisi daşary ýurt puly töwekgelçiliginiň täsirine düşüp bilerler. Banklaryň daşary ýurt puly töwekgelçilikleri açyk daşary ýurt puly pozisiýasy bolanda ýüze çykýar. Daşary ýurt pulunyň hümmetiniň üýtgemegi dürli ýurtlarda we dürli pullarda maýa goýumlaryny amala aşyrýan banklaryň işiniň netijelerine täsir edýär. Daşary ýurt pulunyň dewalwasiýasynda düýpli goýumlaryň pul möçberi hakyky hasaplamada milli puldaky maýa goýumlaryna garanyňda pes bolup, hatda ýitgä öwrülip biler.

Hümmet gatnaşyklarynyň gysga möhletli güýçli üýtgemeleri we görnüp duran uzak möhletli gyşarmalary milli we dünýä bazarlarynda pullara artyk baha berilmegine ýa-da kem baha berilmegine getirýär. Bu bolsa giň gerimdäki pul spekulýasiýasy üçin şert döredýär.

Bankda açyk daşary ýurt puly pozisiýasy (satylan daşary ýurt puly boýunça passiwler hem borçnamalar aktiwlerden we oňa bildirilýän talaplardan ýokary bolanda gysga pozisiýa, satyn alnan daşary ýurt puly boýunça aktiwler we talaplar passiwlerden we borçnamalardan ýokary bolanda uzak pozisiýa) bolan mahalynda hemişe daşary ýurt puly töwekgelçiligi bolýar.

145.0 x 215.0 mm

Eger kontrgeleşigiň ýerine ýetirilýän pursadyna, ýagny ozal satylan puluň satyn alnan we ozal satyn alnan puluň satylan pursadyna çenli şol pullaryň hümmeti bank üçin amatsyz ýagdaýda üýtgese, onda bankda ýitgi çekmek töwekgelçiligi bolup biler. Bank ozal satan daşary ýurt puluna garanyňda az pul möçberini alyp ýa-da şol pul möçberi üçin ozal satyn alnan daşary ýurt pulunyň ýokary ekwiwalentini töläp biler. Ýitgiler we peýdalar daşary ýurt pulunyň üýtgeýän ugruna we bankyň daşary ýurt puly pozisiýasynyň ýagdaýyna bagly bolýar (netto-uzak ýa-da netto-gysga).

Halkara karz amallary amala aşyrylanda täjirçilik banklary karz alyjylar we karz berijiler hökmünde töwekgelçilige sezewar bolýarlar. Daşary ýurtlardan karz alýan banklar üçin şular ýaly töwekgelçilikler ýüze çykýar:

➢ daşary ýurt puly töwekgelçiligi (alnan karzyň pulunyň hümmeti ýokarlanan ýagdaýynda);

➢ halkara karz edarasynyň netijeliligi peselende, eger alnan daşary ýurt pulundaky karzyň ähli möçberine bankyň ygtyýar edýän möhleti doly möhletinden ep-esli az bolanda. Bu karz ylalaşygynda bellenen döwre we karzy peýdalanmagyň hem-de esasy bergini we göterimleri üzmegiň tertibine, şeýle hem daşarky bergä hyzmat etmegiň möhletiniň gaýra goýlan grasion (ýeňillikli) döwre baglydyr;

➢ onuň şertnamadaky ýa-da görünmeýän elementlerini goşmak bilen, halkara karzynyň gymmatynyň ýokarlanmagy netijesinde girdejililigiň ýitirilmegi. Bu ýagdaý şertnamada bellenen möçber (stawka) bilen deňeşdirilende dünýäniň nesýe maýalar bazarynda göterim möçberleriniň peselme mümkinçiligi bilen baglydyr we daşary ýurduň karz beren banky tarapyndan köpsanly komissiýalaryň ýokarlandyrylan halatynda (gepleşikler, gatnaşma, dolandyrmak, karzyň pul möçberini ätiýaçlyk gorda goýmak üçin) ýüze çykýar. Bu töwekgelçilik karzyň gymmatynyň görünmeýän elementleri bilen, ýagny karz alyjydan birinji derejeli üpjünçiligiň, şol sanda likwidli aktiwleriň talap edilmegi, bellibir ätiýaçlandyryş guramasynda amatsyz şertlerde ätiýaçlandyrmak, nesýäniň bellibir möçberinde mejbury depozit bilen baglydyr. Olaryň ähmiýetiniň karz alyjy banka gözegçiligi bellemek nukdaýnazaryndan ýokarydygyna garamazdan, halkara karzynyň gymmatynyň käbir elementlerine pul manysynda baha be-

145.0 x 215.0 mm

rip bolmaýar. Kähalatlarda, halkara karzlarynyň daşyndan göräýmäge ýeňillikli şertleri görünmeýän çykdajylar bilen bagly onuň gymmatlamak töwekgelçiligi bilen utgaşýar.

Halkara karzdar hökmünde bankyň tipiki töwekgelçiligi – karz töwekgelçiligi ýerine ýetirilýän mahalynda ýitgi çekmek mümkinçiligi, bergidar tarapyndan maliýe borçnamalarynyň ylalaşyga laýyklykda öz wagtynda ýa-da doly möçberde ýerine ýetirilmezligi bolup durýar. Halkara karzyny beren bank tölege ukypsyz karz alyjy tarapyndan esasy berginiň we göterimleriň tölenmezlik töwekgelçiligini çekýär. Şunuň ýaly borçnamalaryň häsiýeti halkara karzynyň görnüşlerine baglydyr. Olaryň arasynda eksport-import karzlaşdyrmasy, trattany (geçirilýän wekseli) hasaba almak görnüşinde weksel karzy, konsorsial/sindisirlenen karz, taslamany maliýeleşdirmek, lizing, faktoring, forfetirlemek we ş.m. bardyr.

Banklar tarapyndan amala aşyrylýan halkara hasaplamalary serişdeleriň geçirilmezlik töwekgelçiligi, töleg tölenmezlik töwekgelçiligi (aýratyn hem goşmaça kepillendirmeler bolmazdan hasaplaşygyň inkassa görnüşinde, açylan hasap boýunça hasaplaşyklarda), daşary ýurt puly töwekgelçiligi, şu ulgamda giň ýaýran aldawçylyk, hususan-da, banka halkara hasaplaşyklaryň resminamalaýyn görnüşleriniň ýanyna goşulýan galplaşdyrylan ýa-da ýalan resminamalaryň berilmegi (geleşigiň dürli pul möçberleri bolan iki eksport-import şertnamasy, ony has ýokary bahadan satmakdan peýda almak maksady bilen eksport edilýän harytlaryň ozal iberilen hakyky senesi görkezilen ulag resminamalary; söwda geleşiginde araçynyň peýdasyna harydyň bir tapgyryna (partiýasyna) konosamentiň iki toplumynyň berilmegi we ş.m.).

Dünýä tejribesini hasaba almak bilen, halkara bank amallaryndaky aşakdakylar ýaly mysaly töwekgelçilikleri görkezip bolar:

➢ göterim we gazna töwekgelçiligi, olar daşary ýurt puly töwekgelçiligi bilen bilelikde bazar töwekgelçiligini emele getirýärler;

➢ amallar (transaksiýa) töwekgelçiligi;

➢ likwidlilik töwekgelçiligi;

➢ hukuk töwekgelçiligi;

➢ abraý töwekgelçiligi;

➢ ýurt töwekgelçiligi;

145.0 x 215.0 mm

➢ strategik töwekgelçilik;

➢ jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak we terrorçylygy maliýeleşdirmek töwekgelçiligi.

Bankyň halkara geleşiklerinde bazar töwekgelçiliginiň aýratynlygy şertnamanyň şertleri bilen deňeşdirilende amallaryň bazar şertleriniň, şeýle hem dünýäniň maliýe bazarynda maliýe gurallarynyň, şol sanda döredilen gurallaryň gymmatynyň amatsyz üýtgemegi netijesinde ýitgi çekmek mümkinçiligi bilen baglydyr. Bazar töwekgelçiligi göterim, daşary ýurt puly, gazna töwekgelçiliklerini öz içine alýar. Gazna töwekgelçiligi bank tarapyndan dünýäniň gazna bazarynda olara kesilen nyrhlaryň özi üçin amatsyz ýagdaýda üýtgeýän halatynda gymmatly kagyzlar bilen halkara amallary geçirilende ýüze çykýar.

**Amallar töwekgelçiligi** halkara bank amallaryny geçirmegiň amal tehnikasynyň bellenen talaplara (şol sanda hukuk talaplaryna), bankyň möçberine, işiniň gerimine we häsiýetine laýyk gelmeýän ýagdaýynda hem-de enjamyň işinde näsazlyk bolup geçende peýda bolýar. Bu töwekgelçilik köpsanly içerki ýagdaýlar (işgärleriň taýýarlyksyzlygy, olaryň hereketleri, şol sanda bilkastlaýyn hereketleri), şeýle hem daşary ýurtly kontragentleriň gatnaşmagy we fors-mažor ýagdaýlar bilen baglanyşykly daşarky ýagdaýlar bilen baglydyr. Mysal üçin, 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Nýu-Ýorkda bolup geçen terrorçylykly çäre esasy edara jaýyndan 25 mil aralykda maglumatlary we enjamlary saklamak üçin ätiýaçlykdaky jaýlaryň bolmagynyň zerurlygyny ýüze çykardy.

Halkara amallarynda bankyň öz ýurdunda we daşary ýurtlarda müşderileriň we kontragentleriň öňündäki maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirmäge ukypsyz bolan ýagdaýynda ýüze çykýan **likwidlilik töwekgelçiligi** borçnamalary halkara kazyýetiniň üstünden töletdirmek we karz edarasynyň batmagy ýaly agyr netijelere alyp barýar.

**Hukuk töwekgelçiligi** – halkara bank amallarynyň düzgünleriniň milli kadalaşdyryjy namalaryň talaplaryna, halkara düzgünlere we adatlara hem-de ýerli we daşary ýurtly müşderi we kontragent bilen baglaşylan ylalaşyklara laýyk gelmezligi. Bu töwekgelçilik bankyň halkara amallary boýunça resminamalary resmileşdirilende işgärleriň ýalňyşlyk goýberen mahalynda ýüze çykýar. Ýitgiler kanunçylygyň

gapma-garşylygynyň we kämil däldigininiň netijesi hem bolup biler. Mysal üçin, ýurtda halkara hasaplaşyklary tertipleşdirmegiň käbir pozisiýalary dünýäde kabul edilen resminamalaýyn akkreditiwleriň we inkasso etmegiň bir ölçege getirilen kadalaryna doly laýyk gelmeýär. Şunda banklar ýurduň kanunçylygyny ileri tutmak talabyny berjaý etmeli bolýarlar.

*Ýurt töwekgelçiligi* hem halkara bank amallary bilen baglydyr, bu düşünje **özygtyýarly töwekgelçilik** (özygtyýarly ýurduň hökümetini karzlaşdyrmak bilen bagly) düşünjesinden bölünip aýryldy, bu 1970-nji ýyllarda iri banklaryň hususy karz alyjylary karzlaşdyrmakda kynçylyklara gabat gelen döwürlerinde bolup geçdi. Ýurt töwekgelçiligi daşary ýurtly kontragentler (ýuridik, fiziki şahslar) tarapyndan öz ýurdundaky üýtgemeler (ykdysady, syýasy, sosial) sebäpli borçnamalarynyň ýerine ýetirilmezligi bilen bagly bankyň ýitgi çekmek töwekgelçiligidir, şeýle hem bu ýagdaý kontragentiň özüniň maliýe ýagdaýyna garamazdan, öz ýurdunyň kanunçylygynda girizilen çäklendirmeler sebäpli borçnamada görkezilen puly alyp bilmeýän halatynda ýüze çykar.

**Ýurt töwekgelçiligi** – diňe bir bankyň halkara karz (adatça, ykdysady edebiýatda kabul edilişi ýaly) amallarynyň alamaty bolman, eýsem hasaplaşyk, gazna, kepillendiriş amallarynyň hem alamaty bolup durýar. Dürli ölçegler olaryň bank işindäki görnüşlerini kesgitleýär *(29-njy tablisa)*.

*29-njy tablisa*

**Ýurt töwekgelçiliginiň tipologiýasy**

| **Tipologizasiýa ölçegi** | **Halkara bank amallarynda ýurt töwekgelçiliginiň dürli görnüşleri** |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Amallaryň hasiýetnamasy. | Karz, walýuta, gazna, tölegiň geçirilmezligi: aktiw we passiw amallar boýunça |
| Töwekgelçiligiň territorial-geografik zonasy. | Meksikan, Rus, Gündogar – Aziýa we beýleki töwekgelçilikler |
| Hadysanyň häsiýetnamasy. | Syýasy, ykdysady, sosial, hukuk töwekgelçiligi |

*29-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 |
|---|---|
| Daşary ýurt kontragentiniň görnüşi | Ýuridik (hususy we döwlet), fiziki taraplar bilen amallaryň töwekgelçiligi |
| Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmak mümkinçiliginiň möhletleri. | Retrospektiw, gündelik, çaklanylýan töwekgelçilik |
| Bankyň müşderisiniň/ kontragentiniň hereketiniň häsiýeti | Halkara bank amallary barada ylalaşygyň başdaky şertleriniň üýtgemeginiň töwekgelçiligi |

Ýurt töwekgelçiligi we degişlilikde bankyň maliýe ýitgileri onuň kontragentiniň / müşderisiniň aşakdaky ýaly hereketleriniň netijesinde ýüze çykýar:

➢ maliýe borçnamalaryny ykrar etmekden resmi taýdan ýüz döndermek *(repudiation)*;

➢ olaryň tölegini doly ýa-da bölekleýin bes etmek *(default)*;

➢ tehniki sebäpler boýunça bergi töleglerini wagtlaýyn togtatmak *(technikal default)*;

➢ maliýe borçnamalaryny tölemegiň şertlerine gaýtadan seretmek: göterim möçberini peseltmek, bergini üzmekden ýüz döndermek, bergini şertnamada göz öňünde tutulmadyk ýagdaýynda gaýtadan maliýeleşdirmek;

➢ maliýe borçnamalarynyň tölenmeli möhletine gaýtadan seretmek ýa-da moratoriý girizmek (tölegi gaýra goýmak);

➢ bankyň öňünde maliýe borçnamalary bolan bergidaryň ýurdunda daşary ýurt puly babatynda çäklendirmeler girizilende ýa-da güýçlendirilende tölegleriň geçirilmezligi.

**Strategik töwekgelçilik** bankyň halkara amallarynyň ýalňyş strategiýasy bolanda, banka howp salyp biljek ýagdaýlar ýeterlik derejede hasaba alynmadyk halatynda, onuň halkara işiniň geljegi ýalňyş kesgitlenende we daşary ýurtly kontragentler we müşderiler ýalňyş saýlanyp alnanda bankyň ýitgi çekmegine sebäp bolýar.

Bankyň halkara işi üçin **abraý töwekgelçiliginiň** uly ähmiýeti bardyr – bankyň amallarynyň hiliniň dahylly we dahylsyz kontragentleriň we müşderileriň garaşmalaryna laýyk gelmezligi,

bankyň maliýe durnuklylygy we onuň ýolbaşçylarynyň we işgärleriniň taýýarlyk derejesiniň pesdigi barada oňyn bolmadyk jemgyýetçilik pikiri bilen bagly bankyň işewürlik abraýyny ýitirmek töwekgelçiligi. Abraý töwekgelçiligi daşarky karz almalary, daşary ýurtly kontragentleri we müşderileri çekmek mümkinçiligine ýaramaz täsir edýär.

Häzirki zaman şertlerinde abraý töwekgelçiligi maýanyň daşary ýurtlara «gaçmagy», jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak we terrorçylygy maliýeleşdirmek bilen baglanyşykly bikanun halkara bank amallarynyň geçirilmegi bilen baglydyr.

Maýanyň «gaçmagy» onuň gönüden-göni daşary ýurt banklarynyň hasabyna geçirmek ýoly bilen däl-de, eýsem bank amallary geçirilende, hususan-da, hasaplaşyk amallarynda gizlin görnüşde bolup geçýär. Bu eksport girdejisiniň gaýtarylmazlygy, galp (fiktiw) geleşikde ýa-da iki (goşa) şertnamada daşary ýurtlarda galýan import edýän tarapyň deslapky tölegi üzmezligi töwekgelçiligi, olar boýunça hasaplaşyklaryň bankyň üstünden amala aşyrylýan ekwiwalent däl alyş-çalyş amallary töwekgelçiligi bilen baglydyr.

Görünmeýän maýa bilen amallaryň globallaşýan, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak we terrorçylygy maliýeleşdirmek işleriniň, esasan, banklaryň üstünden dünýä derejesinde ýaýraýan şertlerinde olaryň halkara bank amallaryna aralaşmak töwekgelçiligi güýçlenýär. Likwidliligi ýitirmek töwekgelçiliginden, gözegçilik edaralary tarapyndan bank işi üçin ygtyýarnamany yzyna almaga çenli temmi çäreleriniň ulanylmagyndan gaça durmak üçin banklar şübheli amallary ýüze çykarmaga we olar baradaky maglumatlary Maliýe gözegçiligi boýunça federal gulluga bermäge borçludyrlar.

Bank işinde, şol sanda halkara derejesinde, tehnologik rewolýusiýanyň netijesinde **elektron banking we Internet banking töwekgelçiligi** ýüze çykdy. Berilýän bahalara görä, ABŞ-yň banklarynyň 75-85%-i, Ýewropanyň banklarynyň 60%-i, Skandinawiýa ýurtlarynyň banklarynyň 90%-i Internet-banking hyzmatlaryny edýärler. Şunuň ýaly şertlerde däp bolan bank töwekgelçilikleriniň gurluşy çylşyrymlaşýar, sebäbi diňe «bank – müşderi» gatnaşyklary däl-de, eýsem müşderiniň onuň hyzmatlaryndan peýdalanýan araçy-prowaýder gatnaşygy hem olaryň çeşmesi boldy. Şeýlelikde, maglumatlary,

145.0 x 215.0 mm

hususan-da, halkara amallary boýunça maglumatlary işlemegiň we saklamagyň bitewiligi bozulýar. Netijede, bank maglumatlarynyň (mysal üçin, 2005-nji ýylyň iýunynda ABŞ-da Mastercard bilen bolup geçişi ýaly, halkara bank kartlaryndan peýdalanyjylar baradaky maglumatlaryň) rugsatsyz elýeter bolan ýagdaýynda transfert we maglumat töwekgelçilikleri güýçlenýär.

Şunuň ýaly töwekgelçiliklere halkara aldawçylykly bank amallary, Internet-banking-iň bikanun peýdalanylmagy, **kompýuter jenaýatçylyklary töwekgelçilikleri** hem utgaşýar.

Dünýä tejribesi halkara bank amallary bilen bagly töwekgelçilikleri dolandyrmagyň ulgamyny işläp düzdi, bu ulgam birnäçe elementleri (töwekgelçiligi anyklamak we ölçemek, töwekgelçiligi düzgünleşdirmek we monitoring) öz içine alýar.

## 8.2. Halkara amallarynda bazar töwekgelçilikleriniň derejesine baha bermegiň aýratynlyklary

Beýan edilenlerden görnüşi ýaly, banklaryň halkara amallarynda bazar töwekgelçilikleri esasy orun tutýar.

Bazar töwekgelçiligine baha bermegiň has giň ýaýran usuly açyk söwda pozisiýasynyň ululygyny şu pozisiýany emele getirýän aktiwleriň bahasynyň çak edilýän üýtgemegi bilen deňeşdirmek bolup durýar. Şu usul bilen töwekgelçilige baha bermegiň hakykylygynyň bahalaryň üýtgemegi baradaky çaklamanyň näderejede takyklygyna bagly boljakdygy düşnüklidir. Bazaryň kanunalaýyklyklaryny bilýän we tehniki seljeriş usullaryndan baş çykarýan tejribeli hünärmen bazar hümmetiniň we kesilen nyrhlaryň depgini barada esasly garaýyşlary aýdyp biler. Emma bu diňe subýektiw pikir bolar, ol göni gapma-garşy ugurda bazara täsir etmäge ukyply köp ýagdaýlaryň täsirini hasaba almaz. Maliýe bazarlaryna bazardaky üýtgemeleri öňünden aýdyp bolmaz ýaly derejede örän köp ýagdaýlaryň täsir edýändigini nazara alanyňda bu mesele aýratyn ýiti häsiýete eýe bolýar. Şol bir wagtda amallaryň ep-esli möçberleri we olar bilen baglanyşykly ýitgiler bazar üýtgemelerini has takyk çaklaýan çemeleşmeleri peýdalanmak zerurlygyny ýüze çykarýar. Soňky ýyllarda töwekgelçilikli gymmaty kesgitlemek konsepsiýasy *(ol VaR hökmünde bellidir)* şunuň ýaly çemeleşme hökmünde özüni görkezdi.

Töwekgelçilikli gymmaty kesgitlemek konsepsiýasy bazar töwekgelçiliklerine baha bermegiň peýdalanylýan usullarynyň düýp manysyny üýtgetmeýär. VaR usulyýeti diňe mümkin bolan ýitgileriň ululygynyň hasaplamasyna goşmaça çäklendirmeleri belleýär. Olar hakykatdan, maýa goýumçynyň bazar töwekgelçiligini dolandyrmak boýunça syýasatynyň şöhlelenmesi bolup durýar. Şeýle çäklendirmelere aşakdakylar degişlidir:

❖ bazarda maýa goýumçynyň mümkin bolan ýitgileriniň aňryçäk ululygy;

❖ maýa goýumçynyň aňryçäk mümkin bolan ýitgileri artdyrmazlyk ähtimallygy (ynamlylyk aralygy);

❖ onuň dowamynda maýa goýumçynyň bellenen aňryçäk ululykdan geçýän ýitgileri çekmejekdiginiň öňünden kesgitlenen ähtimallygy bolan döwri (hasaplama mümkinçiligi).

Şeýlelikde, töwekgelçilikli gymmat (VaR) saýlanyp alnan döwürde bellenen ähtimallyk bilen goýumlar bukjasy boýunça ýitgileriň aňrybaş ululygy bolup durýar. Düzgün bolşy ýaly, VaR görkezijiniň hasaplanýan hasaplama mümkinçiligi 1 günden 10 gün aralygynda üýtgäp durýar, ynamlylyk aralygy bolsa 95-99% çäklerde bolýar. Şundan ugur alanyňda VaR görkezijiniň 95% ähtimallygy bolan 1 günde 1 mln. dollara deň bolan ähmiýeti maýa goýumçynyň ýakyn 24 sagadyň içinde ýitgileriniň 95% ähtimallyk bilen 1 mln. dollardan geçmejekdigini aňladýar.

Bazar töwekgelçiligine baha bermegiň VaR usulyýeti bazar bahalarynyň ähtimallygyň bellibir derejesi bilen hasaplanyp çykarylan garaşmalardan aňrybaş gyşarmasyny seljermäge esaslanýar. Bahalaryň mümkin bolan üýtgemegini hasaplamak üçin standart gyşarmalar funksiýasynyň peýdalanylýandygy sebäpli, seljerilýän görkezijileriň hereketi *(depgini)* tötänleýin ululygy paýlamagyň-log kadaly kanunyna tabyn bolmalydyr. Tersine bolanda standart gyşarma töwekgelçilige ýalňyş baha berýär. Şunuň bilen baglylykda, mysal üçin, düýpli *(fundamental)* seljeriş ýagdaýlary bilen baglanyşykly haýsydyr bir kanunalaýyklyga tabyn edilýän bahalaryň ähmiýetleriniň ählisi seljerilýän jemden aýrylmalydyr.

VaR hasaplamak üçin formulanyň şeýle görnüşi bardyr:

$$VaR_i = R \times d_i \times OWP_i,$$

bu ýerde $R$ – ynamlylyk aralygyny häsiýetlendirýän kwantil. 95% ynamlylyk aralygy üçin $R$ görkezijisi 1,65, 99% üçin 2,33-e deňdir; $d_i$ – $i$ aktiwiň bahasynyň standart gyşarmasy; $OWP_i$ – $i$ aktiwiniň açyk söwda pozisiýasy.

Mundan başga-da, Bazel komitetiniň bank gözegçiligi boýunça maslahatlaryna laýyklykda, VaR hasaplanylanda şular hasaba alynmalydyr:

❖ Bazar bahalarynyň üýtgeýän ululygy hasaplananda, azyndan 1 ýylyň restrospektiw maglumatlary hasaba alynýar;

❖ Pozisiýanyň saklanýan döwri 10 güne deň bolmalydyr, sebäbi pozisiýanyň saklanýan döwrüniň 1 gün bellenmegi örän optimistik bolup durýar, çünki örän likwidli bazarda hem pozisiýany ýapmak üçin wagt gerek bolýar. Şunda pozisiýanyň saklanýan döwrüniň 10 güne çenli uzaldylmagy bilen töwekgelçiligiň toplanma netijesini hasaba almak üçin gündelik standart gyşarma 10-dan kwadrat köke ýa-da 3,16 köpeldilmelidir;

❖ Geçen döwürde syn edilýän ýagdaýa garanyňda has durnuksyz ýagdaýlaryň garşysyna goşmaça goragy üpjün etmek üçin 3-e deň düzediş girizýän köpeldijini («bazel köpeldisiji» diýilýäni) peýdalanmak talap edilýär.

VaR görkezijisini hasaplamak üçin esasy üç çemeleşme bardyr:

❖ Taryhy (retrospektiw) usul;

❖ seljerme usuly;

❖ meňzetme (imitasiýa) usuly.

Taryhy usulyň düýp manysy geçen döwürde bahalaryň üýtgeýşini öwrenmekden ybaratdyr. Seljerme usulynyň esasynda bahalaryň depginine täsir edýän ýagdaýlary ýüze çykarmak we şol ýagdaýlaryň täsirini hasaba almak bilen, bahalaryň üýtgemegini çaklamak ýatýar. Meňzetme (imitasiýa) usuly bazaryň konýunkturasynyň üýtgemeginiň dürli ugurlary boýunça durmuşa geçen ýagdaýynda bazaryň mümkin bolan üýtgemelerini modelleşdirmekden ybaratdyr.

Gymmatly kagyzlara we daşary ýurt puluna goýumlaryň ýitgisine baha bermekden başga-da, VaR modelleri göterim töwekgelçiligine baha bermek üçin hem peýdalanylyp bilner. Şu ýagdaýda göterim möçberleriniň (stawka) ululygynyň üýtgemeginiň standart gyşarmalaryny hasaplamak geçirilýär.

VaR görkezijisini hasaplamagyň usullarynyň her biriniň artyk we kem taraplary bardyr. Emma töwekgelçiligiň gymmaty konsepsiýalarynyň umumy ýetmezçilikleriniň arasynda, hususan-da, dürli düzediş koeffisiýentlerini peýdalanmak bilen bagly model töwekgelçiligi, bazarda birsydyrgyn däl hereketlerde VaR usulynyň ulanylmaly däldigi, aglaba ýagdaýda tötänleýin häsiýeti bolan maglumatlaryň ýeterlik derejede köp seljerilýän jeminiň bolmagynyň zerurdygy, hasaplamalardaky çylşyrymlylygy bölüp görkezilýärler. Şol bir wagtda VaR usulynyň görnüp duran artykmaçlyklarynyň arasynda netijeleriň aýdyňlygy, hasaplama usulynyň çeýeligi, ylmy taýdan esaslandyrylandygy we töwekgelçilikleriň dürli görnüşlerine baha bermek üçin ulanmak mümkinçiligi ýaly häsiýetleri mälimdir.

Şu günki günde VaR konsepsiýasy Günbatar bank ulgamyna gatnaşyjylaryň arasynda töwekgelçilige baha bermegiň umumy ykrar edilen usuly bolup durýar. Ýewropanyň bank işini düzgünleşdirýän edaralarynyň standartlarynda VaR usulyna barha köp üns berilýär. Şunuň bilen birlikde, ýurduň banklarynyň Günbataryň bank bileleşigine goşulmagy bilen baglylykda VaR tehnologiýalaryny ýurduň bazary üçin uýgunlaşdyrmak we olary iş ýüzünde peýdalanmak barha ýokary ähmiýete eýe bolýar. Hususan-da, VaR modeliniň esasynda her aýda netto daşary ýurt puly pozisiýasynyň möçberlerine, puluň hümmetiniň depginine, bellenen çäklerde onuň üýtgeýän howply nokatlaryna baglylykda bankyň býujetine goşulýan ýitgileriň bellenen çägini kesgitläp bolar. Bellibir pullaryň hümmetiniň amatly ewolýusiýasynda her aýda hümmet ätiýaçlyk gorlary döredilýär we howply nokatlar bellenen çäklere golaýlaýar. Daşary ýurt pozisiýasyny ätiýaçlandyrmak hümmetiň üýtgeme mümkinçilikleri we ýitgileriň bellenen çägi doly peýdalanylan bolsa amala aşyrylýar. Hasaplamalary ýönekeýleşdirmek üçin ýitgileriň ähtimal we aşaky çäklerini hasaplamak üçin koeffisiýent kesgitlenýär.

145.0 x 215.0 mm

## 8.3. Ätiýaçlandyrmak töwekgelçiligi düzgünleşdirmegiň usuly hökmünde

Halkara tejribesinde töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmagyň esasy üç usuly ulanylýar:

1. Bankyň bir taraplaýyn hereketleri;
2. Ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň amallary, bank we hökümet kepillendirmeleri;
3. Amala gatnaşyjylaryň özara ylalaşygy.

Kähalatlarda birnäçe usullar utgaşdyrylýar.

Halkara bank amallarynda töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmagyň anyk usulynyň saýlanyp alynmagyna şular ýaly ýagdaýlar täsir edýär:

➢ geleşigiň kontragenti bolup duran ýurt bilen ykdysady we syýasy gatnaşyklaryň aýratynlyklary;

➢ bankyň bäsleşige ukyplylygy;

➢ daşary ýurtly we milli müşderiniň hem-de kontragentiň tölege ukyplylygy;

➢ şu ýurtda daşary ýurt puly bilen amallary we karz-maliýe amallaryny geçirmek babatynda hereket edýän kanunçylyk çäklendirmeleri;

➢ töwekgelçiligi ýapýan serişdeleri almagyň zerur bolan möhleti;

➢ amallary amala aşyrmagyň goşmaça şertleriniň bardygy (girew depoziti, üçünji tarapyň kepili);

➢ daşary ýurt pulunyň, bazarda göterim möçberleri (stawka), gymmatly kagyzlara kesilen nyrhlaryň geljekki üýtgemeleri we ş.m.

Halkara bank amallarynda töwekgelçilikleri amatly ätiýaçlandyrmagy gazanmak maksady bilen, kontragent banklar we bankyň müşderileri ylalaşygyň bir maddalary boýunça eglişige gitmek bilen, beýleki maddalary boýunça artykmaçlyk gazanmaga çalyşýarlar.

Banklaryň halkara işinde esasy töwekgelçiliklerden goranmagyň usullaryna seredeliň. Ikinji jahan urşundan soň 1970-nji ýyllara çenli daşary ýurt pulundaky töwekgelçiligi ätiýaçlandyrmak üçin daşary ýurt puly şerti – puluň gymmatynyň gaçmagy töwekgelçiliginden ätiýaçlandyrmak maksady bilen, şertleşilen puluň hümmetiniň

145.0 x 215.0 mm

üýtgeýşine deň ölçegde tölegiň pul möçberine gaýtadan seretmegi belleýän halkara ylalaşygyndaky şert ulanyldy. Pul we tölegiň möçberi has durnukly şertleşik puluna bagly edilýär. Bahanyň (karzyň) puly bilen tölegiň pulunyň laýyk gelmezligi görnüşindäki gorag has giň ýaýramak bilen, ol şu wagta çenli hem ulanylýar. Eger harydyň bahasynyň puly ýa-da karzyň puly tölegiň pulundan has durnukly bolsa, onda borçnamanyň pul möçberi bahanyň (şertiň) pulunyň tölegiň puly babatynda ýokarlanyşyna deň ölçegli ýokarlanýar.

Puluň üýtgeýän hümmetiniň durnuksyzlygy şertlerinde köp pully şertleşikler peýdalanylypdyr, oňa laýyklykda pul borçnamasynyň möçberi tölegiň puly bilen taraplaryň ylalaşygy boýunça öňünden saýlanyp alynýan pullaryň sebediniň arasyndaky hümmet gatnaşygynyň üýtgeýşine baglylykda gaýtadan hasaplanypdyr. Köp pully şertleşigiň gorag häsiýetleri pul toplumynyň mukdaryna däl-de, hiline bagly bolýar.

Halkara pul birliklerine (epunit, SDR, ekýu) we kesgitlenen pul sebedine esaslanýan köp pully şertleşikler ulanylypdyr. Ol pullaryň düzümi bilen tapawutlanýar:

➢ birmeňzeş udel agramy berlen pullar (simmetriki sebet);

➢ dürli udel agramy berlen pullar (asimmetriki sebet);

➢ pul birliginiň şertleşik puly hökmünde ulanylmaly bellibir döwri üçin kesgitlenen pullar (standart sebet);

➢ bazar faktorlaryna baglylykda üýtgeýän pullar (düzgünleşdirilýän sebet).

Bir pully şertleşige garanyňda köp pully şertleşikleriň käbir artykmaçlyklary bolupdyr. Birinjiden, tölegiň pulunyň ortaça ölçenen hümmetini üýtgetmegiň usuly hökmünde pul sebedi tölegiň pul möçberiniň birden üýtgemeginiň ähtimallygyny peseldýär. Ikinjiden, daşary ýurt puly töwekgelçiligi nukdaýnazaryndan ol amalyň iki kontragentiniň hem bähbitlerini has gowy derejede üpjün edýär, sebäbi durnuklylygyň dürli derejesi bolan pullary öz içine alýar.

Iri banklar daşary ýurt puly töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak üçin özleriniň likwidli aktiwleriniň düzümine girýän pullaryň durnuksyzlygy bilen bagly mümkin bolan ýitgileri ýapmak maksady bilen, altynyň bahasynyň ýokarlanýan şertlerinde aktiwleriniň bir bölegini altyna maýa goýum hökmünde goýýarlar.

145.0 x 215.0 mm

Daşary ýurt puly töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmagyň häzirki zaman şertlerine (1970-nji ýyllardan başlap) pul opsionlary, swop amallary, forward pul amallary, pul fýuçersleri degişlidir.

Pul opsionlary opsiony satyn alýan bankyň bellibir ugurda puluň hümmetiniň üýtgeme töwekgelçiliginden özüni ätiýaçlandyrmaga çalyşýan ýagdaýynda ulanylýar. Bu töwekgelçilik şular ýaly bolup biler:

❖ potensial töwekgelçilik, firma tarapyndan harytlary ibermek barada şertnama baglaşylan ýagdaýynda ýüze çykýar;

❖ goýlan maýany beýleki pulda has özüne çekiji möçberler (stawka) boýunça hejirlemek bilen baglanyşykly töwekgelçilik;

❖ halkara karz amalynda töwekgelçilik, karz berýän bankyň puluň hümmetiniň amatsyz üýtgemeginden ätiýaçlandyrmaga we şol bir wagtda karzyň pulunyň hümmetiniň özi üçin amatly depgini bolan halatynda utuşly ýagdaýyny saklap galmaga çalyşýan wagtynda ýüze çykýar. Pul töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak üçin *stredl amaly* (şol bir puldaky (ýa-da gymmatly kagyzdaky) birmeňzeş hümmeti we ýerine ýetirilmeli möhleti bolan call-opsion bilen put-opsionyň utgaşmasy) ulanylýar. Bu amal treýderleriň arasynda, hususan-da bazaryň ýokary üýtgeýiş ýagdaýlarynda giňden ulanylýar.

Bankara **swop geleşikleri** nagt geleşigi, soňra bolsa bellibir möhlete kontrgeleşigi öz içine alýar. Mysal üçin, ýurduň täjirçilik banky nagt geleşik şertlerinde 10 mln. dollary satýar (üç aýlyk depozit) we daşary ýurt bankyndan forward hümmeti boýunça bellibir möhlete olary satyn alýar, daşary ýurt banky hem öz gezeginde ondan nagt geleşik şertlerinde dollar satyn alýar we olary şol möhlete satýar.

Daşary ýurt puly töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmagyň usullarynyň biri hem – **forward amallary** – geleşigiň baglaşylan günündäki hümmet boýunça bellibir möhlete daşary ýurt puluny satyn almak-satmak amaly bolup durýar.

Daşary ýurt puly töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak üçin pul fýuçersleri – standart şertnamalaryň söwdasy ulanylýar. Kesgitli pul girdejilerini getirýän gymmatly kagyzlaryň bank bukjasyny goramak üçin göterim fýuçersleri ulanylýar. Daşary ýurt puly töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak üçin möhletli pul geleşikleriniň we swop amallarynyň peýdalanylmagy bankyň balanslarynyň ýagdaýyna gö-

zegçilik bilen baglydyr, sebäbi bu amallar balansdan daşary hasaplarda hasaba alynýar.

Açyk daşary ýurt puly pozisiýasynyň daşary ýurt puly töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak üçin bank durnukly ýagdaýda maglumatlary berýän kompýutere amala aşyrylýan amallary haýal etmän girizmek ýoly bilen, pozisiýanyň her puldaky üýtgeýşine gözegçiligi amala aşyrýar. Eger ep-esli uzak (uzyn) pozisiýa ýüze çyksa, bank satyn alyjylary çekmek maksady bilen nyrh kesilen hümmeti peseldip, tersine, gysga pozisiýada ýokarlandyryp biler. Daşary ýurt puly töwekgelçiliginden goranmak üçin bank, adatça, iş gününiň ahyrynda daşary ýurt puly pozisiýasyny ýapýar. Açyk daşary ýurt puly pozisiýasynyň bellenen çägini düzgünleşdirmek bank gözegçiligi edaralary tarapyndan töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmagyň we daşary ýurt pulundaky spekulýasiýadan gaça durmak üçin daşary ýurt puluny düzgünleşdirmegiň usuly hökmünde peýdalanylýar.

Birnäçe günüň, kähalatlarda birnäçe hepdäniň dowamynda haýsydyr bir pulda uzyn ýa-da gysga daşary ýurt puly pozisiýalarynyň saklanmagyna pul spekulýasiýasy hökmünde baha berilýär. Puluň hümmetini ýokarlandyrmak ýa-da peseltmek oýny, bank amallary boýunça tölegleri çaltlandyrmak ýa-da gijikdirmek pul bazarynyň bozulmagy we pul çökgünligi töwekgelçiligini döredýär. Puluň hümmetini we göterim möçberlerini (stawka) çaklamak daşary ýurt puly töwekgelçiliginden goranmak çäreleriniň düzüm bölegi bolup durýar. Şunda bazaryň subýektlerini bilmäge we duýmaga esaslanýan ekspert baha bermeler usuly we resmileşdirilen usullar peýdalanylar. Olaryň arasynda tehniki we düýpli seljeriş, bazara gönükdirilen usullar, köp faktorly ekonometrik usullar, şeýle hem puluň hümmetiniň depginine retrospektiw seljermelere esaslanýan usullar bar.

Gapma-garşy iki geleşigi baglaşmak ýoly bilen dürli töwekgelçiliklerden ätiýaçlandyrmagyň usullaryny aňlatmak üçin bank, birža we täjirçilik iş tejribesinde «hejirleme» adalgasy peýdalanylýar. Dar manysynda hejirleme hejerleriň töwekgelçiligi ätiýaçlandyrmagy daşary ýurt pulunda garşylyklaýyn talaplary we borçnamalary döretmek ýoly bilen amala aşyrýandyklaryny aňladýar. Hejirlemegiň däp bolan we has köp ýaýran görnüşi daşary ýurt pulundaky möhletli geleşikler bolup durýar:

1. Eksport karzlary agentligi harytlaryň iberilişine görä eksport edýän tarapa tölegi dessin geçirýär;

2. Import edýän tarap (karz alyjy) karz berýän tarap – Eksport karzlary agentligi bilen karz ylalaşygyna gol çekýär;

3. Import edýän tarap kabul ederlikli üpjünçilgi berýär;

4. Eksport karzlary agentligi, eger zerur bolsa swop-banka kepillendirme berýär;

5. Swop-bank import edýän tarap bilen swop ylalaşygyny baglaşýar we amatly hyzmatdaşy kesgitleýär, onuň bilen şu ylalaşyga gol çekýär;

6. Adatça, eksport edýän geleşik üçin jogapkärçilik çekmeýär. Emma swop-bank eksport edýän tarapdan degişli borçnamalary talap edip biler. Eger import edýän tarap swop-ylalaşygyň şertlerini ýerine ýetirmese, swop-bank şertnamany çalyşmak boýunça goçmaça çykdajylary çekmeli bolar. Eger bank import edýän tarapyň hereketlerinden kanagatlanmaýan bolsa, eksport edýäniň borçnamalary kabul etmegi zerur bolup biler.

Mysal üçin, 6 aýdan ABŞ-yň dollarynyň gelip gowuşmagyna garaşýan karz berýän bank geljekde gelip gowuşmaly serişdeleri forward hümmeti boýunça ýewroda 6 aýlyk satmak ýoly bilen hejirlemegi amala aşyrýar. Dollaryň hümmetiniň peselen ýagdaýynda bankyň ýitgileri daşary ýurt pulundaky möhletli geleşik boýunça hümmet peýdasynyň hasabyna ýapylyp bilner. Bergidar bank tersine, şertnamada görkezilen tölegiň pulunyň hümmetiniň ýokarlanmagyna garaşylan bolsa, öňünden daşary ýurt puluny satyn alyp goýýar.

Edil şonuň ýaly, daşary ýurtly maýa goýumçy maýa goýumlaryň geçirilen pulunyň hümmetiniň mümkin bolan peselmegi bilen bagly töwekgelçiligi öz aktiwlerini ýitgilerden goramak maksady bilen ony bellibir möhlete satmak ýoly bilen ätiýaçlandyrýar. Pul fýuçersleri bazarynda hejer – fýuçers şertnamasyny satyn alyjy spot bazarynda (nagt geleşikler bazary) daşary ýurt pulunyň hümmetiniň ýokarlanan ýagdaýynda ony fýuçers geleşigi baglaşylanda bellenen has amatly hümmet boýunça satyn alyp biljekdigine kepillendirme alýar. Şeýlelikde, nagt geleşik boýunça ýitgileriň öwezi daşary ýurt pulunyň hümmetiniň ýokarlanan ýagdaýynda we tersine bolanda, fýuçers pul bazaryndaky peýda bilen dolunýar. Spot bazarynda

145.0 x 215.0 mm

puluň hümmeti fýuçers şertnamasynyň ýerine ýetirilmeli möhleti golaýladygyça fýuçers bazarynyň hümmetine ýakynlaşyp biler. Diýmek, pul fýuçersleriniň maksady daşary ýurt puly töwekgelçiliginiň öwezini dolmak bolup durýar. Şonuň üçin hem, adatça, hejerler peýda almak ýa-da fýuçers bazarynda ýitginiň tölegini (marža) tölemek bilen, özleriniň daşary ýurt puly pozisiýalaryny soňky söwda sessiýalarynda ýapýarlar.

Töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmak üçin döredilen maliýe gurallaryny, geljekki göterim möçberi baradaky ylalaşygy, goşmaça ätiýaçlandyryş şertleri bolan gymmatly kagyzlary çykarmagy we ş.m. peýdalanýarlar. Ätiýaçlandyrmagyň şu usullary daşary ýurt puly, karz we göterim töwekgelçiliklerini bazarlardaky bäsleşikli göreş bilen bagly aladalary ýetik öndürijilerden we maýa goýumçylardan dünýäniň pul, karz, gazna bazarlaryna gatnaşyjylara geçirýärler, olar degişli peýda almak bilen bu töwekgelçilikleri öz üstüne almaga taýýardyrlar.

Ösen ýurtlarda ýöriteleşdirilen ekspert firmalary we banklary halkara geleşiklerine gatnaşyjylara hejirlemek boýunça amallary nähili geçirmelidigi (haçan, haýsy möhlete, haýsy pulda) babatynda geňeş berýärler.

Hejirleme bellibir pullara (aýratyn hem olaryň hümmetiniň depgininde amatsyz meýilleriň bar döwründe) zor salmak bilen, möhletli geleşikler bazaryndaky islege we teklibe täsir edýärler.

Karz töwekgelçiliklerinden goranmagyň hejirlemeden başga esasy usullary şular bolup durýar: kepillendirme (hökümetiň ýa-da birinji derejeli bankyň kepillendirmesi) we halkara karzlaryny (esasan, eksport karzlaryny) ätiýaçlandyrmagyň ýörite ulgamy. Halkara karzlaryny ätiýaçlandyrmak – bu karz töwekgelçiligi peseltmäge ýa-da aradan aýyrmaga gönükdirilen emläk ätiýaçlandyrmasynyň görnüşidir. Şunda ätiýaçlandyryjy bellibir töleg almagyň hasabyna ätiýaçlandyrýanlaryň – karz alyjylaryň we eksport edýänleriň täjirçilik, syýasy, fors-mažor töwekgelçilikleri bilen baglanyşykly ýitgileriniň öwezini dolýar. Täjirçilik töwekgelçiligi karz alyjynyň tölege ukypsyzlygy bilen baglydyr. Syýasy töwekgelçilikler olaryň netijesinde karz ylalaşygynyň şertleri bozulýan döwletiň hereketleri (emlägi elden almak, millileşdirmek) ýa-da uruşlar sebäpli

145.0 x 215.0 mm

ýüze çykýar. Terrorçylyk, sabotaž bilen bagly töwekgelçilikler hem ýaýrandyr. Ätiýaçlandyrylýan obýektleriň toparyna iş taşlaýyşlar, gozgalaňlar, raýat uruşlary bilen şertlendirilen töwekgelçilikler hem goşulandyr. Fors-mažor töwekgelçilikleri tebigy betbagtçylyklar (suw joşmagy, ýer titremegi we ş.m.) bilen baglydyr. Daşary ykdysady işe gatnaşyjylaryň çäk taýdan uzakda ýerleşmekleri, olaryň maliýe-ykdysady ýagdaýy baradaky maglumatlaryň çäklidigi eksport edýän müşderileriň we olara hyzmat edýän banklaryň töwekgelçiliklerini içerki söwda bilen deňeşdirilende ýokarlandyrýar. Ýurtda daşary ýurt maýasynyň kömegi bilen we daşary ýurtda halkara maýa goýum taslamalaryny karzlaşdyrmagy peýdalanmak bilen gurulýan desgalar hem ätiýaçlandyryş obýekti bolup durýar.

Eksport karzyny ätiýaçlandyrmak şertnamasynyň şerti tölege garaşylýan möhletdir, sebäbi ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi belli-bir wagtda ýa-da belli sene ýagdaýynda, ýa-da karz alyjynyň karzyň pul möçberini tölemeýändiginiň sebäbini anyklamak üçin 60-90 gün geçenden soň ýüze çykýar. Ätiýaçlandyryş pul möçberleriniň bir ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň maliýe mümkinçiliklerinden ýokarydygy bilen bagly bilelikde ätiýaçlandyrmak we gaýtadan ätiýaçlandyrmak giňden ulanylýar.

Halkara karzlaryny ätiýaçlandyrmagy we kepillendirmegi ýörite guramalar (döwlet ýa-da ýarym döwlet, şeýle hem hususy guramalar) amala aşyrýarlar. Döwlet ätiýaçlandyrmasy has töwekgelçilikli amallara degişli bolýar, bu bolsa banky we onuň müşderilerini töwekgelçiliklerden aňrybaş derejede boşadýar.

Halkara karzyny kepillendirmegi amala aşyrýan ätiýaçlandyryş kompaniýalary resminamalary taýýarlaýarlar, ätiýaçlandyryş baýraklarynyň hasaplamasyny ýöredýärler, zyýanyň möçberini anyklaýarlar, ýagny ähli tehniki amallary ýerine ýetirýärler. Olar bütin dünýäniň eksportçylarynyň we importçylarynyň köpüsi, olaryň maliýe ýagdaýy we tölege ukyplylygy baradaky maglumat binýadyna esaslanýarlar. Emma kepillendirme bermek baradaky çözgüdi firmalar we banklar bilen bilelikde hereket edýän döwlet komitetleri we toparlary kabul edýärler.

Halkara karzyny ätiýaçlandyrmagyň guralyşynda we tehnikasynda ýurt tapawutlarynyň (baýraklaryň möçberi we hasaplap ýazmagyň tejribesi, kepillendirilýän möhleti we möçberi we ş.m.) bardygyna ga-

ramazdan, eksporty karzlaşdyrmak bilen ätiýaçlandyrmagyň arasyndaky baglanyşygy güýçlendirmek ösen ýurtlaryň ählisi üçin umumy ýagdaý bolup durýar. Adatça, eksport edýän tarapa bank karzyny bermek eksporty ätiýaçlandyryş polisiniň bolmagyny göz öňünde tutýar. Ätiýaçlandyrmak karzyň şertlerine we möhletlerine täsir edýär, eksport edýän üçin karz ýeňillikleriň esasy bolup durýar. Gaýtarylmagy ätiýaçlandyryş kompaniýasy tarapyndan kepillendirilýän karzlar has uzak möhlete we has ýeňillikli şertlerde berilýär.

Dünýä tejribesinde ätiýaçlandyrmagyň bank karzy arkaly baglaşylýan daşary söwda şertnamasynyň ähli elementlerine ýaýramagy bilen, kepillendirmeleriň dürli görnüşleri ulanylýar. Olaryň arasynda şu görnüşler bardyr:

1. Eksport harytlarynyň öndürilýän döwründe karzlary ätiýaçlandyrmak;

2. Täze bazara eksporty kepillendirmek – döwlet bazary öwrenmek, mahabat we beýlekiler boýunça çykdajylary öz üstüne alýar;

3. Fabrikasiýa töwekgelçiligini, ýagny enjamyň öndürilýän döwründe satyn alyjy tarapyndan şertnamanyň bozulmagy töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak;

4. Eger banklar daşary ýurtdaky haryt ätiýaçlyklaryň hasabyna karz bermekden ýüz dönderen bolsa, berlen serişdeleriň gaýtarylmagyny kepillendirmek;

5. Swop geleşigini peýdalanmak bilen, Eksport karzlary agentliginiň hasabyna daşary ýurtly satyn alyjyny karzlaşdyrmak we ş.m.

Eksport karzlaryny ätiýaçlandyrmagyň 50-ä golaý görnüşi bardyr – batma ýagdaýy, tölemekden, harydy kabul etmekden ýüz döndermek, uruşlar, rewolýusiýalar, millileşdirmek, elden almak, eksport embargosy, daşary ýurt pulundaky çäklendirmeler we ş.m. Eksport harytlarynyň döwlet tarapyndan ätiýaçlandyrylmagy karz berijі hökmünde bankyň töwekgelçiligini peseldýär.

Dünýä bazarynda karz alnanda bank kabul ederlikli pul-maliýe we karzyň töleg şertlerine dykgatly seljerme geçirmelidir we saýlap almalydyr, şunda onuň gymmatynyň görünmeýän elementlerine aýratyn üns berilmelidir.

Halkara hasaplaşyklary geçirilende, bank ýanyna goşulýan ähli resminamalary barlamaga borçly bolup durmaýan hem bolsa, aldawçylyk bilen bagly ýitgilerden gaça durmak üçin şeýle barlagy geçirmek zerurdyr. Halkara bank amallarynda aldawçylykdan töwekgelçiligi ätiýaçlandyrmak usulyýetiniň ýokdugy sebäpli, bankyň hünärmenleri çekmek, özüniň halkara amallaryny hasaba almak bilen, ony işläp taýýarlamagy maksada laýyk bolar.

Strategik töwekgelçiligi ätiýaçlandyrmak üçin bankyň strategik maksatlarynyň we telekeçilik meýilnamalarynyň häzirki zaman bank tehnologiýalaryny peýdalanmak bilen utgaşdyrylmagyny üpjün etmek zerurdyr.

Abraý töwekgelçiligini peseltmek maksady bilen, usulyýet resminamalarynda bar bolan maslahatlary berjaý etmek we bankyň işgärleri tarapyndan olaryň peýdalanylyşyna gözegçiligi amala aşyrmak maksada laýyk bolar. Bankyň işewürlik abraýyny ýitirmek töwekgelçiligine sebäp bolup biljek öňünden görülmedik ýagdaýlary göz öňünde tutup, çäreler meýilnamasyny deslapdan işläp taýýarlamak kabul edilendir.

Elektron we Internet-banking babatynda töwekgelçilige gözükdirilen gözegçiligi guramak boýunça dünýä bank bileleşiginde dürli çäreler ulanylýar. Aldawçylygy, hususan-da, banklaryň halkara amallarynda şeýle ýagdaýyň öňüni almak üçin içerki we daşarky ýaramaz niýetli adamlar tarapyndan awtomatlaşdyrylan hasaplaşyk ulgamlarynyň döwülmeginden we kompýuter ogurlyklaryndan goramak çäreleri göz öňünde tutulandyr. Elektron we Internet-bankingiň çalt ösýän şertlerinde bir ölçege getirilen usulyýet esasynda töwekgelçiligiň ähli çeşmelerine gözegçilik etmek üçin bankiçi gözegçilik, audit, gözegçilik edaralary ugry boýunça çäreler toplumynyň geçirilmegi talap edilýär. Internet bilen birleşen dünýäniň bank bileleşiginde şu ulgamdaky töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen, dürli ýurtlaryň bank işini düzgünleşdirýän we gözegçilik edýän edaralarynyň hereketlerini bir ölçege getirmek we utgaşdyrmak wezipesi durýar, ýöne häzirlikçe takyk kesgitlemeleri bolmadyk maslahat beriji çemeleşme agdyklyk edýär.

Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmak we terrorçylygy maliýeleşdirmek töwekgelçiligini peseltmek üçin ýurduň

banklary şu ugurda halkara standartlaryna laýyklykda işlenip taýýarlanan kanunçylygy berjaý etmelidirler.

Banklar, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmekde möhüm institut hökmünde, berk gözegçilik edilmäge degişli amallara gatnaşylan halatynda gözegçilik edaralary tarapyndan bank işine hukuk berýän ygtyýarnamanyň yzyna alynmagyna çenli görlüp bilinjek çärelerden gaça durmak üçin, şübheli amallar baradaky maglumatlary Maliýe gözegçiligi boýunça federal gulluga habar bermäge borçludyrlar.

Ýurt töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak babatynda aýdylanda, dünýä tejribesinde banklar, olaryň jemi töwekgelçiligine baha berlende, ony anyk halkara amallary boýunça hasaba alýarlar we mümkin bolan ýitgileri şol amallaryň gymmatyna goşýarlar.

Banklaryň içerki amallary hem-de halkara amallary boýunça töwekgelçilikleri dolandyrmagyň we monitoring geçirmegiň ýörelgeleri umumy bolup durýar, bu ýörelgeleri durmuşa geçirmegiň aýratynlyklary bolsa amallara mahsus aýratynlyk bilen kesgitlenýär. Halkara amallaryň töwekgelçiliklerini dolandyrmak olary peseltmäge we bankiçi gözegçiligi peýdalanmaga gönükdirilendir. Monitoring toplumlaýyn çäreleri, ýagny halkara amallar boýunça töwekgelçiliklere syn etmegi, öwrenmegi, seljermegi, bilelikdäki we aýratyn töwekgelçilikleri çaklamagy, olaryň hakyky ýagdaýyny meýilnamalaşdyrylan ýagdaý bilen deňeşdirmegi öz içine alýar. Töwekgelçiligi dolandyrmagyň we monitoring geçirmegiň netijesi köp babatda döredilen we hereket edýän maglumat binýadynyň hiline, şeýle hem dünýä tejribesiniň peýdalanyşyna baglydyr.

Ykdysadyýetiň globallaşýan şertlerinde halkara pul we karz-maliýe amallary milli gözegçilik edaralarynyň banklara bildirýän talaplarynyň güýçlenmegi bilen utgaşýar, banklar bellenen bank koeffisiýentlerini berjaý etmäge borçludyrlar.

Bank töwekgelçilikleri meselesiniň ýitileşmegi, banklaryň spekulýatiw amallardan çekýän ýitgileri, hususan-da, ýewro bazaryndaky ýitgiler bilen bagly, 1974-nji ýylda HHB-niň (Bazel) ýanynda öňdebaryjy ýurtlaryň bank gözegçiligi edaralarynyň wekillerinden durýan Bank gözegçiligi komiteti döredildi. 1975-nji ýylda

we 1983-nji ýylda (täzelenen beýany) şu mesele boýunça hasabat çap edildi, 1988-nji ýylyň iýulynda bolsa, «Maýany hasaplamagyň halkara bir ölçegi hakynda we maýa standartlary boýunça ylalaşyk» (Bazel-2) çap edildi. Şu ylalaşygyň durmuşa geçirilmegi, ähli ýurtlarda diýen ýaly töwekgelçilige baha bermegiň esasynda maýany ätiýaçlykda goýmak ulgamynyň döredilmegi maliýe bazarlarynyň esasy segmentlerini durnuklaşdyrmaga ýardam etdi. Banklaryň likwidliliginiň ýaramazlaşmagy bilen bagly 1988-nji ýylda dünýäniň bank bileleşiginiň talaplaryna gaýtadan seretmegiň esasynda Bazel-2 ylalaşygy işlenip taýýarlandy (2007-nji ýyldan güýje girýär). Ol töwekgelçilikleri hasaba almak bilen, banklaryň iň az maýasynyň ýeterlikdigini kesgitlemek, düzgünleşdiriji edaralaryň gözegçiligi we birinji nobatda maglumatlaryň açylmagyny we olaryň aýdyňlygyny aňladýan bazar düzgün-nyzamyny berjaý etmek boýunça talaplaryň ýokarlandyrylmagyna esaslanýar. Bazel komitetiniň şu talaplary bank töwekgelçiliklerine baha bermegi kämilleşdirmegiň we olary dolandyrmagyň toplumlaýyn ulgamyny döretmegiň täze tapgyryny aňladýar. Şeýle hem Bazel komiteti elektron banking Internet banklar üçin töwekgelçilikleri dolandyrmagyň ýörelgelerini belledi.

Şeýlelikde, halkara bank amallarynda töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmagyň usullary köpdürli bolup, olar şu çylşyrymly meseläniň çözgüdini gözlemek bilen kämilleşdirilýär.

145.0 x 215.0 mm

# IX BAP

# BANK IŞINI KORPORATIW ÄTIÝAÇLANDYRMAK

## 9.1. Ätiýaçlandyryş guramalarynyň we banklaryň korporatiw gatnaşyklarynyň esaslary

Ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň we bank edaralarynyň özara baglanyşygynyň esasyny ilatyň hem kärhanalaryň pul girdejilerini we erkin serişdelerini çekmek hem-de peýdalanmak bilen baglanyşykly ykdysady gatnaşyklar we maliýe institutlary tarapyndan ýerine ýetirilýän wezipeler (funksiýalar) kesgitleýär.

Ilatyň we kärhanalaryň pul girdejilerini we erkin serişdelerini çekmek üçin banklar depozitleriň dürli görnüşlerini – talap edilýänçä goýumlaryny, möhletli goýumlary, depozit sertifikatlaryny, maksatlaýyn süýşürintgiler goýumlaryny we beýlekileri; ätiýaçlandyryş kompaniýalary bolsa ömri ätiýaçlandyrmagyň dürli ätiýaçlandyryş önümlerini, ýagny ömri garyşyk ätiýaçlandyrmak, ätiýaçlandyryş rentasy, pensiýa ätiýaçlandyrmasy, annuitetleri ätiýaçlandyrmak ýaly görnüşlerini teklip edýärler. Şunuň netijesinde bank we ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan ilata we kärhanalara erkin pul serişdelerini maýalaşdyrmak (maýa öwürmek) boýunça dürli maliýe hyzmatlarynyň teklip edilmegi seljerilýän maliýe institutlarynyň arasyndaky bäsleşik gatnaşyklarynyň emele gelýändigini aňladýar. Şunda garşylyklaýyn göreşiň bellenip geçilen bäsleşik gatnaşyklary banklaryň arasynda hem, ätiýaçlandyryjylaryň arasynda hem, şeýle-de beýleki maliýe araçyllarynyň – döwletiňki däl pensiýa gaznalarynyň, paýly maýa goýum gaznalarynyň we beýlekileriň gatnaşmagynda bolup geçýär.

Ätiýaçlandyrmagyň töwekgelçilikli wezipesi bilen baglanyşykly banklaryň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň arasynda özara gatnaşyklaryň başga bir häsiýeti emele gelýär. Kärhanalaryň we ilatyň maddy ýitgileriniň öwezini dolmaga bolan jemgyýetçilik zerurlygy we raýatlary ätiýaçlandyryş babatda üpjün etmek diňe ätiýaçlandyryjy-

145.0 x 215.0 mm

lar tarapyndan kanagatlandyrylýar. Şonuň üçin hem kärhanalaryň we ilatyň ätiýaçlandyryş goragyny üpjün etmäge we ätiýaçlandyryş babatda üpjünçilige gönükdirilen degişli pul serişdeleri karz edaralarynyň iň möhüm bähbitleriniň çygry bolup durmaýar. Munuň üstesine-de, işiň islendik ugrunda bolşy ýaly, bank işi töwekgelçilik, şol sanda ähli kärhanalar üçin umumy bolan töwekgelçilikler (tebigy, tehnogen, üçünji taraplaryň bikanun hereketleri we ş.m.) bilen hem, karz edaralaryna mahsus töwekgelçilikler (karz, depozit, göterim, hasaplaşyk we beýlekiler) bilen hem baglanyşyklydyr. Şu ýagdaýda banklar ätiýaçlandyryşa bolan jemgyýetçilik zerurlygyny beýan edijiler, töwekgelçiligi beýan edijiler bolup durýarlar, ätiýaçlandyryş guramalary bolsa olary kabul edýärler we töwekgelçiligiň ýüze çykan halatynda karz edaralarynyň çeken ýitgileriniň öwezini dolýarlar. Şeýlelikde, banklar bilen ätiýaçlandyryş guramalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk gatnaşyklary emele gelýär.

Ätiýaçlandyryş guramalary bilen banklaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna ätiýaçlandyryşyň öňüni alyş (duýduryş) funksiýasy hem ýardam edýär, ol ätiýaçlandyryjylar tarapyndan bank töwekgelçiligini pes derejä düşürýän çäreleri we karz edaralarynyň mümkin bolan ýitgilerini maliýeleşdirmekde ýüze çykýar.

Maýa goýum funksiýalary banklar bilen ätiýaçlandyryş guramalarynyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklaryň bolmagyna getirýär. Ilatyň we kärhanalaryň erkin pul serişdelerini maýalaşdyrmak funksiýasyny ýerine ýetirmek üçin banklar we ätiýaçlandyryş guramalary maýa goýum işini amala aşyrýarlar. Şunda ätiýaçlandyryjylaryň maýa goýum işi diňe bir ilkibaşdan kabul edilen borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin toplanan ätiýaçlandyryş gatançlarynyň maýalaşdyrylmagyny göz öňünde tutýan ömri ätiýaçlandyrmaga degişli bolman, eýsem ätiýaçlandyrmagyň beýleki görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryş baýraklaryna maýa goýmagy hem göz öňünde tutýar. Şeýlelikde, bu iş ätiýaçlandyryş işiniň ýitgili görnüşleriniň alnyp barylmagyny we ätiýaçlandyryş guramalarynyň bäsleşige ukyplylygyny üpjün edýär.

Ätiýaçlandyryş guramalarynda özleriniň maliýe serişdelerini dürli ugurlar boýunça ýerleşdirmäge, hususan-da, ätiýaçlyk gorlaryny – döwletiň gymmatly kagyzlaryna, ýurduň subýektleriniň

145.0 x 215.0 mm

döwlet gymmatly kagyzlaryna, korporatiw gymmatly kagyzlara, paýly maýa goýum gaznalaryna, jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýetleriň esaslyk maýalaryna, ynam esasynda şereketleriň deňňene maýasynyň goýumlaryna, ýaşaýyş jaý sertifikatlaryna, gozgalmaýan emläge, altynyň we kümüşiň tokgalaryna ýerleşdirmek mümkinçiligi bardyr. Ätiýaçlandyryjylaryň maýa goýum işi bank ulgamy bilen hem üpjün edilip bilner. Şonuň üçin hem ätiýaçlandyryş guramalarynyň maýa goýum işiniň banklar üçin amaly ähmiýeti bardyr. Banklar ätiýaçlandyryş guramalary üçin ätiýaçlandyryjylaryň maliýe serişdeleriniň maýalaşdyrylmagyny üpjün edýän möhüm maliýe institutlary bolup durýarlar. Şonuň netijesinde biz banklaryň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň ilatyň hem-de kärhanalaryň erkin pul serişdeleri ugrundaky bäsleşikli gatnaşyklarynyň üstüne ätiýaçlandyryjylaryň maliýe serişdelerini ýerleşdirmek boýunça hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň goşulýandygyny hem görýäris.

Ätiýaçlyk gorlaryny ýerleşdirmegiň hereket edýän kadalary ätiýaçlyk gorlarynyň 40%-e çenli möçberiniň bank goýumlarynyň (depozitleriň), şol sanda depozit sertifikatlary bilen tassyklanan goýumlaryň we bank wekselleriniň gymmatyna maýa goýum görnüşinde gönükdirmek mümkinçiligine ýol berýär. Mundan başga-da, ätiýaçlyk gorlaryň 30%-ne çenli möçberini banklaryň hem olaryň emitentleri bolup biljek korporatiw gymmatly kagyzlara ýerleşdirmäge rugsat berilýär. Şeýlelikde, hereket edýän kadalarda ätiýaçlandyryjylaryň ätiýaçlyk gorlarynyň 70%-ne çenlisini bank aktiwlerine ýerleşdirmäge ýol berilýär. Şunda serişdeleri bir banka ýerleşdirmek boýunça çäklendirmeler bellenendir – bir bankdaky gymmatly kagyzlaryň, esaslyk maýadaky paýa eýeçilik hukuklarynyň, bank goýumlaryndaky, şol sanda depozit sertifikatlary bilen tassyklanan we hasaplaşyk hasabyndaky serişdeleriň, şeýle hem bankyň dolandyrýan umumy gaznalaryndaky serişdeleriň jemi gymmaty 15%-den ýokary bolmaly däldir. Şeýle hem ätiýaçlandyryş guramalarynyň beýleki maliýe serişdelerini (esaslyk maýasyny, peýdasyny, peýdadan emele getirilen gorlaryny we beýlekileri) ýerleşdirmek meselesiniň şu wagta çenli tertipleşdirilmändigini belläp geçmek gerek, bu ýagdaý hem banklaryň we ätiýaçlandyryjylaryň maýa goýum babatynda özara bähbitleriniň çägini giňeldýär.

16. Sargyt № 3120

145.0 x 215.0 mm

Banklaryň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň özara gatnaşyklaryny guramagyň möhüm şerti ýuridik we fiziki şahslara hasaplaşyk-kassa hyzmatyny etmekdäki bank funksiýasy bolup durýar. Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, ýuridik şahslaryň arasyndaky hasaplaşyklar, şeýle hem fiziki şahslaryň gatnaşmagyndaky hasaplaşyklar nagt we nagt däl görnüşde amala aşyrylyp bilner. Şunda hojalyk subýektleriniň arasynda nagt däl hasaplaşyklary geçirmek wezipesi bankyň üstüne ýüklenendir. Mundan başga-da, ýuridik şahslar, şol sanda ätiýaçlandyryş guramalary bankda gelip gowuşýan serişdeleri geçirmek we pul serişdelerini almak, üpjün edijiler bilen, salgytlar we olara deňleşdirilen tölegler boýunça býujet bilen, zähmat hakyny tölemek boýunça işgärler bilen, olara geçirimleri geçirmek boýunça býujetden daşary gaznalar bilen hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin niýetlenen hasaplaşyk hasabyny açmaga borçludyrlar. Ätiýaçlandyryş guramalarynyň köpsanly müşderilerine hasaplaşyk-kassa hyzmatyny etmek banklar üçin bähbitlidir, sebäbi bu bank serişdeleriniň artmagyna ýardam edýär. Ätiýaçlandyryşyň müşderilerine hasaplaşyk-kassa hyzmaty edilende emele gelýän olaryň bank hasaplaryndaky galyndylar karz serişdeler bolup durýar, beýleki çeşmelerden (depozitlerden, bankara karzlardan we beýlekilerden) karz serişdeleriň gelip gowuşmagy bilen deňeşdirilende bank olary has ýeňil we arzan usul bilen alýar. Mundan başga-da, ätiýaçlandyryjylaryň müşderilerine, şonuň ýaly-da beýleki müşderilere hasaplaşyk-kassa hyzmaty edilen mahalynda bank tarapyndan alynýan serişdeler bank edarasynyň likwidliligini üpjün edýär.

Iki tarapyň hem ep-esli müşderileriniň bolmagy banklaryň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň işindäki umumy ýagdaý bolup durýar. Bank edaralary we ätiýaçlandyryjylar ýuridik we fiziki şahslaryň köpsanlysyna dürli maliýe hyzmatlaryny edýärler. Ätiýaçlandyryş hem-de bank edaralarynyň bank we ätiýaçlandyryş önümlerini gapma-garşy goýman, tersine olaryň üstüni ýetirmek bilen amala aşyrylýan özara hereketi müşderileriň alşylmagyna, maliýe araçyllarynyň ikisiniň hem bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär. Ätiýaçlandyryş guramalarynyň hyzmatdaşlyk esasynda, öz ätiýaçlandyryş önümlerini ilerletmek üçin banklardan peýdalanmaga mümkinçiligi bolýar, şol bir wagtda banklar degişli hasaplaşyk-kassa

hyzmatyny hem üpjün edýärler. Beýleki tarapdan, ätiýaçlandyryş guramalary banklara öz binalaryny bermek bilen, olara bank önümlerini we hasaplaşyk-kassa hyzmaty boýunça işlerini ilerletmäge mümkinçilik berýärler.

Özara bähbitli hyzmatdaşlygyň netijeliligi öwrenilýän maliýe araçyllarynyň şahamçalar ulgamy peýdalanylanda ýokarlanýar. Bank we ätiýaçlandyryş işini guramakda çäkleýin gurluş ýörelgesi umumy ýörelge bolup durýar, ol telekeçilik işini şahamçalary we wekilhanalary açmak arkaly uly çäklerde guramagyň zerurdygyny aňladýar. Kontragentleriň maddy binýadynyň we işgärler serişdeleriniň bilelikde peýdalanylmagy maliýe araçyllaryna, bir tarapdan, müşderiler binýadyny giňeltmäge, beýleki tarapdan bolsa banklara we ätiýaçlandyryş guramalaryna şahamçalar ulgamyny ösdürmek boýunça çykdajylary azaltmaga, diýmek, bank we ätiýaçlandyryş işiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Ätiýaçlandyryş işine bank tarapyndan hyzmat edilmegi örän çylşyrymlylygy we müşderiler bilen gatnaşyklaryň köpdügi arkaly häsiýetlendirilýär: ätiýaçlandyryjylaryň müşderiler binýadynyň giňligi, ätiýaçlandyryş gatançlaryny geçirmegiň dürli görnüşleriniň bolmagy, nagt we nagt däl hyzmat edilmegi, birwagtlaýyn we döwürleýin ätiýaçlandyryş gatançlary we tölegleri, ätiýaçlandyryş tölegleriniň köpsanly we dürli görnüşde bolmagy, olaryň salgyt salmak ulgamy bilen bilelikde alnyp barylmagy ätiýaçlandyryş işine bank hyzmatyny etmegiň hiline bildirilýän ýokary talaplary kesgitleýär. Şunda bank hyzmatyny etmekde ýeterlik derejede hünärlilik, baş çykaryjylyk we hyzmatyň ýokary hili ýöriteleşdirilen funksional ätiýaçlandyryş banklaryny guramak bilen üpjün edilýär, bu daşary ýurtlaryň hem-de ýurdumyzyň iş tejribesi bilen hem tassyklanýar.

Milli kanunçylygyň banklara ätiýaçlandyryş amallaryny – ömri ätiýaçlandyrmagy, emlägi ätiýaçlandyrmagy we ş.m. amala aşyrmaga, ätiýaçlandyryş guramalaryna bolsa bank amallaryny geçirmäge, ýagny karzlary bermäge, çek hyzmatyny etmegi guramaga mümkinçilik berýän halatynda bank edaralary bilen ätiýaçlandyryjylaryň arasyndaky gatnaşyklar ýeterlik derejede ýiti bäsleşik görnüşlerini alyp biler. Banklaryň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň işiniň ýol berilýän görnüşleri öwrenilýän maliýe institutlarynyň bir ulgama – ma-

liýe araçyllaryna degişliligi, şeýle hem ätiýaçlandyryş we bank işiniň funksional taýdan golaýlygy bilen şertlendirilendir.

Ätiýaçlandyryş guramalarynyň we banklaryň özara gatnaşyklarynyň ýüze çykarylan esasy olaryň peýda bolşunyň, ösüşiniň we özara hereket edişiniň taryhy bilen hem tassyklanýar.

Ilkinji ätiýaçlandyryş şertnamalary ätiýaçlandyryşyň töwekgelçilik funksiýasy bilen şertlendirilipdir. Ilkinji banklar töleglerde araçyllygy üpjün edipdirler.

Ätiýaçlandyryjylaryň we bank edaralarynyň kärhanalaryň we ilatyň erkin serişdelerini maliýeleşdirmegi üpjün edýän maliýe araçyllaryna degişliligi, XVII asyrda Ýewropada we XVIII asyryň başynda ABŞ-da kapitalistik gatnaşyklaryň emele gelýän döwri bilen baglanyşyklydyr. Şol döwürlerde banklaryň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň giň gerimde peýda bolandyklary bellenilýär. Bu bolsa araçy maliýe guramalary hökmünde banklaryň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň çalt depginde ösmeginiň, esasan, haryt önümçiliginiň ösüşiniň irki döwürlerinde haryt-pul gatnaşyklarynyň giňelmegi bilen däl-de, eýsem kapitalistik gatnaşyklaryň kemala gelýän we ösýän döwri bilen şertlendirilendigine şaýatlyk edýär. Ykdysadyýetiň çalt depginler bilen maýalaşmagynyň (kapitallaşmagynyň) bolup geçen döwri ilatda we kärhanalarda pul serişdeleriniň boşamagy (erkinleşmegi) we olaryň bu serişdeleri saklamak we köpeltmek islegleri bilen häsiýetlendirilýär.

Hojalygy ýöretmegiň kapitalistik görnüşleriniň ösmegi, senagat rewolýusiýasy, söwdanyň, aýratyn hem halkara söwdasynyň ösmegi, maliýanyň globallaşmagy ygtybarly ätiýaçlandyryş üpjünçiligine zerurlygy emele getiripdir. Karz bermek işi we ätiýaçlandyrmak ýakyn özara baglanyşykda ösüpdir. Karz alyjynyň nesýäni üpjün etmegiň hasabyna karzdara berilýän emlägini ätiýaçlandyrmak karzdarlaryň arasyndan hünärli ätiýaçlandyryjylaryň aýratyn toparynyň bölünip çykmagyna sebäp bolupdyr, ätiýaçlandyryş gaznasynyň serişdeleri hem şolaryň elinde jemlenipdir.

Banklar bilen ätiýaçlandyryş guramalarynyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň häzirki zaman görnüşleri XX asyryň başynda ösen kapitalistik ýurtlarda emele gelip ugrapdyr, bu aýratyn hem ABŞ-da we Beýik Britaniýada ösüşe eýe bolupdyr. Şol döwürde depozit

şertnamalary ätiýaçlandyrmak hökmünde identifisirlenýän bank ätiýaçlandyrmasy ulgamy emele gelýär. Ilkinji bank ätiýaçlandyrmasy şertnamasy 1911-nji ýylda ABŞ-da baglaşylypdyr.

ABŞ-da beýik depressiýa ýyllarynda umumy federal bank goýumlaryny ätiýaçlandyryş ulgamy döredilipdir. Şonuň ýaly ulgam 70-80-nji ýyllarda Ýewropada, Kanadada, Ýaponiýada we beýleki ýurtlarda hem döredildi.

Uruşdan soňky ýyllarda senagat taýdan ösen ýurtlarda karzlary ätiýaçlandyrmak giň ýaýrady, bu banklara, maliýe guramalaryna, söwda firmalaryna we beýleki iri karz berijilere karz alyjynyň merhum bolan halatynda tölegi möhletlere bölünen karz boýunça kepillendirmeleri üpjün edýär. Uruşdan soňky ýyllarda onuň ösmegine uzak wagtlap peýdalanylýan harytlary karzyna satmagyň artmagy sebäp boldy. Ätiýaçlandyryşyň şu görnüşi ABŞ-da we Beýik Britaniýada aýratyn ösüşe eýe boldy.

Ýewropada eksport karzlaryny ätiýaçlandyrmak Birinji jahan urşundan soň peýda bolup ugrady, ýöne daşary ykdysady işiň işjeňleşmegi bilen baglylykda 50-nji ýyllarda giňden ýaýrady. Banklar bilen ätiýaçlandyryş guramalarynyň arasynda özara bähbitli hyzmatdaşlyk banklaryň, olaryň wekilhanalarynyň amallar bölüminiň üstünden ätiýaçlandyryş polisleriniň satuwlarynyň guralmagynda hem görünýär. Özara gatnaşyklaryň şunuň ýaly görnüşi 70-nji ýyllarda Ýewropada we ABŞ-da çalt depginler bilen ösüp başlady.

Ätiýaçlandyryş guramalary bilen banklaryň hyzmatdaşlyk etmegi şol bir wagtda aýry-aýry ýurtlarda olaryň arasynda müşderileriň pullary ugrunda güýçli bäsleşigiň bolýandygy bellenýär, şeýle ýagdaý milli kanunçylygyň banklara ätiýaçlandyryş amallaryny amala aşyrmaga ýa-da ätiýaçlandyryş guramalaryna bank amallaryny geçirmäge ýol berýän ýagdaýynda ýüze çykýar. Dünýäniň maliýe konglameratlary bolup durýan iri ätiýaçlandyryş guramalary, ätiýaçlandyryş işinden başga-da, karzlary, nesýeleri bermek bilen hem meşgullanýarlar, müşderileriň çeklerine hyzmat etmegi, müşderileriň tabşyrygy boýunça hasaplaşyk karz kartoçkalaryny emitirlemegi guraýarlar we ş.m. işleri amala aşyrýarlar. Beýleki tarapdan, täjirçilik banklary öz müşderilerine ätiýaçlandyryş hyzmatyny etmegi guramaga çalyşýarlar. Bellenip geçilen prosesler bilen bir hatarda ykdysady taýdan ösen ýurt-

larda banklaryň ätiýaçlandyryş guramalary bilen goşulyşýandyklary (integrasiýa) hem görünýär. Maliýe hyzmatlary edilýän bazarda bankyň ornunyň gowşamagynyň bankyň we ätiýaçlandyryşyň maýasynyň goşulyşmagyny şertlendirýän sebäpleriň arasynda möhüm ähmiýeti bardyr, bu ýagdaý süýşürintgi kassalarynyň, aragatnaşyk bölümleriniň, ätiýaçlandyryş guramalarynyň we beýlekileriň şol bir bank hyzmatlaryny edip başlandyklary bilen baglydyr.

## 9.2. Bank töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyrmak

Öz işini amala aşyrmagyň barşynda banklar, beýleki hojalyk subýektleri ýaly, hökmany tertipde ätiýaçlandyryş guramalarynyň hyzmatyndan peýdalanýarlar, bu töwekgelçiligiň kärhananyň işiniň görnüşine garamazdan, obýektiw ýagdaý bolup durýandygy bilen şertlendirilendir. Bank ätiýaçlandyrmasy ykdysadyýetiň bank sektorynyň ähmiýetini, bank işiniň aýratynlyklaryny we banklaryň işiniň geriminiň birsyhly giňelýändigini hasaba almak bilen emele geldi we ösýär.

Bank ätiýaçlandyrmasy ulgamynyň elementleri iki topara bölünip bilner. Olaryň birinjisi kärhanalaryň we guramalaryň islendigi üçin umumy tejribe bolup durýan ätiýaçlandyryş obýektlerini we töwekgelçiliklerini gurşap alýar. Ikinji topara bank işiniň özboluşlylygy bilen şertlendirilen obýektler we töwekgelçilikler degişlidir.

Ätiýaçlandyryşyň banklar tarapyndan beýleki kärhanalar we guramalar bilen bir hatarda peýdalanylýan görnüşleriniň arasynda, hususan-da, şular bölünip görkezilýär:

➢ ýangynlaryň, tebigy betbagtçylyklaryň, partlamalaryň, üçünji taraplaryň bikanun hereketleriniň we beýleki tötänleýin wakalaryň netijesinde binalary weýran bolmakdan we zeper ýetmekden ätiýaçlandyrmak;

➢ ýangynlaryň, tebigy betbagtçylyklaryň, partlamalaryň, üçünji taraplaryň bikanun hereketleriniň we beýleki tötänleýin wakalaryň netijesinde banklaryň emlägini ýitmekden, heläk bolmakdan ýa-da ýok edilmekden ätiýaçlandyrmak;

➢ kompýuterleri, edarada ulanylýan tehnikany we beýleki elektron enjamlary ýangynlar, partlamalar, suwuň dökülmegi, üçünji

taraplaryň ogurlamagy we beýleki bikanun hereketleri, tehniki näsazlyklar, kontruksiýasyndaky ýetmezçilikler, elektrik togunyň täsiri we beýleki wakalar sebäpli döwülmekden, zeper ýetmekden, heläk bolmakdan ýa-da ýok edilmeginden ätiýaçlandyrmak. Şunuň ýaly ätiýaçlandyrma maglumatlary özünde saklaýan enjamlaryň we maglumatlaryň özüniň ýitirilmek howpy babatda ätiýaçlandyryş goragyny üpjün edip biler;

➢ kagyz pullary we gymmatly kagyzlary ogurlanmakdan we ýok edilmekden ätiýaçlandyrmak;

➢ banklara degişli awtoulag serişdelerini ýol-ulag hadysalarynyň, ýangynlaryň, ogurlanmagyň, üçünji taraplaryň bikanun hereketleriniň we gaýry tötänleýin wakalaryň netijesinde zaýalanmakdan ýa-da zeper ýetmekden ätiýaçlandyrmak;

➢ ulag serişdeleriniň, gozgalmaýan emlägiň we beýleki emlägiň eýeleri hökmünde banklaryň üçünji taraplara ýetirilen zyýan üçin raýat jogapkärçiligini ätiýaçlandyrmak;

➢ işgärleri betbagtçylykly hadysalardan ätiýaçlandyrmak, saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy, pensiýalary ätiýaçlandyrmak we şahsy ätiýaçlandyrmagyň beýleki görnüşleri. Şunuň ýaly ätiýaçlandyrma degişli ätiýaçlandyryşyň beýleki kärhanalar we guramalar bilen amala aşyrylyşyndan iş ýüzünde hiç hili tapawutlanmaýan şertlerde amala aşyrylýar.

Bank işiniň aýratynlyklaryny hasaba alýan bank ätiýaçlandyrmasy şulary öz içine alýar:

➢ karzlary ätiýaçlandyrmak (karz alyjynyň ömrüni ätiýaçlandyrmagy goşmak bilen, gönüden-göni karzlary ätiýaçlandyrmak we karzlaryň üpjünçiligini ätiýaçlandyrmak);

➢ bank goýumlaryny (depozitleri) ätiýaçlandyrmak;

➢ bank ulgamynda plastik kartlaryň ulanylmagy bilen bagly töwekgelçiliklerden ätiýaçlandyrmak;

➢ bank gymmatlyklaryny we bankyň beýleki emläklerini ätiýaçlandyrmak;

➢ kompýuter aldawçylygyndan ätiýaçlandyrmagy goşmak bilen, kompýuter enjamlaryny we bank ulgamyndaky programma üpjünçiligini ätiýaçlandyrmak.

Banka has köp girdeji getirýän iň möhüm bank amaly hem karzlaşdyrmak bolup durýar. Emma karz bermek köpsanly töwekgelçilikler bilen baglydyr, olaryň ýüze çykmagy bilen bank diňe bir girdejini däl, eýsem berlen serişdeleri hem ýitirip biler.

Ipoteka hem sarp ediş karzlarynyň peýda bolmagy we olaryň giňelmegi bilen banklaryň ätiýaçlandyryş guramalary bilen hyzmatdaşlyga gyzyklanmalary ep-esli ýokarlandy, ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça bähbit görüjiniň bank bolup durýan mahalynda öýleri, emlägi we ätiýaçlandyrýanyň ömrüni ätiýaçlandyrmak zerurlygy ýüze çykdy.

Ösen bazar ykdysadyýeti bolan ýurtlarda bankyň batan halatynda goýumçynyň töwekgelçiligini ilatyň ynamyny saklap galmaga gyzyklanýan guramalar ätiýaçlandyrýarlar. Goýumlary ätiýaçlandyryş ulgamynyň peýda bolmagy köp ýurtlarda global ykdysady we syýasy çökgünlikler, bazar hojalygyny goşmaça durnuklaşdyryjylaryň gözlegi we onuň durmuşa gönükdirilmegi bilen baglanyşyklydyr. Bank depozitlerini ätiýaçlandyrmak maliýe maýa goýumlaryny täjirçilik töwekgelçiliklerinden ätiýaçlandyrmagyň aýratyn görnüşi bolup durýar we täjirçilik bankynyň batan halatynda ätiýaçlandyryş goragyny üpjün edýär. Dünýäde depozit ätiýaçlandyrmasy ulgamynyň emele gelmeginiň we ösmeginiň rewolýusion derejede sosial ähmiýeti boldy, şunda goýumçylaryň aglaba böleginde öz goýumlarynyň saklanyp galjakdygyna ynam peýda boldy. Şunuň bilen bir wagtda goýumlary kepillendiriş ulgamynyň döredilmegi depozitlere serişdeleri çekmegi höweslendirmäge, bank ulgamyny pugtalandyrmaga, aýry-aýry karz edaralarynyň, şonuň ýaly-da, tutuş karz ulgamynyň likwidliliginiň ýokarlanmagyna ýardam etdi.

Şunuň bilen birlikde, durnukly bank ulgamynyň zerur bölegi depozitleri ätiýaçlandyrmak bolup durýar, ol goýumçylaryň ynamyny üpjün edýär. Bu çökgünligi başdan geçirýän ykdysadyýetde aýratyn möhümdir. Dünýä tejribesi çökgünlik şertlerinde hökmany depozit ätiýaçlandyrmasynyň peýda bolandygyna şaýatlyk edýär. Bu ABŞ-yň hem-de Günbatar Ýewropanyň birnäçe ýurtlarynyň tejribesine degişlidir. Şonuň üçin hem depozitleriň ätiýaçlandyryş goragy ulgamynyň emele getirilmegi diňe bir ykdysadyýetiň bank sektoryny pugtalandyrman we ony işjeňleşdirmän, eýsem ätiýaçlandyryş

bazarynyň sygymyny giňeltmegiň, ätiýaçlandyryş guramalary bilen bank edaralarynyň arasynda ýakyn özara gatnaşygy ýola goýmagyň, tutuş maliýe ulgamyny pugtalandyrmagyň möhüm faktory hem bolar.

Bank ätiýaçlandyrmasynyň ösüp barýan görnüşi plastik kartlaryň emitentlerini ätiýaçlandyrmak bolup durýar. Ýurtda plastik kartlaryny öndürmek we ulanmak 90-njy ýyllaryň ortalaryndan ösüşe eýe boldy we häzirki wagtda ol barha giň ýaýraýan töleg serişdeleriniň biri bolup durýar. Peýdalanyjylaryň topary giňeýär, özleriniň çykarýan hem-de halkara plastik kartlaryny peýdalanmagy teklip edýän banklaryň sany artýar, bankomatlaryň ulgamy giňeýär. Plastik kartlaryň emitentleri üçin galp kartlaryň ýasalmak meselesi düýpli mesele bolup durýar. Plastik kartlar babatynda aldawçylyga garşy göreşmegiň köpsanly usullarynyň arasynda plastik kartlaryň galplaşdyrylmagyndan, oňa galplaşdyrylan üýtgetmeleriň girizilmeginden, şeýle hem ýitirilen ýa-da ogurlanan kartlaryň olaryň eýeleri bolup durmaýan adamlar tarapyndan peýdalanylmagyndan ätiýaçlandyrmagy öz içine alýan maksatnamalar bardyr.

Banklar üçin ätiýaçlandyrmagyň möhüm görnüşi seýfleri, bank ammarlaryny we olarda saklanýan gymmatlyklary, ýagny islendik puldaky kagyz pullary, gymmatly kagyzlary, bergi borçnamalaryny we ş.m. gymmat bahaly daşlary, gymmat bahaly metallary we erginleri, şeýle hem olardan ýasalan önümleri, kolleksiýalary, gymmatly neşirleri, antikwar önümleri we beýleki gymmatlyklary (işewür we şahsy hat alyşmalar, maglumatlar binýady we beýleki maglumatlar) ätiýaçlandyrmak bolup durýar. Banklaryň arasynda oňa bildirilýän isleg boýunça ätiýaçlandyrmagyň şu görnüşi öňdebaryjy ýerleriň birini eýeleýär, sebäbi ogurlyk maliýe ulgamynda ýygy-ýygydan amala aşyrylýan jenaýatlaryň biri bolup durýar.

Banklary elektron we kompýuter arkaly edilýän jenaýatlardan ätiýaçlandyrmak ätiýaçlandyrmagyň has möhüm we ösüp barýan görnüşleriniň biri bolup durýar. Şunuň ýaly ätiýaçlandyrma soňky ýyllarda depgini işjeň derejede ýokarlanýan kompýuter we elektron jenaýatlary amala aşyrmagyň netijesinde çekilen ýitgileri ýapmagy üpjün etmek üçin niýetlenendir. Kompýuter ulgamlary, telekommunikasiýa terminallary (teletaýplar, teleprinterler, wideodispleýler we ş.m.), müşderiler üçin kommunikasiýa ulgamlary, elektron kompýu-

145.0 x 215.0 mm

ter buýruklary, elektron maglumatlar, elektron maglumatlary göterijiler banklary elektron we kompýuter arkaly edilýän jenaýatlardan ätiýaçlandyrmagyň obýekti bolup durýarlar.

Elektron maglumatlaryň awtomatlaşdyrylan ulgamda saklanýan döwründe, ätiýaçlandyrýanyň edara jaýlarynyň çäklerinde elektron maglumatlaryň göterijilere ýazgy edilýän wagtynda, elektron maglumatlaryň ätiýaçlandyrýanyň edara binasynyň daşynda başga ýere äkidilýän ýa-da saklanýan döwründe obýekte zyýan ýetirilmeginiň, ogurlygyň, talaňçylygyň, kurýeriň ygrarly däldiginiň, elektron maglumatlaryň ygtyýarly edaralar tarapyndan düşündirilip bilinmeýän ýagdaýda ýok bolmagynyň netijesinde ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyrylan obýektiň zaýalanmagy, oňa bilkastlaýyn zeper ýetirilmegi sebäpli ýitgi çekilmegine getiren wakalar ätiýaçlandyrmagyň şu görnüşi boýunça ätiýaçlandyryş halatlary diýlip ykrar edilýär.

145.0 x 215.0 mm

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. II tom. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VIII tom. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

6. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. 2016.

7. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanuny. 2004.

8. «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2008.

9. Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi. 2009.

10. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2011.

11. «Karz edaralary we bank işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2011.

12. «Mikromaliýe guramalary we mikromaliýeleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2011.

13. «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2011.

14. «Karz birleşmeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2011.

15. «Fiziki şahslaryň goýumlarynyň hökmany kepilligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 2016.

16. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

17. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

18. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 – 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.

19. Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda çykaran 340-njy Karary bilen tassyklandy.

20. Türkmenistanda 2019 – 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji 30-njy noýabrynda çykaran 984-nji Karary bilen tassyklanyldy.

21. Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda çykaran 11498-nji Karary bilen tassyklandy.

22. Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işini düzgünleşdirýän ykdysady kadalaşdyryjylar hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 1998-nji ýylyň 29-njy maýynda 56 belgi buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 1998-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda 181 san bilen bellige alnan.

23. Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2009-njy ýylyň 19-njy ýanwarynda çykaran №6 buýrugy bilen tassyklanan.

24. Bank hasaby hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 2006-njy ýylyň 25-nji aprelinde tassyklanan (Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 2011-nji ýylyň 29-njy martyndaky buýrugy esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 16-njy aprelinde 567 san bilen bellige alnan).

25. Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi baradaky Düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2014-nji ýylyň iýulynda çykaran buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 4-nji awgustynda bellige alnan.

26. Türkmenistanda karz edaralary tarapyndan çekilen we ýerleşdirilen serişdeler boýunça göterimleri hasaplamagyň, tölemegiň we töletdirip almagyň hem-de olary buhgalterçilik hasaba alnyşynda görkezmegiň tertibi hakynda Düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň

145.0 x 215.0 mm

Başlygynyň 2014-nji ýylyň 8-nji awgustynda çykaran 327-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 26-njy awgustynda 793 san bilen bellige alnan.

27. *Babaýew G.* we başg. Bank menejmenti. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

28. *Eýeberdiýew G., Hajygurbanow H.* Bank işi. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

29. *Hajygurbanow H., Taýharow B.* Türkmenistanyň pul-karz ulgamy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

30. *Hajygurbanow H., Taýharow B.* Halkara walýuta-maliýe gatnaşyklary. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

31. *Hajygurbanow H., Taýharow B.* Halkara walýuta-karz gatnaşyklary. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

32. *Halow N.* Maliýe. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

33. *Taýharow B., Hajygurbanow H.* Pul, karz we banklar. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

34. *Грюнинг Х. ван, Брайович Братанович С.* Анализ банковских рисков. Система оценки корпоративного управления и управления финансовым риском. – М.: Издательство «Весь Мир», 2007.

35. *Кожевникова И.Н.* Взаимоотношения страховых организаций и банков : монография. М.: Анкил, 2005.

36. *Красавина Л.И., Лаврушин О.И., Валенцева Н.И., Мамонова И.Д.* и др. Банковские риски: учебное пособие / кол.авторов; под ред. д-ра экон. наук, проф. *О.И. Лаврушина* и д-ра экон. наук, проф. *Н.И. Валенцевой.* – М.: КНОРУС, 2007.

37. *Красавина Л.Н., Лаврушин О.И., Валенцева Н.И., Ларионова И.В.* и др. Банковские риски: учебник/ кол.авторов; под ред. д-ра экон. наук, проф. *О.И. Лаврушина* и д-ра экон. наук, проф. *Н.И. Валенцевой.* – М.: КНОРУС, 2013.

38. *Леонович Л.И., Петрушина В.М.* Управление рисками в банковской деятельности. – М.: Дикта, 2012.

39. *Лаврушин О.И., Мамонова И.Д., Валенцева Н.И.* и др. Банковское дело: учебник/ под ред. засл. деят. науки РФ, д-ра экон. наук, проф. *Лаврушина О.И.* – 8-е изд., стер. – М.: КНОРУС, 2009.

40. *Чернова Г.В.* Страхование и управление рисками: учебник для бакалавров. – М.: Изд-во ЮРАЙТ, 2014.

41. *Шаталова Е.П.* Оценка кредитоспособности в банковском риск-менеджменте. – М.: КноРус, 2012.

145.0 x 215.0 mm

# MAZMUNY


Giriş ........................................................................................ 7

**I bap**

**Bank töwekgelçiliginiň düýp manysy we görnüşleri**

Bank töwekgelçiliginiň düýp manysy ..................................................... 9
Bank töwekgelçiliginiň görnüşleri ...................................................... 14

**II bap**

**Bank töwekgelçiligini dolandyryş ulgamy**

2.1. Bank töwekgelçiliginiň dolandyryş ulgamyna häsiýetnama ............ 32
2.2. Bank töwekgelçiliklerine baha bermek ........................................ 36

**III bap**

**Karz töwekgelçiligi**

3.1. Karz töwekgelçiliginiň mazmuny we şertleri ................................. 42
3.2. Karz töwekgelçiliginiň görnüşleri ................................................ 46
3.3. Karz bukjasy we onuň hili ............................................................ 53
3.4. Karz töwekgelçiliginiň dolandyrylyşy we bahalandyrylyşy ............ 59

**IV bap**

**Göterim töwekgelçiligi**

4.1. Göterim töwekgelçiligi düşünjesi, onuň görnüşleri we şertleri ....... 97
4.2. Göterim töwekgelçiliginiň dolandyryş ulgamyny döretmek ........... 102
4.3. Göterim töwekgelçiliginiň derejesine we ony dolandyrmagyň hiline baha bermäge usuly çemeleşmeler ..................................... 112
4.4. Göterim töwekgelçiliginiň derejesine baha bermegiň usullary ....... 117

**V bap**

**Deň gelmeýän (balanslaşdyrylmadyk) likwidlilik töwekgelçiligi**

5.1. Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligi düşünjesi we ony şertlendirýän ýagdaýlar ............................................................. 136
5.2. Deň gelmeýän likwidlilik töwekgelçiligini dolandyryş ulgamynyň esasy elementleriniň häsiýetnamasy ............................. 143

145.0 x 215.0 mm

## VI bap

## Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiligi

6.1. Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň manysy ............................ 165
6.2. Girdejililigi ýitirmek töwekgelçiliginiň derejesine baha bermek ........................................................................... 169

## VII bap

## Amallar töwekgelçiligi

7.1. Amallar töwekgelçiliginiň mazmuny we onuň görnüşleri ............... 175
7.2. Amallar töwekgelçiligini dolandyrmagyň aýratynlyklary ............... 190
7.3. Bazel komitetiniň amallar töwekgelçiliklerine baha bermek we olar üçin ätiýaçlyk gorlaryny döretmek babatynda maslahatlary ......................................................................... 199

## VIII bap

## Täjirçilik banklarynyň halkara amallaryndaky töwekgelçilikler

8.1. Banklaryň halkara amallary bilen baglanyşykly töwekgelçilikleriniň görnüşleri ................................................... 215
8.2. Halkara amallarynda bazar töwekgelçilikleriniň derejesine baha bermegiň aýratynlyklary ....................................... 224
8.3. Ätiýaçlandyrmak – töwekgelçiligi düzgünleşdirmegiň usuly hökmünde......................................................................................... 228

## IX bap

## Bank işini korporatiw ätiýaçlandyrmak

9.1. Ätiýaçlandyryş guramalarynyň we banklaryň korporatiw gatnaşyklarynyň esaslary............................................... 239
9.2. Bank töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyrmak ..................................... 246
Peýdalanylan edebiýatlar ......................................................................... 251

145.0 x 215.0 mm

Gulbeşer Babaýew, Şöhrat Bäşimow,
Aknabat Möwlamowa, Ogulbaýram Saparowa,
Aknur Koçumowa, Mekan Akmyradow,
Çaryýar Rejepow, Şirin Orazmämmedowa

# BANK TÖWEKGELÇILIGI WE ONUŇ ÄTIÝAÇLANDYRYLYŞY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Ataýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *M. Mullikowa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow.* |
| Neşir üçin jogapkär | *Ý. Mämmedowa* |

Çap etmäge rugsat edildi 03.04.2019. Ölçegi $60x90^{1}/_{16}$.
Times New Roman garniturasy. Çap listi 16,0. Şertli-reňkli ottiski 44,25.
Hasap-neşir listi 14,09. Şertli çap listi 16,0.
Sargyt № 3120. Sany 800.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.